**H. Orazmuhammedow**

# MEDENI-DYNÇ ALYŞ IŞINI GURAMAK WE DOLANDYRMAK

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2012

UOK 379. 85 + 378
O 64

**Orazmuhammedow H.**
O 64 **Medeni-dynç alyş işini guramak we dolandyrmak.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

TDKP № 312, 2012 KBK 75.81 ýa 73

© H. Orazmuhammedow, 2012



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ
## DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Ýurdumyzyň medeniýet işgärleri hemişe il içinde bolup, döwletimizde amala aşyrylýan ägirt uly özgertmelere işjeň gatnaşyp, merdana halkymyzyň ýetýän belent sepgitlerini wasp etmelidirler, halkymyzy täze üstünliklere we beýik ýeňişlere galkyndyrmalydyrlar.*

# GIRIŞ

Jemgyýeti dolandyrmagyň möhüm ugurlarynyň biri-de medeniýet ulgamy bolup, ol medeniýet edaralary, jemgyýetiň dürli düzümleri tarapyndan dolandyrylýar we alnyp barylýar. Oňa jemgyýetçilik guramalary hem gatnaşýarlar. Olaryň öz medeniýet ulgamlaryny döredýänleri (kärdeşler arkalaşygy, käbir pudaklaýyn dolandyryş ulgamlary), medeni-dynç alyş işini guraýanlary bu işi özbaşdak alyp barýarlar. Medeniýet babatdaky döwlet syýasatyny döwlet ulgamlary alyp barýarlar. Şoňa görä-de, medeniýeti dolandyrmakda döwlet ulgamlary jemgyýetde möhüm orny eýeleýärler we onuň esasyny düzýärler. Türkmenistan Garaşsyz hem Bitarap döwlet bolandan soň, milli esaslarda döwlet gurluşynyň özboluşly düzümleri döredildi. Bu medeniýetiň döwlet gurluşyna hem degişlidir. Häzirki döwürde Medeniýet ministrliginiň düzümleri, iş wezipeleri has özgerdilýär we kämilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Döwlet adam üçindir» diýen dana ýörelgesine esaslanyp, «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry» Milli maksatnamasyndan ugur alnyp, bu kitapda talyp ýaşlara «Medeni-dynç alyş işini guramak we dolandyrmak» dersini çuňňur düşündirmek göz öňünde tutulýar.

Medeniýet ulgamynyň geljekki hünärmenleri bu ulgamyň dolandyrylyşyna, onuň düzümlerine, ýerine ýetiriş ugurlaryna akyl ýetirmek, ony öwrenip bilmek üçin hünär dersi hökmünde «Medeni-dynç alyş işini guramak we dolandyrmak» dersini geçýärler. Bu ders medeni-dynç alyş işini guramagyň hem-de ony dolandyrmagyň ayratynlyklaryny öwredýär we talyplaryň hünär taýýarlygynyň üstüni ýetirýär.

Şu okuw dersiniň maksady talyplara medeni-dynç alyş edaralarynyň işini guramak we dolandyrmaklygyň esasy ugurlary barasynda umumy düşünje bermekden, medeniýet edaralaryny dolandyrmagyň usulyýet, ykdysady esaslaryny öwretmekden ybaratdyr.

**Okuw dersiniň esasy wezipeleri:**

1. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň milli medeniýet babatdaky syýasatynyň ähmiýetini açyp görkezmek;
2. Medeniýet hakynda Türkmenistanyň Kanunyndan gelip çykýan wezipeleri talyplara düşündirmek.
3. Medeni-dynç alyş işiniň nazaryýeti;
4. Medeni-dynç alyş edaralarynda çagalar we ýetginjekler bilen işleri guramak;
5. Medeni-dynç alyş edaralarynda terbiýeçilik işlerini alyp barmak;
6. Medeni-dynç alyş edaralarynyň iş serişdeleri, görnüşleri we usulyýeti;
7. Medeni-dynç alyş edaralarynda çeper höwesjeňlik, tomaşa işleri;
8. Medeni-dynç alyş işiniň guramaçylyk esaslary;
9. Medeni-dynç alyş edaralaryny dolandyrmak.
10. Medeni-dynç alyş edaralarynyň hojalyk işleri.

**I BÖLÜM**

# MEDENI-DYNÇ ALYŞ IŞININ MILLI ESASLARY

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň bize peşgeş beren Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri jemgyýetimiziň ösmegine uly itergi berip, ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynyň ösmeginde esasy ugrukdyryjy bolup hyzmat edýär.

Hormatly Prezidentimiziň pähim-paýhasy netijesinde türkmeniň milli medeniýetini ösdürmek hem-de ony dünýä ýüzüne giňden ýaýmak barada uly işler edilýär. Şeýle beýik işleri amala aşyrýan hormatly Prezidentimize tükeniksiz alkyş aýdýarys.

Hormatly Prezidentimiziň parasatlylyk bilen belleýşi ýaly, «Aýdym-saz ynsanyň ruhy medeniýetiniň bir bölegidir. Ruhy medeniýet-ýaşaýyş höwesidir».

Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň Baştutanynyň sargytlaryndan ugur alyp, medeniýet we sungat, döredijilik, habar beriş serişdeleriniň işgärleri öz öňlerinde geljek üçin ençeme wezipeleri goýdular.

Medeniýet edaralaryny dolandyrmagyň esasy ugurlary medeniýet ulgamynyň ähli ugurlary bilen aýrylmaz baglydyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň beýik Özgertmeleri bilen baglylykda täzeçe pikirleniş şertlerinde muzeý, teatr, kino, sirk sungatyny ösdürmegiň hem-de özgertmegiň esasy ugurlary kesgitlenildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň aýdyň ýörelgelerinden ugur alyp, türkmen raýatlarynyň ahlak we watançylyk terbiýesini mundan beýläk-de kämilleşdirmek, ruhy-ahlak dünýäsini kemala getirmek medeniýet we sungat edaralarynyň döredijilik işgärleriniň esasy wezipesidir. Mollanepes adyndaky talyplar teatry, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş drama teatry, Türkmen döwlet Gurjak teatry, Alp-Arslan adyndaky türkmen Milli ýaşlar teatry, Magtymguly adyndaky Milli sazly-drama teatry, A.S.Puşkin adyndaky rus drama teatry, şeýle hem Türkmenistanyň welaýat teatrlary türkmen sun-

gatyny we medeniýetini mundan beýläk-de ösdürmek üçin uly işleri amala aşyrýarlar. Olar öz gezeginde halkda milli medeniýete, sungata söýgini we buýsanjy has-da artdyrmaga kömek edýär.

Teatrlaryň maddy-tehniki binýadyny gowulandyrmak, olary häzirki zaman tehniki serişdeleri bilen üpjün etmek, döwlet býujetinden daşary maliýeleşdirmegiň dürli çeşmelerini gözlemek barada işler geçirilýär. Bu bolsa medeniýeti dolandyrmagyň ugurlaryny ösdürmek baradaky işleriň yzygiderli alnyp barylmagydyr.

Muzeýleriň, kitaphanalaryň, medeni-dynç alyş edaralarynyň we halk döredijilik öýleriniň işini üýtgedip guramak, ýaş nesli Watana, halka, zähmete bolan söýgi hem-de wepalylyk ruhunda terbiýelemekde olaryň ornuny ýokarlandyrmak, Garaşsyz Türkmenistanda milli medeniýetimizi we sungatymyzy öz milli ruhumyzda dünýä çykarmak, şol bir wagtda hem dünýäniň ösen ýurtlary bilen bir hatarda bu ulgamyň işini ösdürmek esasy wezipe bolup durýar.

Şu geçen gysga wagtyň içinde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek baradaky anyk maksatlaryndan ugur alnyp, Türkmenistanda köp reňkli ýokary çaphana önümlerini çykarmaklygy üpjün etmek, türkmen halkynyň ruhy galkynyşyna goşant goşmak maksady bilen, neşirýat we poligrafiýa işinde düýpli özgertmeler başlandy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanda neşir işlerini kämilleşdirmek baradaky goldaw-hemaýatlary bilen orta we ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmalary we kitaplary neşir edildi we edilýär.

Çaklanylýan döwürde çaphana önümleriniň umumy möçberi 4,5 esse artar.

Biz milli medeniýetimizi we aýratynlygymyzy ösüp gelýän ýaş nesle öwredip, geçmişimizi hem-de geljegimizi häzirki günde muzeýlerimiziň üsti bilen doly açyp görkezmelidiris.

Häzir Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagynda köpsanly muzeýler hereket edýär.

Türkmenistanyň muzeýlerinde türkmen taryhynyň ösüş ýoluny, onuň milli aýratynlyklaryny, köp asyrlyk däp-dessurlaryny sungatda we medeniýetde görkezýän eksponatlar ýaýbaňlandyrylýar.

Halkda ruhubelentligi, zähmete söýgini, watançylygy terbiýelemekde kitaphanalar hem uly orny eýeleýärler. Türkmenistanda soňky on ýylyň içinde kitaphanalaryň sany artyp, 300-den gowrak boldy.

Kitaphanalaryň kitap gorlary artýar, geljekde kitaplaryň sany esasan hem, ene dilimizde neşir edilýän kitaplaryň, şeýle hem dünýä edebiýatynyň eserleriniň hasabyna köpeldiler, kitap gaznasy mundan beýläk hem artar.

Hormatly Prezidentimiz täze neşir edilen kitaplary welaýatlaryň, etraplaryň, obalaryň kitaphanalaryna paýlamaklygy doly üpjün etmek üçin «Galkynyş» kitap merkezini açdy. Häzirki wagtda bu merkez ýurdumyzda täze neşir edilýän kitaplary ýerli kitaphanalara paýlamakda netijeli işler alyp barýar.

Häzir edaralaryň täze görnüşleri, medeniýet we dynç alyş merkezleri, bagşylar öýleri, halk we milli ansambllary, medeni-dynç alyş seýilgähleri döredilýär. Medeni-dynç alyş edaralaryny material-tehniki taýdan tehniki serişdeleri, saz gurallary bilen üpjün etmeklige we milli sahna geýimleriniň üstüniň ýetirilip, täzelenmegine üns berilýär.

Türkmen topragymyzda milletimiziň örän çuň taryhy kökleriniň bolandygyna şaýatlyk edýän täsin taryhy-medeni ýadygärlikler bar. Türkmen döwleti milli taryhynyň medeni mirasyny aýap saklamak we dikeltmek meselesine örän uly ähmiýet berýär.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde täzeden galkynýan türkmen döwlet teleradioýaýlymlarynyň gepleşiklerinde halkyň durmuşda tutýan orny özgerdi. Döwlet teleýaýlymlarynyň üsti bilen, Watanymyzda gazanylan, ösüş-netijeleri wagyz etmekde, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň adyl syýasatyny halkyň aňyna ýetirmekde köp işler geçirilýär. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň gündelik durmuşyndaky wajyp wakalary halk köpçüligine ýetirmekde medeni-dynç alyş edaralary esasy orny eýeleýär. Döwlet tarapyndan medeni mirasymyzy öwrenmek we ile ýaýmak üçin täze «Owaz» radioýaýlymy we «Türkmen owazy», «Türkmenistan», «Türkmen sporty», «Aşgabat», «Türkmenistan. Sport» teleýaýlymlary açyldy. Olaryň işleri türkmen halkynyň ruhy isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirildi. Teleradioýaýlymlarda milliligi, halk äheňlerini, türkmeniň däp-dessurlaryny täzeden dikeltmeklige we halk köpçüligine ýetirmeklige aýratyn üns berilýär.

Maksatnama laýyklykda Türkmen döwlet habarlar gullugy ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen bu babatda sazlaşykly işi ýola goýýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň içerki we daşarky syýasatyny has-da giňişleýin teswirlemek üçin geljekde bu gulluguň maddy-tehniki binýady has-da berkidiler. Bu bolsa milli medeniýet ulgamyny ykdysady taýdan dolandyrmaga uly ýardam eder.

Türkmenistanyň syýasy, ykdysady we ruhy-medeni durmuşynda bolup geçýän iňňän uly özgerişler, pursatlar türkmeniň ýiteňkirlän medeni gymmatlyklarynyň milli Liderimiziň baştutanlygynda gaýtadan dikeldilmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

## Medeniýet hakynda Türkmenistanyň Kanuny

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan 2010-njy ýylyň 12-nji martynda gol çekilen şu Kanun arkaly Türkmenistanyň halkynyň medeniýetini gaýtadan dikeltmek, aýawly saklamak, ösdürmek we peýdalanmak çygryndaky jemgyýetçilik gatnaşyklary düzgünleşdirilýär; Türkmenistanyň raýatlarynyň medeni durmuşa gatnaşmagyna we olar üçin medeni gymmatlyklaryň elýeterli bolmagyna bolan konstitusion hukuklarynyň goralmagyna hem-de üpjün edilmegine gönükdirilendir; medeniýet babatdaky döwlet syýasatynyň hukuk, ykdysady, durmuş we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär.

Bu Kanunyň baplarynyň we maddalarynyň atlaryny sanap geçmegiň özi hem köp zatdan habar berýär. Kanun VIII bapdan we 38 maddadan ybarat.

### I bap. Umumy düzgünler

**1-nji madda.** Kanunda ulanylýan esasy düşünjeler.

Şu kanunda aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

medeniýet, medeni gymmatlyklar, sungat, türkmen halkynyň medeni mirasy; Türkmenistanyň milli medeni baýlygy, Türkmenistanyň milli medeni baýlygynyň desgalarynyň döwlet sanawy; milli

medeni baýlygynyň desgalarynyň aýratyn düzgüni, medeniýet babatdaky iş, medeniýet guramalary, medeniýet işgäri, döredijilik işgäri, döredijilik işi.

**2-nji madda.** Medeniýet hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygy we onuň wezipeleri.

**3-nji madda.** Medeniýet hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň ulanylyş çygyrlary.

**4-nji madda.** Medeniýet babatdaky döwlet syýasatynyň ýörelgeleri.

**5-nji madda.** Medeniýet babatda raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň döwlet kepillendirmeleri.

## II bap. Türkmenistanyň medeni gymmatlyklary we milli medeni baýlyklary

**6-njy madda.** Medeni gymmatlyklar.

**7-njy madda.** Medeni gymmatlyklary hasaba almak.

**8-nji madda.** Medeni gymmatlyklaryň goragynyň derejeleri.

**9-njy madda.** Medeni gymmatlyklaryň goralyş sanawy.

**10-njy madda.** Türkmenistanyň milli medeni baýlygynyň desgalarynyň Döwlet sanawy.

**11-nji madda.** Milli medeni baýlygyň desgalarynyň aýratyn düzgüni.

**12-nji madda.** Medeni gymmatlyklaryň getirilmegi we äkidilmegi.

## III bap. Medeniýet guramalary

**13-nji madda.** Medeniýet guramalary we olaryň aýratyn hukuk ýagdaýy.

**14-nji madda.** Medeniýet guramalarynyň ulgamy.

**15-nji madda.** Işiň tölegli görnüşleri we medeniýet guramalarynyň telekeçilik işi.

**16-njy madda.** Medeniýet guramalarynyň fiziki we ýuridik şahslar bilen özara gatnaşyklary.

**17-nji madda.** Döwlet we professional döredijilik işgärleriniň jemgyýetçilik birleşikleri.

**18-nji madda.** Professional däl (höwesjeň) döredijilik birleşikleri we toparlary.

## IV bap. Medeniýet babatda döwlet düzgünleşdirmesi

**19-njy madda.** Medeniýet babatda döwlet düzgünleşdiriş edaralary.

**20-nji madda.** Medeniýet babatda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary.

**21-nji madda.** Medeniýet babatda döwlet dolandyryşynyň ygtyýarly edarasynyň ygtyýarlyklary.

**22-nji madda.** Medeniýet babatda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli, öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlyklary.

## V bap. Medeniýet işgärleri we döredijilik işgärleri

**23-nji madda.** Medeniýet işgärleriň derejeleri.

**24-nji madda.** Döredijilik işgärleriniň hukuk ýagdaýy we olary döwlet tarapyndan goldamak.

**25-nji madda.** Medeniýet guramalarynyň işgärleriniň zähmet gatnaşyklary.

**26-njy madda.** Medeniýet işgärleriniň hukuklary we borçlary.

**27-nji madda.** Medeniýet guramalarynyň işgärlerini taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak, hünär derejelerini ýokarlandyrmak we olaryň hünär synagy.

**28-nji madda.** Medeniýet işgärleriniň maddy üpjünçiligi hem-de durmuş taýdan goralyşy.

## VI bap. Medeniýet babatdaky ykdysady kadalaşdyryş

**29-njy madda.** Medeniýet babatdaky işiň ykdysady taýdan üpjünçiligi.

**30-njy madda.** Medeniýet babatdaky emläk gatnaşyklary.

**31-nji madda.** Medeniýet babatdaky işi maliýeleşdirmek.

**32-nji madda.** Medeniýet babatdaky bahalary we nyrhy emele getirmek.

**33-nji madda.** Medeniýet guramalarynyň maddy-tehniki üpjünçiligi.

**VII bap. Medeniýet babatdaky halkara işi**

**34-nji madda.** Medeniýet babatda halkara hyzmatdaşlygy.

**35-nji madda.** Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýaşaýan watandaşlarymyz bilen medeni hyzmatdaşlyk.

**36-njy madda.** Medeniýet babatda halkara guramalaryna gatnaşmak.

**37-nji madda.** Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky medeni gymmatlyklary.

**VIII bap. Jemleýji düzgün**

**38-nji madda.** Medeniýet babatdaky kanunçylygyň bozulandygy üçin jogapkärçilik

**«Edebiýat we sungat» g., №12 (3716)**
**19.03.2010 ý.**
(*Kanundan göçürme*).

## Medeniýet barada umumy düşünje

Medeniýet baradaky edebiýatlarda ýüzlerçe kesgitlemelere we garaýyşlara duşulýar. Olar dürli toparlara bölünip, medeniýetiň ol ýa-da beýleki wajyp taraplaryny öwrenýärler.

Ozaly bilen medeniýet sözüniň nämäni aňladýanlygyna garap geçeliň. «Medeniýet» diýen söz gadymy zamanlarda emele gelipdir. Bu söz ilki-ilkiler haýsam bolsa bir zady ýasap-bejermek, kämilleşdirmek, gözegçilik etmek manylarynda peýdalanylyp, adam zähmeti netijesinde, ýeri, mellegi, ekin-dikini oňaryp-bejermegi aňladýar. Soňabaka bu söz göçme mana öwrülip, adamyň özüniň kämilleşmegini, akyl-paýhasynyň ösmegini, okuw-bilimliligini, terbiýeliligini alamatlandyrypdyr.

Medeniýet babatdaky şeýle düşünje, ýagny edeplilik, sowatlylyk diýlen düşünje häzir hem adamlaryň arasynda agdyklyk edýär. Häzirki zaman ylmy edebiýatlarynda medeniýet sözi iň bir ýörgünli we köp ulanylýan söz bolup, ol iki manyda – dar we giň many-

larda gelýär. Medeniýete dar manyda düşünmek diýlende, adaty adamlaryň akyl taýdan ösüş derejesini ýüze çykarýan ruhy medeniýet – ylmyň gazananlary, bilim, ahlak, estetiki, durmuşy-syýasy gymmatlyklar girýär. Medeniýete giň manyda düşünmek diýlende, onuň çägine adamlaryň jemgyýetçilik işiniň ähli ugurlary, ýagny ähli maglumatlaýyn we ruh bilen baglanyşykly işler salynýar. Medeniýet düşünjesi iňňän çylşyrymly, köptaraply we giň göwrümli jemgyýetçilik aýratynlygydyr, çünki medeniýet hemme ugurlara aralaşýan hadysadyr. Adamyň iş-zähmetiniň, adamlar arasyndaky gatnaşyklarynyň bar ýerinde medeniýet hem bolaýmalydyr. Şonuň üçin medeniýet ähli maddy we ruhy durmuşa aralaşyp, adamyň döredijilikli, işjeň, peýdalanyş zähmetiniň ähli taraplaryny – önümçiligi, zähmeti, durmuşy, ylmy, bilimi, terbiýäni we ş.m. öz içine alýar.

Medeniýet diýlende, adaty adam, onuň işi, zähmeti we akyl paýhasy netijesinde döredilenlere, gaýtadan işlenen tebigata düşünilýär. Medeniýet adamy haýwandan, jemgyýeti bolsa, tebigatdan tapawutlandyrýar. Medeniýete «ikinji tebigat» hem diýilýär. Tebigat tehniki we hojalyk desgalaryny, önümçilik, aragatnaşyk, ulag serişdelerini, dili, dini, ylmy-tehniki bilimleri, sungat eserlerini, ahlak ýörelgelerini, filosofiki we hukuk ugurlaryny we ş.m. döredip bilmeýär.

Medeniýet diňe bir adaty däl-de, eýsem möhüm nazaryýet ähmiýetli ylmy düşünjedir hem häzirki wagtda ynsanperwer, jemgyýetçilik we ençeme beýleki ylymlar medeniýet meselesine uly gyzyklanma bildirip, medeniýetiň meseleleri barada biri-birine gabat ýa çapraz gelýän dürli-dürli pikirleri orta atýarlar, ylmy çekeleşige, jedellere girýärler.

Medeniýeti we medeniýetiň nazaryýetini öwrenmek meselesi bilen ylymda-da, filosofiýada-da gyzyklanýarlar. Medeniýetiň nazaryýeti barada bu kitabyň girişinde görkezilipdi. Filosofiýa barada aýdylanda, ol ýokardaky takyk ylymlar ýaly medeniýetiň belli-belli taraplaryny öwrenýär.

Şeýlelik bilen, medeniýete ozaly bilen ekerançylyk bilen meşgullanmak, topragy göwnejaý bejermek, ekerançylyk işinde tebigatda bolmadyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek işiniň akymynda, gidişinde adamlaryň tebigata täsir edip, ikinji tebigaty–emeli tebi-

gaty-jaýlary, enjamlary, maşynlary, egin-eşikleri we ş.m.-leri döretmek nukdaýnazaryndan düşünilýär.

Medeniýetiň nazaryýeti boýunça okuw kitaplarynyň birinde medeniýete aşakdaky kesgitleme berilýär: «Medeniýet – bu adamlaryň /indiwidleriň, sosial toparlaryň, synplaryň, milletleriň, umuman, jemgyýetiň/ maddy hem-de ruhy önümçilik ulgamynda dünýäni özleşdirmek boýunça amala aşyrýan işjeň döredijilik işidir, şu iş akymynda jemgyýetçilik ähmiýetli maddy we ruhy gymmatlyklaryň döredilmegidir, saklanylmagydyr, paýlanmagydyr, alşyp-çalyşmagydyr, sarp edilmegidir, şonuň ýaly-da adamlaryň döredijilik işini sazlaşdyrýan şol gymmatlyklaryň jemidir».

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň maksady we wezipeleri

*Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:*

1. Döwletiň içeri we daşary syýasatyny medeni-dynç alyş işiniň üsti bilen wagyz etmek;
2. Raýatlaryň medeniýetli dynç alşyny guramak;
3. Ýaş zehinlileri ýüze çykarmak we olaryň ukyp-başarnyklaryny halk köpçüligine ýaýmak;
4. Medeni-dynç alyş işiniň milli kökleriniň döreýşini we onuň menzilleriniň ösüşini öwrenmek.
5. Medeni-dynç alyş işiniň nazaryýet esaslary we onuň jemgyýetçilik zerurlygy.
6. Medeni-dynç alyş işiniň terbiýeçilik esaslarynyň aýratynlygy.
7. Guramaçylyk iş meýilnamalary.
8. Medeniýet edaralarynyň dolandyrylyşy.
9. Medeni-dynç alyş işini guramagyň usullary.

Her bir edaranyň öňde durýan wezipeleriniň bolşy ýaly, medeni-dynç alyş edaralarynyň hem wezipeleri bardyr:

Medeni-dynç alyş edaralarynyň ilkinji wezipesi Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň içeri we daşary syýasatyny wagyz etmekden ybaratdyr.

2. Sargyt № 2130

*Olaryň şu aşakdaky ýaly görnüşleri bar:*

a) Bezeg we görkezme serişdeleriniň üsti bilen ýerine ýetirmek;

b) Çeper köpçülik we medeni dynç alyş işiniň üsti bilen ýerine ýetirmek.

Medeniýet we sungat işgärleriniň kämilleşmegini göz öňünde tutup, medeni-dynç alyş edaralarynda şu aşakdaky maslahatlar geçirilýär:

1. Sahnalarda Beýik Garaşsyzlygymyzyň, baky Bitaraplygymyzyň miwelerini açyp görkezmek:

a) Sahnanyň üsti bilen medeni mirasymyzy, beýik şahsyýetlerimiziň keşbini dikeltmek;

b) Sahnada joşgun, ruhubelentlik emele getirmek we ony tomaşaçylara görkezmek.

2. Medeni-köpçülik dynç alyş çärelerini guramak medeniýet öýlerinde ýa-da beýleki medeni-dynç alyş seýilgählerinde, medeni meýdançalarda dynç alyş çäreleriniň dabaralaryny guramak, ilata medeni taýdan täsir etmeklik medeni-dynç alyş edaralarynyň esasy wezipeleriniň biridir.

3. Çeper höwesjeňlik döredijilgini ösdürmek we ýaş zehinlileri ýüze çykarmak. Olaryň ussatlaryny kämilleşdirmek, ilatyň arasynda çeper çykyşlary guramak, dürli gurnaklary, birleşmeleri, toparlary, studiýalary döretmek.

## Medeni-dynç alyş işiniň guramaçylyk aýratynlyklary

Medeni-dynç alyş edaralary jemgyýetçilik höwesjeňligi esasynda dörän görnüşleriň biridir. Ilkinji medeniýet edarasy Angliýada XVII asyrda döreýär. Angliýada pikirdeş, synpdaş topardan bolan adamlaryň özleriniň syýasy-ylmy edebi bähbitlerini bilelikde kanagatlandyrmak, esasan hem, wagtlaryny şadyýan geçirmek üçin guran ýygnanyşygyna «klub», ýagny medeniýet edarasy diýlip at berlipdir. Ilkinji medeniýet edaralarynyň hatarynda diplomatlar, aristokratlar (begler) we ofiserler klublary bolupdyr. Soň aktýorlaryň we edebiýatçylaryň klublary peýda bolupdyr, XVIII asyryň ahyrlarynda

buržuaz rewolýusiýasy döwründe Fransiýada şol ýyllaryň synpy göreşiniň merkezine öwrülen syýasy klublar emele gelip başlapdyr.

Soňraky döwürlerde jemgyýetçilik işjeňliginiň ýokary göterilmegi we synpy göreşiň ýitileşmegi adamlaryň syýasy we ruhy bähbitleriniň birleşigi esasynda özara birleşdirilen klublaryň peýda bolmagyna getirýär.

XIX asyryň 1-nji ýarymynda Fransiýada işçi klublarynyň 10-sy peýda bolýar. Bu klublar soňra 1848-nji ýylda göreşiji işçileriň ýygnanyşyk nokatlaryna – ýörite ýygnak geçirilýän jaýlaryna öwrülýär, soňra buržuazlar öz zerurlyklary üçin tans, sport, her hili oýunlary oýnamak üçin ýörite klublary döredýärler. Zähmetkeş halk üçin bolsa medeni we şadyýanlyk bahanasy bilen kärhana eýeleri tarapyndan pul goýberilip, köp sanly durmuşy klublar döredilýär. Zawod, fabrikleriň eýeleri işçileriň tehniki bilimlere, ylaýta-da, olaryň her hili tomaşalara bolan höweslerini belli bir derejede kanagatlandyrmaga mejbur bolupdyrlar. Çünki şeýle zatlar işçi zähmetiniň has-da artdyrylmagyna, kärhana eýelerine bolsa goşmaça, köp derejede peýda almaga mümkinçilikler döredipdir. 1862-nji ýylda Angliýada işçiler klubunyň birleşigi döreýär. XIX asyryň ahyrynda Angliýada 1 milliona golaý agzasy bolan 4000 klub bar eken. Işçiler üçin klublaryň ähli düzgünnamalary şol medeni dynç alyş edaralarynyň maksadyna laýyklykda zähmetkeş halka ilkinji nobatda aň-bilim bermek bolupdyr.

## Medeni-dynç alyş işiniň milli kökleri we guramaçylyk aýratynlyklary

Medeni-dynç alyş çäreleriniň milli kökleri milli baýramçylyklardan, halk däp-dessurlaryndan, taryhy döwürden öz gözbaşyny alýar.

Türkmen halky iň gadymy milletleriň biri bolup, onuň örän baý medeni, edebi taryhy bardyr. Şol gymmatlyklary öwrenmek, halka ýetirmek barada uly işler edilýär. Onuň üçin halkyň ruhy hazynasyny öwrenmäge aýratyn üns berlip, milli taryhy we golýazmalar institutlary döredildi. Bu edaralar dünýäniň dürli künjeklerinden türkmen halkynyň taryhyna, edebiýatyna degişli baý medeni mirasyny toplap, öwrenip, halka ýetirip başladylar.

Biziň halkymyz toý-tomaşalara, baýramçylyga örän baý millet bolup, otparazlar zamanasyndan başlap, ot başynda begençli bökmek, öz şatlygyny, içki duýgusyny dürli hereketler bilen, begençli beýan etmek, oýunlar bilen utgaşdyryp, aýdym-saz bilen sazlaşdyrmagy başaran halk hökmünde, birnäçe oýun-tomaşalary ýüze çykarypdyr. Şol milli oýunlar, tomaşalar, baýramçylyklar türkmeniň şöhratly taryhynda öz beýanyny tapypdyr.

Ol baýramçylyklarda, däp-dessurlarda, edebi mirasda türkmene mahsus bolan gaýduwsyzlyk, ruhubelentlik, salyhatlylyk, sahawatlylyk ýaly iň oňat gylyk häsiýetler jemlenýär. Dünýäde döwlet gurmagy başaryşy ýaly, taryhda 72 saz guralynyň owazy bilen dünýä ýaň salan türkmen toýuny goşa-goşadan tutmagy hem başarypdyr.

Medeniýet edarasy ilatyň meýletin barýan dynç alyş edarasydyr. Şoňa görä-de medeniýet edaralarynda geçirilyan işler halkyň islegine, ruhy talaplaryna laýyk bolmalydyr, şeýle bolmadyk ýagdaýynda medeniýet edaralarynyň tomaşaçylary köpelmän, azalar. Şundan ugur alyp, edaranyň işini halkyň islegine görä laýyk guramaly. Häzirki wagtda milli toý-baýramlar, däp-dessurlar medeniýet edaralarynda giň gerim bilen bellenilýär. Medeniýet işgärleri her bir baýramçylygyň gadymy nusgalaryny täzeden dikeldip, çeperçilik taýdan kämilleşdirip, halka ýetirmelidirler. Her bir baýramçylygyň döreýiş kökleri bardyr. Onuň taryhy sahypalaryny açmak hem-de gadymy däp-dessurlary, folklor eserlerini baýlaşdyryp dikeltmek halkymyz üçin gyzyklydyr we zerurdyr.

Türkmen halkynyň asyrlarboýy arzuwlan öz ýurt Garaşsyzlygyny almagy bilen, onda öz milli medeniýetini ösdürmäge, dünýä derejesine çenli çykarmaga mümkinçilik döredi. Ýurt Garaşsyzlygymyzyň ilkinji gününden başlap, halkyň ykdysady, syýasy derejesi bilen bir hatarda, milli medeniýetini ösdürmäge-de uly üns berilýär. Halkymyzyň asyrlarboýy nesilden-nesle geçip gelýän däp-dessurlaryny, oýun-tomaşalaryny, milli baýramçylyklaryny, edim-gylymlaryny öwrenmäge, dikeltmäge, ösdürmäge giň ýol açyldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen şanly seneler, hünär, resmi baýramçylyklar döwlet derejesinde bellenilip başlandy. Tas ýiteňkirläp barýan ene dilimize röwşen ýol açyldy. Täze türkmen elipbiýi kabul edildi.

## Ýurdumyzyň medeni-dynç alyş edaralarynyň döreýiş we ösüş aýratynlyklary

Gadymyýetde halk özüniň medeni isleglerini kanagatlandyrmak üçin ýörite bazarlarda hem-de kerwensaraýlarda tomaşalary, çäreleri gurapdyr. Mary şäheriniň Ýolbarsly çaýhanasynda bagşylaryň ýörite bäsleşiklerini, belli-belli şahyrlaryň goşgularynyň okalyşyny gurapdyrlar. Olary Lebap türkmenleriniň wekilleri «Geşdek» diýip atlandyrypdyrlar. Bu ýygnanyşyklarda dessanlar aýdylyp, rowaýatlar gürrüň berlipdir.

Türkmenistanda ilkinji klublar XIX asyryň ortalarynda we XX asyryň başlarynda döräp başlapdyr. Balkan welaýatynyň Serdar (öňki Gyzylarbat) şäherinde ilkinji işçiler kluby döredilipdir. Türkmenistanyň beýleki ýerlerinde hem gurnaklaryň açylmagyna şol täze dörän işçiler kluby sebäp bolýar. 1913-nji ýylda jemi 16 sany gurnak açylýar, şol wagtlar gurnaklar, esasanam, mekdepleriň ýanynda döredilipdir. Ilki aýdym-saz, hor gurnaklary bolupdyr, soň-soňlar beýleki görnüşli gurnaklar açylypdyr. Aşgabatda hor-aýdym gurnaklarynyň konsertleri geçirilipdir. Muňa beýleki welaýatlarda hereket edýän hor, aýdym gurnaklary hem gatnaşypdyrlar. Soňra şol konsertlerde türkmen aýdym-sazlary ýörite çykyş hökmünde goýberilip başlanýar. Konsertleriň esasy maksady türkmen jemgyýetini medeniýete çekmek, dynç alyş edaralaryny peýdaly guramaklyk bilen baglanyşykly bolýar. Gurnaklar, esasanam, medeniýet, ylym-bilim ulgamlaryny ýokary derejelere ýetirmekde uly orny eýeläpdirler.

Medeniýet öýleri jemgyýetiň ilkinji köpçülik öýi bolup, ol adamlaryň hemmesine hyzmat edýär. Şondan soň medeniýet edaralarynyň wezipesi kesgitlenýär. 1926-njy ýylda Aşgabatda drama gurnagynyň esasynda teatr açylýar, soň 1963-nji ýylda şol teatr Mollanepes adyndaky drama teatry bolýar. 1937-nj ýylda 300 adamdan ybarat halk saz gurallary topary döredilýär. Ol toparyň çeper ýolbaşçylygyna bagşy Sahy Jepbarow bellenilýär. 1941-nji ýylda Türkmenistanda ikinji teatr – opera-balet teatry açylýar. 1960-njy ýylda teatrlaryň sany 2–3 esse artýar. 1980-nji ýylda maşgala ansambllary döreýär. 1990-njy ýylda folklor ansambllary döreýär.

## Medeni-dynç alyş işi terbiýeçilik işiniň bir görnüşidir

Medeni dynç alyş edaralarynda terbiýeçilik işi esasy işleriň biridir.

Medeni-dynç alyş işiniň baş wezipesi adamlary terbiýelemekden, hünäre gönükdirmekden, olarda watançylyk duýgularyny artdyrmakdan ybaratdyr.

Medeni-dynç alyş edaralarynda geçirilýän her bir çäräniň esasy temasy terbiýeçilik ähmiýetli bolmalydyr.

Medeni-dynç alyş işiniň terbiýeçilik işleri şu aşakdakylara bölünýär:

1. Ideýa-syýasy terbiýe.
2. Watançylyk terbiýesi.
3. Ahlak-hukuk terbiýesi.
4. Sagdyn ýaşaýyş terbiýesi.
5. Gözellik terbiýesi.
6. Zähmet terbiýesi.
7. Medeni-dynç alyş edaralarynda ekologiki-ykdysady düşünjäni kämilleşdirmek

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň görnüşleri we ulgamlary

Medeni-dynç alyş edaralar idealogiýa edaralary bolmak bilen, zähmetkeşlere terbiýe we bilim bermekligi guraýan edaralar bolup hyzmat edýär. Olar adamlaryň döredijilik başarjaňlygyny we zehinini ösdürmek bilen, ilatyň medeniýetli dynç alşyny we güýmenjesini guraýarlar, olaryň isleglerini we gyzyklanmagyny ýüze çykarýarlar.

### Medeniýet edaralary

1. Medeniýet köşkleri.
2. Medeniýet merkezleri.
3. Medeniýet öýleri.

4. Medeni-dynç alyş seýilgähleri.
5. Muzeýler.
6. Kitaphanalar.
7. Sergi köşgi.

## Sungat edaralary

1. Türkmenistanyň Milli medeniýet merkezi.
2. Türkmenistanyň Telewideniýe radiogepleşikler we kinomatografiýa baradaky döwlet komiteti.
3. Çagalar sazçylyk, çeperçilik we sungat mekdepleri.
4. Çeperçilik sergi zallary.
5. Türkmen Milli konserwatoriýasy.
6. Teatrlar we kinoteatrlar.
7. Türkmenistanyň döwlet sirki.

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň ulgamlary

**1. Döwlet ulgamy.**

Türkmenistanyň Medeniýet ministrligine degişli medeni-dynç alyş edaralary döwlet ulgamynyň edaralarydyr. Sebäbi ol edaralara döwlet derejesinde ýolbaşçylyk edilýär we olar döwlet tarapyndan maliýeleşdirilýär. Döwlet ulgamlaryndaky medeni dynç alyş edaralaryna Medeniýet ministrligi hem-de ýerli häkimlikler ýolbaşçylyk edýärler.

**2. Jemgyýetçilik ulgamy.**

Kärdeşler arkalaşyklary ulgamyna degişli medeni dynç alyş edaralaryna kärdeşler arkalaşyklary tarapyndan ýolbaşçylyk edilýär we şol ulgam tarapyndan maliýeleşdirilýär.

**3. Zähmetkeşleriň meýletin jemgyýetleriniň we döredijilik intelligensiýasynyň medeniýet ulgamlary.** Döwlet ulgamyndaky medeni-dynç alyş edaralary haýsy ulgama degişlidigine garamazdan, ähli medeni-dynç alyş edaralaryna usuly we nazary kömek bermäge borçludyrlar.

# Garaşsyzlyk ýyllarynda medeni mirasymyzy öwrenmek boýunça geçirilen halkara ylmy maslahatlar we milli medeniýetimiziň täze üstünlikleri

Garaşsyzlyk zamanasynyň medeni-dynç alyş işiniň halkymyzyň medeni ruhy gymmatlyklaryny gaýtadan dikeltmekde, medeni mirasymyzy öwrenmekde, milli däp-dessurymyzy dikeltmekde, milli toý-baýramlary dabaraly geçirmekde, halk köpçüligine medenýetli hyzmat etmekde ähmiýeti uludyr. Türkmenistanda milli toý-baýramlaryň, medeni çäreleriň her biriniň syýasy, ruhy, medeni we durmuş taýdan ähmiýetli bolmagy zerurdyr. Her bir toý-baýramyň mazmunyna görä, millilige ýugrulan ýörite çeper çykyşlar guralýar. Mundan basga-da medeni-dynç alyş işi hormatly Prezidentimiziň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe alyp barýan beýik işlerini wasp etmek hem-de halky,Watany söýmegi, il-ýurda wepaly bolmagy we oňa gulluk etmegi wagyz-ündew etmekligi amala aşyrýar. Folklor-etnografik toparlaryň çykyşlarynda halk oýunlary, şahyrana folklor eserleri täze mazmunda, täze döwrebap öwüşgünde ýüze çykarylýar. Bagtyýarlyk zamanasynda halk aýdym-saz sungaty, tans sungaty günsaýyn ösýär. Milli toý-baýramlarda teatr we döredijilik işgärleri, türkmen aktýorlary taryhy şahsyýetlerimiziň – türkmen begleriniň, beýik akyldarlarynyň, şahyrlarynyň keşbini döredýärler. Bagtyýarlyk zamanasynda her bir gazanylan üstünlik döredijilik işgärleriniň ylham çeşmesine öwrülip, milli toý-baýramlarda wasp edilýär. Türkmenistan döwletimiziň Garaşsyzlyk almagy we Bitaraplyk derejä eýe bolmagy bilen dünýä medeniýetiniň ulgamyna has işjeň gatnaşmaga, gadymy we baý taryhymyzy hem medeniýetimizi has çuňdan hem-de giňişleýin öwrenmäge mümkinçilik döredildi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallasy bilen ýurdumyz günsaýyn özgerýär. Indi ýurdumyz halkara derejesindäki sergileriň geçirilýän ýerine öwrüldi. Halkara döredijilik festiwallarynyň geçirilmegi ýurdumyzda döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolan milli medeniýetimizi ösdürmäge hem çynlakaý üns berilýänligine şaýatlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde türkmen halkynyň baý mirasyny öwrenmek, zehinlileri hemmetaraplaýyn ösdürmek, halkara ylym we medeni-dynç alşyny ýola goýmak üçin täze gözýetimler hem mümkinçilikler açyldy. Ýurt Garaşsyzlygy ýyllarynda jemgyýetiň medeni gymmatlyklarynyň täze ulgamy kemala geldi. Ol medeni gymmatlyklar Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň ruhy gymmatlyklarynyň düzüminde kemala gelen aňyýet – raýatlyk, ynsanperwerlik, watansöýüjilik, adalatly döwlet kanunlary, täze syýasy, hukuk, ahlak, gözellik pikirleri we garaýyşlardyr. Oňa ýagty geljege ynam, giň dünýägaraýyş ýaly gymmatlyklar girýär. Türkmen medeniýetiniň ösüş ugurlary Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk eýýamynda düýpli baýlaşdyrylýar, sungatyň ähli ugurlary ösdürilýär, görnüşleri babatda täzelikler girizilýär. Medeniýetimizi milli mazmunda ösdürmeklige aýratyn üns berilýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň medeniýet baradaky pähimleri.
2. Medeniýet hakynda Türkmenistanyň Kanunynda öňe sürülýän talaplar.
3. Medeniýet näme?
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň medeniýet babatdaky syýasaty
5. Medeniýet edaralarynyň nähili maksatlary we wezipeleri bar?
6. Medeniýet edaralarynyň ulgamlary we görnüşleri barada gürrüň beriň.
7. Ruhy medeniýetiň düzümi nämelerden ybarat?

# II BÖLÜM

# MEDENI-DYNÇ ALYŞ IŞINIŇ NAZARYÝETI

## Hormatly Prezidentimiziň milli medeniýetimizi ösdürmek baradaky sargytlary medeni-dynç alyş işiniň nazaryýetini öwrenmekde esasy çeşmedir

Ýurt Garaşsyzlygyna eýe bolmagymyz bilen milli medeniýetimizi öwrenmäge, ösdürmäge mümkinçilik dörän bolsa, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli medeniýetimizi dünýä ýaýmaga giň ýol açyldy.

Hormatly Prezidentimiz öz halkynyň abadan, eşretli durmuşda ýaşamagy, halkyň ruhy taýdan kämilleşmegi, döwletimiziň ylym-bilim taýdan dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetmegi üçin gije-gündiz alada edýär. Hormatly Prezidentimiziň döwlet Baştutany hökmünde işe girişen gününden ilkinji kabul eden Permanlary, Kararlary ylym, bilim, terbiýeçilik ulgamlaryny ösdürmek, kämilleşdirmek, halkyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmak hakynda boldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ylym, bilim, medeniýet baradaky dana pähimlerinde şeýle ajaýyp, dürdäne sözler bar:

«Bilimsiz öý otsuz ojak ýalydyr. Ylym, bilim, edebiýat, sungat, medeniýet adamzadyň bahasyny ölçäp bolmajak baýlyklarydyr».

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň döredijilik işgärleri bilen bolýan duşuşyklarynda, döwlet derejesinde geçirýän Maslahatlarynda, dabaraly ýygnaklarynda, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde medeniýet işini döwrüň talabyna görä ösdürmegi, kämilleşdirmegi, medeni-köpçülik işleriniň täsirliliginiň halk köpçüligine ýeterlikli, köpdürli bolmalydygyny nygtaýar. Hormatly Prezidentimiziň «Indi biz täze döwürde ýaşaýarys! Döredijilik iş-

gärleriniň hem täze döwre öz garaýşy, goşandy bolmaly. Siz öz eserleriňiz bilen adamlara şatlyk paýlap, demokratiýany ösdürmek, azatlygy, erkinligi wasp etmek ýaly işlerde nusgawy türkmen edebiýatynyň hem-de sungatynyň ajaýyp däplerini dowam etdirijiler we döredijiler bolmalysyňyz» diýen ajaýyp sözleri medeniýet, edebiýat we sungat ulgamlarynyň wekilleri, ähli döredijilik işgärleri üçin aýdyň ýol görkezijidir. Bu jogapkärçilikli wezipeleriň abraý bilen hötdesinden gelmek, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe medeniýet işgärleriniň hem jana-jan borjy bolup, şol wezipeleri abraý bilen berjaý etmek üçin olaryň öz işlerini döwrebap guramaklary, kämilleşdirmekleri möhümdir.

Hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen ajaýyp taglymaty ideologiýamyzyň esasy şygarydyr. Onuň üçin Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň talabyna görä, hünärmenleriň öňdebaryjy tejribäni ýokary, dünýäniň ösen derejesinde ylmy esasda guramagy, bilimleri tejribede gowy özleşdirmegi, medeniýet ojaklarynda işiň göwnejaý guralyşyna ünsi güýçlendirmegi zerurdyr. Medeniýet ojaklarynda diňe höwesjeňlik sungatyna üns berilmän, eýsem dürli terbiýeçilik, (watançylyk, zähmet, sagdyn durmuş, ahlak edep, tebigat we ş.m.) medeni-köpçülik we dynç alşy, dürli baýramçylyk tomaşalaryny guramak işlerine-de işeňňir çemeleşilmelidir. Onuň üçin ýaşuly nesliň jemgyýetçilik guramalary bilen aragatnaşykda bolmalydygy unudylmaly däldir. Medeniýet işgärlerini maddy taýdan höweslendirmek üçin bilim, iş möçberi (stažy), ukyp-işjeňligini görkeziji dereje girizilse, işiň hiline gowy täsirini ýetirýär.

Häzirki wagtda halk sungatyny köpçülige ýaýmak üçin dürli bäsleşikler, halkara festiwallary, medeni-döredijilik gatnaşyklary ýola goýuldy. Medeniýet, edebiýat, sungat we döredijilik işiniň beýleki ugurlarynyň hemmesiniň binýadynda ilata medeni hyzmat, Watana guwanmak, il-ýurduňy söýmek, oňa buýsanmak, zähmetiň waspy baş maksat bolup durýar. Onuň üçin milli medeniýetimizi ösdürmek, medeni mirasymyzy we milletiň ruhy keşbiniň aýnasy bolan ene dilimiziň arassalygyny gorap saklamak Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň möhüm hem gündelik berk talaby bolup durýar. Ol talap bolsa, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňde goýan

wezipelerinden gelip çykýar. Ol wezipeleri berjaý etmek üçin jemgyýetimizi ruhy taýdan has-da kämilleşdirmeli, bilimi, ylmy we medeniýeti yzygiderli ösdürmeli, halkara hyzmatdaşlygyna işjeň goşulmaly.

Baş wezipämiz bolsa, Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan nusgawy derejelere, raýatlarymyzyň ýaşaýyş derejesini dünýäniň ösen ýurtlarynyň ilatynyň ýaşaýyş derejesine ýetirmekden ybaratdyr.

Bu wezipe biziň üçin mukaddesdir, jogapkärçilikli borçdur. Wezipe bilen borç bitewi aýrylmazdyr.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy esasynda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan işlenilip düzülen Medeniýet hakyndaTürkmenistanyň Kanuny türkmen medeniýetiniň mundan beýläk hem pajarlap ösmegine giň ýol açýar.

## Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda medeni-dynç alyş işiniň ösüş-nazaryýet aýratynlyklary

Türkmenistan Watanymyz özüniň Garaşsyzlygyny gazanandan soň, bazar ykdysadyýeti şertlerinde jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ulgamlarynda, ykdysadyýetiň düzümlerinde we dolandyrylyşynda (bu ugur ykdysadyýetiň ähli ugurlaryny, pudaklaryny, düzümlerini dolandyrmagy öz içine alýar), sosial-syýasy ugry dolandyrmakda (bu döwletiň guramaçylykly alyp barýan syýasatyny, sosial syýasatynyň guralyşyny, olaryň dolandyryş ulgamyny we düzgünlerini öz içine alýar), şeýle hem medeni we ruhy ugurlaryny dolandyrmakda uly özgerişlikler bolup geçýär.

Medeni we ruhy ugry dolandyrmakdaky özgertmeler ýurduň bütin ruhy we medeni ulgamyny öz içine alyp, onuň esasy maksady bolsa, jemgyýetiň medeniýetini we ruhy galkynyşyny, milli medeniýetiň we ruhunyň ýokary göterilişini üpjün etmekden ybaratdyr. Ol bu ugurda jemgyýetçilik durmuşynyň ähli taraplaryny öz içine alýar. Jemgyýeti, şeýle hem medeni-ruhy ugry dolandyrmakda bolup geçýän özgerişlikler şulardan ybaratdyr:

– Milli özbaşdaklyga eýe bolan Türkmen döwleti milli köklere we taryhy tejribelerine eýerýär. Sekiz asyrdan soň dörän täze, Garaşsyz, baky Bitarap döwleti berkarar etmek işi ähli ugurlarda kämilleşdirilýär.

Dolandyryş subýektleriniň täze görnüşleri döreýär. Olaryň wezipeleri we düzümleri özgerýär, täze mazmunlara eýe bolýar. Dolandyryş usullary üýtgeýär. Kem-kemden administratiw-guramaçylyk we merkezleşdirilen dolandyryşdan hojalyk işiniň ykdysady özbaşdaklyk, ugrukdyryjylyk, ýardam, goldaw berijilik, höweslendirmek, öz-özlerini dolandyrmak ýaly dürli görnüşlerine, dürli eýeçilige ýol açmak usullaryna geçilýär.

Dolandyrmagyň täze, has demokratik kanun esaslaryny döredýär. Dolandyryş subýektine we dolandyrylýan obýektlere barha giň özbaşdaklyklar we hukuklar berilýär.

Jemgyýetçilik we döwlet durmuşyndaky özgerişlikler aňy, ruhyýeti özgertmezden mümkin däldir. Döwletiň bir sütüni ykdysadyýet, beýleki bir sütüni syýasat bolsa, ruhyýet hem hökmany suratda bir sütünidir.

Döwletiň medeni ulgamyny dolandyrmakda, onuň medeni syýasatyny amala aşyrmakda döwlet dolandyryşy esasy dolandyryjy düzümi bolup, onda Medeniýet ministrligine uly orun degişlidir. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow medeniýetiň we sungatyň ykdysady özgerişler ýaly çalt amala aşyrylmaýandygyny, oňa wagtyň we düýpli aladalaryň gerekdigini, döwletiň oňa hemaýat etjekdigini, goldaw berip durjakdygyny hemişe nygtaýar hem-de bu işiň örän möhümdigini belleýär. Hormatly Prezidentimiz bu barada şeýle diýýär: «Türkmenistan türkmen halkynyň milli-medeni taýdan täzeden rowaçlanmagy hakda, onuň öz millilik ähmiýetine düşünişini artdyrmak hakda, halk däplerini ýaňadan dikeltmek hakda, döwlet dili bolan türkmen diliniň giňden ulanylmagy hakda alada edýär».

Häzirki döwürde Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi medeniýet ulgamynyň pudaklaýyn ýolbaşçysy hökmünde döwlet medeniýet edaralaryna usuly-guramaçylyk, ugrukdyryjylyk, sazlaýjylyk, kanunçylyk ýardam edijilik taýdan ýolbaşçylyk edýär. Şol bir wagtda ol medeni edaralar üçin hünärmenleri taýýarlamak işini hem ýerine ýetirýär.

Ýerli häkimlikler bolsa, olaryň administratiw-guramaçylyk, maliýe we maddy-tehniki üpçünçiligi, şeýle hem hünärmenleri seçip almak we ş.m. meseleleri boýunça wezipeleri amala aşyrýarlar.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde medeni-dynç alyş edaralarynyň we beýleki medeniýet edaralarynyň döwlet ulgamyndan başga-da özbaşdak medeniýet ojaklary bolan hem-de olaryň işini dolandyrýan ýa-da öz iş ugurlary boýunça wagyz, dynç alyş, terbiýeçilik işlerini alyp barýan jemgyýetçilik ulgamlary hem bar. Käbir döwlet edaralarynyň hem özbaşyna, öz garamagyndaky medeniýet ojaklary bar. Muňa Içeri işler ministrliginiň, Goranmak ministrliginiň, Bilim ministrliginiň garamagyndaky we beýlekileriň medeniýet ojaklaryny mysal getirmek bolar.

Jemgyýetçilik guramalarynyň ulgamynda iň esasy özbaşdak medeniýet ojaklary bolup, olary özbaşdak dolandyrýan Kärdeşler arkalaşyklarydyr. Olaryň medeniýet köşkleri, seýilgähleri, muzeýleri, göçme görnüşdäki dynç alyş öýleri, edaralary bar. Olaryň medeniýet ojaklary belli bir kärhananyň ýanynda we garamagynda belli bir ýaşalýan ýerlerde pudagara medeniýet ojagy hökmünde döredilip, bir etrabyň kärdeşler arkalaşyklary guramasynda hasapda durýarlar.

Şeýle hem häzirki döwürde jemgyýetçilik we döredijilikler birleşmeleri öz ugurlary boýunça halk arasynda aň-bilimi ýaýratmak, wagyz-nesihat, habar berijilik, çeper köpçülik çykyşlaryny guramak, şeýle hem ýardam edijilik ýaly işleri alyp barýarlar.

Ýurdumyzyň medeniýet ulgamyna öň degişli bolan ähli awtoklublar, ençeme klublar, şeýle hem olardaky käbir artykmaç işgär düzümleri (ştatlar) ýurt Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň ýapyldy. Olara derek işiň öňe gidişini, netijeliligini gazanmak üçin täze görnüşli medeniýet edaralary, täze işgärler düzümleri döredildi. Soňky döwürlerde medeniýet merkezleri, halk döredijilik merkezleri, dynç alyş merkezleri, täze milli seýilgähler, milli muzeýler döredildi. Türkmen döwlet filarmoniýasynyň binýadynda Türkmenistanyň milli Medeniýet merkezi, opera we balet teatrynyň esasynda bolsa Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky milli sazly-drama teatry döredildi.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi medeni-dynç edaralarynda, merkezlerinde medeni-dynç alyş işiniň öňe gidişligini üpjün etmek üçin «baş hünärmen», «medeni-köpçülik çäreleriniň guramaçysy», «folklor toparynyň ýolbaşçysy», «tans toparynyň ýolbaşçysy», «aý-

dym-saz toparynyň ýolbaşçysy» we beýleki dürli hünärler boýunça esas birliklerini, ugurlary ýokary we orta okuw mekdeplerinde açdy. Öňki klublaryň 1 adamdan ybarat, etrap, şäher medeniýet öýleriniň 4 adamdan ybarat hünär boýunça esas birlikleri, olaryň wezipe atlary, ugurlary üýtgedildi we köpeldildi. Bu edaralaryň içki guramaçylyk düzümlerinde hem üýtgemeler amala aşyryldy, giňeldildi, täze bölümler döredildi.

*Mysal üçin, olarda:*

– baýramçylyklary, dabaralary, konsertleri guraýan bölüm;
– döredijilik bölümi;
– hojalyk-guramaçylyk bölümi;
– usulyýet bölümi;
– çagalar we ýetginjekler bölümi açyldy.

Häzirki döwürde medeniýet ulgamy üçin hünärmenleri taýýarlamak we olary işe ýerleşdirmek meselesinde hem özgerişlikler amala aşyrylýar. Ol Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky medeniýet we sungat ugurlary boýunça ýörite orta hem-de ýokary okuw mekdepleri tarapyndan amala aşyrylýar. Bu işi Medeniýet ministrligi dolandyrýar. Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze bilim syýasaty esasynda hünärmenleri taýýarlamak güýçlendirilip, ýokary okuw mekdeplerinde okuwyň möhleti bäş-alty ýyla ýetirildi.

Her bir medeni-dynç alyş edarasynyň işgärler bilen üpçünçiligine hem uly üns berilýär. Her bir ýolbaşçy ilki bilen hünärmeni öz ugruna, bilim derejesine görä iş ornuna ýerleşdirip, hünärmeniň döwrüň talabyna laýyk zähmet çekmegine gözegçilik edýär. Olar hormatly Prezidentimiziň çykarýan Permanlarydyr Kararlary bilen, şeýle hem ýurdumyzyň medeniýet hem-de beýleki ulgamynda bolup geçýän özgerişler bilen yzygiderli tanyş bolup, olardan işjeň peýdalanyp, özleriniň iş meýilnamasy, maksatnamasy boýunça döwrebap, netijeli we öndürijilikli zähmet çekmelidirler. Medeniýet edaralarynyň ýolbaşçylarynyň belli bir kämillik hünärmençiligine üns berilýär, talaplar bildirilýär. Olar hökmany ýörite ýokary ýa-da ýörite orta bilimli bolup, medeniýet ulgamynda azyndan 3 ýyldan 5 ýyla çenli işlän bolmalydyrlar.

Türkmenistanyň Prezidenti medeniýet işgärlerine ýüzlenmesinde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwleti emele geldi, türkmen milleti emele geldi. Munda indi milli ruh döremeli, berkemeli, milli teatr, milli sungat, milli medeniýet, milli edebiýat, milli poeziýa kemala gelmeli. Halkyň ýüregine täsir edip duran bolmaly, kalbyny joşdurmaly. Men beýle diýsem, millilikde beýlekilerden üzňe bolmaly diýdigim däldir. Biz öz geçmişimizi öwrenmeli, milli edebiýatymyzy we sungatymyzy ösdürmeli. Emma biziň dünýä gymmatlyklaryndan üzňe bolman, olar bilen sepleşmeli, goşulyşmaly ýerlerimiz hem bar. Biz özümiziň milli gymmatlyklarymyzy dünýä gymmatlyklary bilen sepleşdirip, bileleşdirip ösdürmeli» diýip, olardan edilýän talaby beýan edýär. Türkmenistanda geçiş döwründe kynçylyklar bolsada, döwlet medeniýeti, sungaty ünsden düşürmedi, şeýle-de esasy borç hasaplady, hemaýat etmegi, goldaw bermegi goýmady. Hemme öňki soýuz respublikalarynda medeniýet hem, beýleki ulgamlar we pudaklar ýaly, bazar ykdysatyýetine geçiş döwrüniň täsirine düşdi. «Emma biz beýle etmedik, şeýdibem dogry hereket etdik diýip hasap edýäris. Biz mundan beýlägem medeniýete, sungata hemme taraplaýyn ýardam bereris... Medeniýet diýenimde men edebiýatymyzy, sungatymyzy, teatrlary, şekillendiriş sungatyny, mahlasy, sungat ugrunda işleýänleriň ählisini göz öňünde tutýaryn. Bular üçin çykdajylary geljekde hem döwlet doly öz boýnuna alar» diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow aýdýar. Hormatly Prezidentimiz özüniň döredijilik we medeniýet işgärleri bilen geçiren ýene bir duşuşygynda: «Şu wagt kärhanalarymyzyň 100-den 30 bölegi bazar ykdysadyýeti şertlerinde, emlägiň 100-den 70 bölegi döwletiň elindedir. Biziň öňümizde bazar ykdysadyýetine geçmek boýunça uly işler dur. Olar dünýä ülüňlerine laýyklykda ediljek bolsa, hökmany suratda halkyň hal-ýagdaýyna erbet täsir eder. Medeniýete, sungata goýberilýän pullaryň möçberi pese düşer. Muny siz beýleki ýurtlaryň tejribesinden görüp bilersiňiz... Biz indi gurplandyk, medeniýetimize döwlet tarapyndan berilýän goldaw has artýar. Ýöne edilýän işe baha bermeli. Medeniýetde bidüzginçilige ýol bermeli däl. Döwletimiz şu guratlygyna galsa, şu agzybirligimizi saklasak, ruhymyz belent bolsa, biz ruhy gymmatlyklary maddy gymmatlyklardan pes görmeli däldi-

ris. Ruhy gymmatlyk adamyň hakyky baýlygydyr», «Döwlet adam üçindir» diýýär. Medeniýet edarasynyň ýolbaşçylary öz işlerinde hormatly Prezidentimiziň şu we beýleki ugur görkeziji pähimlerinden, paýhaslaryndan we sargytlaryndan ugur alyp işlemelidirler. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow iş dolandyryjylara ýüzlenip, şeýle diýýär:

– Her bir ýolbaşçy döwletiň, halkyň öňündäki borçlaryny duýmalydyr hem-de şoňa görä işlemelidir.

– Ýolbaşçylaryň her biri öz oturýan ornunda etmeli işlerini, borjuny doly bilmeli, göz öňüne getirmeli.

– Häzirki ýolbaşçylaryň ýene bir zatda artykmaç borjy bardyr. Ol hem bolsa hemmeden artyk işlemäge bolan hukugydyr.

– Türkmenistanyň häzir her bir ýolbaşçysynyň iň esasy mukaddes wezipesi ýurduna we Watanyna wepaly, kämil nesli ösdürip ýetişdirmekden ybarat bolmalydyr.

– Häzir ähli derejelerdäki ýolbaşçylaryň özleri hemme babatda görelde görkezmelidirler, munuň özi döwrüň talabydyr.

– Türkmenistan döwletimizi özgertjek bolsak, biz – ýolbaşçylar, ilki bilen özümizden başlamalydyrys.

– Ýolbaşçylaryň her biriniň bolup geçýän zatlara jogapkärçilik duýgusy bilen garamagy, hemme zada döwlet nukdaýnazary bilen çemeleşmegi möhümdir.

– Ýolbaşçylar nebsini öňe düşürmeli däldirler.

– Döwletiň serişdelerini ogurlap, jenaýata baş goşan ýolbaşçylara geçirimlilik edilmez.

– Haýsy edara bolsa bolsun, tapawudy ýok, eger onuň ýolbaşçysy işgärlerini işledip bilmese, onda ol edaranyň işi hiç haçan öňe gitmez. Edaranyň dogumly ýolbaşçysy bolsa, onda onuň işi gülala-güllük bolar.

– Ýolbaşçylar ilki özlerini düzetse, halallykda, iş başarjaňlykda, mähirlilikde, watansöýüjilikde özüni özgelere göz etse, onda parahat halk hökmünde dünýäde uly abraý gazanarys.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň her bir gününde hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasatlaryny goldap, durmuşa geçirmek üçin her bir medeniýet işgäri Watana wepaly gulluk etmeli-

dir. Medeniýet işgärleri gijesini gündiz edip işläp, Watana bolan çäksiz söýgüsini, wepalylygyny subut etmelidir. Olaryň dogry we netijeli işlerine ilki bilen halk dogry baha berýändir. Hünärmenler özleriniň taýýarlaýan we geçirýän çäreleriniň gyzykly we täsirli bolmagy üçin, olary halkyň kabul etmegi üçin bar ukybyny, zehinini siňdirip işlemelidirler. Olaryň medeni köpçülik çäreleri halky begendirip, guwandyryp, ony täze ýeňişlere ruhlandyrmalydyr.

«Häzir medeniýet ulgamynda 12 müňden gowrak adam işleýär. Ýöne biziň medeniýetimiz, esasan hem, çeper höwesjeňleriň ýerine ýetirýän çykyşlarynyň, aýdym sazlarynyň kömegi bilen özgerýär. Bu işde azda-kände bolsa-da, welaýatlaryň medeniýet edaralarynyň goşandy duýulýar. Olar özleriniň taýýarlaýan çykyşlary bilen tomaşaçylary çekmegi başarýarlar. Emma käbir ýerlerde bolsa işler özgerip gideberenok» diýip, hormatly Prezidentimiz medeniýet işgärleri bilen duşuşanda aýtdy.

Hormatly Prezidentimiziň talaplaryny bir kemsiz ýerine ýetirmek üçin işe gujurly we maksada okgunly çemeleşilmelidir. Medeniýet edaralarynyň her bir işgäri edara gelýänlere, ýagny çagalara, ýetginjeklere, uly ýaşly we dürli hünärli adamlara, höwesjeňlere özleriniň ýokary derejeli medeniýeti, häsiýeti we adamkärçiligi bilen täsir edip, görelde bolmalydyr. Ol öz göreldesi bilen ýaşlara halallygy, Watany söýmegi, ahlaklylygy, ata-babalarymyzyň beýik geçmişine sarpa goýmagy, olaryň däplerini mynasyp dowam etdirmegi öwretmelidir. Her bir hünärmen döwrüň talabyna laýyk bolmalydyr. Olary bilmek, öwrenmek we öwretmek üçin ähli yhlasyny siňdirmelidir.

Adamyň artykmaçlygy bilmekdir. Adamyň borjy bilmekdir. Bilmek – dünýä akyl ýetirmek, dünýäde ornuňy tapmak we şol orunda öz-özüňi ykrar etmekdir .

Şol dabaralarda ýörite meýdançalarda hökmany suratda türkmen halylarynyň, şaý-sepleriniň, zergärçilik sungatynyň sergileri guralmalydyr.

Indi toýlaryň, baýramlaryň bezegi sazlar barada. Garaşsyz, baky Bitarap döwletimizde ata-babalaryň ruhuna eýerip, türkmen sazlarynyň baýlygynyň dowamyny köp dürli saz gurallarynyň üsti bi-

len milli öwüşginli, mährem owazly, jana lezzetli edip, öz-özümize subut etmelidiris!

Medeniýetimiziň, sungatymyzyň hak Howandary, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow halkymyzyň ruhubelent şu güni we geljegi üçin, zehinli we höwesli medeniýet, sungat we döredijilik işgärleri üçin köp işleri amala aşyrdy. Ýurdumyzda, şeýle hem paýtagtymyz Aşgabatda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ençeme medeniýet edaralary, köşkler, teatrlar, ülkäni öwreniş muzeýleri, şeýle hem, medeni merkezler, aýdym-saz merkezleri, dynç alyş seýilgähleri, sport merkezleri we beýlekiler gurlup, halkymyza medeni hyzmat etmek üçin, ýaş nesilleri terbiýelemek üçin berildi.

Türkmenistanda häzirki döwürde 712 medeni-dynç alyş edaralary işleýär. Olarda 360 folklor topary, 331 aýdym-saz topary, 436 tans topary, 79 halk topary, 487 drama topary, 338 saz topary (ansambllar we orkestrler) bar. Soňky ýyllarda medeniýet ulgamy boýunça ýurdumyzda medeni köpçülik çärelerini hem-de dynç-alyş konsertlerini geçimeklige aýratyn uly üns berilýär. Şeýlelikde, häzirki döwrüň hasabatlaryna ser salanyňda, ösüşler arkaly öňe gidilýändigine, işleriň öňküden has ýokary, netijeli, şowhunly we milli ruhda alnyp barylýandygyna göz ýetirýärsiň. Muňa mysal edip, Watanymyzyň ähli welaýatlarynyň medeniýet edaralarynda işiň dolandyrylyşynyň we medeni köpçülik, guramaçylyk çäreleriniň milli ruhly, döwrebap, ýokary kämillikde we özüne çekiji häsiýetde geçirilip, olaryň ýörite meýilnamalaşdyrylyp, hakyky durmuş bilen baglanyşdyrylyp, halka hyzmat edilýändigine hemmämizem şaýatdyrys. Häzirki döwürde medeni-dynç alyş edaralarynyň işini guramakdaky baş maksatlar hormatly Prezidentimiziň Permanlaryndan we Kararlaryndan, Medeniýet hakynda Türkmenistanyň Kanunyndan ugur alyp, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň, welaýat häkimlikleriniň we welaýat medeniýet müdirlikleriniň, ýerli ýolbaşçylaryň medeniýet işgärleriniň öňünde goýýan wezipelerini durmuşa geçirmek, döwletimiziň çäginde guralýan medeni-köpçülik çäreleriniň netijeliligini mundan beýläk-de ösdürmek we onuň täze öwüşginlere eýe bolmagyny gazanmakdan,

ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatyndan ugur alyp, medeni-dynç alyş edaralarynyň üsti bilen ilat arasynda köpçülikleýin terbiýeçilik işlerini alyp barmakdan ybaratdyr. Şol maksatlary durmuşa geçirmek üçin welaýat medeniýet merkezinde, şeýle hem etrap, şäher medeniýet merkezlerinde, kitaphanalarda, muzeýlerde, oba medeniýet öýlerinde «Galkynyş» merkezleri we otaglary döredildi.

Häzirki döwrümiziň medeni-dynç alyş edaralarynyň esasy wezipeleri türkmen halkynyň milli däp-dessurlaryny dikeltmekden, toý-baýramlary şowhunly, ilatyň isleglerine görä taýýarlamaga gatnaşmakdan, dynç alşyň üsti bilen ilatyň boş wagtlaryny netijeli geçirmekden, öz bilim, hünär derejelerini ýokarlandyrmakdan, çeperçilik, senetçilik, tehniki höwesjeňlik döredijiligini kämilleşdirmekden, medeniýetiň we sungatyň gazananlaryndan peýdalanmakdan, adamlaryň döredijilik başarnyklaryny we mümkinçiliklerini amala aşyrmaklary, ilatyň dürli toparlarynyň we her bir adamyň köp sanly ýa-da aýry-aýry ugurlardan medeni we ruhy isleg-taraplaryny hem-de gyzykmalaryny kanagatlandyrmaklary üçin zerur şertleri döretmekden ybaratdyr.

Medeni-dynç alyş edaralary öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin ilatyň isleglerini hem talaplaryny, milli, hünär, ýaş, umumy bilim we beýleki aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, işlerini şol aýratynlyklar esasynda alyp barmalydyrlar. Medeni-köpçülik işiniň bar bolan ähli serişdelerini, iş görnüşlerini we usullaryny işjeň ulanmalydyrlar.

Häzirki döwürde döredilýän hem-de öňki medeni-dynç alyş edaralary görnüşleri, ugurlary boýunça belli bir ugurly we wezipeli hem-de köp taraply bolup biler. Olar özbaşdak ýa-da bir görnüşli edaralaryň birleşen ulgamy ýa-da ilatyň arasynda medeni-dynç alyş, sport-sagaldyş we ş.m. işleri alyp barýan dürli edaralar bilen jebis gatnaşykda bolup, toplum hökmünde öz işlerini bilelikde gurap bilerler. Şeýle gurluşda olar özleriniň zähmet güýçlerini, maddy-tehniki we maliýe serişdelerini belli bir maksatlar üçin bilelikde peýdalanýarlar. Mysal üçin, her ýylda däp bolup gelýän zehinli, ýaş aýdymçylaryň arasyndaky «Ýaňlan, Diýarym!» telebäsleşigini geçirmek üçin ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň haýsy-da bolsa biri Medeniýet ministrligine ýardam edijilik kömegini berip durýar. Olar bilelikde maslahatlaşyp, bäsleşigiň geçiriljek meýdançasynyň ýokary

derejedäki bezeg işi, ýeňijilere gowşurylmaly sowgat-serpaýlar we ş.m. bilen baglanyşykly esasy meseleleri çözýärler.

Häzirki döwürde medeni-dynç alyş edaralarynyň döredijiligi we dolandyrylyşy döwlet medeni-dynç alyş edaralarynyň dürli görnüşleri, ykrar edilen gerimlere görä, Medeniýet ministrligi bilen ylalaşmak esasynda, ýerli häkimlikleriň medeniýeti dolandyryş edaralarynyň medeniýet ulgamyny ösdürmek meýilnamasy esasynda ýerli býujetiň hasabyna ýerli häkimleriň kararlary bilen döredilýär.

Olary açmak üçin döredijiniň talabalaýyk maddy-tehniki üpjünçiligi, ýörite gurlan jaýy bolmalydyr.

Özbaşdak döredilýän edaralar, zähmet-önümçilik toparlarynyň, dürli eýeçilik düzümleriniň, gurluşlarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, okuw mekdepleriniň we çagalaryň medeni-dynç alyş edaralarynyň öz çözgütleri esasynda, öz hasaplaryna maddy-tehniki üpjünçiliginde döredilýärler. Olar döwlet medeniýeti dolandyryş edaralarydyr guramalarynda (medeniýet bölümlerinde, medeniýeti dolandyryş edaralarynda, Medeniýet ministrliginde) öz sebitlerinde we topara hyzmat ediş niýetlendirişleri hem-de görnüşlerine görä bellige we hasaba alynýar.

Her bir medeni-dynç alyş edarasy ýuridiki birlikdir. Onuň özbaşyna balansy, döwlet ýa-da täjirçilik banklarynyň birinde pul hasaplaşyk hasaby (sçýoty) bardyr. Onuň tugraly möhüri, öz ady ýazylan blanklary we beýleki esbaplary bolýar. Dürli meseleler boýunça öz adyndan wekilçilik edip, başga edaralar, kärhanalar, guramalar, eýeçilikler bilen gatnaşyk açyp, ýolbaşçy edaralara dürli meseleler bilen çykyp bilýär.

Medeni-dynç edaralaryny ýapmaklyga diňe ony döredijiler ygtyýarlydyrlar.

Döwlet medeni-dynç alyş edarasyna onuň ýolbaşçy edara (medeniýet müdirligi, medeniýet bölümi) tarapyndan bellenýän direktory (müdiri) ýolbaşçylyk edýär. Medeni-dynç alyş edaralarynyň düzüminiň işgärleri – bölümleriň, bölümçeleriň ýolbaşçylary, aýry-aýry hünärli işgärleri öz gezeginde medeni-dynç alyş edaralarynyň direktory tarapyndan bellenilýär we işden çykarylýar. Işe kabul etmeklik belli bir möhletleýin şertnamalar esasynda amala aşyrylýar.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň işinde ýüze çykýan jedeller, meseleler degişli hukuk hem-de kanun goraýjy edaralar tarapyndan çözülýär.

Häzirki döwürde etrap (şäher) medeniýet merkezi (köşgi) häkimligiň karary bilen etrabyň (şäheriň) merkezinde döredilýär. Ol etrabyň (şäheriň) medeniýet bölümine tabyndyr. Etrabyň (şäheriň) merkezinde bir medeniýet merkezi döredilip bilner.

Etrap (şäher) medeniýet merkezi usuly merkezdir, ol etrabyň (şäheriň) döwlet we beýleki ulgamlarynyň medeni-dynç alyş edaralaryna guramaçylyk, usuly taýdan ýolbaşçylyk edýär. Ol hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatyndan ugur alyp:

– etrap (şäher) merkeziniň we öz hyzmat edýän sebitine girýän ilatly ýerleriň ýaşaýjylary üçin hem dürli medeni-köpçülik we dynç alyş çärelerini geçirýär, ol çäreleri medeni we döredijilik toparlary berjaý edýärler;
– etrabyň (şäheriň) medeni-dynç alyş edarasynyň (edara tabynlygyna garamazdan) ählisine usuly hem tejribe kömeklerini berýär;
– teatrlaşdyrylan çäreleri, köpçülikleýin baýramlary, däp-dessurlary, sahnalaşdyrylan oýunlary, gözden geçirişleri, dürli agşamlary, ýaş toý-dabaralaryny, duşuşyklary, aýdym-saz tomaşalaryny, medeni-köpçülikleýin gezelençleri, hünärmen toparlarynyň gastrola çykyşlaryny, sergileri, oýun, sport çärelerini we ş.m taýýarlamaklyga we geçirmeklige gatnaşýar ýa-da özi guraýar we geçirýär;
– medeni-dynç alyş edaralaryna, çeper höwesjeňler birleşmelerine hyzmat etmek üçin medeni goş-golamlary, saz gurallaryny, sahna geýim-gejimlerini, ýasama zatlary we geýimleri, tehniki enjamlary we saz gurallaryny kireýine bermegi ýola goýýar;
– çäreleri bezemekde usuly hem-de tejribe kömegini berýän medeni-dynç alyş edaralary üçin hojalyk hasaplaşygy esasynda işleýän çeperçilik ussahanasyny döredýär;
– medeniýet merkezinde jemgyýetçilik başlangyçlarynda ýa-da tölegli esaslarda işleýän çeper-döredijilik, tehniki-döredijilik, amaly-haşam, hünärmentlik, bilim öwrenmek, ykdysadyýet we

täjirçilik, edebi döredijilik, foto-kino we ş.m. ugurlar boýunça toparlar, birleşmeler, okuwlar, mekdepler döredilip bilner;
- gündelik dynç alyş şertlerini döretmek maksady bilen medeni merkezi öz ýanynda dynç alyş, saz, oýun-güýmenje, kompýutor oýunlarynyň otaglaryny, bezeg jaýlaryny, seýilgähi, tomusky dynç alyş ýerlerini we otaglaryny we ş.m. döredýär.

Medeni dynç alyş edaralarynda usuly kömek bermek maksady bilen etrabyň (şäheriň) medeniýet merkeziniň ýanynda usuly otag döredilýär. Şol otag medeni-dynç alyş edaralarynyň iş tejribesini, işiň has degerli, täze görnüşlerini hem-de usullaryny ornaşdyrýar. Öňdebaryjy iş tejribäni öwrenýär, jemleýär we ýaýradýar. Medeniýet işgärlerini, işjeňleri, höwesjeň çeper-döredijilik birleşmeleriniň hem-de toparlarynyň ýolbaşçylaryny taýýarlamak we olaryň hünärlerini kämilleşdirmek işini guraýar. Medeni-dynç alyş edaralaryny usuly gollanmalar, ssenariler we repertuar ýygyndylary, görkezme esbaplary bilen üpjün edýär we beýleki usuly we tejribe kömeklerini berýär.

Medeniýet merkezine direktor ýolbaşçylyk edýär. Ony etrabyň (şäheriň) medeniýet bölümi işe belleýär we işden boşadýar. Ol medeni-köpçülik, dynç alyş hem-de usuly işiň ýagdaýyny, geçirilýän çäreleriň çeperçilik derejesini, hilini we netijeliligini kämilleşdirýär.

Medeniýet merkezi ýerli býujetde durýar. Býujet boýunça özbaşdak çenligi (smeta), bankda özüne degişli hasaby bolýar. Merkeziň çenligi etrap (şäher) medeniýet we maliýe bölümleri tarapyndan tassyklanylýar.

Etrap (şäher) medeniýet merkezi ýuridiki şahsyň hukuklaryndan peýdalanýar. Onuň öz ady ýazylan möhüri we möhürçesi bardyr.

Ol bellenilen tertipde we görnüşlerde döwlet resminama dolandyryş, hasaba alyş işlerini, goş-golam barlaglaryny amala aşyrýar.

Ol edaranyň emlägini, ulagyny, jaýynyň bir bölegini, hojalyk desgalaryny kärendä bermek, olar bilen bilelikde ulanmak hukuklaryndan peýdalanýar.

Medeni-dynç alyş edarasynda işi dolandyrmakda we kämilleşdirmekde, hünärmenleriň zähmetini guramakda höweslendiriş usullary giňden ulanylmalydyr. Höweslendirmek her bir işde adamlaryň işjeňligini ýokarlandyrmagyň, olaryň zähmetine mynasyp baha berilmeginiň möhüm serişdesidir. Medeniýet edaralarynda höwes-

jeňligiň hökmany belli bir ulgamy döredilýär. Häzirki döwürde yzygiderli geçirilýän bäsleşikler, etrap, şäher medeniýet edaralarynyň bir ýyllyk zähmet borçnamalarynyň kabul edilmegi we onuň jemininiň jemlenmegi, şeýle hem adamlaryň aýry-aýry medeni hyzmatlary boýunça höweslendiriş usullary ulanylýar. Medeniýet ulgamynda «Iň gowy medeniýet işgäri», «Iň gowy medeniýet edarasy» we «Iň gowy höwesjeňler topary» hem-de ýubileýi bellenilýän baýry medeniýet işgärleri höweslendirilýär. Höweslendirmek maddy ýa-da ahlak serişdeler ýa-da ikisiniň hem utgaşykly ulanylmagy bilen ýerine ýetirilýär.

Häzirki wagtda döwlet derejesinde mynasyp işgärlere hormatly atlary bermek, olary ordenler, medallar bilen sylaglamak guralýar. Ulgam derejesinde hormat hatlary berilýär. Ýerli medeniýet bölümleri borçnamanyň ýerine ýetirilişiniň jemleri boýunça iň gowy medeniýet edarasyny, işgärini, höwesjeňini, höwesjeňler toparyny we ýubileýi belleniýän baýry medeniýet işgärini hormat haty, gymmatly sylaglar bilen höweslendirilýär. Höweslendirmegi amala aşyrmagyň ajaýyp nusgasy hökmünde, biz hormatly Prezidentimiziň işde öňdebaryjy raýatlar hakynda edýän aladalaryny buýsanç bilen agzap bileris. Hormatly Prezidentimiz türkmen medeniýetiniň milli ruhda, öz ýoly bilen kämilleşip, täzeçillik bilen ösüp, dünýä medeniýetleriniň hataryna goşulmagy üçin aýratyn yhlaslylyk görkezýän medeniýet edaralaryna, onuň aýry-aýry toparlaryna, işgärlerine, höwesjeňlerine ruhy hem-de maddy kömegini berip durýar.

Hormatly Prezidentimiziň ylmy-taktiki garaýyşlary, ruhy nazaryýeti jemlenen kitaplary medeniýet işgärlerine ruhy taýdan goldaw berdi, olaryň işiniň ýol görkezijisi, işleriniň gözükmesi boldy. Hormatly Prezidentimiziň maddy kömeklerini bolsa, biz her bir ýokary derejeli, kämil, milli ruhly we täsir ediji zähmetlerimizde, çykyşlarymyzda we öz başarnyklarymyzda görýäris.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan türkmen halkynyň hormatyna, söýgüsine mynasyp bolan sungat ussatlaryna, medeniýet we döredijilik işgärlerine pul sylaglarynyň, başga-da gymmatbaha sowgatlaryň, serişdeleriň, awtoulaglaryň we ş.m. berilmegi, hormatly atlaryň dakylmagy, orden-medallary berilmegi höweslendirmek usulynyň ýokary nusgasydyr.

Medeniýet edaralarynda bolsa, işine ökde medeniýet işgärleriniň, höwesjeňleriň atlaryny hormat tagtasyna çykarmak, dynç alyş, sagaldyş merkezlerine mugt ugradyş hatlaryny bermek, pul sylagy we beýleki serişdeler bilen sylaglamak bilen höweslendirilýär. Elbetde, höweslendirmegiň başga-da mümkinçilikleri ulanylýar.

Hormatly Prezidentimiz «Her birimiz ata Watana gulluk edeliň, ata Watany söýeliň, mundan beýläk hem halal zähmetimiz bilen türkmeniň abraýyny, şan-şöhratyny, milli we ruhy medeniýetimizi belende galdyralyň!» diýip bellemek bilen medeni we döredijilik işgärleriniň zehinleriniň, islegleriniň oýanmagyna, höwesleriniň artyp, öz işlerine ruhubelentlik we täzeçillik bilen çemeleşmeklerine iterýär.

## Medeni-dynç alyş işiniň jemgyýetçilik zerurlygy, aýratynlyklary we ähmiýeti

Türkmen halky medeni mirasa baý halklaryň biridir. Türkmen topragy medeniýetiň gadymy ojagydyr. Bu mukaddes toprakda ýaşan ata-babalarymyz milli mirasymyzy döredip, asyrlaryň dowamynda sünnäläp, şu günki nesillere ýetiripdirler. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ata-babalarymyzdan galan gymmatly mirasymyzy öwrenmek, aýap saklamak, geljek nesillere ýetirmek babatdaky tutumly işleriň başyny başlady. Millilige, ynsanperwerlige ýugrulan maddy-ruhy gymmatlyklarymyzy öwrenmek we ony dünýä ýaýmak, olara halkara ylmy jemgyýetçiligiň ünsüni çekmek esasy maksatlaryň biridir. Şu nukdaýnazardan alanymyzda, şeýle işleri durmuşa geçirmekde medeni-dynç alyş edaralarynyň belli bir derejede orny uludyr. Medeni-dynç alyş edaralary birnäçe iş usullarynyň üsti bilen halk köpçüligini, ylaýta-da, ýaşlary hemmetaraplaýyn terbiýelemekde hem döwletimiziň milli ösüşlerini wagyz-ündew etmekde, dünýä ýaýmakda ähmiýetiniň uludygyny bellemek zerurdyr. Geçirilýän we guralýan dürli çäreleriň, medeni-dynç alyş işleriniň adamlaryň medeni ruhuny galdyrmakda, medeni lezzet bermekde hem ähmiýeti uludyr. Häzirki wagtda medeni-dynç alyş işleriniň dürli görnüşleriniň, usullarynyň ösmegi, bilim-terbiýeçilik işleriniň hiliniň

özgermegine getirýän medeni-dynç alyş çärelerinde saz bilen birlikde görkezme, habar,wagyz işiniň sazlaşykly bezegler arkaly halk köpçüliginiň aňyna täsir etmek ýaly maksatly işleri ýola goýulýar. Medeni-dynç alyş edaralarynda boş wagty netijeli ulanmaklygyň birnäçe görnüşleri bar. Halk köpçüliginiň *toparlaýyn, ýekebara, köpçülikleýin* ýaly iş görnüşleri esasynda medeni-dynç alyş işleri alnyp barylýar.

Medeni-dynç alyş işleriniň esasy jemgyýetçilik wezipeleri döredijilik we dynç alyş işiniň esasynda adamlaryň boş wagtlaryny peýdaly, netijeli işlere, güýmenjelere gönükdirip, olary medeni durmuşa çekmekdir we olaryň häsiýetine, edebine, durmuşyna täsir etmekdir. Şonuň esasynda bolsa adamlaryň gündelik beden ruhy we aň ýadawlygy aýrylýar we öňki güýji dikeldilýär. Bu işiň üsti bilen adamlaryň ukyby, başarjaňlygy ýüze çykarylýar, toplanýar we peýdalanylýar. Olaryň zyýanly ugurlara gitmeginiň we biderek zatlar bilen meşgul bolmagynyň öňi alynýar. Şeýlelikde, olaryň wezipeleri şeýle häsiýetlendirilýär:

1) Olarda täze bilimlere, gymmatlyklara ymtylyş döretmek.
2) Şeýle bilimleri, gymmatlyklary, ruhy baýlyklary ýüze çykarmak, toplamak we ýaýratmak.
3) Şolaryň esasynda täze gymmatlyklary döretmek.
4) Medeni-dynç alyş işleriniň çäginde adamlaryň arasynda gatnaşyklary döretmek we şol gatnaşyklaryň medeniýetini ýokarlandyrmak.
5) Halkyň dynç alşyny guramaçylykly, şowhunly geçirmegi guramak.
6) Dynç alşyň üsti bilen adamlara ruhy lezzet bermek.

## Medeni-dynç alyş işiniň ugur alyş ýörelgeleri

Medeni-dynç alyş işiniň ýol görkezijileri medeniýet edaralarynda esasy işleriň biri bolup hyzmat edýär. Medeni-dynç alyş işiniň ýol görkezijileri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

**1) Ilatyň watançylyk ruhuny kämilleşdirmek.**

Medeni-dynç alyş işlerinde şu ýol görkezijileriň esasynda ilatyň watansöýüjiligini ösdürmek üçin, halk üçin, bagtyýar geljekki nesiller üçin halal zähmet çekip, Watany baýatmaklyk we adamzadyň kämil ösüşine goşant goşmak hem beýik şahsyýetleri wasp etmek ýaly işler ýola goýulýar.

**2) Halkylyk we millilik.**

Medeni-dynç alyş edaralarynda ähli işler milli mazmunda amala aşyrylýar. Medeni mirasymyz, dilimiz, dinimiz, däp-dessurymyz, toýlarymyz bilen baglanyşykly milli medeni çäreler geçirilýär. Türkmenistan döwletimizde ýaşaýan beýleki halklaryň diline, dinine, ruhy gymmatlyklaryna, medeni mirasyna uly hormat goýulýar. Ýurdumyzda tire-taýpalaryň özboluşlylygy, däp-dessurlary, şiwe dili milli äheňde sungat eserleriniň üsti bilen ýaýradylýar we düşündirilýär.

**3) Medeni-dynç alyş işiniň durmuş bilen baglanyşygy.**

Medeni-dynç alyş işi durmuş, ýerli şertler, ýerli mümkinçilikler bilen doly gabat gelmelidir. Medeni-dynç alyş edaralary öz hyzmat edýän ýerinde durmuş bilen bagly gyzykly medeni hyzmaty guramalydyrlar.

**4) Yzygiderlilik we netijelilik.**

Medeni-dynç alyş edaralarynda çäreler yzygiderli geçirilmelidir. Eger çäreler yzygiderlilikde geçirilmese, onda çäreler hili peseler, oňa gatnaşyjylaryň sany azalar. Şeýle ýagdaýda medeni-dynç alyş edaralary ökde hünärmenleri talap edýär.

**5) Jemgyýetçilik pikiri we sagdyn ylmy garaýşy emele getirmek.**

Her bir geçirilýän işde sagdyn jemgyýetçilik pikiri bolmalydyr. Halk köpçüligine döwlet syýasatlary dogry we doly düşündirilmelidir, öňde goýlan maksatlaryň amala aşyrylmagy üçin her bir raýat öz goşandyny goşmalydyr.

**6) Toparlaryň jebisligini emele getirmek.**

Medeni-dynç alyş edaralary adamlaryň arasynda jebisligi, agzybirligi emele getirýärler. Olar şat gününde şatlanmak, agyr gününde kynçylygy paýlaşmak, birek-birege kömek etmek ýol görkezijileriniň esasynda iş alyp barmalydyrlar.

**7) Ilata hemme taraplaýyn çemeleşmek.**

Medeni-dynç alyş edaralarynda her bir adamyň ruhy islegi kanagatlandyrylmalydyr. Her bir raýatyň milletine, jynsyna, ýaşyna, kärine, bilimine görä çemeleşilmelidir.

## Medeni-dynç alyş işleriniň täsir ediş esaslary

Medeni-dynç alyş işlerinde aň-bedene täsir ediş serişdeleri medeni-dynç alyş hyzmatlarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Her bir geçirilýän medeni-köpçülik çäresiniň raýatlaryň beden ýadawlylygyny aýyrmaklykda uly ähmiýeti bardyr.

Medeni-dynç alyş edaralarynda her bir medeni-köpçülik dynç alyş çäresiniň raýatlara oňat täsir ediş ýoly, çäräniň temasy ara alnyp maslahatlaşylýar. Tema esasynda giňişleýin meýilnama düzülýär. Meýilnamadaky göz öňünde tutulan maksat medeni-dynç alyş edaralarynyň hemmetaraplaýyn täsir ediş ýol görkezijisinden (prinsipinden) ugur almak esasynda düzülmelidir. Çärä gatnaşýan raýatlaryň ýaş aýratynlygy, milleti, kär aýratynlygy, jynsy we ş.m. göz öňünde tutulmalydyr.

Medeni-dynç alyş edaralarynda aň-bedene täsir ediş medeni-köpçülik çäresiniň temasyna degişli žanrlar ulanylmalydyr. Muňa mysal: aýdym-sazyň dürli görnüşleri, tansyň dürli görnüşleri, sahna oýunlary, küşt, şaşka, düzzüm, bedenterbiýe we sport ýaryşlary, metbugat sergileri we ş.m.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belläp geçişi ýaly, medeniýet we sungat edaralarynyň medeni-köpçülik çäreleriniň raýatlaryň ruhuna ruh goşup, olaryň aň-beden ýadawlygyny aýyrmakda uly goşandy bardyr.

Zähmetkeşler aýdym-saz, teatr oýunlarynyň täsiri arkaly öz beden ýadawlyklaryny aýryp bilerler.

Akyl zähmeti bilen meşgullanýan raýatlar bedenterbiýe we sport oýunlarynyň üsti bilen aň-beden ýadawlygyny aýyryp bilerler. Mundan başga-da köpçülikleýin gezelençler, sergiler, taryhy medeni ýadygärliklere syýahat we ş.m. çäreler geçirilýär.

## Medeni-dynç alyş edarasynyň auditoriýasy we ilatyň isleg-talaplaryny öwrenmegiň usullary

Medeni-dynç alyş edaralarynda sosialogiýa derňewleri, barlaglary geçirmegiň maksady halk köpçüliginiň isleg-talaplaryny öwrenmekligi göz öňünde tutýar. Bu iş belli bir meýilnama esasynda geçirilýär. Meýilnamada görkezilen işler, etaplar boýunça guramaçylyk toparynyň işleri kesgitlenilýär. Bu derňewi geçirmek bilen geljekde medeni-dynç alyş işleriniň ýokary derejede guralmagynyň meselesi çözülýär. Munda halk köpçüliginiň isleg-talaplary öwrenilýär. Ilatyň dürli gatlaklarynyň bilim derejeleri, häsiýeti, dünýä garaýyşlary aýry-aýrylykda öwrenilýär. Derňewler geçirilende ýörite guramaçylyk toparlary döredilýär. Olar şulardan ybarat:

1) Medeni-dynç alyş edaralarynyň gurşawuny öwrenýän topar.
2) Medeni-dynç alyş edaralarynyň işine gatnaşyjylary öwrenýän topar.
3) Medeni-dynç alyş edaralarynyň işjeňligini öwrenýän topar.
4) Medeni-köpçülik çäreleriniň ahyrky netijelerini öwrenýän topar.

Derňewleri geçirmek üçin zerur maglumatlar welaýat, şäher, etrap häkimlikleriniň hojalyk kitapçalarynda aýry-aýrylykda ýöredilýän statistiki (san) maglumatlar esasynda hem öwrenilýär. Derňewler ýörite iş usullary arkaly amala aşyrylýar, ýagny anketalar (soragnamalar), ikiçäk gürrüňdeşlik (interwýu), geçirilýän çärelere syn bermek ýaly usullar arkaly geçirilýär.

Gürrüňdeşlik usulynda orta atyljak soraglar anyklanyp, onuň maksady kesgitlenilýär. Şol soraglar esasynda giňişleýin sorag-jogap alşylýar (bu iş, esasan, alyp baryja bagly).

**Interwýu** (gürrüňdeşlik) – bu usula meýilnamada görkezilen ugur esasynda ýa-da soraglar bermek arkaly geçirilýär. Gürrüň şol bir adamyň diňe bir ugurdan däl, eýsem köpçüligiň isleglerini hemmetaraplaýyn öwrenmek arkaly geçirilýär, ýagny ukyby, başarnygy, arzuwlary öwrenilýär.

Medeni-dynç alyş edaralarynda ulanylýan usullaryň biri-de hatlar arkaly derňew işini geçirmekdir. Bu usul arkaly ilatyň köp böle-

giniň isleg-talaplary öwrenilýär. Syn etmek usulynda medeni-köpçülik çäreleri geçirilenden soňky işleri ara alyp maslahatlaşmak, ýagny çäräniň ahyrky netijesi esasynda kesgitlenilýär. Derňewiň meýilnamasy medeniýet öýüniň iş meýilnamasy esasynda düzülýär. Derňewiň meýilnamasynda guramaçylyk toparyna derňew işi boýunça işler onuň agzalarynyň her haýsyna berilýär. Şol derňew işini guramaçylykly ýagdaýda geçirmeklige şol topara girýänler jogapkärdirler. Derňewiň meýilnamasynda ýerine ýetirilmeli işleriň yzygiderliligi, tertibi, möhletleri, tabşyrylmaly möhletleri, gerek bolan serişdeleri bellenilýär.

*Derňewler şu aşakdakylar esasynda amala aşyrylýar*:

1) Wakany kesgitlemek, derňewiň obýektini bellemek.
2) Derňewiň maksadyny anyklamak, wezipelerini bellemek.
3) Esasy düşünjeleri anyklamak we düşündirmek.
4) Derňewiň obýekti baradaky deslapky maglumatlaryň hasabaty.
5) Anketa usulynda belli bir adamyň şahsy islegleri öwrenilýär.

Anketadaky soraglar anyk we aýdyň bolmalydyr. Orta atylýan soraglaryň jogaplary açyk we onuň görnüşleri bilen bagly bolmalydyr. Köplenç ýagdaýda, adamlaryň ady, familiýasy, işleýän ýerini görkezmeklik talap edilmeýär. Esasan, anketa usulynda ýekebara şahsy häsiýetler öwrenilýär. Şol bir wagtda ony doldurýanyň maşgala ýagdaýy, ýaşaýyş durmuşy hem öwrenilýär. Anketa usuly iň jogapkärli usul hasaplanylýar. Şol bir wagtda anketalary ýaýratmak, ýygnamak, esasan hem, toplanan maglumatlary aýyl-saýyl etmek hem, şol babatda san hasabatyny ýöretmek hem usuly derňewiň netijesini çykarmak üçin bir deslapky iş hasaplanylýar. Halk köpçüliginiň isleg-talaplaryny öwrenmekde ýene bir usuly resmi iş kagyzlary arkaly öwrenmek usulydyr. Bu iş usulynda resmi iş kagyzlaryny öwrenmek, ýagny hasabatlar, iş meýilnamalar, maksatnamalar, beýanlar ýazylan syn arkaly, gazet-žurnallar arkaly halk köpçüliginiň medeniýet edaralaryna berýän bahasy kesgitlenilýär. Derňew usullarynyň haýsy ugruny alsak-da, ählisinde nazaryýet taýdan syn edilýär.

## Medeni-dynç alyş we seýil baglary

Medeni-dynç alyş we seýil baglary etrap merkezlerinde, şäherlerde hem-de şäherçelerde Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany esasynda döredilýär. Medeni-dynç alyş we seýil baglary raýatlaryň açyk meýdançada medeniýetli dynç almaklary üçin döredilendir. Medeni-dynç alyş seýilgähleri milli baýramçylyklara hem-de şanly senelere bagyşlanyp, birnäçe medeni-köpçülik çärelerini guramaklyga niýetlenendir. Medeni-dynç alyş seýilgählerinde dürli ugurlar boýunça dynç alyş çärelerini geçirmeklik üçin mümkinçilik döredilendir. Medeni-dynç alyş edaralarynda uly göwrümli hem-de kiçi göwrümli atraksionlar, aýdym-saz toparlary üçin ýörite niýetlenen çykyş meýdançalary, tans ýa-da tans agşamlaryny geçirmek üçin meýdançalar, spektakllardan bölekler ýa-da sahnalar görkezmek üçin ýörite sahnalar döredilýär.

Medeni-dynç alyş seýilgählerinde bedenterbiýe we sport maşklaryny geçirer ýaly ýörite sport meýdançalary bolýar. Medeni-dynç alyş seýilgählerinde küşt, şaşka oýnar ýaly stollar, gazet sergileri hem-de geçirilýän çärä bagyşlanyp diwarlyklar döredilýär.

Medeni-dynç alyş we seýil baglary, ýerleşýän ýerine görä, etrap, şäher medeniýet bölüminiň garamagynda öz işlerini guraýarlar.

Medeni-dynç alyş we seýil baglarynda birnäçe zähmet iş birligi döwlet tarapyndan maliýeleşdirilýär.

Medeni-dynç alyş we seýil baglary ýörite düzülen iş meýilnamasy esasynda iş alyp barýarlar. Mundan başga-da bu baglarda naharhanalar, dynç alyş merkezleri hereket edýär.

## Bedenterbiýe we sport edaralary we olary medeni-dynç alyş işinde peýdalanmak

Biziň ýurdumyzda bedenterbiýe-sport hereketlerine işeňňirlik bilen kömek etmek medeni-dynç alyş edarasynyň iň bir jogapkärli wezipeleriniň biridir.

Türkmen sportunyň öňünde duran wezipeleri hem-de onuň gazanan üstünliklerini wagyz-ündew etmek bilen, medeni-dynç alyş eda-

rasy halk köpçüligini, hemmeden ozal hem, ýaşlary watançylyk we halklaryň dostlugy ruhunda terbiýeleýär.

Ýurdumyzda sporty ösdürmek üçin birnäçe edaralar açyldy. Olar sport-sagaldyş merkezlerinden, ýetginjekler we çagalar sport mekdeplerinden, suw toplumlaryndan, stadionlardan, sport merkezlerinden, sport komitetlerinden, türgenleşik otaglaryndan, bedenterbiýe-sport toplumlaryndan we ş.m. ybaratdyr.

Medeni-dynç alyş edarasy ýaryşlary, köpçülikleýin ylgawlary, bedenterbiýe baýramlaryny taýýarlamakda hem-de geçirmekde ýerli sport guramalarynyň işeňňir kömekçisidir.

Häzirki wagtda ýurdumyzda sporta uly üns berilýär. Mysal üçin, hepdäniň dynç günleri Saglyk ýoluna ýöriş edilip, ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda bäsleşikler guralýar. Şol ýerde ýeňiji bolan talyp ýaşlara höweslendiriji baýraklar hem gowşurylýar.

Bedenterbiýe we sport ulgamynyň işini kämilleşdirmek üçin medeni-dynç alyş edarasynyň ýanynda sportuň dürli görnüşleri boýunça gurnaklary – gimnastika, ýeňil atletika, agyr atletika, suwda ýüzmek, futbol, küşt we başga sport gurnaklaryny döredip bolar. Gurnaklaryň işini medeni-dynç alyş edarasy we ýerli sport guramalary bilelikde alyp barýarlar. Şol gurnaklara gatnaşyp, welaýat, döwlet derejelerinde üstünlikleri gazananlara Türkmenistanyň Milli syýahatçylyk we sport komiteti tarapyndan «Sport ussady» diýen hormatly at berilýär.

Medeni-dynç alyş edarasynyň geçirýän medeni - köpçülik çärelerinde, ýagny köpçülikleýin ýörişlerde, teatrlaşdyrylan dabaralarda sport ulgamynyň wekilleriniň gatnaşmagynda dürli sport oýunlary çärä has-da joşgunlyk goşýar. Köpçülikleýin ýörişlerde hatarlaryň, setirleriň göni bolmagy üçin ýa-da gerekli görnüşleri (figuralary) düzmek üçin sport ulgamynyň wekillerinden ýa-da sport gurnagyna gatnaşýan ussat agzalardan bu işe kömekçiler çekilýär.

Medeni-dynç alyş edarasynda bedenterbiýe agşamlaryny hem geçirip bolar. Bu agşamlaryň meýilnamasynyň esasyny ýerli toparlaryň ýa-da ýörite çagyrylyp getirilen ussatlaryň we razrýadly-dereje-

li bedenterbiýeçileriniň göreldeli sport çykyşlary düzýärler. Elbetde, sahnada ýa-da medeni-dynç alyş edarasynyň zalynda sportuň käbir görnüşleri – boks, göreş, gylyçlaşma, akrobatika görnüşleri bilen janly ýa-da filmleriň üsti boýunça tanyşmak bolar. Bu agşamlarda ertir ir bilen edilýän maşklaryň gysgajyk sapagyny, sadaja sport oýunlaryny we agşamyna bellenilen baýrak ugrunda güýç synanyşmak hem-de çalasynlyk boýunça ýaryşlary geçirmek bolar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Türkmenistanyň Prezidentiniň milli medeniýeti ösdürmek baradaky sargytlary.
**2.** Medeniýet edaralarynyň nähili ugur alyş ýol görkezijilerini bilýärsiňiz?
**3.** Ilatyň medeni isleg- arzuwlaryny öwrenmekligiň zerurlygy.
**4.** Medenýet edaralarynda bedenterbiýäni we sporty wagyz etmekligiň nähili usullary bar?
**5.** Jemgyýetiň ösmeginde medeniýetiň tutýan orny.

4. Sargyt № 2130

# III BÖLÜM

## MEDENI-DYNÇ ALYŞ EDARALARYNDA ÇAGALAR WE ÝETGINJEKLER BILEN IŞLERI GURAMAK

### Hormatly Prezidentimiziň ýaş nesilleriň ruhy taýdan baý, beden taýdan sagdyn ýaşaýşyny pugtalandyrmak baradaky alyp barýan işleri we bu barada Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan – Esasy Kanunyndan, Türkmenistanyň ilaty durmuş taýdan goramak hakynda Kodeksinden gelip çykýan wezipeler

Hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz zähmeti esasynda ýurdumyzda ýaş nesiller barada uly alada edilýär.

Gökderede ençeme çagalar sagaldyş merkezleriniň açylmagy, mekdepden daşary çagalar edaralarynyň we mekdepleriň dünýäniň ösen tehnologiýalary bilen üpjün edilmegi, interaktiw okuw usuluna geçilmegi ýokarda aýdanlarymyza doly şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň ilaty durmuş taýdan goramak hakynda Kodeksine laýyklykda, ýaş nesliň sagdyn bedenli bolmagy üçin döwlet tarapyndan pul kömekleri berilýär.

Türkmenistanda hökmany orta bilim berilýär. Döwlet her bir mekdep ýaşyna ýeten raýatlaryny mugt okadýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýaş nesilleriň sagdyn, ruhy taýdan baý bolmagy üçin edýän aladalary bimöçberdir. «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» atly çagalar bäsleşiginiň, «Altyn asyryň altyn nesilleri», «Awaza – dostluk mekany» atlary bilen Halkara çagalar festiwallarynyň geçirilmegi, elbetde, ýaş nesillerimiziň aň-düşünjesini has-da kämilleşdirýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň – Esasy kanunynyň 3-nji maddasynda ýazylyşy ýaly, «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr».

Şeýle-de Türkmenistanyň Esasy kanunynyň 27-nji maddasynda ýazylyşy ýaly, «Ata-eneler ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar çagalaryny terbiýelemäge, olaryň saglygy, ösüşi, okuwy barada alada etmäge, olary zähmete taýýarlamaga , kanunlara , taryhy we milli däp-dessurlara hormat goýmak medeniýetini olaryň aňyna ornaşdyrmaga hukuklydyr we borçludyr. Kämillik ýaşyna ýeten çagalar öz ata-eneleri barada alada etmäge ,olara kömek bermäge borçludyr».

ÝUNISEF – BMG-niň Çagalar gaznasy bolup, onuň döredilenine 2009-njy ýylyň 20-nji noýabrynda 20 ýyl doldy. 1989-njy ýylyň 20-nji noýabrynda «Çagalaryň hukuklary hakynda» Bütindünýä konwensiýasynyň kabul edilmegi bilen BMG-niň dünýä belli bu guramasy 18 ýaşa çenli çagalaryň hukugyny, saglygyny, bilimini, şahsyýetini ösdürmäge kepil geçýär, ýardam berýär, gözegçilik edýär.

## Mekdepden daşary çagalar we ýetginjekler edaralary:

Çagalar we ýetginjekler köşgi.
Nowçalar öýleri.
Ýaş tehnikleriň merkezi.
Çagalar demir ýollary.
Çagalar dynç alyş merkezleri.
Çagalar medeni-seýil we dynç alyş baglary.
Ýaş bagbanlar merkezleri.
Çagalar syýahatçylyk merkezleri.
Suw toplumy.
«Ertekiler dünýäsi».
Çagalar kitaphanalary.
Çagalar Döwlet gurjak teatry.
Sport merkezleri.
Çagalar sazçylyk, çeperçilik we sungat mekdepleri.
Çagalar meýdançalary.

Şeýle-de umumy bilim berýän mekdeplerde we beýleki okuw edaralarynda çagalar üçin dürli gurnaklar bolmalydyr.

Sirklerde, teatrlarda, kinoteatrlarda çagalar üçin repertuarlar bolmalydyr.

Çagalar üçin medeni-dynç alyş edaralarynda sungatyň, ylmyň we tehnikanyň dürli ugurlary boýunça gurnaklar, birleşmeler hem-de toparlar döredilýär we çagalar dürli köpçülik çärelerine döredijilikli gatnaşýarlar .

Çagalaryň zehin başarnyklaryny ýüze çykarmak üçin biziň döwletimizde «Garaşsyzlygyň merjen däneleri», «Iň eýjejik gyzjagaz», «Men – Watanyň balasy», «Kim çalasyn?», «Meniň söýýän kärim», «Bilgirje» diýlip atlandyrylan bäsleşikler, ýaryşlar, agşamlar, baýramçylyklar we ş.m yzygiderli guralyp durulýar.

## Çagalar we ýetginjekler dynç alyş edaralarynyň döreýiş taryhy

Çagalar medeniýet öýleriniň taryhy, mekdepleriň taryhy, ösüşi bilen baglydyr. Russiýada ilkinji çagalar medeniýet öýleriniň ýüze çykmagy XX asyryň başlarynda rewolýusion ýagdaýlar bilen baglydyr.

«Çagalar meýdançalary», «Çagalar ýygnaklary» ýaly pikirler şol döwrüň öňdebaryjy intellegensiýanyň wekillerini gyzyklandyrýar we olar bu işde garyp gatlagyň çagalarynyň durmuşyny ýeňilleşdirmek, olaryň fiziki we aň-düşünjesiniň ösüşini, işjeňligini artdyrmaklygy, şeýle-de pedagogiki döredijiligi ösdürmekligi göz öňünde tutýarlar.

Erkin terbiýe teoriýasynyň-nazaryýetiniň aýratyn oňat taraplary görlüp, «Erkin mekdebiň» diňe raýatlyk jemgyýetde döredilip bilinjekdigini aýdýarlar. Şeýle-de şol döwürde ABŞ-da, Şwesiýada, Norwegiýada, Angliýada, Şweýsariýada we beýleki ýurtlarda çagalar medeniýet öýleriniň ýüze çykmagy Russiýada olaryň giňden ýaýrap ösmegine ýardam berýär. Russiýadaky çagalar medeniýet öýleriniň aýratynlygy olaryň diňe garyplaryň mekdebe gatnamaýan, hakykat ýüzünde, öz-özüne we köçä bagly bolan çagalar toparyna ýardam-kömek bermek maksady bilen döredilendigidir. Şonuň üçinem, mümkin boldugyça, bu medeniýet öýlerini azat, erkin demokratiýalaşdyryp, daşary ýurtlaryň (pully) kassaly, gaznaly düzgünini we öý, baý şertlerini kabul etmediler. Sebäbi garyp halk üçin bu ýagdaý kabul ederlik däldi. Bu işleri guramak bilen mugallymlar bu işe ene-atalary işjeň gatnaşmaga giňden çekýärler. Şeýlelikde, rus

intelligensiýasynyň wekilleri halk köpçüliginiň arasynda mekdepden daşary işiň gerekdigininiň öňdebaryjy pikirini ornaşdyrmak isläpdirler. Bu babatda öňdebaryjy intelligensiýanyň aýratyn zähmeti bardyr. Moskwada olaryň guran çagalar medeniýet öýüniň iş mazmuny, usullary, ýol görkezijileri terbiýeçilik işleriniň kemala gelmegine we ösmeginde örän uly itergi berdi.

Öňdebaryjy intelligensiýanyň wekilleri mekdepden daşary çagalar edaralarynyň mugallymlaryna her bir pedagogiki soraga dogry, durmuş bilen baglanyşykly çemeleşmäni öwredýärdi.

Öňdebaryjy intelligensiýanyň wekilleri çagalar medeniýet öýüni açmazdan öň, Moskwanyň birnäçe etrabyny öwrenýär we ahyrynda Butyrskini saýlap alýar. Sebäbi bu ýerdäki çagalar mugallymyň ünsüne we aladasyna aýratyn mätäçlik çekýärdiler. Şonuň üçin hem öňdebaryjy intelligensiýanyň wekilleri giň çagalar köpçüliginiň özara gatnaşygyny, işjeňligini, höwesjeňligini gurap boljakdygy bilen gyzyklanypdyrlar. 1906-njy ýylda anketanyň üsti bilen çagalaryň we ene-atalaryň pikirini öwrenýärler. Şeýlelikde, esasy sowalnama (anketa) mekdep mugallymlarynyň we ene-atalaryň çagalar medeniýet öýüne bolan garaýyşlaryny we çagalaryň öz işjeňligini peýgalanmagyň gerekdigini açyp görkezýär. 1908-nji ýyldan başlap çagalaryň özüni gyzyklandyrýan iş gurnaklary işläp başlaýar. Höwesjeň çagalaryň işjeňligi olaryň biri-biri bilen özara gatnaşygyny ýola goýýar. Islendik gurnaga isleg bildirenleriň her biri ýazylyp bilýär we isledigiçe onda galyp bilýär. Şeýle çemeleşmede öňa örän ukyply çagalaryň we ýetginjekleriň gelýän halaty köp bolýar. Ýyllaryň geçmegi bilen zähmet terbiýesine üns berip başlaýarlar. Olar çagalar medeniýet öýüni ussahanadan başlamaly diýen pikiri öňe sürýärler. Çagalar ussahanada zähmete, durmuş bilen gatnaşyga girişýärler: hünärmentçilik – agaç ussaçylygy, slesarçylyk, kitap jiltlemek (tikmek), aýakgap ussaçylygy, tikinçilik hünärleri bilen meşgullanýarlar. Bulardan başga-da bu ýerde surat çekmek üçin otag, okalga zaly, obserwatoriýa gurnalýar, höwesjeňler teatry, hory döredilýär, konsertler guralýar. Köpçülik bolup muzeýlere, teatrlara, şäher etegine gezelenje çykýarlar. Bu ýerde çagalar gözýetimlerini giňeldýärler.

Şeýlelikde, medeniýet öýünde esasy ýol görkeziji – çagalaryň gezelenje gyzyklanmalaryny, başarnyklaryny ösdürmek üçin **ý**ekabara aýratynlykda çemeleşmek usuly kesgitlenýär.

Öňdebaryjy intelligensiýa yzygiderli, uzak wagtlyk, öndürijilikli, netijeli terbiýeçilik işini alyp barmaklygy guramaklygyň tarapdary bolýar. Bu hakynda soň şeýle ýatlaýarlar: «Köp çagalar özleriniň ýaramaz endik-gylyklaryndan el çekdiler we medeniýet öýüniň mugallymlaryna bolan çunnur minnetdarlyklaryny uzak wagtlap sakladylar (beýan etdiler)».

1908-nji ýylyň ýazynda bu medeniýet öýi ýapylýar. Takmynan, 1 ýyldan soňra, Moskwada «Çagalar zähmeti we dynç alşy» ady bilen täze jemgyýet döredilip, ol öz gurnak işine başlaýar.

1910-njy ýylda «Halk çagalar öýüni» açýarlar. Oňa öňdebaryjy rus intellegensiýasy ýakyndan kömek berýär. Bu bolsa jemgyýetçiligiň ünsüni öňat pedagogiki başlangyja gönükdirýär. Belli artistler haýyr-sahabat konsertlerinden düşen puly bu «Çagalar halk öýüniň» gurluşygyna iberýärler.

Çagalar bilen işleri guramak işi aýry şahslardan ýurt boýunça pedagogik jemgyýetlere, gurnaklara köpçülikleýin geçip başlaýar.

1910-njy ýylda pedagogik jemgyýetler tarapyndan guralýan bu iş bütin ýurt boýunça giň gerim alýar. Jemgyýetçilik ýokary göterilişiniň täzelenmegi bilen täze garaýyşlar ýüze çykýar.

1913-nji ýylyň dekabry 1914-nji ýylyň ýanwary aralygynda geçen I Bütinrussiýa Halk Magaryfy gurultaýynda çagalar medeniýet öýleriniň işi «Zerur jemgyýetçilik-pedagogiki guramasy» diýlip ykrar edildi. Medeniýet öýlerinde äň-bilim wagyz-nesihat işiniň giňden mümkindigini, höwesjeňligi, çagalaryň gyzyklanma işjeňligini, zähmet terbiýesini we köpdürli dynç alşy guramaklygyň zerurdygyny aýdyň görkezdi.

Halk magaryfyny, mekdebini, mekdepden daşary işi guramaklyga uly üns berlip başlanýar. Şonda çagalar we ýaşlar guramalaryna belli bir orun degişlidi.

Öňdebaryjy pedagogik intelligensiýanyň wekilleri mekdepden daşary dürli edaralaryň pedagogiki mümkinçiliklerini seljerip, olary tehniki we tejribe stansiýalaryna, çeperçilik we sport mekdeplerine

bölýär. Olar çagalar medeniýet öýleriniň dürli görnüşleriniň düýp özenine, aýratynlyklaryna seredip, olary işçi ýetginjekleriň mekdep–medeniýet öýleri, okalga–medeniýet öýleri, çagalar guramalarynyň medeniýet öýleri ýaly görnüşlere bölýärler. Medeni-dynç alyş edaralaryny esasy terbiýeçilik edaralarynyň biri hasaplamak bilen, öňdebaryjy pedagogik intelligensiýanyň wekilleri bu işde peýdaly taraplaryň işjeňliginden ýerlikli peýdalanyp, ähli ýerde açmaklyga çagyrýar. Adamynyň diňe köpçülikde doly we hemmetaraplaýyn ösüp biljekdigine we bu işde medeniýet edaralarynyň wajyp işiniň şertine, onuň «Durmuşyň janly jemgyýetçilik merkezine» öwrülmelidigini nygtaýar.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda çagalar we ýetginjekler bilen medeni-köpçülik işlerini guramak

Ata-babalarymyzyň ýaş nesli ösdürip ýetişdirmek baradaky gadymdan gelýän milli ýol-ýörelgelerini dowam etdirip, häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk derejede kämil ýaş nesli durmuşa taýýarlamak biziň hemmämiziň borjumyzdyr. Şundan ugur alyp, ene-atalar, mugallymlar, terbiýeçilik işi bilen meşgullanýan raýatlar, aýratynam, medeniýet işgärleri Gorkut Ata döwrüniň atabeglik terbiýesine eýermelidirler.

Esasy terbiýeçilik işlerini geçirmek üçin türkmeniň şöhratly taryhyna ýüzlenmek gerek.

Sarahs babadan pata alan Abu Sahyt – Mäne baba Togrul bege, Çagry bege özüniň ak patasyny berip, döwleti dolandyrmagy ynananda, olar 400 türkmen atlysy bilen Anadola (Türkiýä) gidende atabeglik terbiýesini alan adamlardy. Ýogsam, şunuň ýaly kyn ýola düşüp, baryp çet ýurtlarda ornaşmak her bir kişiniň başarjak işi däldi. Türkmen halkynyň söýgüli ogly Görogly beg hem atabeglik terbiýesini alan gerçekdir.

Döwletmammet Azady talyp (sopy) okatmak bilen meşgullanypdyr we beýik Magtymgulyny terbiýeläp ýetişdiripdir.

Türkmen halky müňýyllyklaryň dowamynda özüniň ýaş nesline ahlak-estetiki, zähmet, aň-beden terbiýesini bermekligiň, oýlanyşykly düzülen yzygiderli kadalaryny işläp düzüpdir.

Ene-mamalarymyz öz perzentlerine ilki hüwdi bilen mähir siňdiripdirler, şol bir wagtyň özünde hem çaganyň gulagyna azan okalan soň, ol ejesiniň şirin owazyny diňläp ganypdyr. Biraz soňrak ol az-kem ulaldygyça, onuň bilen «Çapak-çapak elleri, agyrmasyn gollary» diýip, fiziki maşklary ýerine ýetiripdirler.

Çaga dil biten soň, ýönekeýje sanawaçlary sanadypdyrlar, «Bir, iki, üç – käşir, sogan, burç» diýen ýaly ýönekeýje sanawaçlar çaganyň dilewar bolmagyna ýardam edipdir.

Ata-babalarymyz, ene-mamalarymyz ertekiler we her dürli hekaýatlar, tymsallar arkaly ýaş nesle halk döredijiliginiň üsti bilen edep-ekram öwredipdirler, ýatkeşligini, düşbüligini berkidipdirler. Şol bir wagtyň özünde hem tebigy hadysalar, haýwanat dünýäsi, il-ýurt, geografiýa, astronomiýa, taryh, hakyda barada we adam gatnaşyklary hakynda baý, giňişleýin ýerlikli düşünjeleri ýaş nesliň aňyna siňdiripdirler.

Şol bir wagtda pederler çagalara ilkibaşdan zähmet, ahlak-estetiki, kada-kanunlaryň berk ýola goýlan yzygiderli düzümini (ulgamyny) beýnisine guýupdyrlar.

Oglanjyklara ok-ýaý dakylan kürtekçe geýdirilen bolsa, gyzjagazlaryň ýakasyna gopuz we apbasyjyk dakylypdyr, şonuň üçin hem türkmen maşgalasynyň agzalarynyň hemmesi ýaşlygyndan saza ukyply bolup, gopuz çalmagy başarypdyrlar. Şeýle-de ýaňy aýak biten kiçijik çagalara ene-mamalar jaňly düwmejikleri dakypdyrlar, jaňjagazlar bolsa, çaganyň nirede oýnap ýörenliginden habar beripdir. Şeýlelikde, türkmen balasy elmydama ene gözegçiliginde bolupdyr. Bu kadalar nesilden-nesle geçip, şu günlere çenli dowam edip gelýär. Belli bir ýaşa çenli oglanjyklar bilen gyzlar bilelikde üýşüp oýnapdyrlar, soňra ýetişip başlamaklary bilen aýry-aýry toparlara bölünişipdirler. Şonuň ýaly-da, ýylyň pasyllaryna görä oýnalýan oýunlar bolupdyr we bu babatda ýaş aýratynlyklar göz öňünde tutulypdyr. Oglanlardan merdana, Watan goragçylary terbiýelenipdir. Gyzlarda häzirki öý-ojak wepadarlygy, gözellik terbiýesi ösdü-

rilipdir. Zähmet endigi boýunça çagalar öýde ene-atalarynyň hojalyk işlerine kömek eden bolsalar, ulaldygyça öz güýçleriniň ýetdiginden özbaşdak işleri ýerine ýetiripdirler. Gyzlar keşde-gaýma bilen, oglanlar mal bakmak, odun getirmek, ekin-dikin we ş.m. meşgullanypdyrlar. Şeýlelikde, olaryň jemgyýetiň gerekli adamlary bolup ýetişmegine, biziň müňýyllyklardan gelýän, wagtyň synagyndan geçen milli ata-baba ýörelgelerimiz sebäp bolupdyr.

«Edebiň ýagşysy ulyny syla», «Edep dilden başlanýar» diýen ýörelgeleri baýdak edinen pederlerimiz özünden soňra dowamat dowam boljak nesilleriniň aslyny halallykdan tutupdyrlar.

Orta asyrlarda Merwde çagalara 5 ýaşyndan başlap, hasap öwredipdirler.

Dünýä belli çeh pedagogy Ýan Amos Komenskiý: «Çagalara mümkin boldugyça aýtmaly, görkezmeli we ýagdaýyna görä, tejribe üsti bilen düşündirmeli» diýip öwredipdir.

«Eşiden gulak deň bolmaz, gören göz bilen» diýlişi ýaly, gulakdan beýnä gidýän damardan gözden beýnä barýan damar birnäçe esse uludyr, şonuň üçin hem gözüň ýatkeşligi uzak saklanýar we aýdyn keşbe eýe bolar. Çagalar hat ýazsalar, surat çekseler, bir zatlary ýasasalar, gowy ýadynda galýar we özleşdirýär, olaryň beýnisi elleriniň hereketi bilen bile işläp ösýär. Şonuň ýaly hem tejribede bilelikde gaýtalamak, şekile (obraza) girmek ýaly gönükmeler hem guralmalydyr. Çagalara bäsleşik mahsus zatdyr. Medeni-dynç alyş işgärleri olaryň şu häsiýetlerini ýerlikli peýdalanyp, dürli tapmaçalardan «Kim bilmeşek?», «Kim ökde?» bäsleşiklerini, ýaryşlaryny, «Kim çeper?» sergilerini gurap durmalydyrlar. Ýeňijileri syýahatlara, gezelençlere, konsertlere äkitmek, diwar gazetlerine makala ýazmak, olaryň şanyna ýörite sahypa çykarmak, nusgalyk diwarlyklarda (stend) suratlaryny ýerleşdirmek ýerlikli, maksadalaýyk, terbiýeçilik ähmiýetli iş usulydyr.

Çagalar bilen işlemek üçin şu aşakdaky awtorlar we olaryň eserlerini ýerlikli peýdalanmak medeni-dynç alyş işgärleriniň wezipesidir. Kaýum Taňrygulyýew, Gurban Çöliýew, Nury Baýramow, Weli Ahmedow, Durdy Nuryýew, Nury Muhadow, Kakow Orazsähedow, Çary Nurymow, Nury Halmämmedow ýaly edebiýat we sungat iş-

gärleri ýagşy nusgadyr. Ukraýinadan Pawlişi obasynyň alym mekdep direktory, görnükli pedagog W.A Suhomlinskiý: «Çagalara esasy üç sany düşünjäni öwretmeli – hökman, mümkin, gadagan diýen düşünjeleri öwretmeli « diýip aýdýar.

«Pedagogiki poema», «Ene-atalar üçin kitap» ýaly eserler, Magtymguly Pyragynyň «Ýigide», «Biläni«, Keminäniň «Orazym», Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy – Azat» eserleri, halk ertekilerimiz ýaş nesle uly nusgadyr.

Kompozitor N.Muhadowyň «Nazar janyň piljagazy» aýdymy zähmet terbiýesini ündeýär.

Şeýle-de çagalar üçin «Aglajyk Anna», «Ak pagtam», «Owlagym», «Mekdebim», «Döwranyň aýdymy» , «Eje jan» ýaly aýdymlary öwretmeli, şeýle eserleri terbiýe işinde ýerlikli peýdalanmak gerek.

Çagalar üçin «Gorkak batyr», «Laçyn», «Japbaklar», «Adadaky başdan geçirmeler« ýaly kinofilmler medeni-dynç alyş işlerine ýakyndan kömek berip biler. Çagalar üçin «Azaşan köşejik», «Kiçijik balykçy» ýaly tanslar sahnaly-hereketli, wakaly tanslary goýmaga mümkinçilik döredýär. Şonuň üçin hem medeni-dynç alyş işgäri sungatyň dürli görnüşlerinden baş çykarmalydyr.

Halk döredijiliginiň görnüşlerinden habarly bolmaly we baş çykarmaly. Hüwdüler, läleler, matallar, tapmaçalar, sanawaçlar, ýaňyltmaçlar, gazallar, küştdepdiler, atalar sözleri, nakyllar, ertekiler, hekaýalar, goşgular, tymsallar medeni-dynç alyş işgäriniň ýakyn kömekçisidir, gollanmasydyr.

*Şeýle-de çagalar we ýetginjekler üçin oýunlar:*

Kiçi ýaşly çagalar üçin: «Pişik –syçan», «Göz daňdy», «Guýruk tutdy» (Gurt degdi), «Bukuldym», «Görüp gaçdy», «At çapmak» we ş.m.

*Mekdep ýaşly çagalar üçin wakaly oýunlar:*

«Bagbanlar», «Sürüji», «Lukmanlar», «Aşhanada», «Mekdep–mugallym», «Toý» we ş.m.

«Ýeke gaçar», «Urup gaçdy», «Ortada durdy», «Şagal geldi», «Bäş daş», «Düzzüm» we ş.m.

Ýetginjekler üçin oýunlar: «Ak süňk», «Güýç synanyşyk», «Çürrük depdi», «Göz daňdy», «Agsak durna», «Topar gaçdy», «Molla-sopy», «Patyşa bilen wezir«, «Şallak«, «Ýüzük«, «Çeke-çeke« ýaly oýunlar medeni-dynç alyş işgäriniň çagalar bilen işlemekdäki iň ýakyn serişdeleridir. Sebäbi çagalar oýun wagtynda öwrenýärler, ösýärler, güýç toplaýarlar, köpçülige öwrenişýärler, agzybirligi öwrenýärler, terbiýelenýärler.

*Gyzlar we oglanlar üçin oýunlar:*

«Bäş daş», «Depme–çek« (klas), «Üç böküm», «Monjuk atdy», «Gaşyk–çemçe» tansy. «Aşyk oýny», «Üçem», «Tändirdi» (Aşyk oýny), «Çilik–hekgal», «Güýç synanyşyk».

Bilelikdäki oýunlar: «Aýterek –Günterek», «Küştdepdi» we ş.m.

## Çagalar üçin spektakllar

«Janly gurjaklar», «Hazynaly ada», «Gyzyl şyrdajyk», «Ejekejan». Şu ýokarda görkezilen mysaly sungat we halk döredijilik eserleri, köpçülik oýunlary çagalar bilen üstünlikli işlemäge ýardam edýär. Şonuň üçin hem ussat medeni-dynç alyş işgäri şu aýdylanlardan baş çykarmaga, yzygiderli öwrenip durmaga borçludyr.

## Çagalar üçin gurnaklar

Medeni-dynç alyş edaralarynyň ýanynda ýörite çagalaryň ýaş aýratynlyklary boýunça gurnaklar döredilýär. Mysal üçin, mekdebe çenli ýaşly çagalar gurnagy, 1–5 synp okuwçylarynyň gurnagy, 5–10 synp ýetginjekleriň gurnagy.

Bu babatda degişli gurnaklary döretmek üçin çagalaryň isleg-arzuwlaryny öwrenmek zerurdyr. Bu işde şol medeni-dynç alyş edarasynyň çäginde ýerleşýän çagalar baglary, mekdepler we beýleki bilim edaralary esasy goltgy bolup durýar. Olar bilen bilelikde gurnagyň işini has-da kämilleşdirip bolar. Mysal üçin, mekdepde geçirilýän çärelerde medeni-dynç alyş edarasynyň folklor gurnagynyň topary çykyş edip biler. Bu, bir tarapdan, tejribeliligi we zähmet terbiýesini berýär, beýleki bir tarapdan, bilim edaralary bilen medeniýet edaralarynyň işini sazlaşdyrýar.

## Çagalar we ýetginjekler baýramçylyklary

Her ýylyň iýun aýynyň 1-i Çagalary goramaklygyň halkara günüdir. Bu sene boýunça medeni-dynç alyş edaralarynda birnäçe çäreler geçirilýär.

Çagalar ýörişleri, «Bilgirjeleriň» bäsleşigi, «Ekizleriň» bäsleşigi we döwlet derejesinde geçirilýän festiwal we bäsleşikleri muňa mysal bolup biler.

Her ýylyň 1-nji sentýabrynda Bilimler güni bellenilýär, mekdeplerde ilkinji jaňlar kakylýar. Şol mynasybetli medeni-dynç alyş edaralarynda «Ilkinji jaň» dabaralary geçirilýär. Dabaralaryň esasy gatnaşyjylary, elbetde, mekdep okuwçylary bolup durýarlar.

Täze ýyl dabaralary mynasybetli çagalaryň we ýetginjekleriň gatnaşmagynda döwlet derejesinde, şol sanda etraplarda, şäherlerde, obalarda hut medeni-dynç alyş edarasynyň guramagynda Täze ýyl baýramçylygy geçirilýär we döwlet tarapyndan ruhy we maddy taýdan höweslendirilýär.

Ýurdumyzda çagalaryň hukuklary goralýar we olaryň döredijiligine-de uly üns berilýär. Her ýylda TMÝG-nyň Merkezi Geňeşi tarapyndan zehinli çagalaryň birnäçesine Gulbaba adyndaky çagalar baýragynyň eýesi diýen hormatly at berilýär.

### Ene-atalar bilen işleri guramak

Maşgalanyň özi bir kiçijik jemgyýetdir, döwletdir.

«Sagdyn maşgala – sagdyn döwlet» diýen ýörelgeden ugur alyp, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow gadymy ata-babalarymyzyň däplerine eýerip, «Ula – hormat, kiçä – sylag» göreldesini görkezýär. Aksakal ýaşulularymyz bilen maslahatlaşyp, olaryň ak patasy bilen uly işlere başlaýar. Şeýlelikde, gadymy däp-dessurlara salgylanylýar.

«Maşgala – baş gala», «Öýüm bar – ilim bar», «Sapaly zamanym bar», «Alty ganat ak öýüm», «Ýagşy ene – ýagşy gyza görelde», «Atasy saçak ýazmadygyň, ogly saçak ýazmaz», «Ata kesbi–ogla

halal», «Atalaryň ýoly bilen» ýaly atlar bilen temalaýyn agşamlary, agzeki žurnallary, duşuşyklary gurap, diwarlyklary we albomlary döretmeli,.

Döwletmammet Azadynyň «Wagzy–Azat» eserini, «Kowusnamany», «Gorkut Atany» we beýleki nusgawy şahyrlaryň eserlerini biz baş gollanma edinip, öz işimizde peýdalanmalydyrys. Medeni-dynç alyş edarasynda «Ýaş çatynjalaryň», «Ýaş ene-atalaryň» birleşmelerini döredip, olar üçin degişli hünärmenleriň yzygiderli maslahatlaryny gurap durmaly. Medeni-dynç alyş edaralarynda raýatlaryň maşgala durmuşy, hal-ýagdaýlary barada sorag-jogap agşamlaryny, çekişmeleri (disputlary) geçirmeli.

Bu işlerde «Enesini gör, gyzyny al», «Ýagşy ene – ýagşy gyza görelde», «Ata kesbi – ogla halal» ýaly düşünjelerinden ugur alynmalydyr.

Göroglynyň, Alp Arslanyň, Çagry begiň, Togrul begiň, Magtymguly Pyragynyň mysalynda ýaşlara terbiýe bermek babatda, ilki bilen ene-atalar, okyjylar konferensiýalary, pedagogiki seminarlar, okaýyşlar guralmalydyr. Alym pedagoglaryň, psihologlaryň, göreldeli maşgalalaryň bilelikde gatanaşmagynda duşuşyklary guramaly, dürli temalaýyn albomlary, diwarlyklary taýýarlamaly. «Biziň maşgalamyz», «Atalaryň ýoly bilen», «Şöhratly ýyllar», «Biziň mirasymyz» we ş.m. atlar bilen geçirilýän medeni dynç alyş çärelerine ýaş ene-atalary çagyrmaly we olar bilen bilelikde dynç alyş agşamlaryny guramaly.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Çagalary we ýetginjekleri terbiýelemekde medeniýet edaralarynyň orny.
2. Çagalar we ýetginjekler üçin niýetlenen medeniýet edaralarynyň nähili görnüşi bar?
3. Çagalar we ýetginjekler üçin döredilen gurnaklaryň we birleşmeleriň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?
4. Çagalar we ýetginjekler baýramçylyklarynyň we festiwallarynyň geçiriliş düzgünnamasyny düzmek.
5. Ene-atalara çagalary we ýetginjekleri terbiýelemekde mugallymçylyk wagyz-nesihat işleriniň meýilnamasyny düzmek.

**IV** **BÖLÜM**

# MEDENI-DYNÇ ALYŞ EDARALARYNYŇ DURMUŞA GEÇIRÝÄN TERBIÝEÇILIK IŞLERI

## Hormatly Prezidentimiziň ideýa-terbiýeçilik ugry boýunça alyp barýan işleri

Türkmen jemgyýetiniň ahlak-estetiki terbiýesini güýçlendirmek barada hormatly Prezidentimiz Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ideýa-terbiýeçilik ugruny kesgitledi. Ol ajaýyp ugur şahsyýeti hemme taraplaýyn aňly-düşünjeli, syýasy taýdan taplanan, ylmy nukdaýnazarly, ynsanperwer häsiýetli edip terbiýelemäge örän uly esasdyr.

Hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir, adam döwlet üçindir» diýen aýdyň ýörelgesi geçirilýän medeni-dynç alyş işiniň terbiýeçilik taraplaryny has-da aýdyňlaşdyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň her bir döwletli işinde ýaşululara salgylanmagy ýaş nesiller üçin ýaşulularyň görelde sarpasynyň belent bolmagy, ideýa-terbiýeçilik işinde belent ahlaklylygy, gözelligi, zähmetsöýerligi kemala getirýär. Bu bolsa medeni-dynç alyş edarasynda geçirilýän ähli terbiýeçilik işlerinde nusga bolup durýar.

Döwletimiziň her bir raýatynyň, ösüp gelýän ýaş nesillerimiziň ruhy we beden taýdan sagdyn bolup ýetişmekleri, türkmen milli genefonduny gorap saklamak üçin hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda giňeldilen terbiýeçilik işleri geçirilýär.

Ýurdumyzda täze döredilen «Ruhubelent», «Döwletli», «Altyn sähra» etraplarynda we beýleki şäherdir obalarynda, etrap merkezlerinde dürli ýaşaýyş, medeni maksatly binalaryň birnäçesi guruldy we häzirki wagtda ençemesiniň gurluşygy dowam edýär. Bu ýerde ýaş maşgalalaryň döwrebap ýaşamaklary üçin ähli şertler döredilýär. Bu, bir tarapdan, watançylyk terbiýesini, beýleki bir tarapdan, zähmet terbiýesini berkidýär.

## Medeni-dynç alyş, terbiyeçilik işleriniň milli esaslary, medeni-dynç alyş, terbiýeçilik işleriniň esasy we şahsyýetiň hemme taraplaýyn ösüşine täsir ediş usullary

Medeni-dynç alyş edaralarynda terbiýeçilik işlerini alyp barmak esasy meseleleriň biri hasaplanýar. Şol sebäpli medeni-dynç alyş edaralarynda iş meýilnamalary düzülende terbiýeçilik işini amala aşyrmak hökmany göz öňüne tutulmalydyr. Terbiýeçilik işi ilki maşgaladan başlanýar, soňra terbiýeçilik işi mekdepde, ýokary okuw mekdebunde, edaralarda yzygiderli alnyp barylýar. Mekdep terbiýesiniň özüniň aýratynlygy bar. Emma edaralarda alnyp barylýan terbiýeçilik işiniň hem aýratyn taraplary bar. Medeniýet edaralarynda geçirilýän terbiýeçilik işi medeni hyzmatyň üsti bilen amala aşyrylýar. Şol sebäpli bu iş örän çylşyrymlydyr. Medeniýet edaralarynda terbiýeçilik işini amala aşyrmagyň 3 görnüşi bar. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Terbiýeçilik temasyna degişli çäreleri geçirilmek. Şeýle görnüşli çärelerde ähli çykyşlar terbiýeçilige bagyşlanan bolmalydyr.

2. Geçirilýän islendik çärede terbiýeçilik çykyşlaryny guramak.

3. Habar, wagyz işleriniň hem-de görkezme esbaplarynyň üsti bilen terbiýeçilik işlerini amala aşyrmak.Terbiýeçilik mazmunly şygarlarda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan syýäsatlary, il-halkyna aýdan sargytlary hem-de taryhy çykyşlary, ylmy kitaplary şöhlelendirilmelidir. Bu babatda medeni-dynç alyş edaralarynda diwar gazetleri 2 görnüşde, ýagny uzak möhletleýin hem-de gysga möhletleýin bolýar. Terbiýeçilik babatda döredilen diwar gazetlerini şu aşakdaky temalara bagyşlamak bolar:

«Döwlet adam üçindir», «Halk biziň üçin däl-de, biz halk üçin işlemelidiris», «Bilimli nesil – kuwwatly Watan» ady bilen görkezme esbaplary hökmünde medeniýet edaralarynda dürli şygarlary ulanyp bolar. Mundan başga-da neşäniň, çilimiň zyýanlylygy, ahlaksyzlygyň erbet ýollary, haram işiň getirýän betbagtçylygy baradaky plakatlary, suratlary, görkezme esbaplaryny taýýarlap bolar hem-de bu babatda gürrüňler, söhbetdeşlik agşamlaryny gurap

bolar. Medeniýet edaralarynda terbiýeçilik işlerinde, watançylyk, syýasy, ykdysady, hukuk, ahlak, zähmet, beden terbiýeleri hökmany suratda çärelerde görkezilmelidir. Ýöne bu terbiýeçilik işleriniň ählisi deň derejede amala aşyrylmalydyr. Watançylyk terbiýesi geçirilýän ähli işleriň içinden eriş-argaş bolup geçmelidir. Adamlaryň terbiýeçiligi, ruhy özgerişi, medeni-ruhy derejesi durmuşda syýasy-jemgyýetçilik, medeni döredijilikde, adaty ýaşaýyşlarynda maşgalada terbiýelenýär we taplanýar. Okuw işlerinde bilim belli bir wagt möçberinde ýerine ýetirilýär we özleşdirilýär. Terbiýeçilik işinde olar ýaly terbiýeleri guramak örän kyndyr. Terbiýeçilik işiniň usulnamasynda, ýagny köpçülik işlerinde şahsyýete maksatlaýyn täsir etmek işini oýlanyşykly guramakda we medeni gatnaşyklary guramakda özboluşlydyr. Her bir terbiýeçilik edaralarynda, şol sanda medeniýet edaralarynda terbiýeçilik işi özüniň tebigy we asyl manysynda subýekt bilen obýektiň bilelikdäki işi bolup durýar. Şoňa görä-de, ol öz akymyna amala aşyrylman, guramaçylykly alnyp barylýar. Usullar bilen bilelikde onuň özüniň hökmany düzümi bolýar. Terbiýäniň guramaçylykly görnüşleri diýmek terbiýeçileriň we terbiýelenýänleriň birlikde işini maksada laýyk guramagyň usullaryny aňlatmakdyr. Medeni-dynç alyş edaralarynda terbiýeçilik işleri köpçülikleýin, toparlaýyn we ýekebara görnüşlerinde bolýar. Çagalarda ululardan tapawutlylykda guramaçylyk işi terbiýeçilik subýekti bilen obýektiň nähili hereket etmelidigini salgy bermeýär. Saýlanyp alynýan terbiýeçilik işi yzygiderli ýa-da toparlaýyn amala aşyrylmalydyr.

*1-nji tapgyr*: Terbiýecilik täsir ulgamyny meýilnamalaşdyrmak.

Terbiýelenýänleri öwrenmek, maksat goýmak, wezipeleri anyklaşdyrmak, ulanylmaly serişdeleri bellemek, guramaçylyk işini amala aşyrmak.

*2-nji tapgyr*: Täsir ediş işlerini guramak, wezipeleri meýilnama esasynda amala aşyrmak.

Işiň alnyp barlyşyny ugrukdyrmak, gerek bolsa üýtgetmeleri girizmek.

Netijäni derňemek, onuň maksadalaýyklygyny seljermek, kemçilikleri ýüze çykarmak.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda syýasy terbiýe

Watançylyk terbiýesi syýasy terbiýe bilen utgaşykly gelýär. Şonuň üçin medeni-dynç alyş edaralarynda geçirilýän we alnyp barylýan işler syýasy we watançylyk terbiýesine ýykgyn edýär. Sebäbi syýasy terbiýe ýurtda bolup geçýän şanly seneler, hormatly Prezidentimiziň daşary we içeri syýasatyny we döwlet ähmiýetli habarlaryny, kanunlaryny wagyz-ündew etmekdir. Baş maksat syýasy terbiýäni halk köpçüligine ýetirmek we şol esasda terbiýelemek bilen Watana bolan söýgi duýgularyny oýarmakdan ybaratdyr.

Medeni-dynç alyş edaralarynda syýasy-terbiýeçilik işini wagyz-ündew etmek şu iş usullary arkaly amala aşyrylýar:

1. Medeni-köpçülik çäreleriniň üsti bilen döwletiň içerki we daşarky syýasatyny wagyz-ündew etmek.
2. Döwlet syýasatyny düşündirmegi metbugat-wagyz, habar işiniň üsti bilen amala aşyrmak
3. Medeni-dynç alyş edaralarynda gurnaklarda we birleşmelerde okuw-terbiýeçilik işlerini amala aşyrmak.

Mysal edip, häzirki wagtda, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň türkmen jemgyýetini ösdürmekdäki we kämilleşdirmekdäki syýasatlary, Kararlarydyr Permanlary, esasanam, Medeniýet barada Türkmenistanyň Kanuny dogrusynda jemgyýetiň dürli durmuş toparlarynyň arasynda çäreleri gurap bileris, ýagny çagalaryň arasynda hormatly Prezidentimizi, Watanymyzy wasp edýän aýdymlardyr goşgulary aýtmak boýunça bäsleşikleri, festiwallary, marafonlary we dürli medeni-köpçülik çärelerini gurap bileris. Ýaşlaryň arasynda hormatly Prezidentimiziň bilim hakyndaky ýörelgeleri esasynda pikirlenmek, oýlanmak, birek-birek bilen sorag-jogap alyşmak, gürrüňdeşlik guramak, syýasy işgärler bilen gürrüňdeşlik guramak ýaly birnäçe işleri we çäreleri geçirip, olaryň raýatlara ruhy we maddy täsirlerini artdyryp bolar. Şonuň ýaly hünär hem ýaş aýratynlykda syýasy-watançylyk terbiýesi babatdaky işleri geçirmek, medeni-dynç alyş edaralarynyň baş maksatlarynyň biri bolup durýar. Medeniýet edarasynda ilatyň syýasy taýdan taplanmagy medeniýet edarasynyň alyp barýan hyzmatyna, işine baglydyr. Egerde biziň eda-

5. Sargyt № 2130

ramyz döwlet araçäklerine has golaý bolsa, syýasy,watançylyk terbiýe işi has ýokary derejede geçirilýär. Sebäbi olaryň daşary ýurtdaky halklaryň syýasy durmuşyndan täsirli bolmagy mümkin. Medeniýet edaralary halk köpçüliginiň aňyny terbiýelemek we ony has ýokary derejelere götermek babatdaky işleri amala aşyrmalydyr. Watançylyk ruhy her adamyň kalbyny joşdurmalydyr. Syýasy nyşanlarymyz her öýüň buýsanjyna öwrülmelidir, ýagny döwlet Baýdagyna, Tugrasyna, Senasyna, hormatly Prezidentimize buýsanç duýgulary bolmalydyr.

Medeniýet edaralaryna degişli ýerlerde, galyberse-de, hyzmat edilýän araçägindäki işler medeniýet edarasy tarapyndan alnyp barylýar. Şol sebäpli döwlet atributlarynyň, syýasy nyşanlarynyň zaýalanmazlygyna, täzelenip durulmagyna medeniýet işgärleri belli bir derejede jogap berýärler.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda watançylyk terbiýesi

Watan berkliginiň maşgala berkliginden gaýdýandygyny, maşgala berkligi üçin maşgala agzalarynyň birek-birege söýgüsiniň, wepadarlygynyň, sylag-hormatynyň zerurlygy ýaly hemmetaraplaýyn jebis, berk bolmagy Watan üçin iň derwaýysdyr. Sebäbi Watanyň berkligi her bir maşgala baglydyr. Watan diýen düşünje nusgawy edebiýatyň içinden erş-argaç bolup geçýär. Watan beýikligi, ony ösdürmek barada hormatly Prezidentimiziň ähli kitaplarynda, taryhy çykyşlarynda bellenilýär. «Watan mertleri beýgelýändir, mertler bolsa Watany», «Watan – biziň mertebämiz» diýen örän paýhasly jümleler hormatly Prezidentimiziň il-halkymyzy watançylyk terbiýesine, watançylyk duýgusyna beslenen açyk-aýdyň çagyryşlarydyr. Hormatly Prezidentimiziň «Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr» atly kitabynda watançylyk duýgularyna beslenen jümleler bar.

Medeni-dynç alyş edaralarynda watançylyk terbiýesi, watançylyk duýgusy Oguz han atamyzdan gaýdýar. Ol hem «Ser bereris, ýer bermeris» diýip Watany, topragy soňky demine çenli goramagy ündäpdir.

Gorkut ata özüniň pähim-parasaty bilen ýaşlara gahrymançylygy, watançylygy ündeýär.

Görogly şadessanynda Jygalybeg Görogla şeýle nesihat berýär:

Ýalňyz balam, algyn pendim,
Ýurduňy terk ediji bolma.

Beýik akyldar Magtymguly öz döwründe ajaýyp goşgulary bilen ilimizi agzybirlige, dost-doganlyga, bitewilige, Watany söýmäge çagyrypdyr. Bir Watanyň, bir döwletiň, bir serdaryň bolmagyny isläpdir. Görogly şadessanynda Jygalybeg, türkmen nusgawy şahyrlary Zelili, Seýdi, Kemine, Mollanepes, Mätäji, Magrupy öz şygyrlarynda watançylyk temasyny ýokary derejä galdyrýarlar. Mysal üçin, Seýdi:

Watan üçin çykdym Gyrat üstüne
Tä janym çykynça dönmenem, begler – diýýär.

Ata-babalarymyz her bir ýürek urgusyny Watan diýip sazlapdyrlar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň Watany söýmek hakdaky sargytlaryny, atalyk pentlerini halk köpçüligine ýetirmekde, şeýle-de halkymyzyň watançylyk duýgusyny artdyrmakda, ylaýta-da, ýaş nesliň aňyna guýmakda medeni-dynç alyş edaralarynyň belli bir orny bardyr. Baýramlarda, toý-tomaşalarda, medeni-dynç alyş edaralarynda guralýan çärelerde syýasy, watançylyk terbiýesini oýandyrýan goşgularda, atalar sözlerinde, taryhy şahslaryň keşpleri sahnada janlandyrylyp, rowaýatlar, tymsallar, çeperçilik täsir ediş serişdeleri arkaly beýan edilýär.

## Medeni-dynç alyş alyş edaralarynda ahlak-hukuk terbiýeçilik işleri

Adam ilki bilen maşgalada, soňra mekdepde, ýokary okuw mekdebinde terbiýe alýar. Belli bir derejede jemgyýetiň hem adam terbiýesine täsiri uludyr. Bu örän giň düşünje bolup, terbiýeli adama halk arasynda süňňühalal, päli duzüw, ile ýaran adam diýilýär. Dogrudanam, töweregiňdäki adamlar üçin ynsana laýyk ýaşamak, her bir halatda adamkärçiligi elden bermezlik hem sungatdyr. Şu çylşyrymly sungaty anyk seljermek üçin adamyň içki medeniýeti we daşky mede-

niýeti diýen düşünjeler ulanylýar. Içki medeniýet adamyň ruhy baýlygy bilen kesgitlenilýär, ýagny onuň ylym-bilim derejesini, akyl we ahlak taýdan ösenligini, gözýetimininiň giňligini, duýgy medeniýetini hem öz içine alýar. Daşky medeniýet adamyň häli-şindi daşyna çykaryp duran, ýagny özüni alyp barşyndan mälim bolýan medeniýetdir. Ata-babalarymyzdan gaýdýan asylly edep kadalary jemgyýetde özüňi alypbarmagyň kabul edilen kadalaryny öz hereketleriňde berjaý etmeklikdir. Adam hereketleri ahlak, etika, estetika taýdan sazlaşykly guralsa,durmuş gözelleşýär. Bular örän gadymdan gelýän edim-gylymlardyr. Sebäbi halk hemme döwürde-de bir adamyň özüni alyp barşyny ýagşylyk bilen gözelligiň manysy esasynda kesgitläp gelipdir. Etika – bu özbaşyna ylym bolup, adamyň edep-ekramyny, durmuşda özüni alyp barşyny öwrenýär, ýöne bu akyma estetika ylmy hem gatnaşýar, sebäbi estetika adamyň hereketine, gözellik düşünjesine baha berýär. Etika ylmy bolsa, ýagşylyk düşünjesinde ulanylýar. Adam ahlak taýdan özüni diýseň kämil alyp barýan mahalynda töweregindäkilere ýakymly täsirini ýetirýär. Jemgyýetde adamyň özüni alyp barşynda gözellik bilen ahlaklylygyň arabaglanyşygy kämilleşýär.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda sagdyn durmuş we beden terbiýesi

Beden terbiýesi berk bedenli, sagdyn hem çydamly adamlary terbiýeläp ýetişdirmegi maksat edinýär. Türkmeniň ata-babadan gelýän arzuw-aladasy hem şeýle şahslary kemala getirmek bilen baglanyşykly bolupdyr. Zähmete bişişen, işjeň hem güýçli şahslar hojalyk işlerinde gün-güzerany dolandyrmak üçin hem gerek bolupdyr. Beden terbiýesi adam organiziminiň ösmegine hem berkleşmegine, ýaş nesliň şähdaçyk hem şadyýan bolmagyna, onda ahlak sypatlarynyň, durnukly gylyk-häsiýetiniň, düzgün-nyzamlylygynyň, dostlugyň hem ýoldaşlygyň, ynsanperwerligiň hem öz borjuna düşünmegiň kemala gelmegine ýardam edýär. Orňäp, ösüp barýan nesliň berk bedenli, sagdyn adam bolup ýetişmegi baradaky aladalar entek ol dünýä inmänkä başlaýar. Soňra çagalar bagynda, mekdeplerde dowam edýär.

Medeni-dynç alyş edaralary, ýagny medeniýet merkezleri, Halk döredijilik öýleri, oba medeniýet öýleri beden terbiýeçilik çärelerini geçirmekde sport merkezleriniň işeňňir kömekçi edarasy bolup durýar. Şäherlerde, obalarda ýetginjek ýaşlaryň arasynda ýaryşlary, köpçülikleýin beden dynç alyşlaryny guramak boýunça guramaçylyk işleriniň esasy bölegi hem medeniýet edaralarynyň paýyna düşýär. Bedenterbiýe çärelerine gerekli esbaplary, egin-eşikleri, çäräniň geçiriljek ýeriniň bezeg işlerini, sport aýdymlaryny taýýarlamak hem medeniýet edaralarynyň işi bolup durýar.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda gözellik (estetiki) terbiýesi

Gözellik diýen düşünjäni ilkinji gezek dolanyşyga girizen nemes filosofy Aleksandr Gotles Baungartendir. Ol muňa, hakykatda, paýhas akyly bilen däl-de, duýgy arkaly, duýgularyň üsti bilen akyl ýetirmegiň nazaryýeti diýip düşündirýär. Dogrudan-da, adam daşky dünýäni duýgularyň üsti bilen synlap, onda gözellik alamatlaryny görýär we özüniň durmuş ýollaryna hyýaly seýran edýär. Begenende ýa-da gynanda-da ýöne içki duýgulaýyn meýlini kanagatlandyrman, eýsem belli bir derejede dünýä akyl ýetirýär. Şondan bäri hem estetika özbaşyna ylym hökmünde ýaýrap gelýär. Adamyň gözellik duýgusy daşky dünýä bilen onuň gözellik bilen bagly başdan geçirýän duýgularynyň örän inçe hem çylşyrymly bolup, bu ugurdaky her hili garşylyklar, çaprazlyklar öwrenilýän obýektiň juda köptaraplylygy hem köp öwüşgünliligi estetiki ylmynyň dürli düşünjeleriniň kategoriýalarynyň hem adalgalarynyň döremegine getiripdir. Elbetde, estetikanyň düýp düşünjesi gözellikdir, onsoň belentlik, degişgenlik, şu düşünjeleriň ylmy mazmuny bilen tapyşanda, her bir adamyň hakykatda aýratyn bir garaýşynyň bardygyna göz ýetirmek bolar. Oňa, adatça, estetiki garaýyş diýilýär. Bu garaýyş adamyň estetika duýgusy, estetiki tagam alşy, estetiki baha berişi arkaly ýüze çykýar. Gözellige ymtylyş, kämilleşmek, her bir döredijilik işini gaýtalanmazlyk derejä çenli timarlamak halkymyzyň ata-babalardan galan däbidir. Dünýäniň gözelligini görmek üçin

şahsyýetiň içki dünýäsi gözelleşmeli, owadan bolmaly, arassa, tertipli bolmaly. Bularyň hemmesi gözelligiň maddy tarapydyr. Onuň ruhy tarapy adamyň içki dünýäsiniň gözelliginde. Diýmek, daşky dünýäniň gözelleşmegi üçin ruhy dünýäniň gözel bolmagy zerurdyr. Şol sebäpli medeniýet edaralarynda bu meselä has içgin seredilýär. Iş meýilnamalarynda estetiki terbiýe bilen bagly çäreler yzygiderli geçirilär. Adamlara gözellik taýdan täsir etmek üçin, ilkinji nobatda, medeniýet edaralarynyň daşky gurşawy gözel bolmalydyr.Umuman aýdanymyzda, medeniýet edaralary tomaşaçylar üçin medeni pisihologiki gurşawy döretmelidirler.

## Estetiki-çeperçilik terbiýe we onuň ähmiýeti

Türkmen döwletinde ilatyň döredijilik başarjaňlygyny we zehinini ösdürmeklikdäki aladalar baş alada bolup durýar. Olaryň arasynda professional, çeper höwesjeňlik döredijiligini ösdürmek baradaky aladalar hem bardyr.

Medeniýet edaralary zähmetkeşlere estetiki terbiýe bermek işleriniň mazmunyny we wezipelerini kesgitleýärler.

Edebiýatyň, sungatyň we höwesjeňlik halk döredijiliginiň dürli görnüşlerine ýolbaşçylygyň guralyşy hökmanydyr.

Bu işleriň esasy wezipesi türkmen nusgawy edebiýatyny we sungatyny wagyz etmek, häzirki zaman ýazyjylarynyň, kompozitorlarynyň, suratkeşleriniň, režisýorlarynyň we aktýorlarynyň döredijiligini öwrenmek, wagyz etmekdir.

## Zähmet we durmuş estetikasyny wagyz etmek

Çeper höwesjeňlik estetiki terbiýäniň esasy serişdesidir. Medeni-dynç alyş edaralary höwesjeňlik sungat serişdeleriniň üsti bilen, adamlaryň başarjaňlygyny we zehinini ösdürýärler. Medeni-dynç alyş edaralarynda çeper höwesjeňlik sungatynyň dürli žanrlaryny ösdürmek, olaryň repertuarlarynyň hilini gowlandyrmak we olara ýolbaşçylyk edýän hünärmenleri taýýarlamak barada iş alnyp barylýar.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda zähmet terbiýesi

Adam jemgyýetçilik önümini döretmek bilen haýwanat dünýäsinden saýlanyp çykýar. Hut şu pursat onuň medeniýetli jandara öwrülip, ikinji tebigaty döretmegine mümkinçilik açýar, şeýlelikde zähmetiň we önümçiligiň medeniýeti emele gelýär.Bu örän giň we köp taraply düşünjelerdir. Adamyň zähmet çekişiniň, ösüşiniň belli bir basgançagynda medeniýet döreýär. Bu medeniýete bize mälim bolan maddy we ruhy gymmatlyklaryň hemmesi girýär. Adam öz işi bilen öňünde goýan maksadyna ýetmäge yhlas etse, janypkeşlik görkezse, bu onuň ussatlyk ökdeligi bilen goşulyp, onuň zähmetiniň esasy gözellik bilen amal bolýar. Ol özüniň zähmet tutumynda myradyna ýetýär. Umuman, ilatyň begenjiniň ýokary bolmagy zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýär. Medeniýet edaralarynyň öz öňde goýýan esasy maksady ilatyň işjeň dynç alşyny guramakdan ybaratdyr.

Medeniýet edarasyna gelen islendik adamy işjeň etmek hem-de zähmete bolan höwesini artdyrmak ýaly işler göz öňüne tutulýar. Şeýle maksatly işler medeni-dynç alyş edaralarynyň iş meýilnamalarynda aýratyn bellenilip, durmuş toparlaryň aýratynlyklaryna laýyklykda birnäçe medeni-dynç alyş çäreleri, terbiýeçilik we ony kämilleşdiriş işleri, görkezme habar-wagyz işleri geçirilmelidir. Çagalar bilen baglanyşykly zähmet terbiýeçilik işleri geçirilende, esasan, hem, iň ýönekeýje işleri ýerine ýetirmekden hem-de dürli kärhanalara, zawod-fabriklere gezelençleri guramak arkaly işler geçirilýär. Mundan başga-da, drama gurnaklarynyň üsti bilen çagalaryň hünäre bolan höwesini artdyrmak bolar.

Medeni-dynç alyş edaralarynda hereket edýän durli gurnaklarda alnyp barylýan işler çagalara zähmet terbiýesini bermekden ybaratdyr. Olaryň gurnaklarda haly dokamany, keşde çekmegi öwrenmegi, audiosöýüjiler birleşmelerinde, kinosöýüjileriň gurnaklarynda çagalaryň tehnikadan baş çykarar ýaly şertleriň döredilmegi gerekdir. Sebäbi şeýle şertleriň olarda zähmete bolan höwesi artdyrmakda ähmiýetiniň uludygyny bellemek bolar.

Medeniýet edaralarynda zähmet terbiýesi babatdaky işler, esasan, ýetginjekler bilen ýerine ýetirilmelidir. Sebäbi ýurdy geljekde do-

landyrmak ýaşlara bagly bolup durýar. Şol sebäpli ýaşlar, ýetginjekler medeni-dynç alyş edaralarynda geçirilýän her bir işiň esasy üns merkezinde bolmalydyr, mundan başga-da belli bir hünärde birnäçe ýyl işlän hünärmenleriň ýaşlaryň arasyndaky gyzykly gürrüňleri , maslahatlary, sorag-jogap alyşmak ýaly käreleri ýaşlar üçin geçirilmelidir. Ýaşulular bilen baglanyşykly iş ýoluna başlamagynyň 30–50 ýyllyk ýubileýleri, portret agşamlary, duşuşyk agşamlary ýaly çäreler geçirilse, has-da täsirli bolar.

Döredijilik bilen meşgul bolýanlar üçin döredijilik agşamlary geçirilmelidir. Medeniýet edaralarynda zähmet terbiýesi bilen baglanyşykly görkezme, habar-wagyz, mahabat işleri hem geçirilýär. Köp medeniýet edaralarynda oba zähmetkeşleriniň iň ökdeleriniň muzeýi döredilýär. Muzeýde olaryň suratlary, özleri baradaky maglumatlary, zähmetde bitiren işleri ýerleşdirilýär. Olar üçin ýörite burçlar döredilmelidir.Yaşlar bilen bagly geçirilýän çärelerde zähmet terbiýesi bilen baglanyşykly işleriň iň inçe tärlerini, usullaryny has çuňdan öwretmeklige bagyşlanmalydyr. Her bir geçirilýän iş döredijilikli çemeleşmekligi talap edýär.

Häzirki wagtda ýaşlary zähmetiň maliýe girdeji tarapy has gyzyklandyrýar. Şol sebäpli her bir öndürilýän önümiň gymmatyny ösdürmek üçin sarp edilýän harajaty we girdejisiniň hasabynyň ýörediliş ýaşlara düşündirilmelidir. Şeýle çäreler arkaly gurnaklarda, birleşmelerde berilýän okuw-terbiýeçilik işleri bilen görkezme, habar-wagyz işleriniň üsti ýetirilýär hem-de şol esasda terbiýelenýär.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda ekologiki-ykdysady düşünjäni kämilleşdirmek işi

Türkmenistan döwletiniň gözel tebigatyny we onuň baýlyklaryny içgin öwrenmek, tygşytly we iňňän paýhasly peýdalanmak, aýawly saklamak we olary köpeltmäge ýakyndan ýardam etmek hemmeler üçin borçdyr. Çünki tebigat bilen adamzadyň bagry badaşandyr. Olar bir ten bir jandyr, bitewi bir göwredir. Tebigat bilen adamzadyň arasyndaky aragatnaşyk, edil älem-jahanyň gadymy bolşy ýaly, örän

gadymydyr. Olar elmydama ýakyn aragatnaşykda bolup, bir-birlerine uly ýardam we hemaýatly täsir edip gelipdirler.

Tebigat bilen adamzadyň arasynda uzak taryhy döwrüň dowamynda emele gelen, kämilleşen sazlaşykly aragatnaşyk bar. Halkyň hal-ýagdaýynyň gowulanmagy, maddy we ruhy üpjünçiligi bütin adamzat jemgyýetiniň baýlygynyň artmagyna getirýär. Tebigat ylmynyň düzümi astronomiýa, geografiýa, biologiýa, fizika, himiýa, ekologiýa ylymlaryndan durýandyr. Medeni-dynç alyş işiniň dürli täsir ediş serişdeleri arkaly tebigat ylymlaryny halk köpçüligine ýetirmegiň hem-de şol esasda terbiýelemegiň ähmiýeti uludyr. Älemiň gelip çykyşy we gurluşy, asman jisimleriniň, Günüň, Ýeriň ýagdaýy we ösüşi ilatyň dürli gatlaklaryny juda gyzyklandyrýar.

«Ylym we din älemiň gelip çykyşy hakynda», «Biziň ýaşaýan dünýämiz nähili gurlupdyr?» diýen ýaly temalarda gürrüňler, soragjogap, duşuşyk agşamlary geçirilse, täsirli bolar. Mundan başga-da, «Günde nämeler bolup geçýär?» diýen temada çeper okaýyş bäsleşigini, alymlaryň ylmy açyşlary barada diafilm görkezmek arkaly «Aýa we planetalara uçulmagy mümkinmi?» atly temalarda çäreleri geçirmek bolar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe terbiýäniň nähili görnüşleri bar?
2. Medeniýet edaralarynda terbiýäniň esasy ugurlary.
3. Medeniýet edaralarynda terbiýäniň has giň ulanylýan usullary.
4. Türkmen nusgawy şahyrlarynyň nähili terbiýeçilik ündewleri bar?
5. Ýekebara we konsultasion habar beriş işiniň tertibini işläp düzmek.
6. Çekişmäniň maksatnamasyny işläp düzmek.

# V BÖLÜM

# MEDENI-DYNÇ ALYŞ EDARALARYNYŇ IŞ SERIŞDELERI, GÖRNÜŞLERI WE USULYÝETI

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň iş serişdeleri, olaryň özara baglanyşygy we ähmiýeti. Medeni-dynç alyş edaralarynyň işleriniň görnüşleri, usullary we aýratynlyklary. Medeni-dynç alyş edaralarynda ýekebara işi guramak.

**Medeni-dynç alyş işiniň görnüşlerine usullaryna we serişdelerine umumy häsiýetnama.**

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ideýa-çeperçilik işlerinden edilýän esasy talap olaryň halkymyzyň durmuşy, zähmeti bilen berk bagly bolmagyndan, döwletimiziň her bir raýatyna ýetmeginden ybaratdyr.

Edebi-çeperçilik we wagyz etmek işlerinde boşsözlüligiň (formalizmiň) ýüze çykmalaryny aýgytly ýok etmek zerurdyr. Onuň ähli görnüşlerini we serişdelerini döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň işiniň giň aýanlygyny, adamlar bilen göni hem-de aç-açan gatnaşyk edilmegini, jemgyýetçilik pikiriniň dogry kemala gelmegini we onuň nazaryýeti işlerinde täsiriniň artmagyna, täsir etmegine, ýurdumyzyň öňünde durýan ösüşli, oňyn wezipeleriň ýerine ýetirilmegine jemgyýetçiligi çagyrmaklyga kömek etmelidir.

Medeni-dynç alyş edarasy özüniň gündelik terbiýeçilik işinde dürli serişdeleri ulanýar.

Medeni-dynç alyş işinde ulanylýan serişdelere täsirli söz, gazet-žurnallar, radio-telewideniýe, kino, görkezme serişdeleri, çeper edebiýat, sungat eserleri hem-de köp sanly tehniki serişdeler–gurallar girýär. Olaryň kömegi bilen ilata edilýän täsir güýçlenýär.

Medeni-dynç alyş işiniň tejribesinde janly sözüň uly ähmiýeti bar. Onuň kömegi bilen bilimler, öňdebaryjy iş tejribesi ýaýradylýar. Täsirli söz duşuşyklaryň, çekişmeleriň, gürrüňleriň, temalaýyn agşamlaryň, agzeki žurnallaryň, çeper agitbrigadalaryň çykyşlarynyň esasy serişdesi bolup hyzmat edýär.

Täsirli janly sözüň beýleki serişdelerden artykmaçlygy alypbaryjynyň diňleýjiler bilen gönüden-göni aragatnaşykda bolmaklygydyr.

Informasiýanyň (habar bermekligiň) günübirinligi, auditoriýanyň isleg-arzuwlaryny bilip, şol wagt hem olaryň soragyna jogap bermek, ýalňyş düşünjeleri aýryp taşlamak, wakalara syn bermek, ine, şu zatlary diňe täsirli janly söz ýerine ýetirip bilýär.

Özbaşdak türkmen döwletiniň metbugaty okyjylaryň dürli toparyna ideýa-syýasy taýdan terbiýe bermekde kuwwatly köpçülikleýin habar beriş serişdesi bolup hyzmat edýär.

Metbugat adama onuň bütin ömrüniň dowamynda täsir edýär.

Taryhy maglumatlarda «Kitap göreşiň, zähmetiň, birek-birek bilen gepleşmegiň kuwwatly ýaragydyr. Ol adamlary durmuş tejribesi, adamzadyň göreş ýoly bilen ýaraglandyrýar, olara bilim berýär, olara tebigatyň güýjüni ulanmaklyga mümkünçilik döredýär» diýlip ýazylypdyr.

Medeniýet işgärleri metbugatda wagyz etmekligiň usulyny oňat bilmelidirler, olar bu işde kitaphanalar bilen ysnyşykly hereket etmelidirler.

Ilata täsir etmekligiň güýçli serişdeleriniň biri-de radio we telewideniýedir.

Medeniýet edaralary öz gündelik işlerinde görkezme serişdelerini-de giňden peýdalanýarlar.

Eger-de agzeki serişdeler görkezme serişdeler bilen birleşse, onda adamlar durmuş meselelerini oňat özleşdirýärler we kabul edýärler.

Medeniýet edaralarynyň öz işinde peýdalanýan serişdeleriniň içinde çeper edebiýatyň we sungatyň dürli görnüşleriniň uly ähmiýeti bar. Olar bizi gurşap alan älemi her taraplaýyn, çeper serişdeleriň üsti bilen kabul etmeklige ýardam edýär.

Täsirli sözüň, metbugatyň, görkezme esbaplarynyň, edebiýatyň we sungatyň adamlara edýän täsirini güýçlendirmekde medeni-dynç

alyş işinde tehniki serişdeler giňden ulanylýar. Olaryň üç görnüşi – yşyk ýa-da ýaýlym, ses hem-de okatmaklygyň maksatnamalaýyn görnüşleri bar. Yşyk ýa-da ýagtylandyryjy tehnikasyna – kino, foto-enjamlary, dürli proýektorlar, ses tehnikasyna – magnitofonlar, ses sazlaýjy we gataldyjy enjamlar girýärler.

## Medeni-dynç alyş işiniň görnüşleri we usullary diýmeklik näme?

Usul hereket etmekligiň ulgamy bolmak bilen, ol öňde goýlan maksada ýetmeklige tarap gönükdirilýär. Medeni-dynç alyş işiniň usuly diýlip, medeni köpçülik çäresine gatnaşýanlary olaryň ruhy taýdan baýlaşmagy, adamkärçilikli terbiýe, öz-özüňi terbiýelemek, güýmenjäni we medeniýetli dynç alşy guramak maksady bilen özara gatnaşygy guramaklygyň täsirlerine aýdýarys.

Medeniýet edaralaryň alyp barýan aň-bilim we terbiýeçilik işleri bir-biri bilen berk baglydyr.

Medeni-dynç alyş edarasyndaky aň-bilim usullaryny biz üç görnüşe bölüp bileris:

1. Habar beriji (informasiýa, işjeň informasiýa);
2. Ewristik (nutuklar, gürrüňler);
3. Barlag (ülkäni öwreniş gözlegi, medeni-dynç alyş işiniň ekspozisiýasyny döretmek döredijiligi, dürli hadysalary öwrenmek üçin birleşmeleri, gurnaklary döretmek).

Biz giň medeni-dynç alyş işiniň terbiýeçilik işleriniň usullaryny aşakdaky görnüşlere bölüp bileris:

– Ylmy dünýägaraýşa gözükdirmeklige, syýasy we ahlak düşünjäni bermeklige hem-de ornaşdyrmaklyga gönükdirilen usullar;

– jemgyýetçilik tertip-düzgüni, gylyk-häsiýeti, işeňňirligi we işjeňligi döretmeklige gönükdirilen usullar.

*Medeni-dynç alyş işiniň tejribesinde şu aşakdaky usullar gabat gelýär:*

1. Isleg-arzuwlary, ruhy gyzyklanmalary ysnyşykly aragatnaşyklar esasynda terbiýelemek usuly (medeni-dynç alyş işiniň birleş-

meleri, duşuşyk agşamlary, dynç almaklygyň we güýmenjäniň topar görnüşleri).

2. Jemgyýetçilik tertip-düzgüni, jemgyýetçilik gatnaşygy adamlary dürli medeni-dynç alyş edaranyň toparlaryna çekmeklik ýoly bilen emele getirmek usuly.

3. Jemgyýetçilik işjeňligi bolan adamlary öz-özüňi dolandyrýan medeni-dynç alyş edaranyň guramalaryna (medeni-dynç alyş edaranyň geňeşine, radiogazetiň, agzeki žurnalyň, ýagtyly gazetleriň redaksiýanyň birleşmelerine we ş.m.), wagyz-nesihat toparyna gatnaşmaklyga, baýramlary geçirmekligiň meýilnamasyny düzmeklige çekmeklik usuly.

Adamlar bilen işi guramaklygyň ýekebara gurnak topary hem-de köpçülikleýin görnüşleri bar.

Medeni-dynç alyş işiniň mazmuny köp taraplydyr. Şonuň üçinde ondaky ulanylýan görnüşler-de dürli-dürlüdir. Köpçülikleýin görnüşlere medeni-köpçülik çäreleri, agşamlar, agzeki žurnallar, sergiler girýär. Toparlaýyn görnüşlerine – gurnaklar, toparlar, ýekebara görnüşe bolsa, maslahatlar, fortepiano, akkordeon, dutar, gyjak otaglary girýärler.

Medeni-dynç alyş işinde işleriň görnüşlerini we usullaryny saýlap almak örän wajyp meseledir.

Mazmun bilen görnüş bir-biri bilen bitewi umumylykda (baglanyşykda) durýar. Olar bir-birine täsir edýärler. Mazmun görnüşe garanda hereketlidir, şonuň üçin käwagt görnüş mazmundan yza galýar, ýitip gidýär, ýerine täze görnüş emele gelýär.

Görnüşdir mazmuny saýlap almakda ilatyň dürli toparyny (ylymly, pes ylymly, zenan, erkek we ş.m.) göz öňüne tutmak gerek. Olaryň birinji toparyna leksiýa saýlanyp alynsa, ikinji topara gürrüň, duşuşyk, sorag-jogap agşamyny almak bolar.

Her bir usul saýlanyp alnanda, geçiriljek çäräniň mazmunyny göz öňüne tutmaly. Mysal üçin, tebigy bilimler wagyz edilende, diňleýjilere dürli tejribeleriň üsti bilen, şekillendiriş sungatynyň – sergileriň, saz – leksiýa – konsertleriň ulanylmagynda geçirilse, guralsa, onda ol tomaşaçylara düşnükli bolar.

Medeni-dynç alyş işiniň köp görnüşi we usuly tehniki serişdeleri peýdalanmaklygy talap edýär.

## Medeni-dynç alyş işiniň sosiologiýasy

Dynç alyş edaralarynyň hünärmenlerini taýýarlamakda hünär ugry dersleriniň möhüm görnüşleriniň biri-de dynç alyş işiniň sosiologiýasydyr. Sebäbi sosiologiýa derňewi medeniýet ulgamynda we medeni-dynç alyş işlerinde onuň derejesini, hilini ýokarlandyrmagyň, ilatyň isleg-talaplaryny öwrenmegiň metody (usuly) hökmünde giňden ulanylýar. Ol durmuşy öwreniş ylmynyň, usulynyň bir ulgamydyr. Ol medeni-dynç alyş işiniň netijeliligini ýüze çykarmaga, onuň netijeleri esasynda bu işi talaba laýyk guramaga, ilatyň isleg-talaplaryny öwrenmäge, aýry-aýry durmuşy toparlarynyň medeni kuwwatyny ýüze çykarmaga, aýry-aýry durmuşy hadysalary, medeni prosesleri öwrenmäge ýardam edýär. Medeni-dynç alyş işi medeni durmuşyň bir ugrudyr. Sosiologiýa bolsa, bitewi sosial sistema (oňa medeniýet we medeni-dynç işleri, ulgamlary hem girýär) hökmunde, jemgyýet we onuň hadysalary, hereketleri we ösüşi hakdaky ylymdyr. Şeýlelikde, medeniýetiň, medeni-dynç alyş işiniň sosiologiýasy şu agzalan ulgamlary öwrenýär. Medeni-dynç alyş işleriniň sosiologiýa derňewleri durmuşy institut hökmünde medeni-dynç alyş edaralarynyň özboluşlylygyndan, esasanda, onuň maksatlarynyň, wezipeleriniň, usullarynyň, görnüşleriniň, serişdeleriniň we auditoriýasynyň özboluşlyklaryndan ugur alýar. Şol esaslarda derňew maksatlary, predmetleri, obýektleri tapawutlanýarlar.

Geljekki hünärmenler medeni durmuşyň dürli meselelerini, ilatyň isleg-talaplaryny durmuşy derňewiň usullarynyň üsti bilen öwrenip, alnan maglumatlary öz işlerini kämilleşdirmekde, ilatyň medeni-dynç alyş akymynda netijeli iş usullaryny tapyp, peýdalanmakda ulanyp bilerler.

Şonda sosiologik derňewiň anyk maglumat esaslary, metodozlogiýasy, usullary, onuň tehnikasynyň meýilnamasyny işläp düzmek, sitratiw esaslary, predmeti, obýekti, wezipeleri, derňewiň esasynyň we çaklamasynyň meýilnamasyny işläp düzmegiň, derňew usullaryny saýlamagyň, maglumatlary toplamagyň we işlemegiň usullary öwrenilýär.

Derňew okadylyşynda umumy we amaly (praktiki) sapaklar geçilýär.

# Medeni-dynç alyş işiniň guralyş esaslary

1. Usulyýet hakynda taglymat.
2. Medeni-dynç alyş işiniň mazmuny, ugurlary.
3. Medeni-dynç alyş işleriniň görnüşleri.
4. Medeni-dynç alyş işleriniň geçiriliş usullary.
5. Medeni-dynç alyş işleriniň serişdeleri.

Medeni-dynç alyş işleriniň tehnologiýasy – bu işiň guralyş esaslarynyň ylmy usulynyň özenini aňladýar. Ol işiň mazmunynyň guralyşynyň usuly esaslaryny, metodologiýasyny, olaryň çäre görnüşlerini (formalaryny we serişdelerini) öz içine alýar.

Mazmun her geçirilýän medeni-dynç alyş işiniň öňe sürýän pikirini, ondaky beýan ediljek many-mazmuny, düşünjeleri özünde jemleýär. Her bir medeni-dynç alyş işiniň mazmuny onuň temasynda atlandyrylýar we çäräniň gidişinde beýan edilýär. Dynç alyş çäreleriniň mazmuny oňa gatnaşýanlara belli bir maglumatlary, pikirleri, düşünjeleri bermäge gönükdirilendir.

Mazmun boş gürrüňlere, owadanlanan tarypnamalara syrygmaly däldir. Çärelerdäki berilýän, halka ýetirilýän habarlar adamlaryň aňdüşünjesine, ruhy dünýäsine, medeni derejesine ruhy iýmit bolup, özgerdiji täsir etmelidir.

Hiç wagtda şol bir zatlary gaýtalamak, şol bir meseleleri döwnemek bolmaýar. Ol adamalary iruzýär. Şoňa görä-de, her bir geçirilýän çäräniň mazmuny maglumata baý, täze pikirler bilen, üýtgeşik, gyzykly düşünjeler bilen doldurylan bolmalydyr. Umuman, medeni-dynç alyş işleriniň mazmunynyň jemlerini şu aşakdakylar bilen häsiýetlendirmek bolar:

1. Jemgyýetçilik-syýasy we geçiş döwri bilen baglanyşykly meseleler. Bu, esasanam, watançylyk, millilik, ýurduň içerki we daşarky syýasaty, dostluk, agzybirlik, jebislik ýaly meseleler bilen baglanyşykly bolmalydyr.

2. Tebigat, tebigaty goramak, ony söýmek, tebigatyň gözelligini, ähmiýetini wagyz etmek, olar barada maglumatlary toplamak we wagyz etmek, esasanam, ylmy açyşlar we onuň gazananlaryny halka ýetirmek, önümçiligiň ylmy toparlary we ş.m. meseleler.

3. Önümçilik-ykdysady meseleler bilen baglanyşykly mazmundaky pikir düşünjeler-maglumatlar, ykdysadyýetiň gazananlary, ýerli önümçilik wezipeleri, onuň ylmy-tehniki esaslary we ş.m.

4. Estetika, edebiýat we sungat, medeni miras, halk döredijiligi meseleleri. Medeniýet we sungat eserlerini wagyz etmek, olar baradaky pikirleri, düşünjeleri ýaýratmak, çeper estetiki gözelligi wagyz etmek, ýerlerdäki ilatyň çeper döredijilik işlerine goldaw bermek ýaly ugurlar.

5. Saglygy goraýyş, sagdyn durmuş keşbi, bedenterbiýe we sport ugruna degişli mazmundaky meseleler.

6. Çagalar we ýetginjekler meselelerine degişli mazmundaky ugurlar.

Medeni-dynç alyş işleriniň tehnologiýasynyň nazaryýet esaslary baradaky düşünjeler.

Medeni-dynç alyş işleriniň tehnologiýasy çylşyrymly köptaraplaýyn, gapma-garşylykly iş hökmünde häsiýetlendirilýär we düşündirilýär. Tehnologiýanyň üsti bilen bu işiň belli bir wezipeleri çözülýär. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Medeni-dynç alyş işleriniň maksatnamasyny düzmek, döretmek.

2. Öňden dowam edip gelýän usullara, çemeleşmelere, çäreleriň görnüşlerine, olaryň guralyşyna belli bir täzelikleri girizmek.

3. Hünärmenleriň we jemgyýetçilik ýardamçylarynyň bilelikdäki döredijilik işleriniň netijesinde täze iş görnüşleriniň, çemeleşmeleriniň usullaryny girizmek. Umuman, medeni-dynç alyş işleriniň tehnologiýasy özüniň düzümleri bilen bir bütewi ulgamdyr tehnologiýa baradaky düşünjeler, kesgitlemeler dürli-dürli bolsa-da, olaryň köpüsi bu düşünjäni zähmeti guramagyň, ýolbaşçylyk etmegiň, çäreleri guramagyň esaslary, olarda ulanylýan mehanizmler hökmünde häsiýetlendirýär.

Medeni-dynç alyş işleriniň tehnologiýasy önümçilik tehnologiýasy bilen ençeme umumylyklarynyň bardygyna garamazdan, ruhy önüm öndürmek bilen meşgul bolýandygyny, adamlar bilen işleýänligi, olara täsir etmek zerurlygy sebäpli özboluşlygy bilen tapawutlanýandyr.

Medeni-dynç alyş işleriniň tehnologiýasynyň ulgamyna ençeme iş ugurlary, ýagny şolara dahylly ugurlar girýär. Olar özara bag-

lanyşykly bolup, ideýa (pikir, düşünje aňlatmasynda) dersleriň görnüşlerinde böleklere bölünýär. Ol ugurlar şu aşakdakylardyr:

1. Guramaçylyk iş bölegi (podsistemasy) ol işi dolandyrmak, maliýalaşdyrmak, meýilnamalaşdyrmak, resmi iş kagyzlaryny ýöretmek, hojalyk işlerini alyp barmak, ştat düzgünlerini, wezipe borçlaryny, içki bölümleri dolandyrmak işleri bilen baglanyşykly tehnologiki çözgütleri öz içine alýar.

2. Usuly iş bölegi (metodik podsistema) ol, esasanam, çäreleri guramagyň usullary, ssenariý düzmek, onuň üstünde işlemek, başga medeniýet edaralary üçin usuly gollanmalary taýýarlamak, ýaýratmak, tejribeleri toplamak, ýazmak we ýaýratmak, iş ýüzünde kömek bermek ýaly meseleler boýunça çözgütleri öz içine alýar.

3. Çäreleri guramagyň režussurasy boýunça iş bölegi, ol, esasanam, režisýorlyk işiniň tehnologiýasyny aňladýar.

4. Psihologiki iş bölegi. Ol adamlar bilen işlemek tehnologiýasyny işgärleriň arasynda gatnaşyk meselesini umumy kollektiwlik–toparlaýynlyk, jebislik meselelerini, hünärmenlik aň-düşünjesini, ussatlygyny we ş.m. öz içine alýar, olaryň usullaryna täsir ediş çemeleşmeleriniň serişdelerini aňladýar.

Şolaryň hemmesi bilelikde bütewi tehnologiýa ulgamyny emele getirýär we medeniýet edaralarynyň iş esaslaryny döredýärler. Medeni-dynç alyş işlerinde ideýa-pikir iş ýüzünde öz düzüm bölekleri bilen guralýar. Şolar bilen işlenilýär, olary amala aşyrmagy üpjün edýär we belli bir görnuşe eýe bolýar.

## Medeni-dynç alyş işleriniň guralyşy, sosial we psiho-fiziologiki many-mazmuny

Ilatyň esasy gatlaklarynyň aýratynlyklaryny öwrenmek we olaryň psihologiki fiziologiki ruhy kanunlaryny anyk bilmek we nazara almak bilen guralýan dynç alyş işi adamlara täsir etmegi we terbiýeçilik meselelerini amala aşyryp biler.

Medeni-dynç alyş işini guraýjy her bir hünärmen dynç alşyň durmuşy (sosial) ähmiýetini gowy bilmelidir, onuň psiho-fiziologiki many-mazmunyna düşünmelidir, ony guramagyň pedagogiki düzgünlerini ele almalydyr. Boş wagt dynç almak üçin iki hili ulanylýar.

1. Ýöne dynç almak bilen.
2. Has ýokary güýmenjä sarp etmek.
3. Haýsydyr bir zatlar bilen güýmenmek, meşgul bolmak, olara gatnaşmak.
4.Ruhy gymmatlyklary ele almak, sarp etmek we şol gymmatlyklary döretmek.

Bularyň soňkusy adamlaryň öz-özlerini kämillşdirmekligine gönükdirilýär. Mysal üçin, medeni derejäni ösdürmeklige ýardam edýän medeni döredijilik işi bilen meşgullanmak, höwesjeňlik döredijiligi bilen meşgullanmak we ş.m.

Pisihologiki we fiziologiki taýdan adamlaryň esasy işiniň daşyndan medeni-dynç çäreleri bilen meşgul bolmaklary olaryň ýadawlygynyň aýrylmagyna kömek edýär, şonda olar öz-özlerini ösdürýärler, lezzet alýarlar.

Biologiki önüm hökmünde adam özüniň beden ýadawlygyny aýyrmak üçin rahat güýmenjesiz (medeniýet edaralaryndan başga ýerlerde we ş.m.) rahat dynç alyp hem biler, ýöne şeýle dynç alyş onuň ruhy-medeni taýdan ösmegine ýardam etmeýär. Ýöne, medeniýet edaralarynyň özünde ol rahat dynç almagy söhbetdeşlik etmek, gülüşmek, maglumat almak ýaly güýmenjeler bilen utgaşdyrylsa, ol hem peýdalydyr. Medeniýet edaralarynda dynç almagyň özi, ýagny çärelere gatnaşmak, toparlara goşulyp, tans etmek, oýun oýnamak, bir zatlary öwrenmek (kompýuter) we ş.m. hem-de medeniýet edaralarynyň özinde dynç almak üçin döredilýän gowy şertler, ulanylýan usullardaky serişdeler gyzykly medeni-dynç almaga niýetlenipdir. Onsoň hem medeniýet edaralarynda adamlar özara gatnaşykda, pikir alyşmakda bolup, bir-birinden hem köp zatlary öwrenýärler. Adam özüniň dynç almagyny işjeň ýagdaýda geçirýär. Ol adamlaryň şahsy isleg tarapyna, saglyk ýagdaýyna, endiklerine, höwesjeň ymtylyşyna bagly bolýar. Işjeň däl (passiw) dynç alyş bolsa, adamlaryň kämilleşmegine az peýda berýär.

Elbetde, her bir dynç alyş hökman bir zatlary ele almaklyga, öwrenmeklige, pikir alyşmaklyga, çekişme bäsleşige, medeni döredijilige we ş.m-lere gönükdirilip, olaryň ahlak-estetiki taýdan kemala gelmegine ýardam edýär, edep-terbiýe öwredýär, medeniýetli bolmaklygy kemala getirýär.

Medeniýet edaralarynyň gowy şertleri, arassalygy, gelşikliligi, bezegleri, içki tertip-düzgüni, edebi ýüzleniş, adamlaryň arassa, gelşikli geýinmegi bitertiplige ýol bermeýär, her bir adamda şol terbiýä laýyk bolmaklygy döredýär.

Medeniýet edarasy, esasan, işjeň guramaçylykly güýmenjeli dynç alşa esasy ünsi jemleýär, adamlaryň ýadawlygyny aýyrmak üçin dynç alyş çärelerini guraýar. Ol iş adamlaryň iş güýmenjeleriniň çalşyrylyp durulmagy bilen amala aşyrylýar. Adamlar işdäki ritmden, standart hereketlerinden, şertlerden üýtgeşik ýagdaýda güýmenjä geçýärler. Olar isleg-talaplarynyň, durmuşy (sosial) tapawutlyklarynyň dürlüligine garamazdan, özlerine kybapdaş toparlary saýlap alýarlar (gurnaklar, birleşmeler we.ş.m.)

Durmuşy tapawutlyklary – önümçilik işi, maşgala-durmuş şertleri, ýaş tapawutlyklary, milli we ýerli däpler, fiziologiki ýagdaýlar (ýalta, işjeň höwesli, höwessiz, alçaklyk (ekstrawersiw) häsiýeti, (introwersiw) tutuk, dommalyk, ýöntem bolmak, öz-öziniň gurama bolmagy), isleg-talaplary we ş.m. göz öňünde tutulmalydyr.

Adamlar boş wagtlaryny diňe şagalaň bilen geçirmeýärler. Olar okuw öwrenmek, hünärlerini kämilleşdirmek, amaly-haşam sungaty, zat ýasamak we ş.m. bilen hem meşgullanýarlar ýa-da olar boş wagtlaryny diňe medeni-dynç alyş edaralarynda däl, başga ýerlerde-de, kinoteatrlarda, seýilgählerde, stadionlarda, teatrlarda we ş.m. ýerlerde hem geçirýärler.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda agzeki (dil üsti bilen) wagyz-nesihat işleri. Agzeki (dil üsti bilen) wagyz-nesihat işiniň aýratynlyklary we ähmiýeti

Her bir medeni-dynç alyş edarasynyň gündelik alyp barýan işinde agzeki (dil üsti bilen) wagyz-nesihat işi esasy orunlaryň birini tutýar.

Täsirli söz adamlaryň arasyndaky aragatnaşygy berkleşdirmeklige, olara täsir etmeklige, wajyp meseleler barada habar bermeklige ýardam beriji serişde bolup hyzmat edýär. Şonuň üçin-de medeni-dynç

alyş edaralarynyň işgärleri döwletiň ideologiýa işgärleri hökmünde, agzeki wagyz-nesihat usullaryny bir kemsiz ele almaklyga borçludyrlar.

Wagyz-nesihat bir-biri bilen berk baglydyr.

Wagyz nesihatdan iki ýagdaý bilen tapawutlanýar.

Birinjiden, wagyzyň mazmuny şu günki günüň talaplaryndan ugur alýar. Wagyzçy meseläniň iň ýiti we möhüm taraplaryny halk köpçüligine düşündirýär hem-de olary durmuşa ornaşdyrmaklyga çagyrýar, ony hemme taraplaýyn hem-de doly düşündirmekligi bolsa, nesihatça goýýar. Ikinjiden, wagyzyň esasy sypaty onuň zähmetkeşleriň aňyna, duýgusyna içgin täsir etmekliginden ybaratdyr. Umuman, wagyz adamlary hereket etmeklige çagyrýar.

Medeni-dynç alyş edarasy wagyz-nesihat işini onuň dürli görnüşleriniň we usullarynyň – ýygnaklaryň, seminarlaryň, maslahatlaryň, sorag-jogap agşamlarynyň, çekişmeleriň, halk uniwersitetleriniň we beýlekileriň üsti bilen alyp barýar.

Sözleriň täsirli bolmagy nesihatçynyň we wagyzçynyň ussatlygyna baglydyr. Ussat bolmaklyk üçin bolsa, şu aşakdaky talaplardan ugur alynmalydyr:

– Saýlanyp alynýan maglumatlar diňleýjiler üçin gyzykly bolmaly we olara täsir etmeli;

– Her bir çykyş logiki subutnamaly guralmaly (tezis–argument-delil–demonstrasiýa);

– Diňleýjiler bilen aragatnaşyk (kontakt) saklamak, munuň üçin serişde-maglumat esasyny oňat we çuň bilmek;

– Suhangöýlük sungatyny doly ele almak, munuň üçin çykyşyň baý mazmunly bolmagyny gazanmak, öz aýdýanlaryňa ynanmak, pikirleriň dury, sözleriň dogry, yzygiderli, düşnükli we çeper bolmagyna üns bermek, sesi dogry peýdalanmaklygy, sözleri aýtmagyň anyk, intonasiýanyň äheňiň takyk, hereketiň täsirli bolmagyny gazanmaklyk talap edilýär. Mundan başga-da özüňi auditoriýa bilen alyp barmaklygy başarmak gerek. Suhangöýüň çeper dili bolmaly. Onuň üçin suhangöý öz sözünde epitetleri, deňeşdirmeleri, metaforalary, edebi keşpleri, aforizimleri, atalar sözlerini peýdalanmaklygy başarmaly.

## Syýasy habarlar

Medeniýet edaralarynda ulanylýan çäreleriň içinde syýasy habarlary taýýarlamak we geçirmek uly orna eýedir.

Syýasy habarlar, geňeş, jemgyýetçilik, köpçülik habar beriş serişdeleri – radio, telewideniýe, kino, gazet-žurnallar, medeniýet edaralary tarapyndan yzygiderli geçirilýär. Ol habarlar arkaly ilat ýurdumyzda ýöredilýän syýasat, ykdysadyýet we medeni täzelikler bilen yzygiderli tanyşdyrylyp durulýar.

Syýasy habarlaryň dogruçyl, ylmy we günübirin bolmagy talap edilýär. Syýasy habarda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bolup geçýän wakalar barada habar we olara syn berilmek başarylmalydyr. Onda esasy mesele gerekli maglumatlary saýlap almaklygy başarmaklykdyr. Bu örän wajyp işe bir bitewilikde çemeleşilende, oňat netijä garaşmak mümkin.

*Syýasy habarlar mazmuny boýunça dört görnüşde bolýar:*

– Syýasy habar;
– Ykdysady habar;
– Medeni habar;
– Halkara ýagdaýyna bagyşlanan habar.

Syýasy habarlar hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasatyna, mysal üçin, Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzdaky bolup geçýän ösüşlere, onuň bilen bagly meselelere bagyşlansa, önümçilik we medeni durmuşa bagyşlanan habarlar häzirki döwürdäki bolup geçýän üýtgeşmelere–kärendeçilik, hususy eýeçilik, telekeçilik we onuň bilen bagly meselelere, medeni ulgamdaky bolup geçýän wakalara bagyşlanýar. Habarlar daşary ýurtlarda bolup geçýän dürli wakalara, olaryň zähmetkeşleriniň öz hukuklary ugrundaky göreşini hem yzygiderli görkezmeklige kömek edýär.

Syýasy habarlary taýýarlamagyň we geçirmegiň özboluşly usuly bar. *Ondan şu aşakdakylar talap edilýär:*

1. Maglumatlaryň günübirinligi (aktuallygy).
2. Habar berilýän maglumatlaryň döwrebaplygy.
3. Maglumatlara syn bermek.

Kada hökmünde syýasy habarlar agzeki bilen geçirilýär. Ýöne ol tehniki serişdeleriň, metbugatyň, radio-telewideniýanyň, görkezme wagyz serişdeleriniň üsti bilen hem ýaýradylyp bilner.

Syýasy habarlarda «Tegelek stoluň başyndaky duşuşyk», «Syýasy syn», oba ýygnanyşygy, halkara ýagdaýynyň gündeligi, metbugat konferensiýasy, interwýu ýaly görnüşler ulanylýar.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda gürrüňler we nutuklar

Medeni-dynç alyş edarasynda nutuk usuly köp ulanylýan usullaryň biridir.

Nutuk – näme we onuň leksiýadan näme tapawudy bar?

Nutuk agzeki çykyş bolup, saýlanyp alnan tema boýunça diňleýjileriň oňa bolan garaýşyny emele getirmek maksady bilen geçirilýär.

Nutuklar köp babatda leksiýalar bilen meňzeş bolmak bilen käbir sypatlary boýunça olardan tapawutlanýarlar. Bu tapawut onuň görnüşinde, mazmunynda we jemgyýetçilik-syýasy ähmiýetinde ýüze çykýar.

Leksiýany hünärmen okaýar, onuň çykyşy diňleýjiler tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmaýar. Nutukçy bolsa guramanyň bellän ýörite wekili bolmak bilen öz çykyşynda şol köpçüligiň tema baradaky nukdaýnazaryny beýan edýär.

Diňleýjiler şol edaranyň, guramanyň işgärlerinden ybarat bolýar. Nutuk ara alnyp maslahatlaşylýar. Olaryň käbir görnüşi boýunça (mysal üçin, hasabat nutuklary) karar, ýüzlenme kabul edilýär.

Nutuklarda, esasan, ýerli maglumatlar ulanylýar. Onuň esasy maksady orta atylan tema boýunça jemgyýetçilik pikirini emele getirmekden ybaratdyr.

*Nutuklaryň şu aşakdaky görnüşleri (tipleri) bar*:

**1. Hasabat nutuklary.** Bu nutuklarda guramanyň ýa-da jogapkär adamyň işi ara alnyp maslahatlaşylýar we geljekki döwür üçin çäreler bellenilýär. Mysal üçin, edaranyň Kärdeşler arkalaşyklary birleşiginiň ýa-da medeniýet öýüniň geňeşiniň oba ýaşaýjylarynyň öňündäki ýyllyk hasabatlary.

**2. Habar beriji (informasion) nutuklar.** Bu görnüşli (tipli) nutuklarda ol ýa-da beýleki meseleler boýunça wakalara syn berilýär. Kada boýunça bu nutuklar ara alnyp maslahatlaşylmaýar, ýöne olarda sorag-jogap alşylýar.

**3. Ylmy nutuklar.** Olarda ylmyň, tehnikanyň, ykdysadyýetiň häzirki zaman meseleleri, olary çözmekligiň ýollary maslahatlaşylýar. Bu görnüşli nutuklar medeni-dynç alyş edaralarda seýrek geçirilýär. Medeniýet edarasy olary geçirmeklige ýardam edýär.

Medeni-dynç alyş edarasynyň işinde wagyz-syýasy nutuklary geçirmeklik köp gabat gelýär. Olar adamlary belli bir işi ýerine ýetirmek, olaryň jemgyýetçilik işeňňirligini gazanmak üçin wagyz, çagyryş äheňinde guralýar.

Ykdysady meýilnamalar düzülende syýasy, hojalyk gurluşygyna, ylmy-tehniki ösüşiň tejribe meselelerine bagyşlanan meseleli nutuklar okalýar. Olarda ýüzlenme (rezolýusiýa), borçnama kabul edilýär.

## Gürrüň usuly we onuň medeni-dynç alyş işinde ulanylyşy

Gürrüňler agzeki wagyz-nesihatyň işjeň görnüşleriniň we usullarynyň biridir. Gürrüňiň leksiýadan tapawudy saýlanyp alnan temany köpçülikleýin ara alnyp maslahatlaşmakdan ybaratdyr. Şonuň üçin onda gepleşik (dialogik) görnüş ulanylýar. Ol auditoriýa bilen aragatnaşyk saklamaga mümkünçilik berýär.

Suhangöý gürrüňiň dowamynda ýygy-ýygydan säginme etmek bilen, auditoriýany hem pikirlenmäge çagyrýar, özüniň pikirini sorag görnüşde gözükdirýär, öz sözünde «Siz nähili pikir edýärsiňiz?», «Bu ýerde nähili bolmaly?» we ş.m. soraglary goýýar.

Medeni-dynç alyş edarasynda geçiriljek gürrüň iki talaby göz öňüne tutmalydyr. Birinjiden, saýlanyp alnan tema şu günüň meselelerine bagyşlanyp, adamlary galkyndyryp, şol barada olaryň bir-biri bilen pikir alyşmak islegini göz öňünde tutsa, ikinjiden, saýlanyp alnan tema özüniň göwrümi boýunça uly bolmaly däldir.

Gürrüňçi gürrüňi haýsy hem bolsa bir tema bilen bagly waka barada habar bermekden, kitapdan, žurnaldan, gazetden bir kiçijik bölümi okamaklykdan başlaýar. Gürrüňe gatnaşýanlaryň ünsüni çekmek-

lik üçin ýörite diwarlyk taýýarlanyp, onda dünýäniň syýasy kartasy, fotosuratlar, gazet-žurnallardan alnan maglumatlar ýerleşdirilýär.

Gürrüň wagyzçynyň, syýasy habarçynyň, nesihatçynyň giriş sözi bilen başlanýar. Adatça, onda gürrüňiň temasy, maslahatlaşyljak soraglar barada aýdylýar. Temanyň ideýa-mazmunyny kesgitlemek wajyp pursatdyr. Bu gürrüňiň belli bir ugur boýunça alnyp barylmagyna ýardam edýär. Giriş sözi gürrüňde birinji soraga geçmeklik üçin geçelge döredilip tamamlanýar.

Gürrüňleri geçirmeklik olara mahsus bolan käbir kynçylyklary göz öňüne tutmaklygy talap edýär. Olaryň birinjisi – auditoriýany işjeňleşdirmek meselesi. Alypbaryjynyň ussatlygy, onuň soraglary başarnykly goýup bilişi bu meseläni üstünlikli çözmeklige mümkinçilik berýär. Şonuň üçin gürrüňe taýynlyk görülýän döwürde beriljek soraglara anyk kesgitleme bermeklige üns bermek gerek. Ol soraglar gürrüňe gatnaşýanlary pikirlenmeklige mejbur etmelidir. Özbaşdak pikirlenmeklik tejribede derňelýär. Şonuň üçin goýulan soraglary gürrüňe gatnaşyjy köpçüligiň durmuşy bilen baglanyşdyrmaklygy, öz işi bilen baglanyşdyrmaklygy başarmalydyr.

Gürrüňi geçirmeklik üçin ähli soraglary öňünden taýýarlamaklyk mümkin däl. Şonuň üçin meýilnama esasy soraglar girýär. Gürrüň geçirmekligiň sungaty oňa gatnaşýanlarda soramaklyga, jogap bermeklige, diňlemeklige, bir-biregiň çykyşynyň üstüni doldurmaklyga, düzediş bermeklige isleg döretmekden ybaratdyr. Şonuň üçin alypbaryjy soraglara jogap bermeklige howlukmaly däldir. Muny gürrüňe gatnaşýanlaryň çykyşlary gutarandan soň etmek amatlydyr. Gürrüňe goşulanlaryň pikirlerine düzediş berlende, tankyt edilende, sypaýçylykly bolmalydyr.

Gürrüň geçirilende gabat gelýän ikinji kynçylyk adamlaryň işjeňligini kadalaşdyrmakdan, tertibe salmakdan ybaratdyr.

Gürrüňi alypbaryjy iki zada – gürrüňiň esasy ugrunyň ýolunmazlygyna hem-de oňa gatnaşýanlaryň işjeň hem işjeň däl toparlara bölünmezligine üns bermelidir. Olary deň ölçegde alyp barmak barada pikirlenmelidir.

Gürrüňde meýilnamalaşdyrylan soraglar bilen bagly bolmadyk soraglaryň-da ýüze çykmagy mümkin. Şu hili ýagdaýda ol soraglaryň

üstünden jogap bermän geçmeklik maslahat berilmeýär. Olary hem ýüzugra maslahatlaşmak gerek.

Gürrüňi alypbaryjy özüniň jemleýji sözünde ara alnyp maslahatlaşylan soraglaryň jemini jemleýär, çözülmeli meseleleri öňe sürýär. Mundan başga-da çykyş edenleriň çykyşyna baha berýär. Medeni-dynç alyş edaralarynda ýokarda aýdylan görnüşdäki (tipdäki) gürrüňlerden başga-da medeni-dynç alyş işiniň gürrüňleri, ady bilen bagly gürrüňlerde geçirilýär. Mysal üçin, mugallymlaryň ene-atalaryň, zähmet weteranlarynyň ýaş işçiler, halkara meseleler boýunça maslahatçynyň medeni-dynç alyş edaralaryna gelýän adamlar, edebiýat we sungat wekilleriniň okyjylar bilen geçirýän gürrüňleri bu topara girýär.

Bu gürrüňlere gatnaşýanlar özlerini gyzyklandyrýan soraglaryna jogap alýarlar.

Gürrüňleri uly auditoriýalarda geçirmeklik maslahat berilmeýär. Sebäbi şu hili ýagdaýda gürrüňden edilýän esasy talap – gürrüňdeşlik (dialogiki) talaby (prinsipi) bozulýar. Şonuň üçin gürrüň 15–20 adamdan ybarat topar bilen geçirilse, maksada laýyk bolar.

Medeni-dynç alyş edarasynyň iş tejribesinde medeniýet edaralaryna gelýänler bilen ýekebara gürrüňler hem geçirilýär. Medeni-dynç alyş edarasyndaky geçirilýän gürrüňlere döwlet işgärleri, şäher, etrap, oba, edara ýolbaşçylary gatnaşsa, has peýdaly bolýar. Gürrüňiň temasyna degişli görkezme maglumatlary, anyk (dokumental) we gysga (hronikal) kinofilmler, diafilmler peýdalanylsa, örän peýdaly bolar.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda leksiýalar, maslahatlar

Leksiýalar medeni-dynç alyş edarasynda iň köp ulanylýan iş görnüşleriniň biridir.

Çuň mazmunly we gyzykly guralan leksiýalar zähmetkeşleriň dürli gatlaklarynyň arasynda uly gyzyklanma döredýärler. Bu usul adamlara ylymlaryň dürli pudaklaryndan bilim bermeklikde, olaryň gözýetimini giňeltmekde uly orun oýnaýar.

*Leksiýa usuly beýleki çärelerden şu aşakdaky sypatlary boýunça tapawutlanýar:*

1. Leksiýany şol ugurdan çuň bilimli we baý tejribesi bolan hünärmen okaýar. Bu bolsa diňleýjilere öňe sürlen mesele boýunça hünärmen bilen pikir alyşmaklyga we oňa çuň düşünmeklige kömek berýär.
2. Leksiýa diňleýjilere, ol ýa-da beýleki ylymlar, meseleler bilen gyzyklanmalarynda wagt utmaklyga ýardam edýär.
3. Leksiýa bilimleri bir ulgama salyp, esasy meselä düşünmeklige kömek edýär.

Leksiýa usuly özüniň görnüşi boýunça **akademiki** (mekdep, ýokary we ýörite okuw jaýlary) hem-de **publisistik** (köpçülik üçin niýetlenen) leksiýalara bölünýär.

Akademiki leksiýalar belli bir maksatnama boýunça okalyp, oňa mydamalyk diňleýjiler (auditoriýa) gatnaşýarlar. Bu görnüş medeni-dynç alyş edaranyň gurnaklarynyň okuwlarynda-da peýdalanylýar. Medeni-dynç alyş edarasynda köpçülik üçin niýetlenen leksiýalary geçirmeklige has köp üns berilýär.

Bu leksiýalara gatnaşýan diňleýjileriň düzümi üýtgäp durýar. Ondan tematikasynyň döwrebap, özüne çekiji bolmagy talap edilýär. Mundan başga-da ony gyzykly okamaklyk möhümdir. Bu işde medeni-dynç alyş edarasy ilat bilen alymlary, sungat, medeniýet, tehnika we beýleki ugurlar boýunça işgärleri duşuryjy merkez bolup çykyş edýär.

Okalýan leksiýalary kino, görkezme esbaplar, tehniki serişdeler bilen üpjün etmeklik zerurdyr.

Lektor diňleýjileriň soraglaryna jogap berip, olaryň leksiýada öňe sürülen meselelere düşünmeklerini gazanmalydyr.

Leksiýa özüniň görnüşi boýunça (epizod) hem-de bölek (tapgyr) görnüşli bolup biler. Her bir tapgyr – bölek 3–4 leksiýadan 10–12-ä çenli bolup biler. Leksiýanyň bölekleri medeni-dynç alyş edarasynda okalýar. Olar ýörite düzülen meýilnamalaryň (abonomentleriň) üsti bilen ilata ýetirilýär. Meýilnamalarda (abonomentlerde) leksiýalaryň atlary, haýsy çykyş edijiniň (lektoryň) okaýandygy, eger-de kinofilm peýdalanylsa, onuň ady, leksiýanyň okaljak senesi we wagty görkezilýär.

Leksiýa bölekleri saýlanyp alnan tema boýunça diňleýjilere çuň bilim bermeklige ýardam berýär.

Medeniýet işgäri leksiýany taýýarlamaklygy hem-de oňa syn bermeklige başarmalydyr.

*Syn bermeklik aşakdaky bölümlerden durýar:*

1. Leksiýanyň temasy, geçýän ýeri we wagty, auditoriýanyň düzümi baradaky maglumatlar.
2. Leksiýanyň mazmuny we görnüşi.
3. Okalan leksiýa auditoriýanyň garaýşy.
4. Lektora maslahat.
5. Leksiýanyň guramaçylykly geçişine syn we baha bermek, temanyň döwrebaplygy.

Leksiýa syn berlende esasy pikire (ideýa), ylmy mazmunyna, durmuş we köpçüligiň işi bilen baglylygyna üns bermeli.

Syn bermeklik bilen çykyş ediji (lektor) tanyşdyrylmalydyr.

Medeniýet işgäri leksiýany taýýarlamagy we ony okap bilmegi başarmalydyr.

Leksiýany taýýarlamak üçin ol ilki bilen temany saýlap alýar. Soň şol tema boýunça bibliografiýa düzülýär, gerekli edebiýatlar saýlanyp alynýar we öwrenilýär. Şondan soň leksiýanyň meýilnamasy düzülip, şoňa laýyklykda ýazgysy düzülýär. Auditoriýada çykyş etmezden ozal leksiýanyň ýazgysy birnäçe gezek okalyp, çykyş etmekligiň yzygiderli meýilnamasy düzülýär.

Medeniýet işgärleri leksiýa işini guramaklykda ýerlerdäki bilim, jemgyýetçilik guramalaryň ilkinji guramalary bilen ýakyn aragatnaşyk saklamalydyrlar.

## Temalaýyn seminarlar we maslahatlar

### Medeni-dynç alyş edaralarynda leksiýalar, maslahatlar

### Medeni-dynç alyş edaralarynda gürrüňler we nutuklar

Medeni-dynç alyş edaralarynyň iş tejribesinde dürli temalara degişli seminarlary we maslahatlary geçirmeklik gabat gelýär. Olar hem agzeki wagyz-nesihat işleriniň görnüşleri bolmak bilen, nähili bolsa-da, döwrüň wajyp meselelerine bagyşlanyp geçirilýär. Bu iş

görnüşlerini geçirmekligiň esasy maksady şol saýlanylyp alnan meseläni giňden ara alyp maslahatlaşmakdan ybaratdyr.

Seminarlar, haýsy hem bolsa, ilaty gyzyklandyrýan döwrebap meselä bagyşlanýar. Şol mesele belli bolandan soň, ol birnäçe kiçi temalara bölünýär we olaryň her biri boýunça çykyş etjek adamlar kesgitlenilýär. Seminaryň temalary boýunça soraglar, edebiýat hödürleýji sanawlar taýýarlanylýar we çykyş etjek adamlara berilýär. Olar şol edebiýatlary öwrenip, çykyşa taýýarlyk görýärler.

Seminary taýýarlamakda we geçirmekde kitaphanalar hem uly iş alyp barýarlar. Olar seminaryň temasyna bagyşlap kitap sergilerini, plakatlary, edebiýaty hödürleýji sanawlary taýýarlaýarlar, synlar geçirýärler.

Seminar alypbaryjynyň çykyşy bilen başlanýar. Ol öz çykyşynda seminarda maslahatlaşyljak temanyň ähmiýeti, onda serediljek soraglar barada diňleýjilere habar berilýär. Şondan soň tema boýunça çykyşlar başlanýar. Her sorag boýunça esasy çykyş edýänden başgada beýleki seminara gatnaşýanlaryň hem çykyş etmekleri mümkin. Meýilnamalaşdyrylan ähli çykyşlar tamamlanandan soň alypbaryjy seminaryň geçişine, ondaky çykyşlara syn berýär.

Seminar kinofilm, temalaýyn agşam, agzeki žurnal we ş.m. görkezmek bilen tamamlanýar.

Maslahatlaryň hem taýýarlanylyşy we geçirilişi seminarlara meňzeşdir, ýöne olar seminarlara garanyňda özüniň öňe sürýän meseleleri boýunça has giňligi bilen tapawutlanýarlar.

Maslahatlar iki-üç günüň dowamynda geçirilmegi mümkin.

Maslahatlaryň temasy dürli meselelere bagyşlanyp, ony çuň öwrenmeklige mümkinçilik berýär. Mysal üçin, şäher, etrap, obalarda okuw jaýynyň döran gününe, ýubileý senesine, haýsy hem bolsa jemgyýetçilik ähmiýetli meselä /medeniýetiň, ylmyň, tehnikanyň häzirki ýagdaýyna we ösüş ýollarynyň meselelerine we ş.m./ bagyşlanyp geçirilän maslahatlar.

Seminary we maslahatlary geçirmek üçin ýörite guramaçylyk topary (komiteti) döredilýär. Onuň agzalarynyň her biri haýsy-da bolsa bir işe jogap berýär.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda agzeki (dil üsti) žurnallar

Agzeki (dil üsti) wagyz-nesihat işiniň gyzykly görnüşleriniň biri-de agzeki žurnaldyr. Bu žurnal taryhda sowatsyz adamlara ýurduň syýasatyny, ykdysadyýetini, medeniýetini, medeni durmuşyny çalt ýetirmeklige mümkinçilik berýär.

Bu žurnalyň şeýle bolmagy onuň häzirki döwürde-de medeni-dynç alyş edaralarynyň işinde ulanylýanlygydyr. Häzirki wagtda döwletimizde ylym-bilime uly üns berilýär. Bu döwlet syýasatyny wagyz etmekde agzeki žurnal uly ähmiýete eýedir.

**Agzeki (dil üsti) žurnallaryň şu aşakdaky görnüşleri bar:**

**1. Garyşyk** /obzor/ görnüşli agzeki žurnal. Olara ensiklopedik häsiýetli, bitewileýin görnüşli žurnal hem diýilýär. Žurnalyň bu görnüşi köp we dürli temalary öz içine alýar. Oňa mysal edip: «Ylmyň we tehnikanyň täzelikleri», «Hemme zady bilesim gelýär», «Dünýäde näler görner» ýaly temalary görkezmek bolar.

**2. Temalaýyn** agzeki žurnal. Bu žurnala bir tema bagyşlanyp geçirilýän žurnala degişlidir.Oňa temalaýyn agzeki žurnal hem diýilýär. Mysal üçin, «Halkara syýasatyň döwrebap meseleleri», «Öňdebaryjy tejribe», ylmyň, tehnikanyň, edebiýatyň we sungatyň meselelerine bagyşlanan temalar.

**3. Şahalaýyn (Almanah)** agzeki žurnalyň görnüşi, beýlekilerden özüniň geçirilişiniň yzygiderliligi bilen tapawutlanýar. Eger-de garyşyk ýa-da temalaýyn agzeki žurnallary ýylyň dowamynda yzygiderli /mysal üçin: aýda bir gezek ýa-da iki aýda bir gezek/ geçirilýän bolsa, şahalaýyn (almanah) görnüşli žurnal haçan oňa zerurlyk bolan wagty geçirilýär. Ol özüniň görnüşi boýunça temalaýyn agzeki žurnala meňzeş bolmak bilen, temasynyň birnäçe şahalara bölünmegi bilen tapawutlanýar.

Bu žurnalyň temasy jemgyýetçilik we medeni durmuşyň ähli ulgamlaryny öz içine alýar. Jemgyýetiň uly durmuş toparyna niýetlenilýär. Mysal üçin, «Döredijilik», «Sungat», «Ylym», «Syýasat», «Ýaşlyk», «Gelin-gyzlar» we. ş.m.

Özüniň mazmuny boýunça agzeki žurnallar jemgyýetçilik-syýasy, edebi-çeper, ylmy-tehniki,önümçilik, teatr-saz, sport ýaly görnüşlere bölünýär.

Agzeki žurnalynyň geçirilmegini ýola goýmaklyk onuň birleşmesini döretmeklikden başlanýar. Redaksiýa birleşmesiniň (redaksion kollegiýa) düzümine jemgyýetçilik guramalaryň, halk hojalygynyň dürli pudaklarynyň, saglygy saklaýyş, bilim, medeniýet ulgamlarynyň wekilleri girýärler. Redbirleşmäniň agzalary žurnalyň haýsy bölümine /rubrikasyna/ kimiň jogap berýändigini, onuň ýylda, aýda näçe gezek çykýandygyny kesgitleýärler.

Agzeki žurnal birnäçe «sahypadan» durýar. «Sahypalar» düzülende olary contrast /kyn-aňsat, söz-saz we ş.m./ görnüşde ýerleşdirmek maslahat berilýär. Agzeki žurnalynyň dowamlylygy üç sagada çenli bolmagy mümkin. Redbirleşme žurnaly geçirmekligi meýilleşdirilende umumy wagty sahypalara bölýär. Ýöne hemme «sahypanyň» wagty deň bolmaýar. «Sahypalaryň» mazmunyna görä, birine köp, birine az wagt berilýär.

Agzeki žurnalda medeni-dynç alyş edarasy köpçülik çärelerine mahsus bolan iki sypat sazlaşykly bir-biriniň üstüni doldurýar. Agzeki žurnalyň maglumatlary habar beriji äheňde bolup, ol dürli täzelikler bilen adamlary tanyşdyrýar. Adamlara täsir etmekligiň dürli serişdelerini peýdalanmaga bolan mümkinçiligi bolsa, žurnaly temalaýyn agşama, teatrlaşdyrylan tomaşa golaýlaşdyrýar.

Agzeki žurnalda habar beriji materiallar bilen emosional-tomaşa serişdeleri birleşýär. Onda habar beriji materiallarda wakalary gury görkezmek ýa-da synlap geçmek bilen çäklenilýär. Bu hili işi metbugat, radio, telewideniýe has oňat ýerine ýetirýär.

Agzeki žurnalda habar bermeklikde medeni-dynç alyş edaralaryna mahsus bolan usullar peýdalanylýar. Başgaça aýdanyňda, bu žurnallarda maglumatlar barada diňe gürrüň berilmän, eýsem olar auditoriýa tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylýar. Mundan başga-da, maglumatlar arassa görnüşde berilmän, täsirli emosional serişdeler bilen utgaşdyrylyp berilýar. Şonuň üçin agzeki

žurnallarda spektakllardan sahnajyklar, kinofilmlerden parçalar, aýdym, saz, tans eserleri, çeper okaýyşlar peýdalanylýar. Köp halatlarda agzeki žurnalda bir bitewi birleşdiriji sýužet bolup, ol wezipäni alypbaryjy ýerine ýetirýär. Eger-de oňa sahna keşbini tapmak başardaýsa, onda žurnal has-da täsirli bolýar. Mysal üçin, çagalara niýetlenen agzeki žurnallarda alypbaryjynyň keşbini çagalaryň söýgüli ertekileriniň, kinofilmleriniň gahrymanlary ýerine ýetirse, onda olar ony uly gyzyklanma bilen kabul ederler.

Agzeki žurnalyň täsirli bolmagy gyzykly temalary tapmakdan we olary täsirli serişdeler bilen bezemekden ybaratdyr. Agzeki žurnal aýry-aýry «sahypalardan» düzülýär. Bir «sahypa» bir temany ýa-da onuň bölegini öz içine alýar. Olary ýerleşdirmekligiň anyk çyzgysyny bermek mümkin däl, sebäbi olar dürli-dürli ýerleşdirilýär. Ýöne käbir «sahypajyklar» ähli agzeki žurnallarda ulanylýar. Mysal üçin, jemgyýetçilik-syýasy we ýerli durmuş täzelikleri. Agzeki žurnallaryň «sahypalarynyň» sany 5–6 «sahypadan» köp bolmaly däldir.

Agzeki žurnallarda käwagtlarda anyk atlandyrylan mydamalyk rubrikalary hem döredýärler. Mysal üçin, «Biziň poçtamyz», «Soraglara jogap berýäris», «Biziň çykyşlarymyzyň yzy bilen» we ş.m. Žurnalyň «sahypalaryny» kontrast görnüşde ýerleşdirmek maslahat berilýär. Mysal üçin, çylşyrymlydan sada, bir žanrdan beýleki žanra we ş.m. Agzeki žurnaldan edilýän beýleki usuly talap her «sahypanyň» gutarnykly bolmagydyr. Bu žurnallary taýýarlamaklyga we geçirmeklige işjeňleri (aktiwleri) giňden çekmek gerek. Olar gerekli maglumatlary toplamakda-da, žurnaly geçirmekde-de agzeki žurnalyň redbirleşmesine uly kömek berip bilerler.

Agzeki žurnalynyň geçirilişini dürli-dürli guramak bolar. Mysal üçin, sahnada agaç önümleriniň kömegi bilen žurnal görnüşde ýasap, her bir sahypa alypbaryjy belläp, sahypalaryň atlaryny interaktiw tagtalarynda görkezip geçirmek bolar. Umuman, ony gyzykly guramakda we geçirmekde medeniýet işgärleriniň baý gözýetimini ulanmak gerek.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda köpçülikleýin okaýyşlar

Medeni-dynç alyş edarasynyň iş tejribesinde köpçülikleýin okaýyşlar esasy orunlaryň birini eýeleýärler. Olaryň kömegi bilen medeni-dynç alyş edaralary ylmyň, tehnikanyň, medeniýetiň we sungatyň, önümçiligiň gazanan üstünliklerini dürli köpçülik çäreleriniň (agşamlaryň, duşuşyklaryň, leksiýalaryň we ş.m.) üsti bilen wagyz-nesihat edýärler.

Köpçülikleýin okaýyşlar özüniň gözbaşyny XIX asyryň ahyrlarynda dörän ýekşenbe okaýyşlaryndan alyp gaýdýar.

Köpçülikleýin okaýyşlarynyň syýasy we döwlet işgärleriniň ömri we döredijilik lirikasy, döwlet syýasaty temasy bolup, mundan başga-da ylmyň, tehnikanyň, medeniýetiň gazanan üstünlikleri barada hem köpçülikleýin okaýyşlaryny geçirip bolýar. Köpçülikleýin okaýyşlar önümçiligi ösdürmeklige, zähmetde öňdebaryjylaryň, täzelikçileriň işlerine-de bagyşlanyp biler. Okaýyşlar zähmetkeşlere gürrüňi edilýän meselä çuň we her taraplaýyn düşünmeklige kömek berýär. Köpçülikleýin okaýyşlarynyň ýene-de bir aýratynlygy, olarda dürli iş görnüşleriniň peýdalanylmagydyr. Soraglar maslahatlaşylanda olarda diňe öňünden bellenilen adamlar hem çykyş edýärler.

Köpçülikleýin okaýyşlarynda çykyş etmeklik üçin ýokary derejeli lektorlar, belli döwlet işgärleri, ylmyň we sungatyň wekilleri, gazet-žurnallaryň redaktorlary, zawod-fabrikleriň direktorlary, daýhan birleşikleriň ýolbaşçylary, oba arçynlary, hünärmenler çagyrylýarlar. Okaýşy obanyň, etrabyň, şäheriň ýolbaşçylary açýarlar. Bu bolsa okaýşa uly ähmiýet berilýändigini aňladýar.

Okaýşyň esasy bolup, wagyz-nesihat serişdeleri hyzmat edýär. Täze tehnika, önümçiligiň önümlerine bagyşlanan sergiler guralýar. Görkezme diwarlyklarynda çyzgylar, taryhy resminamalar, şekillendiriş sungatynyň eserleri, fotosuratlar ýerleşdirilýär. Mundan başga-da, köpçülikleýin okaýyşlarda kitap sergilerini, kinofilm görkezmek, magnit ýazgylaryny diňlemek ýaly serişdeler ulanylýar. Okaýşyň başlanmagynyň öň ýanynda, arakesmelerde jemgyýetçilik wekilleri, alymlar, edebiýatçylar, artistler medeni-dynç alyş edaralarynyň girel-

gesinde diňleýjiler bilen duşuşýarlar. Şu ýerde ol ýa-da beýleki temalar boýunça maslahatlar geçirilýär.

Köpçülikleýin okaýyşlar zähmetkeşleriň işden boş wagtlary geçirilýär. Şonuň üçin olara ýekşenbe okaýyşlary hem diýilýär. Sebäbi köpçülikleýin okaýyşlar diňe önümçilikde işleýänler üçin guralman, eýsem medeni-dynç alyş edaralary ähli raýatlara hyzmat etmekligi göz öňüne tutýar.

Okaýyşlar gündiz geçirilse, amatly bolýar. Olardaky leksiýalar, nutuklar we beýleki çäreler düşnükli we gyzykly bolmalydyr. Onuň maksatnamasyna ussat artistleriň we çeper höwesjeňleriň çykyşlary, kinofilmleri görkezmek ýaly çäreler goşulmalydyr. Umuman, köpçülikleýin okaýşyny medeniýet baýramçylygyna öwürmek barada alada edilmelidir.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň iş tejribesinde şu aşakdaky köpçülikleýin okaýyşlar peýdalanylýar: Türkmenistanyň Garaşsyz döwlet bolmagy, obanyň galkynmagy, Esasy Kanunymyzyň täze redaksiýasynyň kabul edilmegi bilen, ol okaýyşlaryň käbirleriniň üýtgäp, käbiriniň ýerine bolsa, täze temalaýyn okaýyşlaryň goşulmagy mümkin.

*Köpçülikleýin okaýyşlaryň görnüşleri:*

– Syýasy okaýyşlar;
– Maslahat okaýyşlary;
– Çeper sungat okaýyşlary;
– Ylmy okaýyşlar;
– Pedagogik okaýyşlar;
– Edebi okaýyşlar.

Okaýyşlary dürli syýasy, ykdysady we medeni meselelere bagyşlap geçirmek mümkin. Mysal üçin, her ýylyň iýun aýynyň 27-sine Döwletimiziň medeniýet we sungat işgärleriniň güni, oktýabr aýynda Ýurdumyzyň Garaşsyzlyk baýramçylygyna we ş.m. bagyşlanyp geçirmek bolar.

Bu çäre «Okaýyş» diýen adyna garamazdan, ol, sözüň hakyky manysynda, okaýşy däl-de, çäreleriň toplumyny öz içine alýar.

Saýlanyp alnan köpçülikleýin okaýyş bir ýa-da birnäçe günde bolup geçýär. Mysal üçin, beýik türkmen şahyry Magtymgula ba-

7. Sargyt № 2130

gyşlanan okaýyşy maý aýlarynyň ýekşenbe günlerinde geçirmek bolar. Onuň maksatnamasynyň şu aşakdaky ýaly bolmagy mümkin:

Birinji ýekşenbe – şahyryň ömri we döredijiligi barada leksiýa. Çeper höwesjeňleriň ýerine ýetirmeginde şahyryň goşgularyndan çeper okaýyşlar.

Ikinji ýekşenbe – Magtymgulynyň kinoda, teatrda keşbini döreden režisýorlar we aktýorlar bilen duşuşyk. «Magtymguly» çeper filmini ýa-da ondan bölekleri görkezmek. Spektakllardan bölekler.

Üçünji ýekşenbe – «Magtymguly – türkmen bagşylarynyň namalarynda» diýen maslahat – konsert.

Şu hili görnüşde geçirilen köpçülikleýin okaýyş beýik şahyryň ömri-döredijiligi we häzirki döwürde türkmen halkynyň durmuşynda tutýan orny bilen halk köpçüligini giňden tanyşdyrmaklyga kömek eder.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda görkezme serişdeleri bilen wagyz-habar beriş işlerini guramak

Wagyz-nesihat işiniň has-da täsirli we düşnükli bolmagyny gazanmakda, habarlaryň ilat tarapyndan oňat kabul edilmeginde görkezme wagyz-nesihat işiniň uly ähmiýeti bar. «Eşiden deň bolmaz gören göz bilen» diýen atalar sözi munuň şeýledigini tassyk edýär.

Görkezmeli wagyz-nesihat işiniň serişdeleri wakany has düşnükli, has anyk edip, adamlara ýetirmeklige kömek edýär. Olar özüne çekiji tekstiň we suratyň üsti bilen zähmetkeşlere syýasy we hojalyk meselelerini giňden düşündirýärler, adamlaryň aňly-düşünjeli bolmagyna ýardam edýärler.

Görkezmeli wagyz-nesihat işi zähmetkeşleri bäsleşige, ýaryşa, önümçilik görkezijilerini ýokarlandyrmaga çagyrýar, olaryň ruhy galkynyşyna, aňyna täsir edip, olary şu günüň wajyp meselelerini çözmeklige çekýär.

Giň manyda alanyňda, görkezmeli wagyz diýen düşünje özüne ähli görkezme täsirini ýetirýän serişdeleri jemleýär. Muňa bizi gurşap

alýan durmuş hakykatlaryndan başga-da, görkezilýän filmler, sergiler, monumental şekillendiriş sungatynyň eserleri, çyzgylar, kartalar, diwarlyklar, mahabatlar, binaşynaslyk kompozisiýalary girýärler.

Görkezmeli wagyz-nesihat işini döretmeklige we ýerleşdirmeklige diňe suratkeşler we medeniýet işgärleri gatnaşman, eýsem binagärler, düzüjiler, inženerler, psihologlar we beýlekiler hem gatnaşýarlar. Eger-de şäher, etrap, oba, kärhana, medeni-dynç alyş edarasy öz edaralaryny görkezme serişdeleri bilen bezejek bolsa, onda olar şu iş bilen meşgul bolýan guramalar bilen iş alyp barmalydyrlar. Mysal üçin, bezeg işi bilen meşgul bolýan kärhanalar bilen şertnama baglaşyp bilerler. Soňky döwürlerde iri medeni-dynç alyş edaranyň ýanynda çeperçilik ussahanalary döredilip başlandy. Olar hojalyk hasaplaşygy şertlerinde işleýärler. Olaryň işinden hem peýdalanyp bolar.

Görkezmeli wagyz-nesihat işini guramak barada kitaplar we beýleki usuly gollanmalar çykaryldy. Mysal üçin, A.Wolewik. «Görkezme bilen ynandyrmak», M. 1972; A.Şipanow «Suratkeş oba medeniýet öýünde», M. 1968; Görkezme wagyz-nesihat işi, M. 1978; A. Ponamarýow medeni-dynç alyş edarasynda görkezme wagyz-nesihat işi, M. 1972 we beýlekiler.

Görkezmeli wagyz-nesihat işiniň üstünligi onuň syýasy-köpçülik işleriň hem-de medeni işleriniň beýleki görnüşleri bilen nähili derejede utgaşdyrylandygy bilen kesgitlenilýär. Olar agzeki (dil üsti) wagyz-nesihat işi bilen utgaşdyrylyp alnyp barylmasa, onda olar täsirsiz, jansyz bir zat bolup galýarlar. Mysal üçin, medeni-dynç alyş edarasynda suratlary sergi hökmünde guramaklyk ýeterlik däl. Onuň maglumatlaryny gürrüň geçirijileriň düşündirip durmaklaryny hem guramak gerek ýa-da bäsleşigiň barşy hakyndaky tagtadaky görkezijiler barada diwar gazetde ýerleşdirip, ol görkezijiler barada habar berlip durulmalydyr.

Häzirki döwürde görkezme wagyz-nesihat görnüşlerine dürli diwarlyklaryň (transparantlar, witrinalar, stendler) ýaly görnüşleri hem girýär. Olarda dürli suratlary we ýazgylary ýerleşdirmek bolar.

Görkezme serişdeleri ähli medeni köpçülik çärelerinde ulanylyp, olaryň täsirli bolmaklygyna kömek edýär. Onuň käbir görnüşi

– hormat tagtasy adamlary sylamaga kömek edýär. Onuň degişmeli serişdeleri – surat (foto) tankydy, karikatura – adamlaryň arasynda gabat gelýän ýetmezçilikler bilen göreşmeklige kömek berýär. Umuman, olaryň her bir görnüşiniň öňünde özüne laýyk maksady bolýar. Olaryň aglabasy medeniýet edaralarynyň içinde ýerleşdirilse, beýlekileri belli çäk boýunça kiçi etraplarda we beýleki kärhanalarda ýerleşdirilýär.

### Görkezmeli wagyz-nesihat işiniň şu aşakdaky görnüşleri bar:

1. Tebigy görkezme serişdeleri. Bu görnüşe adamlar ýa-da tebigat tarapyndan döredilen serişdeler (predmetler) girýärler;
2. Mulýazlar, maketler, modeller, biçüwler;
3. Çyzgy görnüşli görkezme serişdeler, mysal üçin: kartalar, çyzgylar, grafika;
4. Şekillendiriş – täsir ediji serişdeler, mysal üçin: kompozisiýa, fotosuratlar, ýazgylar.

Özüniň ulanyş möhleti boýunça görkezme wagyz-nesihat işi üç görnüşe eýe bolýar:

5. **Günübirin.** (operatiw), mysal üçin: diwarlyk, degişme sahypasy, bildiriş, sungat uçgunlary, diwar gazeti we ş.m. Olar wakalary çalt tomaşaçylara ýetirmek üçin ulanylýar. Olarda degişmeli, tankydy, adam ahlagyny tämizleýji karikaturalary, şaržlary peýdalanmak bolar.
6. **Wagtlaýyn.** Olar resmileýin we bütewileýin görnüşe bölünýärler. Resmileýin görnüşde, esasan, foto-resminamalar ulanylýar. Bütewileýin görnüşe temalaýyn sergiler mysal bolup biler;
7. **Yzygiderli ýa-da mydamalyk** hereket edýän görnüşi.

Mysal üçin, medeni-dynç alyş edarasynyň bezegi – suratlar, surat kompozisiýasy, portretler.

Medeniýet edaralarynda görkezmeli wagyz-nesihat işiniň talaba laýyk guralmagy üçin ýörite jemgyýetçilik geňeşi döredilýär. Onuň düzümine suratkeşler, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, medeni-dynç alyş edarasynyň işjeňleri girýärler.

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň gurşawy we ony döretmekligiň aýratynlygy

Medeni-dynç alyş edaralarynyň işine we şonuň bilen birlikde olaryň gurşawyny döretmeklige hem çeperçilik ylmy taýdan çemeleşilýär. Medeniýet edaralary özlerine mahsus ähli gurşaw toplumy bilen (bezegleri, arhitekturasy, abadanlaşdyrylyşy, içki we daşky guramalaryň desgalary) we ş. m. bilen çeperçilik häsiýetine eýedir we adamlar üçin hem-de olara täsir etmek üçin niýetlenendirler. Şol döredilen gurşawlar medeniýet edaralarynda estetiki, dynç alyş, döredijilik wezipelerini amala aşyrmaga şert döredýärler. Adamlar bu gurşawlar bilen gatnaşykda bolup, özleriniň isleg-talaplaryna (aň-düşünjesini ösdürmek, emosional lezzet almak, durmuşda bähbit araýan zatlaryndan ugur almak, özleriniň hünärmenlik isleg talaplary bilen baglanyşykly düşünjeleri bilen meşgul bolmak, hünärini artdyrmak ýa-da hünär almak) kybapdaş gymmatlyklardan ugur alýarlar. Şeýlelikde, gurşaw gymmatlyklary bütewi kompozision gurluşy hökmünde döredilip, bu edaralaryň köptaraplaýyn wezipelerini çözmäge ýardam edýär. Ýöne medeniyet edarasy birtaraplaýyn iş alyp barýan bolsa onuň gurşawyny döretmek üçin, esasan, şol ugra degişli gymatlyklardan ugur alynýar, medeni-dynç alyş edaralarynyň dynç alyş gurşawy üýtgäp durýan, özgerýän, kämilleşýän toplumdyr, mysal üçin, olaryň bezegi, içki gurnamalary, daşky bezegleri, desgalary üýtgäp durýar: Olaryň döwre görä täze görnüşleri, täze wezipeleri döreýär. Häzirki döwürde Garaşsyz Türkmenistanda umumy milli galkynyş milli medeni galkynyş bilen baglanişykda medeniyet edaralarynyň täze görnüşleri, täze gurşawlary, täze wezipeleri döreýär. Olar, esasan, halkyň milli isleg talaplaryndan, ata-babalarymyzyň milli däp-dessurlaryndan, şeýle hem medeni mirasyň gymmatlyklaryndan ugur alýar, ýöne häzirki döwürde biziň durmuşymyza aralaşan, sarp edilen dünýä medeniýetiniň dynç alşyny, gymmatlyklaryny inkär etmek hem bolmaz. Diýmek, ýaşlaryň dynç alşynda medeni-dynç alyş gurşawynyň toplumynda şol gymmatlyklar hem peýdalanylýar. Her bir döredilýän medeni-dynç alyş gurşawynyň gymmatlyklary dürli medeni meýilnamalary amala aşyrmakda içki, çäkli medeni-tehniki, tebigat, çeperçilik edebi we beýleki döredijiligi guramaga, ol işleri daşky açyk

giňişlikdäki çäreler bilen baglanyşykly alyp barmaga, ýekebara medeni-dynç alyş islegi kanagatlandyrmaga şert döredýär. Bu edaralar häzirki zaman tehniki materiallary, enjamlary we serişdeleri hem-de gurallary bilen üpjün edilmelidir.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň taslamalarynda olaryň köp ugry (kompleks), ýagny sport, sagaldyş, sergi zaly, tehniki döredijilik we ş.m. ugurlary döredilmelidir.

Adamlar dürli daşky gurşaw bilen tebigi gurşawy peýdalanmalydyrlar, şolaryň esasynda adamlaryň ruhy dünýäsi, aň-düşünjesi, pikir-garaýyşlary kalby baýlaşýar, kämilleşýär, öz gezeginde adam hem, bir tarapdan, tebigat gurşawyna täsir etse, ikinji tarapdan, tebigat hem adama täsir edýär. Ýöne şol gurşaw adamlaryň özleriniň medeni we ruhy derejesine görä seljerilip, kabul edilýär we peýdalanylýar. Durmuşda pes düşünjeli adamlar hem tebigy gymmatlyklara zyýan edip bilýärler.

Esbaplar, zatlar, tehniki serişdeler saz gurallary we mebeller edaranyň jaýynyň içki gurşawyna degişli bolmak bilen adamlaryň isleg-talaplaryny özgerdýär.

Adam öz durmuşynda olardan peýdalanyp, öziniň boş wagtyny netijeli guraýar, durmuşyny baýlaşdyrýar, gözelleşdirýär, lezzet alýar we manyly ýaşaýyşda bolýar.

Daşky gurşaw medeni köpçilik işlerinde bezeg hem-de dekorasiýa bolup hyzmat edýär.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda bezeg işleri. Medeni-dynç alyş edaralarynda diwar serişdeleri (çagyryşlar, kartalar, witrinalar, hormat tagtalary, görkezme tagtalary, diagrammalar)

Diwar serişdeleri görkezmeli wagyz-nesihat işiniň möhüm serişdesidir. Köçelerde we jemgyýetçilik ýerlerinde goýmak üçin niýetlenen, ýüzi ýazgyly reňkli şekillendirişe diwar serişdeleri (panno) diýlip, at berilýär.

Diwar serişdeleri raýatlyk urşy ýyllarynda giňden peýdalanylypdyr. Olar öz döwrüniň möhüm wakalaryna bagyşlanypdyr. «Окна

Rosta» üçin degişme şygarlary we plakatlary (şol wagt bu görkezme diwar serişdelerini «Plakat» diýip atlandyrypdyrlar), olary şahyr B. Maýakowskiý döredipdir.

Raýatlyk urşundan soň içeri we halkara wakalarynyň, möhüm wakalarynyň dürli taraplaryny öz içine almak bilen diwar serişdeler sungatynyň tematikasy has-da giňelýär. Ýurduň taryhy özünuň beýanyny görkezme diwar serişdelerinden tapdy.

Köpçüligi çagyrmak we olaryň syýasy aň-düşünjesini artdyrmak işinde, 1941–1945-nji ýyllaryň Watançylyk urşy ýyllarynda diwar serişdelerine uly orun degişli boldy. Şol döwürde diwar serişdelerine duşmany paş etmäge, frontyň we tylyň gahrymanlaryny görkezmäge gönükdirilipdi, hökman ýeňiş gazanyljakdygy barada ynam döredýärdi.

Häzirki döwürde diwar serişdeleri biziň ýurdumyzyň has möhüm we günübirin meselelerine bagyşlanylýar. Olardan edilýän esasy talap döwrebaplykdyr. Diwar serişdelerinde şu günüň çözülmeli meseleleri göz öňüne tutulmalydyr, özüne çekiji bolmalydyr. Diwar serişdelerinde olaryň salgysynyň anyk, temasynyň takyk, düşnükli, kompozisiýasynyň özüne çekiji, ýazgysynyň şekil bilen bagly bolmagy talap edilýär.

Häsiýeti boýunça diwar serişdelerini şertleýin dört bölege – wagyz-nesihat, illiýustratiw, tehniki we mahabat serişdelerine bölmek bolar. Olar mazmuny boýunça syýasy, ykdysady-önümçilik, durmuşyň dürli taraplaryna bagyşlanan bolup bilerler. Jemgyýetiň yzagalak adamlaryny tankyt edýän,olar bilen göreşmäge çagyrýan diwar serişdeleriniň ähmiýeti uludyr.

Nesihat işi boýunça diwar serişdeleri olaryň içinde iň köp ýaýran görnüşleriň biri bolmak bilen, syýasy nesihat işi boýunça hyzmat edýär. Nesihat işi boýunça diwar serişdeleri ýüzündäki çagyryşyň ýazgysy bilen aýdyň birleşip, sazlaşýan bir çeper keşbi emele getirýärler.

Wagyz işi boýunça diwar serişdeleri tehniki-önümçilik we ylmy aň-bilim wagyz işiniň serişdesidir. Bu bölege degişli diwarlyklarda fotosuratlaryň, çyzgylaryň we beýleki resminamalaýyn serişdeleriň kömegi arkaly önümçilikde öňdebaryjy tejribe barada gürrüň berilýär, ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünlikleri görkezilýär, ylym-bilim ýaýradylýar.

Medeni-dynç alyş edaralarynda oba hojalygy we onuň ykdysadyýetine degişli diwar serişdeleri taýýarlanylýar. Meselem, «Deňeşdir we netije çykar!», «Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň aýdyň ýolunda» diýen diwarlyklarda şu günüň derwaýys meselesini, täze ideologiýamyzyň çözgütlerini görkezmek bolar. Bu boýunça ýörite geňeş döredilýär. Şu geňeş diwar serişdelerini taýýarlaýan işgärler we oba hojalyk hünärmenleri bilen bilelikde, iş ýüzünde barlanyp görlen, haýsy hem bolsa bir usulyň öz daýhan birleşiginde ornaşdyrylmagynyň berýän ykdysady peýdasyny hasaplap görýär. Diwar serişdelerinde çagyryş ýazylýar, gysgajyk düşündiriş berilýär. Bezeg hökmünde fotosuratlary, bezeg-çeperçilik suratlary, sada hem-de täsirli ösüş çyzgylary, deňeşdirme çyzgylary ýerleşdirilýär.

Illiýustratiw-tehniki diwar serişdeleri täze tehnikany wagyz etmeklige, täze maşynlary, mehanizmleri ulanmagyň usullaryny görkezmeklige we ş.m. bagyşlanýar. Ol diňe bir önümçilik pursadyny şekillendirmän, ony jikme-jik beýan edýär.

Wagyz boýunça hem-de illiýustratiw-tehniki diwar serişdelerine okuw diwarlyklary-da girýär. Okuw diwar serişdelerinde esasy üns ýazgylara berilýär. Wagyz işi boýunça diwar serişdeleriniň görnüşleriniň biri-de kitaphana diwarlyklarydyr. Olaryň esasy maksady iň oňat jemgyýetçilik-syýasy, ýörite we çeper edebiýatlara gyzyklanma döretmekden ybaratdyr.

Mahabat diwar serişdelerine (muňa dekoratiw-bezeg hem diýilýär) diwarlyklar girýär. Söwda guramalarynda, kinokärhanalarynda, neşirýatlarda, teatrlarda, sirklerde we ş.m.-de giňden ulanýarlar.

Diwarlyklar iki ýol bilen – çap etmeklik hem-de höwesjeňlik /elde taýýarlamaklyk/ ýoly bilen taýýarlanylýar.

Çap etmeklik grafika we şekillendiriş sungatlarynyň ýa-da fotosurat sungatyny işläp taýýarlamak ýoly bilen taýýarlanylýar.

Höwesjeň diwarlyklar döredilende, çap edilen, wagyz we mahabat-dekoratiw diwarlyklarynyň kompozisiýalary ulanylyp, olara ýerli serişdeleri, ýazgylary, sanlary, atlary goşmak bilen taýýarlanylýar. Bu diwarlyklary taýýarlamaklykda gerekli serişde maglumatlary toplamaklyk usuly peýdalanylýar.

Şekillendirilişindäki açyklyk, aýdynlyk, sadalyk, onuň ýüzündäki ýazgynyň azsözlüligi /okuw instruktiw diwar serişdesinden özgesi/

diwarlyga mahsus bolan esasy sypatlardyr. Diwar serişdesi daşdan, uzak aralykdan özleşdirilýär. Şonuň üçinem surat uly, reňk öwüşginlik jähtden görnükli bolmalydyr.

Gowy diwar serişdesi – bu ýiti hem-de täsirli, adamlary öňe tarap gitmeklige çagyrýan, ýurdumyzyň syýasy, hojalyk ýa-da medeni durmuşyndaky iňňän möhüm wakalara tiz seslenýän diwar serişdesidir. Şeýlelik bilen diwar serişdeleriniň hili, ähmiýeti onuň temasynyň döwrebaplygy hem-de onuň çeperçilik taýdan amala aşyrylyşy bilen kesgitlenýär.

Ýazgynyň ähmiýetini-de ykrar etmezlik ýalňyşlyk bolar. Elbetde, diwar serişdeleri hiç bir ýazgysyz hem düşnükli bolmalydyr. Onuň çagyryjylyk güýji hem, esasan, onuň şekillendirlişi bilen kesgitlenilýär. Ýazgy gysga we aýdyň, çagyryş häsiýetinde bolup, tomaşaça täsiri güýçlendirmelidir.

Medeniýet işgärleri diwar serişdelerinden peýdalanmaklygyň usullaryny oňat bilmelidirler. Medeni-dynç alyş edaralarynyň diwar serişdelerini çem gelen maglumatlar bilen dolduryp goýmak garaşylýan netijä getirmez. Bu ýerde «Az bolsun, uz bolsun» diýen pähimden ugur almak peýdalydyr. Görnükli ýerde asylyp goýlan diwarlyk tomaşaçynyň ünsüni özüne oňat çekýär we onuň ýadynda berk galýar. Diwar serişdelerini oňat saklamak hem-de olara uly täsirlik bermek üçin, adatça, medeniýet işgärleri olary galyň gaty kagyzyň ýüzüne ýerleşdirýärler we gün ýagtylygy hem ýagyş zerarly solmaz ýaly ýerlerden asyp goýýarlar, gerekli enjamlar bilen bejerýärler.

Diwar serişdeleriniň esasy wezipesi öňe sürülýän waka, meselä gyzyklanma döretmekden, ol meseläni çüň öwrenmeklige zähmetkeşleri gönükdirmekden ybaratdyr.

## Ündeýiş şygarlary

Ündeýiş şygarlary syýasy wagyzyň söweşjeň hem-de wajyp görnüşidir. Ündeýiş şygarlarynda döwletiň ilata ýüzlenmesi gysga we anyk görnüşde öz beýanyny tapýar. Şygarlarda ähli zähmetkeşlere döwrüň iň wajyp meseleleri boýunça ýüzlenilip, olar şol meseleleri çözmeklige çagyrylýar. Şonuň üçin-de ol şygarlary beýan etmek bilen, ösen neşirýat tehnologiýasynyň önümleriň esasynda ýazylyp,

dürli baýramçylyklarda, dabaralarda, dynç alyş we seýil baglarynda, medeni-dynç alyş edaralarynda we guramalarda ýerleşdirilýär.

Özleriniň görnüşi boýunça ündeýiş şygarlary merkezi /umumy döwlet möçberinde/ we ýerli şygarlara bölünýärler. Olar gysga sözli, çüň manyly we aýdyň beýan edilen wagyz ediji serişdedir. Şonuň üçin-de, ündeýiş şygarlary zähmetkeşleriň syýasy we önümçilik durmuşynda uly ähmiýete eýedir.

Özleriniň häsiýetleri boýunça ündeýiş şygarlary aşakdaky toparlara bölünýärler:

– Gutlag ündeýiş şygarlary. Mysal üçin, «Ýaşulularyň maslahatyna gatnaşýanlara ýalkymly salam!»
– Şöhratlandyryjy ündeýiş şygarlary. Mysal üçin, «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň aýdyň ýoly bilen!»
– Dabaralandyryjy ündeýiş şygarlar. Mysal üçin, «Ýaşasyn, zähmetde uly ýeňiş gazanan türkmen daýhanlary!»
– Borçnama ündeýiş şygarlary. Mysal üçin, «Pagtany zaýasyz, hasyly yrýa etmän ýygnalyň!»
– Ykrar ediji ündeýiş şygarlary. Mysal üçin, «Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda biz bu gün dünýä çykýarys! Geljekde-de biz şu ýol bilen öz abraý-mertebämizi belende galdyrarys!».

Ündeýiş şygarlary, özüniň wezipelerine görä, dürli auditoriýa ýüzlenip bilner. Şonuň ýaly-da, uzak we gysga möhleteýin şygarlar bolup biler.

Ündeýiş şygarlarynyň esasy maksady ilaty öňe sürlen meseläni ýerine ýetirmeklige köpçülikleýin çagyrmakdan ybaratdyr. Medeniýet işgärleri şygarlary saýlap alanlarynda, olaryň temasyna üns bermelidirler.

## Kartalar

Kartalar wagyz-nesihat işinde görkezme esbaby hökmünde giňden peýdalanylýarlar. Bu işde syýasy we geografiki kartalaryň ähmiýeti uludyr. Olar ýurdumyzyň içeri ösüşlerini, daşary ýurt wakalaryny, halk hojalygynyň täzelikleriniň, täze açylan ýerleri, täze dörän şäherleri, gazylyp alynýan magdanlaryň täze tapylan ýerlerini we

şuňa menzeşleri görkezip, wagyz etmek üçin medeni-dynç alyş edaralary tarapyndan giňden ulanylýarlar. Kartalar zähmetkeşleriň bilimini çuňlaşdyrýarlar. Olar medeni-dynç alyş edaralarynyň görnükli ýerlerinde ýerleşdirilmelidir we maglumatlary habar berer ýaly aragatnaşyk ulgamy bilen sazlaşdyrylmalydyr ýa-da dürli reňkdäki suratlar bilen bezemelidirler Mundan başga-da kartalary ösen tehnikanyň talaplary esasynda ulanyp bolýar. Şeýle kartalary şu aşakdaky ýaly atlandyrmak bolar: «Jümle-jahan bir hepdäniň içinde», «Dünýä täzelikleri», «Hepdäniň wakalary», «Dünýäde näler görner» we ş.m.

Kartalar geljege hem bagyşlanyp bilnerler. Mysal üçin: «Bu işler geljekde ýerine ýetiriler», «Etrabymyz beýik ösüşlerde» ýaly atlar bilen maglumat berýän kartalary döretmek bolar

Kartalar adamlarda watançylyk, dostluk, ahlak duýgularyny terbiýeleýär.

Kartalar medeni-dynç alyş edaralarynda geçirilýän leksiýalarda, gürrüňlerde, duşuşyklarda giňden peýdalanylýarlar. «Syýasy kartanyň öňünde», «Globus», «Planeta» ýaly atlar bilen, medeni-dynç alyş edaralarynyň ýanynda döredilýän gyzyklanma toparlarda we birleşmelerde hem kartalar ulanylýar.

## Witrinalar

Witrinalar medeni-dynç alyş edaralarynda dürli görnüşlerde – özbaşdak ýa-da beýleki geçirilýän çärelere goşmaça serişde hökmünde-de ulanylyp bilnerler. Olar özleriniň mazmuny boýunça dürli meselelere bagyşlanýarlar. Mysal üçin, fotowitrinalaryň şu aşakdaky görnüşleri bar:

1. Maslahat beriji witrina. Ol dürli ugurlara bagyşlanyp: «Soraň, jogabyny alyň!», «Sen öz etrabyňy bilýärmiň?» we şuňa meňzeş atlar bilen döredilip bilnerler.

2. Duýduryş witrinalary. Olar, köplenç, saglygy goraýşa, köçe hereketleriniň howpsuzlygyna we ş.m. meselelere bagyşlanyp döredilýärler. Mysal üçin, «Dümewden goranyň!», «Köçe hereketleriniň düzgünini bozmaklyk heläkçilige ädilen ädimdir» we ş.m.

3. Degişme fotowitrinalar. Bu witrinalar durmuşda gabat gelýän dürli säwliklere bagyşlanyp döredilýär.

– Wagyz-nesihat işi boýunça witrinalar. Olar syýasata, daşary ýurt wakalaryna, önümçilige we ş.m. bagyşlanýarlar.

Witrinalarda degişli ýazgylar, sitatalar peýdalanylýar. Olar medeni-dynç alyş edaralarynyň geçirýan dürli medeni köpçülik çärelerinde şol çäreleri has-da çuňlaşdyrmak maksady bilen ulanylýar.

## Hormat tagtalary

Hormat tagtalary önümçiligiň we beýleki iş döwrüniň öňdebaryjy adamlaryna bagyşlanýar. Bu tagtalaryň esasy maksady obanyň, etrabyň, kärhananyň iň oňat adamlaryny ruhy-ahlak tarapdan gyzyklandyrmakdan we beýleki adamlary öňdebaryjynyň göreldesine eýermeklige çagyrmakdan ybaratdyr.

Hormat tagtalarynda zähmetde öňdebaryjylaryň suratlary ýerleşdirilýär. Olara suratlary ýerleşdiriljek adamlar saýlanylyp alnanda daýhan birleşikleriniň başlyklary, kärhanalaryň ýolbaşçylary, oba arçynlyklarynyň arçynlary bilen, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary bilen maslahatlaşylmalydyr. Hormat tagtasynda görkezmek üçin alnan fotogalereýa ýylda bir-iki gezek täzelenýär. Ony täzeligiň esasy bolup önümçiligiň ýarym, bir ýyllyk netijesi hyzmat edýär. Hormat tagtada görkezmek üçin alnan adamlaryň suratlary we maglumatlary önümçilikde we durmuşda beýlekilere görelde bolup biljek adamlar bolmalydyr. Hormat tagtalary, sözuň doly manysynda, hakykatdan-da, hormat tagtasy bolmaly. Şonuň üçin olar ýörite ussahanalarda, etrabyň önümçilik kärhanalarynda we dürli bezeg işlerini ýerine ýetirýän hususy kärhanalarda ýasalýar. Onuň ady, nyşanlary basma /çekanka/ sungatynyň üsti bilen, mydamalyk peýdalanmak maksady bilen ýasalýar ýa-da ösen tehnologiýa esasda taýýarlanylýar. Onda zähmet nyşanlarynyň şekili hem-de gysga şöhratlandyrma çagyryşy berilýär.

Hormat tagtasyny döredijiler oňa saýlanyp alnan ähli fotoportretleriň birmeňzeş bolmagyny gazanmalydyrlar, olaryň aşagyndaky ýazgylarda şol adamlaryň kimdigi, nähili görkezijiler gazanandygy görkezilmelidir.

Ýazgylar suratkeş tarapyndan ýa-da neşir enjamlary tarapyndan ýazylmalydyr. Medeniýet işgärleri bu tagtalaryň ýanynda, ondaky öň-

debaryjylar barada yzygiderli gürrüňler geçirip durmalydyrlar. Olar barada maglumatlar bukjalaryny döretmelidirler.

## Görkeziji tagtalar

Görkeziji tagtalar önümçiligiň gyzgalaňly ýerinde giňden ulanylýan serişdeleriň biridir. Olar köpçüligiň, toparlaryň, kärendeçiler toparynyň, obalaryň, etraplaryň ýaryşlaryna bagyşlanylýar. Olaryň käbirlerinde her günki, beýlekilerinde on günlük ösüş netijeleri görkezilýär.

Görkeziji tagtalar, aýratynam, oba hojalyk möwsümlerinde – ekiş, ýygym, owlak-guzy almak we ş.m. möwsümlerde giňden ulanylýar. Medeni-dynç alyş edaralary ondaky sanlary dürli köpçülik çäreleriň, çeperçilik serişdeleriň üsti bilen giň halk köpçüliginiň dykgatyna ýetirmek barada işleri alyp barýarlar.

## Diagrammalar

Diagrammalar halk hojalygynyň ösüşini, döwlet meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişini, medeni gurluşyklary, ilatyň durmuş ýagdaýyny we ş.m. täsirli görkezmekde giňden ulanylýarlar. Olarda dürli sanlar, göterimler görkezilýär. Diagrammalar öz mamunyna laýyklykda illýustratiw şekiller bilen beýan edilse, täsirli bolýarlar.

Tejribede diagrammalaryň dürli görnüşleri ulanylýar. Olaryň aşakdaky ýaly görnüşleri bar:

a) gorizontal şekilli diagrammalar;

b) wertikal diagrammalar;

c) silindr şekilli diagrammalar.

Diagrammalar medeni-dynç alyş edaralarynda özbaşdak görnüşde-de, medeni-dynç alyş edaralarynyň sergilerinde-de goşmaça serişde hökmünde ulanylyp bilner.

Diagrammalara edilýän esasy talap olaryň täsirli bolmagydyr. Şonuň üçin ondaky peýdalanylýan maglumatlaryň anyk, ilýustratiw şekilleriň özüne çekiji, delilleriň deňeşdirme sypata eýe bolmaklygy möhümdir.

# Medeni-dynç alyş edaralarynda sergiler

Medeni-dynç alyş edaralarynda sergiler gündelik köpçülik-syýasy we medeniýet işinde örän wajyp orunlaryň birini tutýar. Sergiler döwletiň syýasy we ykdysady medeni durmuş üstünliklerini hem-de wezipelerini, ýurdumyzyň durmuşynda bolup geçýän iňňän möhüm wakalary beýän edýärler we olar bilen giň halk köpçüligini tanyşdyrýarlar. Olar görkezmeli wagyz-nesihat işiniň bütewileýin görnüşi bolmak bilen, ilatyň arasynda uly medeni we terbiýeçilik işini hem alyp barýarlar.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň sergileri kärhananyň, daýhan birleşigiň taryhyna, tehnika, senagata, ykdysasyýete, obanyň, etrabyň medeni durmuşyna bagyşlanyp bilnerler. Umuman, sergiler adamlaryň zähmetiniň we döredijiliginiň netijesini hem-de olaryň ösüş basgançaklaryny görkezýärler. Medeni sergilerde dürli gymmatlyklar, esbaplar, enjamlar we ş.m. ýerleşdirilýär. Sergilerde senagat we oba hojalyk önümleriniň asyl nusgalaryny, enjamlaryň modellerini, maketlerini, halk senetçiliginiň önümlerini, çeper höwesjeňleriň döredijiligini we olar baradaky fotosuratlary, resminamalary, portretleri we beýlekiler ulanylýar.

Sergiler özleriniň görnüşi boýunça iki bölege, ýagny **umumy we ýörite** sergilere bölünýärler.

Umumy sergiler tomaşaçylary halk hojalygynyň dürli pudaklarynyň önümleri bilen, mysal üçin, halk köpçüligini etrabyň kärhanalarynyň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe gazanan üstünlikleri bilen tanyşdyrýar. Serginiň bu görnüşine Aşgabatdaky Türkmenistanyň Sergiler köşgünde guralýan halk hojalygynyň önümçilik sergileri mysal bolup biler.

Ýörite sergiler halk hojalygynyň haýsy-da bolsa bir pudagyna, mysal üçin, oba hojalygyna, senagata, medeniýete we sungata, ülkäni öwrenişe we ş.m. ulgamlara bagyşlanylýar.

Sergiler özleriniň peýdalanylyş möhletleri boýunça **uzak möhletli we wagtlaýyn** sergilere bölünýärler. Mundan başga-da, olary hemişelik we göçme sergilere bölmek bolar. Hemişelik sergiler medeni-dynç alyş edaralarynyň esasy zallarynda, foýesinde guralyp, olar

oba, etrap merkezleriniň zähmetkeşlerine hyzmat edýärler. Etrap, oba merkezinden uzaklyklarda zähmet çekýän adamlara hyzmat etmeklik üçin, ýörite toparlaryň kömegi bilen göçme sergiler guralýar. Olar wagtlaýyn sergileriň bir görnüşidir. Bu sergilerde, aňsat ýygnalýan ýeňil görkeziji sahna bezegleri, stollar we ş.m. peýdalanylýar.

Sergiler özleriniň mazmuny we maksady boýunça hojalyk, wagyz hem-de mahabat sergilerine bölünýärler.

Sergini taýýarlamak onuň temalaýyn meýilnamasyny düzmeklikden başlanýar. Medeniýet işgärleri bu işde daýhan birleşiginiň we ýerli intelligensiýanyň hataryndan işjeňleri çekýärler. Eger-de hemişelik sergi guralýan bolsa, onda serginiň oýlanyşykly meýilnamalaryny düzüp biljek, sergide syn etmek üçin goýar ýaly zerur maglumatlary toplamagy başarýan ýörite topar döredilýär.

Sergini taýýarlamak onuň temalaýyn meýilnamasyny düzmekden başlanýar. Onda esasy tema we kömekçi temalar kesgitlenýär, geljekki serginiň düzümi işlenip düzülýär. Mundan başga-da, serginiň nirede ýerleşdiriljekdigi anyklanylýar. Köplenç, bu maksat üçin medeni-dynç alyş edaralarynyň foýesi ulanylýar. Dürli göwrümli gymmatlyklary, esbap, gural we ş.m. ýerleşdirmek meseleleri (senagat we oba hojalyk önümleri, maşynlaryň maketleri, fotoýazgy we ş.m.) çözülýär. Şondan soň serginiň temalaýyn-ekspozision meýilnamasy işlenip taýýarlanylýar. Bu meýilnamada serginiň maglumatlarynyň yzygiderligi, gymmatlyklaryň, esbap-gurallaryň ýazgysy, degişli ýazgylar (gymmatlyklara düşündirişler), etiketkalar ýa-da gysgaça düşündirişler taýýarlanylýar. Ondan soň montaž kagyzy döredilýär hem-de serginiň çyzgysynyň – çeper bezelişiniň üstünde işlenilýär.

*Temalaýyn-ekspozision meýilnamany şu aşakdaky ýaly görnüşde meýilnamalaşdyrmak bolar:*

| t/b | Temalaýyn meýilnamanyň esasy soraglary | Sergide goýuljak zatlaryň görnüşleri | Goýuljak zatlaryň ölçegi | Goýuljak zatlaryň mazmuny (gysgaça ýazgysy, sitata, etiketka we ş.m.) | Goýuljak zatlaryň alnan çeşmesi | Bellik (suratça, sergini taýýarlaýana ýumuş) |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| | | | | | | |

Serginiň montaž sahypasy kagyzda çyzylýar. Onda sergidäki peýdalanyljak, ulanyljak gymmatlyklaryň, enjamlaryň, esbaplaryň möçberi, olaryň ýerleşdiriljek görkezme tagtalary we konstruksiýalary görkezilýär.

Mysaly nusgalar montaž sahypasyndan tapawutlanýarlar, ýagny olar dürli reňkde görkezilýärler. Ol geljekki haýsam bolsa bir görkeziljek zatlaryň reňkini bermeli. Mysaly nusgada görkeziljek zatlaryň ýerleşjek ýeriniň (diwaryň, poluň) reňki-de görkezilýärler.

Sergini guraýjylar ekspozisiýany gyzykly ýerleşdirmeklige üns bermelidirler. Şu maksat bilen sergilerde hereket edýän modeller, ýanyp-öçüp durýan slaýdlar, «gepleşýän» diwarlyklar, mysal üçin: çeper höwesjeňleriň çykyşy baradaky fotosuratlar görkezilende, ony aýdym-saz bilen bezemek ýaly serişdeler peýdalanylýar.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda metbugatyň ilata ýetirilişi

Metbugat eserleri döwletiň esasy ideologiýa ýaragydyr. Metbugat eserlerine kitaplar we döwürleýin metbugat neşirleri – gazet, žurnallar, kitaplar, görkezme sahypalary, diwar gazetleri we ş.m. girýärler. Olar adamlary terbiýelemekde we hemmetaraplaýyn kämilleşdirmekde esasy serişdedir. Metbugat serişdeleri her günde dürli dillerde müňlerçe san (tiraž) bilen çap edilýär we giň halk köpçüligine ýetirilýär.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny gazanan ilkinji günlerinden başlap, döwletimiziň metbugaty özüniň bar ünsüni ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek, ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak, agzybirligi berkitmek, dünýä türkmenlerini birleşdirmek ýaly möhüm meselelere berip ugrady. Bu möhüm meselelere uly üns bermek bilen, ýurdumyzyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow metbugat işgärleri bilen yzygiderli duşuşyp durýar.

Metbugat her bir meselede maslahatçydyr, buşlukçydyr we jarçydyr. Ol jemgyýetçilik pikirini döretmeklikde bahasyna ýetip bolmajak wezipäni ýerine ýetirýär.

Ylmyň çeşmesi bolan kitap barada belli akyldarlar, alymlar, ýazyjylar, şahyrlar bize köpsanly dürdäne sözleri miras goýupdyrlar.

Özbek ýazyjysy Aýbek: «Kitap adamyň paýhasynyň dürdänesini ýygnaýar we olary nesilden-nesle geçirýär. Biz bir gysym gum bolup gideris, ýöne kitaplar welin, demirden hem daşdan ýasalan ýadygärlikler ýaly müdimilik saklanýar» diýip ýazýar. Kitap barada şahyr *Abdyrahman Jamy:*

«Kitapdyr adamyň baky hemrasy,
Oňarsaň bolgun sen, şonuň gümrasy.
Kitap dostdur, asla gama batyrmaz,
Pähimiňi goýaldar, pikirleň şasy»

diýmek bilen, onuň uly terbiýeçilik ähmiýetini belleýär.

Bu täsin adamzat sungaty barada belli türkmen ýazyjysy B. Kerbabaýew has-da gyzykly pikirleri orta atýar. Ol: «Kitap seni dünýäniň meşhur adamlary, alymlary, ýazyjylary, suratkeşleri, kompozitorlary bilen islän wagtyňda duşuryp, islän wagtyňda sözleşdirip biler.

Kitap saňa dürli ylymdan ders berer, kitap hiç wagt garramaýan, hemişe juwan, hemişe seniň gullugyňa häzir bolýan wepaly hyzmatkärdir. Sen haýsy döwrüň taryhyndan, haýsy milletiň gylyk-häsiýetinden, haýsy döwletiň ykbalyndan ruhlansaň, kitap seniň arzuwlaryňy ýerine ýetirýän, gije-gündize parh goýmaýan, ýadamany-armany bilmeýän, aýdym aýdyp, saz çalyp bilýän hoş owazly bir bagşydyr.

Kitap, göwnüňde pos bolsa, bulgur ýaly durlar, şähdiňe ganat beslär, ýetmeziň, ýalňyşyň bar bolsa sypaýyçylyk bilen görkezer, gandyrar, ynandyrar, ýörejek ýoluňa sönmez şöhle saçar.

Kitap erbet niýetlini tanamaga, erbet pirimi aňlamaga, hüşgär bolmaga ýol salgy berýän, Watanyňy, halkyňy, wepaly ýaryňy, ata-eneňi, dogan-garyndaşlaryňy, edýän işiňi söýdürýän, ruhuňy göterýän bir ylhamdyr» diýip ýazýar.

Ýokarda aýdylanlary nazara almak bilen, medeniýet işgärleri her bir kitaby, kitapçalary, gazet-žurnallary ilat köpçüligine ýetirmek barada yzygiderli iş alyp barmalydyrlar.

Medeni-dynç alyş edaralary metbugat eserlerini wagyz etmekligi kitaphanalar bilen birlikde alyp barýarlar. Olaryň etmeli aladasynyň ilkinjisi we iň möhümi medeniýet edaralarynyň merkezi gazet-žurnallary bilen yzygiderli üpjün edilmegini gazanmakdan ybaratdyr.

8. Sargyt № 2130

Kitaplary we döwürleýin metbugaty wagyz etmeklikde medeni-dynç alyş edaralary dürli görnüşleri we usullary ulanýarlar. Mysal üçin, olar medeni-dynç alyş edaralarynda gazet-žurnallary wagyz-nesihat etmek maksady bilen ýörite diwar gazetlerini çykarýarlar. Olarda gazet-žurnallaryň atlary, suratlary görkezilýär. Diwar gazetleri medeni-dynç alyş edaralarynyň görnükli ýerlerinde asylýar. Eger-de ondaky maglumatlary okyjylara hökmany suratda ýetiriljek bolsa, onda şol gazet-žurnallar, diwar gazýetleri açyk görnüşde ýerleşdirilýär. Medeni-dynç alyş edaralarynda gazetleri wagyz etmekde aşakdaky usullar:

1. Gazet witrinalary;
2. Gazet tagtalary;
3. Temalaýyn gazet witrinalary;
4. Gazet albomlary we beýlekiler ulanylýarlar.

Gazet maglumatlaryny halk köpçüligine ýetirmek üçin, gazet toplumyny döretmeklik, gündelik gazetleri medeni-dynç alyş edaralarynyň belli bir otagynda stolyň üstünde ýaýradyp goýmaklyk, onuň ýanynda esasy makalalary görkezýän we olary okamaklygy ündeýän, hödürleýji sanawy döretmeklik, käbir makalalara düşündiriş bermeklik peýdalydyr.

Wagyz-nesihat etmekde gazet witrinalary giňden ulanylýar. Merkezi gazetleri wagyz etmek üçin, medeni-dynç alyş edaralarynyň ýanlarynda gazet witrinalary döredilýär. Ol witrinalar özüniň görnüşi bilen okyjylary özüne çekmelidir. Şonuň bilen birlikde olar ýylyň dürli pasyllaryna laýyk bolmalydyrlar. (Gyş günleri, ýagyş ýagýan wagty, yssy, garaňky we.ş.m.).

Witrinalaryň beýikligi 190 sm bolmalydyr, ýerden aşakky erňeginiň 1 metr 10 sm bolmalydygy maslahat berilýär.

Witrinadaky ýerleşdirilen gazetleriň möhüm makalalarynyň aşagyny reňkli syýalar bilen çyzmak peýdalydyr. Şeýle edilse, okyjynyň ünsi bada-bat şol makala çekiler. Şeýle hem witrinanyň ýanynda gazetde gabat gelýän, düşnüksiz gysgaldylan sözlere düşündiriş berýän sözlük kagyzyny ýerleşdirmek, witrinany elektrik çyrasy bilen ýagtylandyrmak okyjylar üçin amatly şert döredýär. Eger-de gazetiň ýanynda syýasy-geografik kartalar ýerleşdirilse, witrinanyň medeni-dynç

alyş edaralarynyň içinde bolan ýagdaýynda gazetdäki wakalaryň bolýan ýerlerini bellemeklik bilen, okyjylara içgin tanyşmaklyga kömek berýär we ilatyň dünýä ýurtlary baradaky gözýetimini giňeldýär.

Käbir ýagdaýlarda has jemgyýetçilik bähbitli wakalar boýunça gazet witrinasynyň ýanynda ýygnanyşan okyjylar bilen nobatçy wagyzçy ýa-da medeniýet işgäri gürrüň hem geçirip biler.

Gazet witrinalarynyň dürli görnüşleri bar. Olaryň biri-de temalaýyn gazet witrinasydyr.Ol haýsy-da bolsa belli bir tema bagyşlanýar. Mysal ücin, «Soňky täzelikler», «Ekin meýdanlarynda», «Biziň etrabymyzda» we.ş.m atlary bilen gazet makalalarynyň bölekleri döredilip bilner. Şu hili ýol bilen temalaýyn gazet bukjalaryny döretmek bolar.

## Kitap sergileri

Kitaby we döwürleýin metbugaty wagyz etmekde kitap sergileri giňden ulanylýan görnüşleriň biridir.

Kitap sergileri okyjylaryň kitaphanadan kitap saýlap almagyny hem ýeňilleşdirýär. Bu sergiler 15–20 gün möhlet hereket edýärler. Kitap sergileri birnäçe wezipäni ýerine ýetirýär, mysal üçin, täze edebiýaty, oňat eserleri, aýry-aýry pudaklara degişli kitaplary wagyz etmek ýaly işlerde.

Okyjylaryň ünsüni sergä çekmeklik maksady bilen kitaphana sergileri illýustrasiýa edilýär. Kitap sergilerinde baş tema hem-de kömekçi temalar bolýar. Olarda sitatalar, düşündirişler, bibliografiýa ýazgyly kartoçkaly bukjajyklar ulanylýar. Kitaphanaçylar we medeniýet işgärleri sergileriň ýanynda okyjylar bilen kitaplar boýunça synlar geçirýärler.

## Kitaphananyň diwar serişdeleri

Kitaphananyň diwar serişdeleri medeni-dynç alyş edaralarynyň işinde giňden ulanylýan görnüşdir.

Kitaphana diwar serişdeleri bir ýa-da birnäçe tema, ýazyja, aýratyn kitaba bagyşlanyp bilner. Olar merkezleşdirilen usul bilen çaphanalarda çap edilýär. Ýöne, köp halatda, bu diwar serişdeleri kitap-

hana we medeniýet işgärleri tarapyndan taýýarlanylýar. Kitaphana diwar serişdelerinde kitaplaryň daşky görnüşi, olaryň gysgaça mazmuny beýan edilýär. Olar dürli atlar bilen, mysal üçin, «Şu kitaplary okaň!», «Kerim Gurbannepesowyň döredijiligi» we ş.m. atlar bilen çykarylýar. Olarda saýlanyp alnan tema boýunça bar bolan kitaplary görkezmek maksady bilen kitaphana kartoçkalary, bukjalary hem ýerleşdirilýär.

Kitaphana diwar serişdelerini taýýarlaýjylar onuň owadan we özüne çekiji bolmagy barada alada etmelidirler.

## Kitaphana synlary

Kitahana synlary okyjylary kitaphanadaky bar bolan edebiýatlar, gazet-žurnallar, kitapçalar bilen tanyşdyrmakda uly ähmiýete eýedir. Olary haýsy-da bolsa bir tema bagyşlanyp geçirip bolýar. Ýöne, köp halatda, synlar kitaphana gelýän täze edebiýatlara, döwürleýin metbugata bagyşlanyp geçirilýär.

Synlar okyjylaryň aýry-aýry toparlaryna, mysal üçin, belli bir kärdäki adamlara niýetlenip hem geçirilýär. Şu maksat bien geçirilýän kitaphana-bibliografiýa synlarynyň uly ähmiýeti bar. Ol dürli kärdäki hünärmenleriň bilimini yzygiderli ösdürmeklige ýardam edýär.

Synlar kitaphana we medeniýet işgärleri tarapyndan taýýarlanylýar we geçirilýär. Olarda kitaplar barada gysgaça gürrüň edilýär. Okyjylarda olary okamaklyga höwes döredilýär.

Eger-de synlary geçirmeklige halk hojalygynyň dürli pudaklarynyň hünärmenleri çekilse, mysal üçin, pagtaçy barada geçirilýän syny alym agronom geçirse, örän peýdaly bolar.

## Hödürleýji sanawlar

Kitaphanalarda metbugat eserlerini wagyz etmekde hödürleýji sanawlar giňden peýdalanylýar.

Hödürleýji sanawlar aýratyn iş görnüşi hökmünde-de, kitaphana işiniň beýleki görnüşlerinde goşmaça, kömekçi iş görnüşi hökmünde-de, mysal üçin, kitaphana sergilerine, diwarlyklaryna, bibliografiýa synlaryna, okyjylar maslahatlaryna bagyşlanyp taýýarlanylýar.

### Okyýjylar üçin maslahatlar

Okyjylar üçin maslahatlar kitaphana işiniň bitewi görnüşidir. Okyjylar üçin maslahata bagyşlap, kitaphana sergileri, diwarlyklary we maslahatda ara alnyp maslahatlaşyljak tema, kitap boýunça soraglar taýýarlanylýar, ara alnyp maslahatlaşyljak kitaby okyjylaryň okamagy barada alada edilýär.

Okyjylar üçin maslahaty geçirmekde medeni-dynç alyş edaralary hem uly iş alyp barýarlar. Olar kitaplaryň awtory, gahrymanlary bilen okyjylary duşurýarlar, çeper höwesjeňleriň kömegi bilen kitaplardan çeper okaýyş, sahnajyk, temalaýyn konsert taýýarlaýarlar. Okyjylar maslahatyndan başga-da medeni-dynç alyş edaralarynda kitaphana bilen bilelikde temalaýyn agşamlary, edebiýat agşamlary, çekişmeleri, edebi sazly kompozisiýalary geçirýärler. Bu edebi agşamlary geçirmek üçin ýörite ssenariý taýýarlaýarlar.

## Diwar metbugaty

Diwar metbugaty metbugatyň kopçülikleýin görnüşi bolmak bilen zawodlaryň, fabrikleriň, şäher we etrap okuw jaýlarynyň zähmet toparlarynyň gündelik durmuşy bilen berk baglydyr.

Olar jemgyýetçilik guramalarynyň bölümi hökmünde çykarylýar.

Medeni-dynç alyş edaralary zähmet toparlarynyň diwar gazetleriniň birleşmelerine amaly we usuly kömek berýärler. Olar etrap, şäher boýunça diwar gazetleriň guramaçylarynyň, habarçylarynyň okuwlaryny guraýarlar.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň işjeňleri diwar gazetini önümçilige, durmuşa, ýerli medeni wakalara degişli maglumatlar bilen üpjün edýärler.

Diwar gazetde «Öňdebaryjy tejribe», «Bäsleşikleriň gündeligi», «Biler bolsaňyz», »Biziň maslahatymyz» ýaly bölümleri döretmek bolar.

Diwar gazetler ýokary pikir-ideýaly, ugurly bolmalydyr.

*Diwar gazetleriniň, esasanam, şu aşakdaky görnüşleri bar:*

1. Günübirin (operatiw) diwar gazeti. Bu gazet, esasan, ýolbaşçy guramalaryň we kärhanalaryň gazetidir. Ondaky okyjylara hödürlen-

ýän maglumatlar oýlanyşykly saýlanyp alynmalydyr. Ol gazetler «Ýyldyrym», «Öndebaryjjylara şöhrat!» diýen ýaly atlar bilen çykarylýar.

2. Wagyz-nesihat üçin çykarylýan diwar gazetleri. Mysal üçin, «Wagyz» ady bilen çykarylyp, olarda syýasy maglumatlar berilýär .

3. Tankydy merkezi diwar gazeti. Oňa: «Degişme aýnasy», »Kirpi» ýaly gazetler degişlidir.

4. Söweşjeň görkeziji sahypalar. «Ýyldyrym» ýaly diwar gazetleri. Bu gazete 2–3 makala ýerleşdirilýär.

Gazetleriň ýene bir görnüşi «Gazet bukjalarydyr». Bu gazetler 3 sany kardon ýa-da faner listinden ybarat bolup, bir-biri bilen birleşen görnüşde bolýarlar. Olaryň ady mydamalyk bolup, çykarylanda diwar gazetleriniň çykan wagty we sany ýazylýar.

Diwar gazetleriň ýene bir görnüşi fotogazetlerdir. Bu gazet köpçüligiň durmuşyndan habar berýän fotosuratlardan ybarat bolýar.

Sesli, ýagtyly gazet, radiogazeti we ş.m. medeni-dynç alyş edaralarynda guralýar. Bu gazetleriň redbirleşmesiniň agzalary umumy ýygnaklarda bellenilýär.

Redbirleşmäniň her bir agzasy gazetiň belli bir ugruny alyp barmagyna bellenilýär. Redbirleşmäniň iş meýilnamasy we gazetiň her bir bölüminiň meýilnamasy işlenip düzülýär. Redbirleşme gazetiň reňk we surat bezegine, makalalaryň atlandyrylyşyna we mazmunyna üns berýär. Gazetiň yzygiderli we mazmunly çykyp durmagy üçin, onuň işine wagyz-nesihat, oba işjeňlerini çekmeklik gerek.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ulanylyşy we köpdürlüligi

Ylmy-tehniki ösüşiň gazanan üstünlikleri häzirki zaman jemgyýetine köpçülikleýin habar bermekligiň we wagyz serişdelerini – radiony, telewideniýeni, kinematografiýany giňden ornaşdyrdy. Bu serişdeleriň terbiýeçilik işinde-de, ilatyň gözýetimini giňeltmekde-de örän uly ähmiýeti bar. Radio we telewideniýe ýurduň içindäki we dünýädäki bolup geçýän wakalary ilata çalt we öz wagtynda ýetirmek-

ligi başarýar. Radionyň we telewideniýeniň auditoriýasy örän uly bolup, bütin ýurdy öz içine alýar.

Radio we telewideniýe, kinomatografiýa döwletiň syýasy wagyz-nesihat işinde esasy serişdelerdir. Olar özüniň alyp barýan işleri bilen syýasatda dünýäde bolup geçýän dürli wakalary, halk hojalygynyň we medeniýetiň gazanan üstünliklerini yzygiderli wagyz edýärler.

Medeni-dynç alyş edaralary öz geçirýän işlerinde radiony, telewideniýäni we kinematografiýany giňden peýdalanýarlar.

Medeni-dynç alyş edarasy öz gündelik işlerinde ýerli radiony yzygiderli peýdalanýar. Medeniýet işgärleri etraplarda we obalarda tele-radiogepleşikleri taýýarlamaga köp gatnaşmalydyrlar.

Teleradio merkezleriniň welaýat bölümleri bilen bilelikde önümçilige degişli bolan täze gepleşikler (reportažlar) geçirilip durulmalydyr. Bu çäreler, mümkin boldugyça, zähmetkeşleriň işlerindäki arakesmelerde ýa-da olaryň öýde bolan döwürlerinde geçirilmelidir.

Mundan başga-da ylma, tehnika, çaga, ahlak terbiýelerine, hojalyk işlerine, medeniýete degişli ýörite gepleşikleri bilelikde geçirmek bolar. Köp medeni-dynç alyş edaralary ýerli bölümleriň teleradio habarçylarynyň gatnaşmagynda çeper höwesjeňleriň çykyşlaryny yzygiderli gurap durýarlar. Medeni-dynç alyş edaralary radio gepleşiklerine habarçy we guramaçy hökmünde gatnaşýarlar. Olar öz işini tassyklanan iş meýilnama boýunça guraýarlar. Ol meýilnamalaşdyrylanda syýasy habarlar, ýörite çykyşlar, käbir geçiriljek agşamlara syn we gatnaşyjylardan geçýän çäre barada buýsanjyň täsiri söhbetdeşligiň üsti bilen göz öňünde tutulmalydyr. Mundan başga-da medeni-dynç alyş edaralary ýazgy etmek, radio gepleşikleri ilata ýetirmek barada köp işleri edip bilerler. Munuň üçin olar döwletimiziň radioýaýlymynda goýberilýän ähli gepleşikleri ilata ses gataldyjy enjamlaryň üsti bilen ýetip durýarlar. Medeniýet işgärleri saýlap alan radio gepleşigine ilaty çagyrmak üçin bildiriş berýärler.

Gepleşiklerde hödürlenen tejribäni daýhan birleşige, kärhana ornaşdyryp boljakdygy ýa-da bolmajakdygy barada halk köpçüligi bilen pikir alyşmak üçin dürli çäreler guralýar.

Medeni-dynç alyş edaralary çeper we resmi filmleri-de ulanmaklyga uly üns berýärler. Kinofilmler medeni-dynç alyş edaralarynda özbaşdak iş hökmünde-de, beýleki geçirilýän medeni-dynç alyş çärelerine goşmaça çäre hökmünde-de ulanylýar, esasan-da, olar temalaýyn we teatrlaşdyrylan agşamlarda, edebi-sazly agşamlarda köp ulanylýar. Saýlanyp alnan kinofilmler medeni-dynç alyş edaralarynyň geçirýän agşamynda peýdalanylýan resmi maglumatlary çeperleşdirmeklige, sahnada gerekli enjamlary, serişdeleri çeperleşdirmeklige, sahnada gerekli şowhuny döretmeklige kömek berýär.

Dürli ylmy açyşlara, agşamlara, saglygy goraýşa, älemiň gurluşyna we ş.m. temalara bagyşlanan leksiýalarda, duşuşyklarda dokumental filmleri görkezmekligiň uly ähmiýeti bardyr.

Käbir medeni-dynç alyş edaralarynda geçirilýän iş görnüşleri telewideniýe, telewideniýede geçirilýän görnüşi medeni-dynç alyş edaralary öz işlerinde ulanýarlar. Mysal üçin, medeni-dynç alyş edaralarynda dörän işiň çeper agitbrigada görnüşi telewideniýede, telewideniýanyň «Mawy yşygy» medeni-dynç alyş edaralarynda uly üstünlik bilen peýdalanylýar. Elbetde, beýle diýildigi olar bir-birini köp gaýtalaýar diýmekligi aňlatmaýar. Bu ýagdaýda olary peýdalanmaklyga döredijilikli çemeleşmek gerek.

## Medeni-dynç alyş agşamlary

1. Medeni-dynç alyş agşamlarynyň görnüşleri.
2. Medeni-dynç alyş agşamlaryndan edilýän talaplar.
3. Medeni-dynç alyş agşamlaryny geçirmekde medeni-dynç alyş edaralarynyň guramaçylyk işi.

Medeni-dynç alyş edaralarynda iň bir köpçülikleýin we gyzykly iş görnüşleriniň biri-de medeni-dynç alyş agşamlarydyr. Medeni-dynç alyş agşamlary zähmetkeşleriň syýasy bilimini, önümçilik-tehniki, oba hojalyk, ylmy aň-bilimi, öňdebaryjy iş tejribäni, ahlak, çeperçilik bilimleri we ş.m. wagyz etmek üçin giňden ulanylýar.

Medeni-dynç alyş agşamlary bütewileýin görnüşli çäredir. Şonuň üçinde agşamlaryň geçirilşinde medeni-dynç alyş edaralary öz iş usullarynyň we görnüşleriniň dürli ugurlaryndan ýerlikli peýdalanmaklygy başarmalydyrlar.

*Medeni-dynç alyş agşamlaryny, esasan, üç görnüşe bölmek mümkin:*

**a.** Habar beriji agşamlar;

**b.** Çeper agşamlar;

**c.** Köpçülik agşamlary.

Habar beriji agşamlara dabaraly ýygnaklar, mitingler, ylma, tehnika, önümçilige degişli agşamlar girýär.

Çeper agşamlara agşam-konsertler, edebiýat, saz, kino agşamlary ýaly agşamlar girýärler.

Köpçülik agşamlary dynç alyş, attraksionlar, tans agşamlary ýaly görnüşleri öz içine alýar.

Medeni-dynç alyş agşamlaryny dürli žanrlara bölmek mümkin. Medeni-dynç alyş agşamlarynyň köp ýaýran žanrlaryna gürrüň agşamlary, reportaž agşamlary, portret agşamlary, miting agşamlary, däp-dessurlara bagyşlanan agşamlar girýärler.

Gürrüň agşamlary habar bermeklik şekilinde guralyp, onda alypbaryjylar we çagyrylan adamlar çykyş edýärler. Çykyşlar edebi-çeper maglumatlar bilen bezelýär. Mysal üçin, uruş weteranlarynyň çykyşy, şol tema degişli aýdym-saz, kinofragmentler we ş.m . bilen utgaşdyrylýar.

Reportaž agşamlary hem gürrüň agşamlaryna meňzeş bolup, bir tema boýunça birnäçe adamyň gysgaça çykyşy esasynda düzülip, temany her taraplaýyn açmaklyga kömek berýär. Bu agşamda esasy roly alypbaryjy ýerine ýetirýär.

Häzirki wagtda medeni-dynç alyş edaralarynyň iş tejribesine portret agşamlary giňden ornaşyp ugrady. Bu görnüş önümçilikde, okuwda we halk hojalygynyň dürli pudaklarynda öňde barýan adamlary her taraplaýyn ilata görkezmeklige mümkinçilik berýär.

Soňky döwürlerde döwletimiziň köp etraplarynda, mysal üçin, Türkmenbaşy şäherinde çopanlara, Esenguly, Bereket etraplarynda halyçy gelin-gyzlara bagyşlanan portret agşamlary geçirmeklik çäreleri medeni-dynç alyş edaralarynyň iş tejribesine berk ornaşdy.

Duşuşyk agşamyny geçirmek üçin, görkezmeklige niýetlenen adam barada, onuň durmuşy, işi gyzyklanýan zatlary barada maglumatlar ýygnalýar we şol esasda ssenariý düzülýär. Ýygnalan mag-

lumatlar agşamy nähili görnüşde geçirmelidigini kesgitleýär. Bu agşamlarda gürrüň, interwýu, kinofragment, aýdym salgynamasy, goşgy, pýesadan bölek ýaly maglumatlar peýdalanyp bilner. Duşuşyk agşamlary bir ýa-da birnäçe adama, bir topara bagyşlanyp geçirilýär. Bu agşamlar öz öňlerinde iki meseläni goýýarlar. *Birinjiden*, olar öňat adamlary ahlak taýdan goldasalar, *ikinjiden*, beýlekileri şol adamlara deňleşmeklige çagyrýarlar.

Köpçülik agşamlarynda tomaşaçylar zalyna dabaraly girmek we çykmak, medeni-dynç alyş edaralarynyň sahnasyny köpçülik ýygnagyň häsiýetine görä bezemek, çykyşlar, ýygnananlaryň köpçülikleýin hereketi–habar bermek (ýüzlenmek), rezolusiýa kabul etmek, köpçülik bolup aýdym aýtmak ýaly usullar ulanylýar.

Soňky döwürlerde medeni-dynç alyş edaralarynyň iş tejribesinde däp-dessur agşamlaryny geçirmek ornaşýar. Olar adamlaryň durmuşyndaky wajyp wakalaryna bagyşlanyp geçirilýär. Bu görnüşli agşamlara işçileriň, kärendiçileriň hataryna kabul etmek, goşun gullugyna ugratmak, pasport gowşurmak dabarasy we ş.m. mysal bolup biler.

Köp halatda medeni-dynç alyş agşamlary haýsy hem bolsa bir tema bagyşlanyp geçirilýär. Şonuň üçin-de olara temalaýyn agşamlar diýlip at berilýär. Bu agşamlaryň çeperleşdirilmegi, olarda sungat eserleriniň ulanylmagy, olary teatrlaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Teatrlaşdyrylan agşamlar üçin ýörite ssenariler ýazylýar. Olar köpçülik baýramçylyklaryna meňzeş bolup, diňe medeni-dynç alyş edaralarynyň içinde geçirilmegi bilen tapawutlanýar. Medeni-dynç alyş agşamlary haýsy žanrda bolsa-da, haýsy tema bagyşlansa-da, olar hökman medeni-dynç alyş edaralarynyň hyzmat edýan ýeriniň – zawodyň, fabrigiň, daýhan birleşiklerininiň zähmetkeşleriniň durmuşy bilen berk bagly bolmalydyr.

Olar özüniň resmiligi bilen teatr spektakllaryndan tapawutlanýarlar. Bu mesele «Medeni-dynç alyş çäreleriniň režissurasy», «Ssenariý ussatlygy» ýaly derslerinde giňden öwrenilýär.

Umuman, medeni-dynç alyş agşamlarynyň ssenarisi dramaturgiýanyň kanunlaryna laýyklykda kompozisiýa görnüşinde düzülýär. Ol birnäçe bölekden (epizoddan), ybarat bolup, montaž usuly boýunça bir bitewi eseri emele getirýärler.

Medeni-dynç alyş agşamlaryny taýýarlamak we geçirmek medeniýet işgärlerinden köp meseleleri çözmekligi talap edýär. Şonuň üçin medeny dynç alyş edaralarynda ýörite höwesek topary döredilýär. Bu topar agşamy taýýarlamaklygyň we geçirmekligiň meýilnamasyny düzýär. Onda agşamy taýýarlamaklyk we geçirmeklik bilen bagly ähli işler görkezilýär. Olara jogapkär adamlar bellenilýär. Agşama taýýarlyk bir aýdan gowrak wagt öňünden başlanýar. Ony taýýarlaýan adamlar höwesek toparyň ýolbaşçysyna işleriň gidişi barada hasabat berip durýarlar.

Agşama taýýarlyk döwründe kitap sergileri, diwary we ýagtyly gazetleri taýýarlamak ýaly işler ýerine ýetirilýär. Onuň geçiriljek döwründe edilmeli işler wezipeler medeniýet işgärlerine, geňeşiň agzalaryna bölünip berilýär.

Medeni-dynç alyş agşamlarynda bildirişler, tertipnamalar çagyryş biletleri taýýarlanylýar, metbugat, radio, teleýaýlymlaryň üsti bilen bildiriş berilýär.

Umuman, medeni-dynç alyş agşamlaryny geçirmeklik medeniýet işgärlerinden we onuň işjeňlerinden uly guramaçylyk çärelerini geçirmekligi talap edýär. Bu taýýarlyk şu aşakdaky ýaly görnüş boýunça meýilnamalaşdyrylýar.

| t/b | Bellenilen çäreler | Geçirilmeli ýeri, senesi | Çäräni geçirmek üçin jogapkär |
|---|---|---|---|
| | | | |

Medeni-dynç alyş agşamynyň taýýarlykly we oýlanyşykly geçirilmegi oňa gatnaşýan tomaşaçylarda uly täsir galdyrmalydyr.

## Köpçülik ýygnaklary

Köpçülikleýin wagyz işleriniň ulanylýan gyzykly görnüşleriniň biri-de köpçülik ýygnagydyr. Bu köpçülik ýygnanyşygy bolup, duýga täsir ediji usuldyr. Ol köpçüligiň pikirini haýsy-da bolsa bir wajyp waka tarap gönükdirýär.

Köpçülik ýygnagy tema laýyklykda birnäçe görnüşe bölünýär:

**1. Dabaraly köpçülik ýygnaklary.** Ýygnaklaryň bu görnüşi adamlaryň, ýurduň durmuşyndaky uly senelere, baýramçylyklara, uly senagat ýa-da oba hojalygyndaky gurluşygyň tamamlanmagyna,

Döwlet meýilnamalarynyň ýerine ýetirmegine we ş.m. wakalara bagyşlanyp geçirilýär.

**2. Halkara syýasy-köpçülik ýygnaklary.** Öz azatlygy we Garaşsyzlygy ugrunda göreşýän halklary goldamak maksady bilen jemgyýetçiligiň geçirýän ýygnaklarydyr.

**3. Çagyryş köpçülik ýygnaklary.** Döwletiň öňe sürýän wajyp meselelerini çözmeklige ilaty çagyrmak maksady bilen geçirilýär.

**4. Dabaraly hatyra köpçülik ýygnaklary.** Watanyň azatlygy we Garaşsyzlygy ugrunda wepat bolan gahrymanlaryň (mysal üçin, Gökdepe galasynda, Ýeňiş güni bilen bagly milli gahrymanlaryň) ýagty ýadygärligine bagyşlanyp geçirilýär.

Dabaraly ýygnakdaky çykyşlar gysga we dabaraly äheňde bolmalydyr. Dabaraly ýygnakda münberden wakalaryň şaýatlaryna, ýolbaşçy işgärlere, zähmetkeşleriň wekillerine söz berilýär. Ol ýygnaklar dabaraly çagyryşlar bilen tamamlanýar. Ýygnaklarda çagyryşlar, ýüzlenmeler (rezolýusiýalar), gutlag hatlary, borçnamalar kabul edilýär. Köplenç, ýygnaklardan soň konsert guralýar. Ýygnaklary geçirmekde münberi (tribunany) bezemeklik, diwarlygyň bezegi, çagyryşlary, şygarlary, sergileri taýýarlamak ýaly işler medeniýet edarasynyň paýyna düşýär.

Ýokardaky dabaraly ýygnaklardan başga-da medeni-dynç alyş edaralarda dabaraly agşamlar hem geçirilýär. Bu agşamlar özüniň mazmuny boýunça ýitiligi, döwrebaplygy bilen tapawutlanýarlar. Olary geçirmek üçin ýörite ssenariler düzülýär. Ondaky esasy çykyşlar çeper höwesjeňleriň çykyşlary bilen güýçlendirilýär.

## Syýasy baýramlara we şanly senelere bagyşlanan agşamlar

Medeni-dynç alyş işiniň bitewi görnüşi bolmak bilen medeni-dynç alyş agşamlary durmuşyň dürli ugurlaryna bagyşlanyp geçirilmek bilen, ilat köpçüligi tarapyndan uly gyzyklanma bilen garşylanýar. Belli bolşy ýaly, medeni-dynç alyş edaralarynyň esasy wezipeleriniň biri-de ilatyň arasynda watançylyk terbiýesini giňden guramakdan ybaratdyr.

Watançylyk duýgusy ähli halka-da, şol sanda türkmen halkyna-da mahsus bolan duýgularyň biridir. Watanymyzyň Garaşsyzlygyny yglan eden gününden, 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabryndan başlap, watançylyk duýgusy has-da çuňlaşdy. Häzirki döwürde bu ajaýyp ýörelge has-da kämilleşýär. Biz Watanyň geçmişini, häzirki ýagdaýyny we geljegini has içgin öwrenip başladyk.

Biz Watan diýen düşünjäni öz enemiz we atamyz bilen deňeýäris. Biz Watan hakynda aýdym aýdýarys, goşgy okaýarys, kitap ýazýarys, onuň gülläp ösmegi üçin zähmet çekýäris.

Bu tema medeni-dynç alyş edaralarynyň üns merkezinden düşmeýär. Oňa bagyşlap dürli leksiýalar okalýar, agşamlar geçirilýär, sergiler guralýar, diwarlyklar çykarylýar.

Medeni-dynç alyş edaralarynda syýasy baýramlary we şanly seneleri dabaraly ýagdaýda geçirmek esasy orna eýe bolýar. Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň, baky Bitaraplygynyň baýramçylygy, Halkara Zenanlar güni, Ýeňiş we Hatyra günleri we beýlekiler her ýyl bellenilýär.

Medeni-dynç alyş edaralarynda bu baýramçylyklary we şanly seneleri geçirmeklik üçin, ýörite höwesek toparlar döredilýär, olar birnäçe ssenarileri işläp düzýärler. Şu agşamlary geçirmekligiň görnüşleri dürli-dürli bolup, olar biri-birlerine meňzeş bolmaýar. Olaryň agzeki žurnal, teatrlaşdyrylan agşam, «Mawy yşyk», duşuşyk agşamy ýaly görnüşlerde geçirilmegi mümkin.

Köp ýagdaýda medeni-dynç alyş edaralarynda şu tema bagyşlap, agşamlaryň böleklerini geçirýärler. Eger-de şeýle edilse, onda ol temany dürli ugurlar boýunça giňden açmaklyga mümkinçilik döredýär. Bu toparda şu aşakdakylara meňzeş agşamlary meýilnamalaşdyrmak we geçirmek bolar:

a) «Garaşsyz Watanym taryhyň sahypalarynda»,
b) «Senagaty ösdürmek – döwrüň talaby»,
ç) «Döwletimiziň ykdysadyýeti ösüş ýolunda»,
d) «Oba hojalyk – ýaşaýşyň gözbaşy»,
e) «Dünýä türkmenleri we Türkmenistan»,
f) «Medeniýet we onuň öňündäki meseleler» we ş.m.

Soňky döwürde welaýatlarda, etraplarda, şäherlerde we şäherçelerde, obalarda şanly senelere we milli baýramçylyklara bagşlanyp, birnäçe dynç alyş agşamlary durmuşa ornaşdyrylyp başlandy.

Döwletimiziň Prezidentiniň Permanlaryna laýyklykda indi her ýyl baýramçylyk, toý seneleri, Galkynyş, Agzybirlik we Magtymgulynyň şygryýet güni, Hatyra güni, Türkmen halysynyň, Türkmen bedewiniň günleri, Gurban we Oraza, Nowruz baýramlary, Halkara Zenanlar güni, Milli Matam güni, Ýatlama güni bellenilip geçilýär. Bu baýramlary we seneleri geçirmeklikde medeni-dynç alyş edaralarynyň işgärleri ýeterlik tejribe toplaýarlar.

Şol agşamlary döredijilikli geçirmek üçin täze görnüşlerden peýdalanylmalydyr.

Bu ugurdan medeni serişdeleri gözlemek we olary ýerlikli peýdalanmak arkaly geçirilýän medeni-dynç alyş edaralarynyň köpçülik çäreleri ilatyň, onda-da ýaşlaryň arasynda Watana söýgi, agzybirlik, jebislik, zähmete söýgi duýgularyny döretmelidir we berkitmelidir.

Baýramlar bu tutuş jemgyýetiň we her adamynyň köptaraplaýyn ýaşaýşynda bellenýän aýratyn dabaralar bolup, olary resmi, hünär, durmuşy, maşgala, dini baýramçylyklaryna, Hatyra, Milli Matam, Ýatlama günleri ýaly matam çärelerine bölmek bolar.

Ýurdumyzda bellenilýän milli baýramlaryň we şanly seneleriň ägirt uly jemgyýetçilik hem-de terbiýeçilik ähmiýeti bardyr.

## Temalaýyn agşamlar

Temalaýyn agşam nähili görnüşde bolsa-da, ol nähili görnüşde teatrlaşdyrylsa-da, onuň temasy durmuşy tarapdan wajyp we döwrebap bolmalydyr.

*Temalaýyn agşamlar şu aşakdaky esasy meseleleri öz içine alýar:*

1. Zähmetkeşleriň ylmy dünýägaraýşyny we ideýa ynamyny ündemeklige gönükdirilmek;
2. Adamlaryň ahlak sypatyny kemala getirmek;
3. Watançylyk sypatlary berkitmek;
4. Zähmete bolan garaýşy we işeňňirligi döretmek;
5. Hakykata estetik garaýşy gönükdirmek;
6. Jemgyýetçilik işeňňirligini döretmek;
7. Şahsyýetiň ähli taraplaýyn ösmegine ýardam etmek we ş.m.

**Medeni-dynç alyş edaralarynda temalaýyn agşamlary şu aşakdakylara bölmek bolar:**

1. Döwlet gurluşynyň ideýalaryny wagyz etmeklige bagyşlanan agşamlara;
2. Halk hojalygynyň meýilnamalarynyň we borçnamalarynyň ýerine ýetirilişine bagyşlanan agşamlara;
3. Ylmy-tehniki progrese, ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünliklerine, öňdebaryjy önümçilik tejribäni wagyz etmeklige bagyşlanan agşamlara;
4. Halkyň gahrymançylykly taryhyna, söweş we zähmet däplerine bagyşlanan agşamlara;
5. Medeniýetiň we edebiýatyň gazanan üstünliklerine bagyşlanan agşamlara;
6. Halklaryň dostlugyna, watançylygyna, parahatçylyga bagyşlanan agşamlara bölmek bolar.

Öňe sürülýän temanyň wajypdygy we günübirinligi temalaýyn agşamlardan edilýän birinji usuly talapdyr.

Temalaýyn agşamlaryň käbir görnüşini geçirmek üçin ýörite ssenariýalar, beýlekileri üçin bolsa yzygiderli meýilnamalar düzülýär.

Haýsy agşam bolsa-da, goý, ol önümçilige, syýasy-jemgyýetçilik, ahlak-etika ýaly temalaryň haýsy birine bagyşlansa-da, onuň merkezinde adam we onuň aladalary bolmalydyr.

Temalaýyn agşamlara edilýän ikinji usuly talap onuň dramaturgiýasynyň (ssenariýasynyň) resmiligidir. Şonuň bilen medeni-dynç alyş edaralarynyň işinde temalaýyn agşamlar edebi-sazly agşamlardan tapawutlanýarlar.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň temalaýyn agşamlary anyk resmi (dokumental) sýužetli we gahrymanly sahna kompozisiýasydyr. Agşamda öňe sürülýän temalarda medeni-dynç alyş edaralarynyň hyzmat edýän ýeri, ilatyň durmuşy beýan edilmelidir.

Bu agşamlarda resminama bolup, wakalaryň dürli şaýatlary, fotosuratlary, sanlary, döwlet resminamalary hyzmat edýär. Ýöne olar arassa görnüşde-de, çeper görnüşde-de berilýär. Her bir medeniýet işgäri resmi maglumatlary toplamagy, saýlap almagy we peýdalanma-

gy başarmalydyr. Munuň üçin ol durmuşy yzygiderli öwrenmelidir. Edaralar, guramalar, daýhan birleşikler bilen ýakyn aragatnaşykda bolmalydyr.

Umuman, medeni-dynç alyş edaralarynda temalaýyn agşam guralanda durmuşy maglumatlara daýanylmalydyr. Geliň, biz muny mysallaryň üsti bilen düşündirmeklige synanyşalyň. Her ýyl kada hökmünde medeni-dynç alyş edaralary senenama giren wakalary – 8-nji mart Halkara zenanlar gününi, Ýeňiş gününi, Watanmyzyň Garaşsyzlyk, Bitaraplyk, Baýdak baýramlaryny we beýlekilerini bellemek bilen temalaýyn agşamlary geçirýärler. Eger-de bu agşamlarda, mysal üçin, Ýeňiş gününe bagyşlanan agşamda, gürrüň diňe umumy sözler bilen 1941–1945-nji ýyllaryň Watançylyk urşy barada gitse, medeni-dynç alyş edarasy temalaýyn agşamyndan edilýän talaby ýerine ýetirip bilmez. Sebäbi bu tema barada ýörite kinofilmlerde, spektallarda, çeper edebiýatda giňden gürrüň bermeklik talaba laýykdyr. Medeni-dynç alyş edarasy temalaýyn agşamy şeýle görnüşde gurajak bolsa, onda esasy orun şol obanyň, etrabyň ilatynyň uruş döwründäki alyp baran işleri, urşa gatnaşan, wepat bolan, tylda gahrymançylykly zähmet çeken adamlary barada, olaryň mirasdarlarynyň şu günki alyp barýan işleri barada gürrüň edilmelidir.

## Teatrlaşdyrylan agşamlar we konsertler

Soňky döwürlerde döwletimiziň medeni-dynç alyş edaralarynda teatrlaşdyrylan agşamlar we konsertler ýygy-ýygydan geçirlip başlady.

Teatrlaşdyrylan agşamlar konsertlere meňzeş bolmaklyk bilen, olardan özünde sungatyň dürli žanrlarynyň köp ulanylmagy hem-de tomaşaçylaryň olara diňe tomaşaçy hökmünde gatnaşman, eýsem şonda esasy köpçülikleýin herekete gatnaşyjy hökmünde çykyş edýänligi bilen tapawutlanýar.

Bu agşamlaryň, konsertleriň inssenirowkalaryndan, kinofilmlerden we spektakllardan bölekler, aýdymlar, sazlar ulanylýar. Olar diňe arassa görnüşde ulanylman, durmuş, resmi maglumatlar bilen sepleşdirilip ulanylýar.

Şonuň üçin bu görnüşdäki agşamlary we konsertleri geçirmek üçin hökmany suratda ssenariýa ýazylýar. Olaryň ssenariýasy birnäçe bölekden, bölümden ybarat bolup, montaž arkaly sepleşdirilip, bir bitewi tema döredilýär. Bu işde montažlaryň dürli görnüşleri, mysal üçin, yzygiderli, ikitaraplaýyn, (contrast) ýaly görnüşleri peýdalanylýar. Bu usullar «Ssenariýa ussatlygy» dersinde giňden öwrenilýär.

Agşamda ýa-da konsertde peýdalanyljak her bir çykyşy teatrlaşdyrmak mümkin. Mysal üçin, Kerim Gurbannepesowyň «Ýaşlyk dramasy» atly goşgusynda «Gidýänler gelýänden has köpelýärdi» setiri okalanda kinofilmden ýa-da spektakldan parçalary, bölekleri, söýgi baradaky setirleri gyz bilen ýigidiň duşuşygy, olaryň aýdymy, tansy, gyzyň başga birine berilmegini, ene bilen gudalaryň gürrüňlerini görkezýän sahnajyk arkaly teatrlaşdyrmak mümkin. Ýa-da başga bir mysal, Ýeňiş gününe bagyşlanan agşamda uruş weteranlarynyň çykyşyny urşa degişli bölek parçalary sahnanyň düşeginde (fonunda) bermek, parahatçylyk baradaky, aýdymy tomaşaçylar zalynyň içinden aýdyp, sahna çykmak, şol aýdymy aýtmaklyga tomaşaçylaryň özüni-de goşmak, aýdymyň içinde dürli çagyryşlary, mysal üçin, «Goý, ýaşasyn parahatçylygyň aýdymy», «Adamlaryň agzybirligi, gahrymançylygy parahatçylygyň girewidir» diýen ýaly sözleri aýtmaklyk, şol hili sözler ýazylan şygarlary göterip geçmek bölegiň (epizodyň) teatrlaşdyrylmagyna kömek edýär.

Umuman, teatrlaşdyrylan agşamlarda we konsertlerde täsir ediş serişdeleriň hemmesini-de peýdalanmak bolar. Olarda edebiýat we sungat eserleri-de, resmi we çeper filmleri-de, sport türgenleşikleriniň çykyşlaryny-da, horeografiýa, pantomimalarda, görkezme wagyz-nesihat işiniň serişdeleri-de, yşyk, saz ýaly serişdeler-de giňden peýdalanylýar.

## «Bitaraplyk ýoly – türkmeniň ýoly»
## (Medeni çäräniň-temalaýyn agşamyň ssenarisi)

### Meýdançanyň bezegi

Medeni-köpçülik çäresi Daşoguz şäheriniň «Baýdak» meýdançasynda geçirilýär. Medeni köpçülik çäresi Türkmen döwletinde uly baýramlaryň biri bolan Bitaraplyk baýramyna bagyşlanyp geçirilýär.

9. Sargyt № 2130

Bu şanly baýramy bellemek üçin Daşoguz şäheriniň ýaşaýjylary we myhmanlary şäheriň Baýdak meýdançasyna ýygnanýarlar. Bitaraplyk baýramyna bagyşlanan çäräni geçirmek üçin Baýdak meýdançasy baýramçylyga kybap bezelen. Sahna hormatly Prezidentimiziň portreti, baýdak, gerb, Bitaraplyk binasynyň uly suraty, Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň agzasy bolan ýurtlaryň baýdaklary bilen bezelen.

Şeýle hem sahnada owadan edilip, «Bitaraplyk baýramyňyz mübärek bolsun!» diýen ýazgy baýramçylyga ýygnananlaryň ünsüni özüne çekýär. Sahna düşelen türkmen halylary meýdança aýratyn bezeg berýär.

Meýdançanyň öňünde, sahnada türkmeniň milli eşigini geýnen oglandyr gyzlar myhmanlary owadan güller, güler ýüz bilen garşy alýarlar. Bellenilen wagtda Türkmenistanyň Döwlet Senasy ýaňlanýar.

**GATNAŞÝANLAR:**

1. Alypbaryjylar.
2. Häkim.
3. Aýdymçy.
4. Nowçalar öýüniň dutarçylar topary.
5. «Gülälek» tans topary.
6. Şahyr.
7. Nowçalar öýüniň çeper höwesjeňleri.
8. 12-nji orta mekdebiň aýdymçylar topary.

Ssenariýada türkmen şahyrlarynyň goşgulary, metbugat materiallaryndan peýdalanylýar.

Döwlet senasynyň ýaňlanmagy bilen sahnada baýramçylyk dabarasy başlanýar. Hemmeleriň ünsü sahna gönügýär. Sahnada milli eşikli oglanlar we gyzlar Türkmenistanyň Döwlet Senasyny ýerine ýetirýärler. Döwlet Senasy aýdylyp gutarandan soň, sahna milli egin-eşikde bolan oglan we gyz – alypbaryjylar gelýärler.

**Alypbaryjy oglan:** Garaşsyzlyk türkmeniň ruhun galdyrdy,
Türkmen döwletini dünýä bildirdi,
Egsilmez buýsanjy kalba doldurdy,
Bitaraplyk bilen şöhratly Watan!

**Alypbaryjy gyz:** Salamälik, mähriban adamlar, gadyrly myhmanlar!

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda paýhas hem parahatçylyk ýoly bilen gazanylan mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly toýy ýurdumyzda dabaraly bellenilip geçildi. Bu gün bolsa biz baky Bitaraplygymyzyň toýuny toýlaýarys. Bu gün diňe Türkmenistan däl, dünýäniň çar künjeginde ýaşaýan türkmen il-ulusy ata Watanyň baky Bitaraplyk baýramçylygynyň dabarasyna buýsanýar.

Toýuňyz mübärek bolsun, adamlar!

Goý, külli türkmen halkynyň ýüzünde uly ruhubelentlik hem şatlyk-joşguny öwşün atyp dursun!

**Alypbaryjy gyz:** Arkadagym ruhumyzyň genjidir,
Bitaraplyk paýhasynyň güýjüdir.
Ol Altyn asyryň altyn täjidir,
Bitaraplyk bilen buýsançly türkmen.

– Gadyrly adamlar, Ýetginjekler öýüniň dutarçylar topary çykyş edýär. Geliň, olary garşy alalyň!

(Olar öz çykyşynda «Azatlyk» sazyny çalýarlar).
Dutarçylar topary çykyş edip, sahnadan çykyp gidýär.
Sahna alypbaryjylar gelýär.

**Alypbaryjy oglan:** Bitaraplyk – Watanymyzyň ýüregi,
Abadanlyk – älem-jahan geregi.

**Alypbaryjy gyz:** Dekabryň on ikisi beýik gün
Watandaş, sen bu güni jandan söýgin
Menem şol güni söýýän ýürekden
Bu gün baky Bitarap günümiz biziň.

**Alypbaryjy oglan:** Eziz adamlar, şu günki baýramymyzy gutlamak üçin, geliň, şäher hākiminiň gutlag sözüni diňläliň!

**Häkim:** (ol öz çykyşynda, Hemişelik Bitaraplygyň – beýik bagt, eşretli durmuşymyza ägirt ýapylan serpaýdygy barada gürrüň berýär. Soňunda bolsa ähli halky Bitaraplyk baýramy bilen gutlaýar).

**Alypbaryjy oglan:** Halk kalby deý öýleriň,türkmen,
Belent ruhuň, arşda boýlaryň, türkmen!
Bitaraplyk toýy-toýlar seresi,
Toýlara ulaşsyn toýlaryň, türkmen!

**«Toý tansy».** Ýerine ýetirýär şäheriň Nowçalar öýüniň «Gülälek» tansçylar topary.

**Alypbaryjy gyz:** Bitaraplyk bagtyn baky bagyş eden,
Gözel nurun ýer ýüzüne nagyş eden.
Halka bar bagtyýarlyk bagyş eden,
Dünýä halklarynyň Bitaraplyk baýramy.

*Eziz adamlar, baýramçylygymyza şahyr Miwe Tuwakbaýewa gelipdir. Geliň, onuň ýürek joşgunyny diňläliň*!

**Şahyr:** Bitaraplyk – ýeke galmak diýmek däl,
Ol çarýanyň derwezesin açmakdyr.
Atyň çapyp, özüň bilmek diýmek däl
Ol beýgelip, dünýä nuruň saçmakdyr.

Dünýä paýlap kalbyň sahawatyny,
Ýagşy niýetlerde birleşmeklikdir.
Ýetirip ynsanlyk muhabbetine,
Bir supraň başynda ýerleşmeklikdir.

Bitaraplyk – beýikligi derejäň,
Tolkun atýan ajap söýgiň ummany.
Keşbiňe, durkuňa berip serenjam,
Gül görküne haýran etmek hemmäni.

Lezzetlidir goňşokaraň tagamy,
Arkalaşyk, hyzmatdaşlyk gowlukdyr.
Goňşyňa goňşy sarpasy goýulyp,
Salamlylar gapymyza sowlup dur.

Özüni süýt saýar, gaýmak-dost -ýaryn,
Bu türkmenden ynjan däldir hiç kişi.

Garaşsyzlyk – Bitaraplyk goşa ganaty,
Halkymyza baky berlen peşgeşi.

*(Şahyra gül desseleri gowşurylýar).*

**Alypbaryjy oglan:** Geliň, indi bolsa şäherimiziň «Nowçalar» öýüniň folklor toparynyň çykyşyna tomaşa edeliň!

(Olar öz çykyşynda halk döredijiliginden bolan läleleri, aýdymlary, küştdepmeleri ýerine ýetirýärler. Küştdepdini aýdanlarynda baky Bitarap Watany wasp edýärler).

**Küştdepdi:**
Bitarapdyr ýurdumyz,
Aýdyň barýan ýolumyz,
Ýurtbaşymyz sag bolsun,
Oňat hal-ahwalymyz.
Küşt, küşt, küştdepdi.

**Alypbaryjy oglan:** «Ýylgyryň, şol ýylgyryş siziň şähdiňizi açar, keýpiňizi çaglar, şol ýylgyryş siziň argynlygyňyzy, ýadawlygyňyzy aýrar. Şol ýylgyryş gyş güni bulutdan çykan nurana Günüň şuglasy ýaly, kalbyňyzy çoýar. Ýylgyrmak ömrüňi uzaldýar!» diýip, halkymyz, hak aýdýar.

**Alypbaryjy gyz:** Mähriban adamlar, siziň öňüňizde «Nowçalar» öýüniň drama topary çykyş edýär.

*(Olar doganlyk-dostluk hakda çykyş edýärler).*

**Alypbaryjy oglan:** Biziň baýramymyzy gutlamaga şäherimiziň 12-nji orta mekdebiniň okuwçylary gelipdirler.

**Alypbaryjy gyz:** Geliň, mekdep okuwçylarynyň ýerine ýetirmeginde «Prezidentiň ýüregi» diýen aýdymy diňläliň!

**Aýdym:**
Eziz Watan gadymy,
Dursun diýip müdimi,
Urýar bagtly gadamy,
Prezidentiň ýüregi.

*Gaýtalama*:

Galkyn diýüp urýandyr,
Galkan bolup durýandyr.
Halkym diýip urýandyr,
Prezidentiň ýüregi.

Ýagty nurda şäheri,
Ýurduň oba-şäheri,
Türkmenistan bahary,
Prezidentiň ýüregi.

*Gaýtalama*:

Galkyn diýip urýandyr,
Galkan bolup durýandyr.
Halkym diýip urýandyr,
Prezidentiň ýüregi.

Arkasydyr milletiň,
Açary bar jennetiň,
Çekmez kesäň minnetin,
Desterhanda çöregi

*Gaýtalama*:

Galkyn diýip urýandyr,
Galkan bolup durýandyr,
Halkym diýip urýandyr,
Prezüdentiň ýüregi.

Dag-deňiziň şemaly,
Nurdan doly kelamy,
Tapdy halkdan kemaly,
Gakynyşdyr geregi.

**Sazy:** Gurbandurdy Çaryýewiňki
**Sözleri:** Allaýar Çüriýewiňki.

(*Aýdymçylar halky baýramçylyk bilen gutlap, sahnadan çykyp gidýärler*). *Sahna alypbaryjylar gelýärler.*

**Alypbaryjy oglan:** Oguz han atamyň kalba besläni,
Beýik halkyň guran Bitarap ýurdy!
Topragy altyndyr, päkdir asmany,
Ýaşa, ata-mekan, Bitarap ýurdum!

**Alypbaryjy gyz:** Joş, göwün ylhamyň kalba jemle-de,
Asudalyk dag-deňzinde, çölde-de,
Täze döwür öwürdi diýarymy jennete,
Gülle, Türkmenistan – Bitarap ýurdum!

**Alypbaryjy oglan:** Garaşsyzlyk ýoly – Türkmeniň ýoly!

**Alypbaryjy gyz:** Garaşsyz, Bitarap topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde!

**Alypbaryjy gyz:** Bitaraplyk ýoly – Türkmeniň ýoly.

**Alypbaryjy oglan:** Bagtyýarlyk ýoly – Türkmeniň ýoly!

**Hemmeller:** Garaşsyzlyk! Bitaraplyk!

Baýdakly ýöriş tansy. Ýerine ýetirýär şäheriň **«Nowçalar»** öýüniň çeper höwesjeňleri.

**Diktor finalda:** «Dünýäde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen birinji Bitarap döwlet, bu biziň ata Watanymyz Eziz Türkmenistandyr. Her bir Türkmenistanly şeýle derejeli döwletde ýaşaýandygyna buýsanmaga haklydyr. Watana wepaly bolmak, oňa ak ýürekden gulluk etmek bolsa, biziň her birimiz üçin parzdyr».

Garaşsyz, Bitarap Watan hakda tansly aýdym.

**Soňy**

## Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň Ruhlandyryjysy
**(Edebi-sazly kompozisiýanyň ssenarisi)**

**Gatnaşýanlar:**
**Diktor, 1–2 alypbaryjylar, aýdymçylar, tansçylar, sazandalar**

TDMI-niň tomaşaçylar zaly.

Sahnada Döwlet nyşanlarynyň ulaldylan suratlary. Ortada Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň suraty. «Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr» kitabynyň ulaldylan şekili. «Ruhy çyragym, Watan!» gepleşiginiň çagyryşy ýaňlanýar.

**Diktor:** «Ilkinji nobatda meniň ähli aladam halkym bolar» – Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow.

*Sahna alypbaryjy oglan we gyz gelýär.*

**Oglan:**
Biziň Prezidentimiz
Halkyň Prezidentidir.
Biziň Prezidentimiz
Kalbyň Prezidentidir.

**Gyz:**
Ynsanlara Howandar,
Bütin iliň buýsanjy,
Baş baýlygy halkydyr,
Şoldur hazyna-genji.

**Aýdym**
(«Türkmenistanym meniň»)

**Diktor:** «Dostluk, doganlyk, agzybirlik, adalatlylyk, parahatçylyk ýoly bilen ýöräp, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistany kuwwatly, beýik döwlete öwürmekde mähriban halkyma bil baglaýaryn» – Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow.

**Oglan:** Biziň Prezidentimiz,
Parasatly bir adam
Biziň Prezidentimiz,
Arkaly Hak hudadan.

**Gyz:** «Halkym erkin ýaşasyn»
– Diýip şadyýan,
Tarapdary hemişe
Beýik demokratiýaň.

**Aýdym**

(Halk, Watan, Bitaraplyk hakda)

**Diktor:** «Bu gün türkmen döwletiniň şan-şöhraty dünýä ýaýylyp, halkymyzyň mertebesi has ýokary göterilýär» – Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow.

**Oglan:** Biziň Prezidentimiz,
Adalatyň Baýdagy.
Biziň Prezidentimiz,
Köňülleriň aýdymy.

**Gyz:** Biziň Prezidentimiz,
Halkymyzyň saýlany.
Öz halkynyň bagtyna
Guryar täze eýýamy.

(*Orkestr saz çalýar*)

**Diktor:** «Daşary syýasat ugrumyzyň üýtgewsiz durmuşa geçirilmegi bize Türkmenistanda ylmy, bilimi, medeniýeti ösdürmäge giň mümkinçilikler döretdi» – Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow.

**Oglan:** Täze Prezident bilen,
Geldi beýik zamana.
Bu ajaýyp zamanda,
Gözüň düşmez dumana.

**Gyz:**

Biziň Prezidentimiz,
Täze türkmen lideri.
Agzybirlik daýanjy,
Gyn ynanjyň diregi.

(*Berkararlyk hakda aýdym*)

**Diktor:** «Ilat üçin iş ýerlerini döretmek meniň baş aladalarymyň biri bolar» – Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow.

**Oglan:**

Biziň Prezidentimiz,
Halkyň söýýän ynsany.
Biziň Prezidentimiz,
Halkyň päk ynsaby.

**Gyz:**

Biziň Prezidentimiz,
Mertleň Prezidentidir.
Synmaz hyjuw, zehinleň,
Erkleň Prezidentidir.

(*Tans*)

**Diktor:** «Adamlaryň baş saglygy XXI asyryň – Türkmeniň altyn asyrynyň berk binýady bolar» – Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow.

**Oglan:**

Biziň Prezidentimiz,
Tutuş halkyň lukmany.
Ähli halka tenekär,
Her işinde müň many.

**Gyz:**

Biziň Prezidentimiz,
Ýaz-baharyň özüdir.
Biziň Prezidentimiz,
Tüýs mähriň özüdir.

**Aýdym**
(Ynsanperwerlik hakda)

**Diktor:** «Eger biz adamlara mynasyp durmuşy üpjün etmegi, olaryň maddy-hal ýagdaýyny ýokarlandyrmagy başarsak, munuň özi ähli ugurda özgertmelere has netijeli itergi berer» – Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow.

**Oglan:**
Öz halkyna mähriban,
Gül Watany gülleden.
Türkmenistan ýurduny,
Ýer ýüzine belli eden.

**Gyz:**
Biziň Prezidentimiz,
Adalatyň hossary.
Hakykatdyr söýeni,
Öz halkydyr dost-ýary.

(*Doganlyk-dostluk hakda aýdym*)

**Diktor:** «Güýçli döwletde ylym esasy orny eýeleýär, diýmek, biz ylmyň iň täze gazananlary bilen aýakdaş gitmelidiris» – Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow.

**Oglan:**
Biziň Prezidentimiz,
Ýaşlaň Prezidentidir.
Beýik hereketleriň,
Işleň Prezidentidir.

**Gyz:**
Onuň gurýan zamany,
Ylym-bilim dünýäsi.
Buýsandyrdy halkymy,
Begendirdi dünýäni.

(*Ýaşlyk, ylym-bilim hakda aýdym ýa-da tans*)

**Diktor:** «Goý, Watan ogullarynyň gahrymançylygy nesillerden-nesle geçip, ebedilik ýaşasyn!» – Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow.

**Oglan:**

Biziň Prezidentimiz,
Ýurdy gurýar täzeden.
Kalplaň buzun ereden,
Gara gyşy ýaz eden.

**Gyz:**

Biziň Prezidentimiz,
Sarpa goýýar paýhasa.
Guwanýar ol ýürekden,
Halky gülüp-ýaýnasa.

(*Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri hakda aýdym*)

**Oglan:**

Siz halkyň halany! Halkyň saýlany!
Mähriban, hormatly Prezidentimiz,
Alkyşyn aldyňyz jümle-jahanyň,
Minnetdar, hormatly Prezidentimiz!

**Gyz:**

Amerikada maslahata gatnaşyp,
Päk ynsanlaň alkyşyny aldyňyz.
Size türkmen tüýs ýürekden guwanyp,
Minnetdar, mähriban Prezidentimiz!

**Oglan:**

Talyplaryň buýsanjy, hak Howandary,
Ýaşlar hakda gije-gündiz aladaň,
Ynamyňyzy ödäp, okap-bekäris,
Minnetdar, hormatly Prezidentimiz!

**Diktor:** (Çagyryş, sazyň fonunda) – «Meniň iň esasy we iň ygtybarly daýanjym halkym bolar» – Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow

(*Aýdymly tans*)

## Gözelligiň baýdagy

(Edebi-sazly kompozisiýa)

## Türkmen halysynyň baýramçylygy mynasybetli «Gözelligiň baýdagy» atly çäräniň

## MEÝILNAMASY

1. Alypbaryjylaryň giriş sözi.
2. Şäherçäniň arçynynyň gutlag sözi.
3. «Türkmen halysy» aýdymy.
4. Şäherçäniň Gurbansoltan eje adyndaky Zenanlar guramasynyň başlygynyň gutlag sözi.
5. «Galkyn, türkmen!» atly tansly aýdym.
6. «Türkmenistanyň at gazanan halyçysy» – şäherçäniň bir ussat halyçy zenanynyň gutlag sözi.
7. «Diýar» folklor toparynyň «Halyçy gözel» atly folklor çykyşy.
8. Alypbaryjylaryň jemleýji sözi.

## «Gözelligiň baýdagy» atly edebi-sazly kompozisiýanyň

## MAKSATNAMASY

Lebap welaýatynyň Gazojak şäherçesiniň dynç alyş seýilgähi toý lybasyna bürenen. Haly baýramy geçiriljek meýdançada hormatly Prezidentimiziň halynyň ýüzündäki suraty, döwlet nyşanlary, şeýle hem «Haly baýramyňyz mübärek bolsun!» diýen ýazgy bilen bezelen. Daş-töwerek hormatly Prezidentimiziň türkmen halylary barada aýdan dana sözleri, paýhaslary ýazylan ýazgylar gelen myhmanlaryň ünsüni özüne çekýär. Seýilgähiň daş-töweregi al-elwan güller bilen bezelen. Seýilgähde inçelik bilen dokalan nepis türkmen halylarynyň birnäçe görnüşleriniň sergisi guralan. Meýdançanyň bir gapdalynda azyk söwdasynyň sergisi guralan.

Bellenilen wagtda dutar bilen daragyň sesiniň bilelikde owazy ýaňlanyar. Sahna alypbaryjylar çykýarlar. Olar gelen myhmanlary baýramçylyk bilen mübärekläp, baýramçylygy gutlap bermek üçin Gazojak şäherçesiniň arçynyna uly hormat bilen söz berýärler. Soňra

şäherçäniň tanymal aýdymçysy Şanepes Açylow «Türkmen halysy» diýen aýdymy ýerine ýetirýär. Alypbaryjylar şäherçäniň Gurbansoltan eje adyndaky Zenanlar guramasynyň başlygy Aýbölek Myradowa uly hormat bilen söz berýärler. Seýitnazar Seýdi adyndaky mugallymçylyk ýokary okuw mekdebiniň talyby Şöhrat Geldiýewiň ýerine ýetiren «Galkyn, türkmen!» diýen tansly aýdymynda Garaşsyzlyk alyp, galkynan Türkmenistan wasp edilyär. Şäherçäniň ýaş aýdymçysy Ogulnur Orunowanyň ýerine ýetiren «Söygi» aýdymy dabaranyň şowhunyna şowhun goşýar. «Türkmenistanyň at gazanan halyçysy», şäherçäniň ussat halyçy zenany Enegül Baýramowanyň gutlag sözi baýramçylyk dabarasyna gelen ýaş halyçy gelin-gyzlarmyzyň kalbynda uly täsir galdyrýar. Şäherçäniň «Diýar» folklor toparynyň «Halyçy gözel» atly folklor çykyşynda oglan-gyzlar türkmen halylarynyň waspyny ýetirip, «Halyçy gözel» aýdymly tansy bilen folklor çykyşyny jemleýärler. Aýdymyň dowamynda baýramçylyk dabarasynda çykyş edenleriň hemmesi elleri gülli sahna çykýarlar. Aýdymyň soňragynda alypbaryjylar hem sahna gelýärler. Aýdym gutarandan soň alypbaryjylar dünýä gözelligini dörediji zenanlara bu inçe sungatda uly üstünlikler arzuw edip, şeýle ajaýyp baýramçylygy bellemäge giň mümkinçilik döreden hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli tutýan tutumly işleriniň mydama rowaç bolmagyny Beýik Biribardan dileg edip, baýramçylyk dabarasyny tamamlaýarlar.

**GATNAŞÝANLAR:**

1. 1–2 alypbaryjylar.
2. Arçyn.
3. Medeniýet öýüniň «Diýar» folklor topary.
4. Talyp ýaşlar.
5. Şäherçäniň Gurbansoltan eje adyndaky Zenanlar guramasynyň başlygy we halyçy zenan.
6. Medeniýet öýüniň çeper höwesjeňleri.
7. Aýdymçylar.

Ssenariýada türkmen şahyrlarynyň goşgularyndan, metbugat materiallaryndan peýdalanyldy.

## Sahna bezegi

Lebap welaýatynyň Gazojak şäherçesiniň tomusky dynç alyş seýilgähiniň owadan meýdançasy baýramçylyk lybasyna beslenen. Meýdançanyň bezegi baýramçylyga gelen myhmanlaryň ruhuny göterýär. Sahnada hormatly Prezidentimiziň suraty. Döwlet nyşanlary, şeýle hem-de «Haly baýramyňyz mübärek bolsun!» diýen ýazgy bilen bezelen. Döwlet tugumyz parlaýar. Seýilgähiň daş-töweregi alelwan güller, şarlar bilen bezelen. Seýilgähde inçelik bilen dokalan nepis türkmen halylarynyň birnäçe görnüşleriniň sergisi guralan. Daş-töwerekdäki hormatly Prezidentimiziň türkmen halylary barada aýdan dana sözleri, paýhaslary ýazylan ýazgylar gelen adamlaryň ünsüni özüne çekýär. Meýdançanyň bir gapdalynda azyk önümleriniň söwdasy guralan. Aýdym-sazyň owazlary seýilgähiň töwerek-daşyna joşgun bilen ýaňlanýar.

Bellenilen wagtda dutar bilen daragyň bilelikdäki sesiniň owazy ýaňlanýar. Hemmeleriň ünsi çykyş meýdançasyna gönügýär.

**Diktor:** Bu sungatda näçe diýseň jady bar,
Asyrlardan miras galan ýadygär.
Ýürekdäki keşdeleri döreden,
Türkmen zenanynyň beýik ady bar.

*Sahnanyň her gapdalyndan türkmen milli toý lybasyna geýnen alypbaryjylar çykýarlar.*

**Oglan:** Essalawmaleýkim, hormatly myhmanlar!

**Gyz:** Salamälik, mähriban ildeşler!

**Oglan:** Hormatly Prezidentimiz däp-dessurlarymyzy, milli baýramçylyklarymyzy ýaňadan gaýtaryp berdi.

**Gyz:** Azaply zähmetiň ajaýyp miwesine il bolup guwanmak asylly däp hökmünde ata-baba ýaşap gelýär.

**Oglan:** Hormatly Prezidentimiz her ýylyň maý aýynyň soňky dynç güni Türkmen halysynyň baýramyny döwlet derejesinde bellemeklige Perman berip, halyçylyk sungatyna uly sarpa goýdy.

**Gyz:** Bu gün türkmen Diýarymyzyň ähli künjegi uly baýramçylygy – Haly baýramynyň toýuny toýlaýar.

**Oglan:** Şonuň ýaly bu gün Lebap welaýatynyň Gazojak şäherçesi hem uly toýa, uly dabara beslenýär.

Göllerinde taryhy bar milletiň,
Bezär döwletimiň öýüni haly.
Egsilmezdir onuň gadyr-gymmaty,
Eýelär göreniň kalbyny haly.

**Gyz:** At-abraýy bütindünýä ýaýrandyr,
Nepisligne älem ýüzi haýrandyr,
Bilbil aşyk bolup, süýji saýrandyr,
Unudyp özüniň gülüni, haly.

**Oglan:** Eziz adamlar, baýramçylyk dabaramyzyň başynda şu baýramy gutlap bermek üçin şäherçämiziň arçynyna uly hormat bilen söz bereliň.

**Arçyn:** (Ol öz çykyşynda şäherçäniň halyçylarynyň ýeten sepgitleri, gazanan üstünlikleri barada gürrüň berýär. Sözüniň soňunda adamlary baýramçylyk bilen gutlaýar).

**Oglan:** Mähriban adamlar! Geliň, indi bolsa, şäherçämiziň tanymal aýdymçysy Şanepes Açylowyň ýerine ýetirmeginde «Türkmen halysy» diýen aýdymy diňläliň.

Türkmen halysy.
Türkmen halysy,
Türkmen halysy.
Seniň her bir gölüň bahar lälesi.

Seniň adyň dünýä meşhur,
Içiň-daşyň durşuna nur. *2 gezek gaýtalamaly*
Kimkä seni ilki dokan!
Beýik şahyr – beýik Zenan.

Türkmen halysy.
Türkmen halysy,
Türkmen halysy.
Seniň her bir gölüň bahar lälesi.

Ömrüň älem kimin uzyn,
Il içinde adyň eziz. *2 gezek gaýtalamaly*
Her älemiň müň reňki bar,
Hem-de gije, hem-de gündiz.

Sazy: *Weli Ahmedowyňky*
Sözi: *Kerim Gurbannepesowyňky*

**Oglan:** Geliň, indi bolsa, şäherçämiziň Zenanlar guramasynyň başlygy Aýbölek Myradowa uly hormat bilen söz bereliň.

**Guramanyň başlygy:**

Dünýä görki hakda söhbet açylsa,
«Ene» diýen sözden başlar sözbaşym.
Iki älem içre ähli ýaşaýyş,
Enelerden alyp gaýdýar gözbaşyn.

Enelerdir bu dünýäniň geregi,
Onsuz durar, urmaz Zemin ýüregi.
Çünki beýik gudratlary döredýän
Enelerdir – ömürleriň bezegi.

(Ol öz çykyşynda: «Türkmen halylarynyň gadymdan gelýän inçe işdigini, ony bize enelermiziň miras goýanlygyny nygtap, hormatly Prezidentimiz ony sungat derejesine galdyryp, türkmen zenanlarynyň zähmetine bolan hormaty ýene bir gezek beýgeltdi» diýip, uly buýsanç bilen belleýär. Sözüniň soňunda mähriban gelin-gyzlarymyzy hem-de ýygnananlary Haly baýramy bilen gutlaýar).

**Alypbaryjy oglan:** Halyçy ejem janyň gözlerindäki ylahy nur meniň kalbyma şuglasyny saçýar, meniň ömrüm, ýaşaýşym ene ýylgyrşyndan süýjeýär. Ol ýylgyryş maňa ylahy gudraty berýär!

10. Sargyt № 2130

**Alypbaryjy gyz:** Goja bolsaň ýaşlygyňy ýatladar,
Göçgün göwnüň götär jahylam bolsaň.
Şirin aýdymlaryň waspyn etmäne,
Käte söz tapdyrmaz şahyram bolsaň.

(Baýramçylyk dabaramyzda şäherçämiziň ýaş, tanymal aýdymçysy Ogulnur Orunowa söýgi hakda aýdym aýdýar).

**Alypbaryjy oglan:** Mähriban adamlar, indi bolsa, Türkmenistanyň at gazanan halyçysy, şäherçämiziň ussat halyçy zenany Enegül Baýramowa uly hormat bilen söz bereliň.

(Ol öz çykyşynda özüniň geçen zähmet ýoly barada, halyçylyk sungaty hakynda gürrüň berýär. Şeýle hem özüniň bu inçe sungatda tälim berip, ýetişdiren şägirtleriniň atlaryny uly buýsanç bilen tutýar. Sözüniň soňunda gelin-gyzlary, dabara ýygnananlary baýramçylyk bilen gutlaýar. Alypbaryjylar hormatly zenana gül çemenini gowşurýarlar).

**Alypbaryjy gyz:** Eziz adamlar, geliň, indi bolsa, şäherçämiziň medeniýet öýüniň «Diýar» folklor toparynyň «Halyçy gözel» atly folklor çykyşyna tomaşa edeliň.

**Gyzlar:** Eý, daragym, batlan, eý, ýüregim, şatlan.
Şatlan, şatlan, heý, jan-eý, zähmetde taplan!

Eý, gözel-eý halym, gül bezelen, halym,
Älemde meşhur, eý jan, at gazanan, halym
Eý, uzak illerde, tarypyň dillerde,
Taý gelmez saňa, heýjan, gunça güllerde!

**1 oglan:** Gudratly halym, nagyşly gölüň,
Äleme nur saçýar şöhratyň-şanyň!

**1 oglan:** Nepisdir haly, mahmal mysaly,
Öýlerin bezeýär türkmen iliniň,

**1 oglan:** Ýigitler, gyzlar.

**Oglanlar:** How!

**Gyzlar:** Näme?
Bu gün hormatly Prezidentimiz bize sowgat eden Haly baýramy.

**Oglanlar:** Gyzlar, halyňyzy kesipsiňiz, gözüňiz aýdyň!

**Gyzlar:** Taňryýalkasyn.
Geliň, toý gününde milli guwanjymyz nepis halymyzy wasp edeliň!

**Hemmesi bile:** Geliň!

**1 oglan:**
Halyçy gyzlar gelýär,
Söýgüsin gizläp gelýär,
Çitim ýaly inçeden
Bagtyny gözläp gelýär.

**1 gyz:**
Batly kakylar darak,
Gyzlarymyz hem janserek,
Toý gününde kesmäge
Bu gün galkynýar ýürek.

**1 oglan:**
Öýlere bezeg haly,
Toýlara bezeg haly,
Şahyrlar baky joşup,
Waspyny ýazar halyň.

**1 gyz:**
Dokarys uly haly,
Bu gün enemiz hakda,
Halypalaň halypasy
Dana käbämiz hakda.

**1 oglan:**
Gözüň ýagyn iýip barýan
Türkmenleriň halysy bar,
Her dem ýüzlerme sylýan
Onda halkyň manysy bar.

**1 gyz:**

Enelerdir ejemiziň
Elleriniň yzlary bar,
Oň hünärin dowam edýän
Eli çeper gyzlary bar.

Gyzlar «Halyçy gözel» tansyny ýerine ýetirýärler (Tansda halynyň çitimleriniň çitilişi, daragyň kakylyşy, halynyň kesilşi çeperleşdirlip, sahnada janlandyrylýar).

**Alypbaryjy gyz:** Haly baýramyna bagyşlanan baýramçylyk dabaramyz tamamlanyp barýar.
Dünýä gözelligini dörediji eziz adamlar! Janyňyz sag, işiňiz rowaç, görjegiňiz diňe gowluk bolsun!

**Alypbaryjy oglan:** Şeýle ajaýyp baýramçylyklary döreden, ony dabaraly bellemäge giň mümkinçilik beren hormatly Prezidentimiziň jany sag, başy dik, işi rowaç bolsun!

Baýramçylyga bagyşlanan aýdymly tans. Soňundan halyçylaryň islegi boýunça konsert.

**Soňy**

## Duşuşyk agşamlary

Medeni-dynç alyş edaralarynda önümçilik wagyz-nesihat işini guramakda, halk hojalygynyň dürli pudaklarynda, ylymda, medeniýetde gazanylan üstünlikler bilen ilaty tanyşdyrmakda, öňdebaryjy iş tejribäni ornaşdyrmakda duşuşyk agşamlary uly orny oýnaýarlar.

Duşuşyk agşamy anyk adam barada giňişleýin gürrüň bermäge, onuň şahsy mertebesini, gylyk-häsiýetini ähli medeni-dynç alyş edaralarynyň serişdeleriniň üsti bilen açyp görkezmäge kömek berýär. Portret agşamlarynda bitewi köpçülik ýa-da öňdebaryjy topar barada-da gürrüň bermek mümkin.

Duşuşyk agşamynyň ssenariýasy medeni-dynç alyş edaralarynyň resmi dramaturgiýasynyň anyk mysalydyr. Bu agşamy geçirmek üçin ilkinji nobatda saýlanyp alnan şahslar barada resmi maglumatlar toplanylýar. Soň şol maglumatlaryň esasynda ssenariýa düzülýär.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda sorag-jogap, maslahat beriş işlerini guramak

Şäher, etrap medeniýet öýleriniň alyp barýan işleriniň içinde iň möhümleriniň biri-de ýekebara we maslahat-habar beriji işidir.

Bu işiň ähmiýeti soňky döwürlerde has-da artdy. Munuň şeýle bolmagyna ilki Türkmenistanyň Garaşsyz, özbaşdak, özygtyýarly döwlet bolmagy, täze ideologiýasy sebäp boldy. Biz indi dünýewi, demokratik, döwletde ýaşaýarys. Bu bolsa öň bize belli bolmadyk köpsanly meseleleri çözmekligi talap edýär. Olary akylly-başly çözmeklik üçin ol meselelere ilatyň çuň düşünmekleri zerur. Zähmetkeşleri döwrümiziň dürli meseleleri – döwletimiziň içeri we halkara syýasaty, ylmyň, tehnikanyň, ykdysadyýetiň, edebiýatyň we sungatyň dürli-dürli meseleleri gyzyklandyrýar. Olar özlerini gyzyklandyrýan köp soraglara radionyň, telewideniýanyň, gazet-žurnallaryň we beýleki serişdeleriň üsti bilen jogap alýarlar.

Şeýle-de bolsa käbir meseleler boýunça olara hünärmenleriň düşündirişi, lukmanyň, agronomyň, hukukçynyň maslahatlary gerek. Ýekebara maslahatlary, habar beriji işi guramak barada medeni-dynç alyş edaralary dürli işleri gurap bilerler. Olar medeni-dynç alyş edarasyna gelýänlere her dürli amaly ýardam etmek, mysal üçin, haýsy hem bolsa bir meseläni oba we etrap guramalarynyň seretmegini haýyş edip, ýazylan arzalary, hatlary ýazmaga kömek etmek ýaly işler girýär.

Umuman, ýekebara maslahatlar – habar beriji işiň mazmuny soňky döwürde ep-esli giňeldi, ol köp dürli hem-de çylşyrymly işe öwrüldi. Bu iş ilaty gyzyklandyrýan meseleler esasynda guralýanlygy hem-de şolbada amaly netijeleri berýändigi bilen möhümdir. Zähmetkeşlere berlen her bir maslahat–habar beriji iş olara diňe bir anyk kömek berip we belli bir derejede onuň aň-düşünjesini täze bilimler bilen baýlaşdyrman, eýsem ol şol mesele bilen has içgin tanyşmaga, şol soraga degişli makalalary okamaga, leksiýalary diňlemäge onat höwes döredýär. Maslahat–habar beriji işiň gowy ýola goýulmagy bilen, zähmetkeşleriň arasynda medeni-dynç alyş edaralarynyň abraýyny ýokary göterýär, oňa ilaty çekmäge kömek edýär.

Medeni-dynç alyş edarasynda ýekebara maslahatlar–habar beriji işi nähili guramaly?

Ýekebara maslahatlar – habar beriji işiň mazmunynyň örän köp taraplylygyny nazara alyp, bu işe bilimleriň dürli pudaklarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, önümçilikdäki hünärmenleriň wekillerini çekmeklik gerek. Şolar bilen maslahatlar–habar beriji işi alyp barmak üçin Geňeş guralýar. Tejribäniň görkezişine görä, şol Geňeşiň düzümine medeniýet işgärleri, kitaphana işgärleri, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, mugallym, agronom, lukman, hukukçy ýaly adamlar girýärler.

Geňeşiň agzalary öz aralarynda wezipeleri bölüşýärler. Meselem, biri syýasy, beýleki biri bolsa, hukuk we şuňa meňzeş meseleleri öz üstüne alýar. Geňeşiň amaly işini ýola goýmak üçin ýörite maslahatlar–habar beriji stol döredilýär. Eger-de medeni-dynç alyş edaralarynda ýörite otag bar bolsa, bu stoly şol otagda, eger-de mümkinçilik bolmasa, bir otagyň künjeginde ýerleşdirmek bolar. Ol ýerde habar beriji şygarlar, stolda nobatçylyk edilýän günler we sagatlar baradaky bildirişler asylyp goýulýar. Habar beriji stoluň iş günleri we sagatlary barada maglumatlar ilata habar berilip durulsa, amatly bolýar.

Maslahatlar–habar beriji stoluň zähmetkeşler tarapyndan orta atylan meselelere, soraglara tiz we takyk jogap bermekligini gazanmaklyk üçin onuň oba arçynlygy, jemgyýetçilik guramalary, keselhana, halk kazyýeti we beýleki edaralar we guramalar bilen işi ysnyşykly ýola goýmak gerek. Bu edaralar habar beriji stolda nobatçylyk çekmäge, ony zerur resminamalar bilen üpjün etmäge kömek berýärler.

Üstünlikli işlemek üçin Geňeşiň ygtyýarynda Türkmenistanyň Konstitusiýasy, zähmet, raýatlyk hem-de jenaýat, maşgala we nika hakyndaky Kanunlar, Ministrler Kabineti tarapyndan kabul edilen resminamalar, döwletimiziň Prezidentiniň Permanlarydyr Kararlary bolmalydyr.

Maslahatlar–habar beriji stolda şunuň ýaly hem oba adamlarynyň umumy ýygnagy tarapyndan kabul edilen ýörite ýerli düzgünnama, hususyýetçilik, kärende, telekeçilik we şuňa meňzeşler baradaky resminamalar, etrabyň, daýhan birleşiginiň önümçilik meýilnamalary, oba arçynlygynyň býujeti ýaly resminamalar bolmalydyr.

Soňky wagtlarda içinde köp sanly her hili maglumatlar bolan düşündiriş beriji edebiýatlar we hasabat (statistiki) ýygyndylary çykaryldy, maslahatlar–habar beriji stoluň üstünde daýhan birleşigiň gerekli resminamalaryň bolmagy örän peýdalydyr. Bu barada ilatyň ösen isleg-talaplary öwrenilmelidir. Bu işde döwletimizde geçýän özgerişlikleri beýan edýän gazetleriň dürli makalalarynyň nusgalaryny saklaýan bukjalar uly peýda getirip bilerler.

Habar we düşündiriş beriji materiallar toplandygyça, olary köp wagt sarp etmezden, agtaryp tapmak üçin düzgüne salmak gerek. Şu maksat bilen, bar bolan ähli materiallary öz içine alýan kartoteka döredilse, uly peýda getirer.

Maslahatlar–habar beriji işde medeni-dynç alyş işiniň ýekebara we köpçülik görnüşleri we usullary ulanylýar. Köpçülik çärelerinden soraga-jogap agşamlary, toparlaýyn gürrüňler, duşuşyk agşamlary adamlarda uly gyzyklanma döredýär.

Maslahatlar–habar beriji stoluň işläp başlandygy barada ilaty giňden habardar etmek gerek. Bu barada zähmetkeşleriň ýygnaklarynda yglan etmek, bildirişler asyp goýmak, diwar gazetlerde habar bermek zerurdyr.

Maslahatlar–habar beriji stoluň ýanynda haýsy meseleler boýunça gyzyklanýan zadyňa jogap almak bolýandygy, Geňeşiň agzalary haýsy günlerde we sagat näçeden näçä çenli nobatçylyk edýändigini görkezýän diwarlyk asylyp goýulmalydyr. Stoluň işi anyk guralmalydyr; nobatçylar bellenilen wagtlarynda gelmelidirler.

Maslahatlar–habar beriji iş iki görnüşde – agzeki bilen hem-de ýazmaça görnüşde guralyp, olaryň iň sada görnüşi gelip gidýänler bilen ýekebara gürrüň geçirmekdir.

Maslahatlar–habar beriji işiň täsirli serişdesi – bu sorag we jogaplar kitabydyr. Ol medeni-dynç alyş edarasynda göze görnüp duran ýerde goýulýar. Onuň birinji sahypasynda kitaby peýdalanmagyň düzgünleri ýazylýar. Kitabyň soňky sahypalary aşakdaky ýaly nusgada alnyp barylýar:

| T/b | Sorag berýäniň familiýasy, ady we atasynyň ady, onuň öý salgysy | Sorag | Jogap | Soraga jogap berýäniň netijesi |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | |

## Däp-dessurlar we olar bilen baglanyşykly dabaralary guramakda medeni-dynç alyş edaralarynyň orny

Her bir halkyň ýaşaýşynda, gündelik durmuşynda däp-dessurlary, edim-gylymlary bar. Däp-dessup, her ýagdaýa görä, kabul edilip, köpçülik tarapyndan ykrar edilip, halk tarapyndan berjaý edilýär. Däp-dessur adam dünýä inenden, ahyrky ýoluna çenli, her aýratyn ýagdaýa görä, berk berjaý edilip, nesilden-nesle geçip, «dessur» bolup, amal edilýär.

Däp-dessur berjaý edilende, sebit aýratynlyklaryna görä, az-kem üýtgeşiklikler bolup biler.

Türkmen medeniýetinde halk döredijiligi uly orny tutýar. Uzak ýyllaryň dowamynda türkmen halky folklor eserleriniň ajaýyp nusgalaryny döredipdir. Ol nusgalara halkyň oý-pikiri, akyl-paýhasy siňmek bilen ornaşypdyr. Halk döredijiligine sagdynlyk, okgunlylyk, çuňňur manylylyk, ötgürlik, aýdyňlyk we çeperçilik, öwut-ündew we paýhaslylyk, degişme sähraýy ýaly sypatlar mahsusdyr. Halk döredijiliginiň kökleri örän gadymydyr.

Türkmen halk döredijiligi özüniň mazmuny , görnüşi, çeperçilik aýratynlygy, beýan ediliş stili hem ýerine ýetiriliş usuly boýunça birnäçe žanrlara bölünýär. Olardan ertekiler, şorta sözler, rowaýatlar, yşky-liriki dessanlar, eposlar, nakyllardyr atalar sözi, läleler, monjugatdylar, hüwdüler, agylar, matallar, halk aýdymlary, yrymlar, sanawaçlar, ýaňyltmaçlar, ýomaklar ýaly žanrlary görkezmek bolar. Küýzegärçilik, dürli materiallardan ýasalan gap-çanaklar, daşdan, süňkden, kümüşden, altyndan ýasalan nepis zatlar, dokma, çeper keşde, haly we ş.m. halk döredijiliginiň senetçilik-bezeg işleridir. Şolaryň içinde halyçylyk bilen zergärçilik halk tarapyndan çuň söýülýän sungatdyr.

1941–1942-nji ýyllarda dünýäde deňi-taýy bolmadyk nagyşly äpet haly dokaldy. Bu halynyň meýdany 193.5 $m^2$ onuň agramy 865 kg. barabardyr. Halyny Serdar etrabynyň haly ussahanasynyň 36 ökde halyçy gelin-gyzlary dokadylar. Bu hala ýörite Perman bilen «Türkmen kalby» diýen at berildi. Mundan başga-da, şeýle äpet halylaryň ençemesi Garaşsyzlyk ýyllarynda-da dokaldy.

Milli halyçylyk sungatyny mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, ýurdumyzda ýörite resmi ýagdaýda Türkmen halysynyň güni yglan edildi.

Türkmenistanyň iň kämil derejä ösüp ýeten halk senetçilik – bezeg sungatynyň biri hem zergärçilikdir. Türkmen zergärleri, halyçylar ýaly, öz kärlerini diýseň oňat bilýänligi, ýiti duýgurlygy, özleriniň döredýän eserlerine tüýs suratkeş ýaly çemeleşýänligi we gözelligiň kanuny talaplaryna laýyklykda döretmegi başarýandyklary bilen tapawutlanýarlar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden «Döwlet adam üçindir» diýen şygary Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzy dünýewi, demokratik hukuk döwletine öwürmekde uly kömek berýär. Hormatly Prezidentimiziň çykyşynda «Türkmenlere özleriniň beýik taryhy köklerini ýada salmak, özlerini dünýä jemgyýetçiliginiň doly hukukly we hormatly agzalary hökmünde ykrar etdirmek üçin örän az wagt gerek boldy» diýen sözler bar.

Hormatly Prezidentimiziň bu sözleri biziň ruhy baýlygymyza, şol sanda halk döredijiligimize-de tutuşlygyna degişlidir. Biz ruhy taýdanam taplandyk. «Oguznama», «Gorkut ata» ýaly eserleriň, gadymy dessanlaryň, köp halk aýdymlarynyň, läleleriň, hüwdileriň we beýleki folklor eserleriniň many-mazmuny, Gowşut han, Keýmir kör, Alp-Arslan, Nurberdi han ýaly Watanyň azatlygy ugrundaky göreşe baş bolan türkmen han-begleriniň mertligi gadymy ruhubelent halkymyzyň ruhy medeniýetiniň galkynmagyna, milli buýsanjymyzyň beýgelmegine täsir edýär.

Ýurdumyzda wajyp we ähmiýetli işi amala aşyrmakda türkmen medeniýetini, milli mirasyny dünýä ýaýmakda dürli guramalaryň we edaralaryň, ylmy-barlag institutlarynyň, mekdepleriň, ýokary we orta okuw jaýlarynyň, sungat edaralarynyň, medeniýet ojaklary bolan kitaphanalaryň, medeni-dynç alyş edaralarynyň, köpçülik wagyz-nesihat serişdeleriniň – metbugatyň, radio-telewideniýe, kinematografiýa we beýleki edaralaryň ýakyn gatnaşykda el-ele berip, işlemekligi zerurdyr. Ol işler şu aşakdaky görnüşde alnyp barylsa, maksada laýyk bolar:

1. Halk döredijiligini öwrenmek boýunça iş alyp barmak;

2. Gözlenilip, agtarylyp tapylan halk döredijilik eserlerini medeni-dynç alyş edaralarynyň işlerinde peýdalanmak we halk köpçüligine ýetirmek baş wezipedir.

Belli bolşy ýaly, biziň ýurdumyzda türkmen milleti bilen beýleki milletleriň wekilleri ýaşaýarlar. Soňky döwürlerde biziň döwletimiz dünýäniň beýleki ýurtlarynda ýaşaýan türkmenler bilen aragatnaşygy pugtalandyrýar. Bu bolsa halk döredijiligini has-da çuň öwrenmeklige mümkinçilik berýär. Muňa «Özgeriş ülkesi – türkmen ýaýlasy» atly halkara festiwalyny mysal görkezmek bolar. Bu halkara festiwala dünýä türkmenleriniň wekilleri hem gatnaşýarlar.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, medeni-dynç alyş edaralarynyň halk döredijiligni ösdürmekdäki alyp barýan işleriniň biri-de, olary wagyz –nesihat etmekden we ösdürmekden ybarat bolan medeni köpçülik çäreleridir. Şu maksat bilen medeni-dynç alyş edaralarynda gözden geçirilişler, festiwallar, bäsleşikler geçirilýär. Şol geçirilýän işleriň netijesinde täze, birnäçe folklor-etnografiki toparlar döredildi. Olar halk döredijiligine bolan gyzyklanmany ilatyň arasynda janlandyrýarlar. Mysal üçin, Magtymguly etrabynyň medeniýet öýüniň ýanynda indi köp ýyllaryň dowamynda üstünlikli we döredijilikli işleýän «Sumbar» folklor topary, Ruhabat etrabynyň «Dürdäne», Halaç etrabynyň «Akdere» folklor toparlary halk döredijiligini ösdürmekde uly işleri alyp barýarlar.

Halk döredijiligini ösdürmekde festiwallaryň, ylmy-amaly maslahatlaryň, medeni-dynç alyş edaralarynyň ýanynda döredilýän dürli gurnaklaryň we toparlaryň uly ähmiýeti bar. Bu görnüşdäki gurnaklar özleriniň görnüşleri boýunça dürli-dürli bolup bilerler. Mysal üçin, poeziýa söýüjileriň, folklor söýüjileriň birleşmeleri, aýdym, tans, saz, çeper okaýyş, halyçylyk, zergärçilik, küýzegärlik we ş.m. gurnaklar.

Halk döredijiligini ösdürmek maksady bilen medeni-dynç alyş edarasy dürli duşuşyklary, temalaýyn we temalaşdyrylan agşamlary, baýramçylyklary, köpçülikleýin kino we telegepleşiklere tomaşa etmegi gurap bilerler. Olar kitaphanalar bilen birlikde halk döredijiligine degişli mydamalyk hereket edýän kitap sergilerini gurasalar, peýdaly bolar.

## Köpçülikleýin gezelençler we baýramçylyklar. Syýahatçylyk işleri

Zähmetkeşleriň işden boş wagtynyň artmagy we olaryň medeni islegleriniň ösmegi medeni-dynç alyş edaralaryndan köpçülikleýin gezelençleri guramagy talap edýär.

Gezelençler adamlara gezelenç döwründe dürli anyk zatlary görkezmek bilen olaryň gözýetimini giňeltmäge we terbiýelemäge ýardam edýärler. Olar durmuş hakykatyny görmäge, onuň manysyna düşünmäge mümkinçilik alýarlar.

Adamlary gyzyklandyrýan we oňat hem-de oýlanyşykly guralan gezelençler oňa gatnaşýanlary şäheriň, etrabyň ykdysadyýeti, ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünlikleri, ülkäniň tebigaty we taryhy, adamlaryň ýaşaýşy, zähmetdäki öňdebaryjy usullar bilen çuňňur tanyşdyrýar.

Taryhy we ösüşli wakalara bagyşlanyp geçirilýän gezelençler oňa gatnaşyjylary ülkäniň geçmişi bilen tanyşdyrýar, olarda watançylyk duýgusyny oýarýar.

Gezelençler oňa gatnaşýan adamlaryň sanyna baglylykda köpçülikleýin we topar gezelençlere bölünýärler.

Topar gezelenjine gatnaşýanlaryň sany 20–25 adamdan köp bolmaly däldir. Köpçülik gezelençlerine 40–45 adam gatnaşýar.

Köpçülik gezelençleri birnäçe kiçi toparlara bölünýärler. Bu gezelençler, köplenç, taryhy wakalaryň bolup geçen ýerlerine aýlanyp görmek üçin ulanylýar. Olarda gezelenje gatnaşýanlaryň dynç almagy hem göz öňüne tutulmalydyr.

Toparlaýyn gezelençleriň özüniň görnüşi boýunça epizod we tapgyrlaýyn görnüşde bolup, olar muzeýlere, zawod-fabriklere, kärendeçiler toparlaryna, önümçilik kärhanalaryna gitmekligi göz öňüne tutýarlar.

Özüniň mazmuny boýunça gezelençler taryhy, taryhy-rewolýusion, harby-watançylyk, önümçilik, geografiýa, tebigaty, ülkäni öwreniş, arhitektura-jaý gurluş, edebiýat we sungaty öwrenmek gezelençlerine bölünýärler.

Gezelenji geçirmek üçin, mysal üçin, geografiýa boýunça iş sapar meýilnamasy düzülýär. Geografiýa gezelenji öz içine ülkäni öwrenişi hem alýar.

Her bir gezelenç tanyşdyryjy hünärmen bilen üpjün edilmelidir. Muzeýlerde ýörite şol ugurdan hünärmenler bolýar. Eger-de medeni-dynç alyş edarasy önümçilik gezelençlerini gurajak bolsa, onda ol şol kärhanany oňat bilýän adamdan gürrüň bermekligi haýyş edýär.

Gezelençler bilen bir hatarda soňky döwürlerde syýahatçylyk giň gerim aldy.

Syýahatçylyk ýörişleri we syýahatlar adamlara taryhy we medeni ýadygärlikleri, ülkäniň tebigaty, ykdysadyýetiň, ylmyň we medeniýetiň üstünlikleri bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär. Syýahatçylyk saparlary ýakyn we daş aralyga, az we köp wagtlaýyn bolup biler. Olarda syýahatçylaryň dynç almagy-da göz öňünde tutulmalydyr. Köp wagtlaýyn syýahatçylyk ýörişlerini geçirmek üçin ähli gerek bolan enjamlaryň, jaýlaryň bolmagy zerur. Sebäbi adamlar ýatmaly, dynç almaly. Syýahatçylyk işini guramakda medeni-dynç alyş edaralary döwlet we jemgyýetçilik guramalarynyň kömegine daýanýarlar. Mundan başga-da, olar taryhy we medeni ýadygärlikleri, tebigaty goramak, awçylar, balykçylar jemgyýeti bilen berk aragatnaşyk saklamalydyrlar.

## Çekişmeleri (disputlary) guramak

Häzirki wagtda ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen ilatyň, onda-da ýaşlaryň çekişmelere bolan gyzyklanmasy has-da artdy. Sebäbi Watanymyzyň özbaşdak döwlet bolmagy täze soraglary, durmuşa täze garaýyşlary ýüze çykardy. Munuň özi zähmetkeşleriň döwrümiziň derwaýys möhüm meselelerine öz garaýşyny doly beýan etmäge çalyşmaklary bilen hem düşündirilýär. Oňat guralan çekişme adamlary oýlanmaga, öz nukdaýnazaryny delillendirip goramaga kömek berýär. Jedele öwrülen hakykat bolsa, kada bolşy ýaly, adamyň durmuşynda ahlak görkezmä öwrülýär.

**Çekişme** – munuň özi işjeň, gyzyklandyryjy, joşgunly gürrüňdir, jedeldir. Oňa gatnaşýanlar ara alnyp maslahatlaşylýan meselelerden akylly-başly baş çykarmak isleýärler. Çekişmede käwagt gapma-garşylykly nukdaýnazarlaryň çaknyşmagy mümkindir.

Hakykatyň gözlegi garaýyşlaryň erkin alyş-çalyş ýoly bilen barýar. Munuň özi her kime ara alnyp maslahatlaşylýan mese-

le barasynda öz garaýşyny aýtmaga hem, ýoldaşlarynyň garaýşyna tankydy baha bermäge hem mümkinçilik berýär.

### Çekişmäni nähili taýýarlamaly we geçirmeli?

Ol temany saýlap almakdan, ony dogry görnüşde durmuşa geçirmekden başlanýar. Alnan tema boýunça soraglar düzülýär. Çekişmäniň temasynyň ýitiligi bilen tapawutlanmagy, onuň adynyň we goýlan soraglarynyň bolsa gatnaşyjylary gyzyklandyrmagy zerurdyr. Mysal üçin, «Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň öňdebaryjy adamsy bolmak nämäni aňladýar?», «Siz dostluga nähili düşünýärsiňiz?», «Bir göreňde söýmek mümkinmi?», «Täze pikirler, täzeçilliklere garaýyş», «Haýsy kär gowy?» we şuňa meňzeşler ýaly bolmaly.

Tema saýlanyp alnandan we soraglar düzülenden soň, olara degişli edebiýaty saýlap almaly, olary ara alyp maslahatlaşmaga mümkingadar köp adam çekjek bolmaly. Çekişmäniň düzgünini işläp taýýarlamaly. Onuň şu aşakdaky görnüşde bolmagy mümkin: «Jedelleşmezden öňürti näme hakda gürrüň etjekdigiň barada oýlan! Çekişmede esasy zat – munuň özi delillerdir, jogikadyr, ynandyryjylykdyr. Ýoldaşlaryň pikirini we sözlerini ýoýmazdan, ak ýürekden jedelleş. Takyk hem-de maglumatlaryň iň oňat subutnamadygyny we garşylyk görkezmegiň iň oňat usuldygyny ýadyňdan çykarma! Öz pikiriňi goramak bilen birlikde düşnükli, sada, takyk aýt! Ýoldaşlaryň pikirine hormat goý! Eger öz pikiriň ýalňyşdygy tassyk edilse, mamla däldigiňi mertlerçe boýun almagy başar! Çykyş edip bolanyňdan soň netije çykar!».

Çekişmäniň temasy kesgitlenilende oňa zähmetkeşleriň wekilleri hökman gatnaşmalydyr. Diňe şeýle ýagdaýda çekişme olar üçin işe däl-de, eýsem olaryň hut özleriniň işlerine öwrüler. Çekişme üçin has döwrebap we gyzykly tema saýlap almakda medeniýet işgärleriniň orny uludyr. Mysal üçin, mekdepde, otagda okuwlaryň ýagdaýy öwerlikli däl bolsa, onda: «Üçlük bilimler ýeterlikmi?» ýa-da «Bilim güýçdür. Sen muňa nähili düşünýärsiň?» diýen temadan çekişme geçirmek bolar.

*Çekişmede soraglaryň sany näçe bolmaly?*

Medeni-dynç alyş edaralarynyň tejribesiniň görkezişi ýaly, soraglar 4–5-den köp bolmaly däl.

Saýlanylyp alnan soraglaryň takyk jogaby salgy bermezligine, olaryň çekişme döretmeklige mümkinçiliginiň bolmagyna üns bermeli. Mysal üçin, «Döwrümiziň öňdebaryjysy bolmak nämäni aňladýar?» diýen tema boýunça çekişme üçin şu aşakdaky soraglary hödürlemek bolar:

1. Siz häzirki zaman öňdebaryjysynyň özünden ozalky ýyllaryň öňdebaryjylaryndan tapawudyny nämede görýärsiňiz?
2. Näme üçin halanylmaýan iş bolýar?
3. Siziň iş hünäriňizde iň gadyr goýýan zadyňyz näme?
4. Medeniýetli adam diýen düşünjä siz nähili düşünýärsiňiz?

Her kim bu soraglara özüçe düşünýär. Şoňa görä-de:

«Häzirki zaman adamy. Ol nähili bolmaly?» diýen temadan çekişme elmydama diýen ýaly gyzykly geçýär. Bu temadan çekişme geçirilen mahalynda şu aşakdaky meseleleri ara alyp maslahatlaşmak bolar:

– Häzirki zaman adamynyň ýol-ýörelgesi nähili bolmaly?
– Häzirki zaman adamy bolmak işjeň we ylmy nukdaýnazarly bolmagy aňladýar. Siz şeýle tassyklama bilen ylalaşýarmysyňyz?
– Siz nähili adamy häzirki zaman adamsy hasaplaýarsyňyz?
– Siz adamlarda nähili sypatlary halaýarsyňyz we nähili sypatlary agzaýarsyňyz?
– Işjeň durmuş ugurlary ýok adamyny häzirki zaman adamy diýip atlandyryp bolarmy?

Çekişmä taýýarlyk görmek, kada laýyk bolşy ýaly, azyndan bir aý wagt alýar. Ony taýýarlamak we geçirmek üçin işçi topar döredilýär.

Çekişmede ara alnyp maslahatlaşyljak soraglar bolan owadan bezelen bildiriş öňünden ýazylyp, medeni-dynç alyş edarasynyň görnükli ýerinde asylyp goýulýar. Medeni-dynç alyş edarasynda çekişme boýunça ara alnyp maslahatlaşyljak soraglar boýunça edebiýatlaryň hödürleýji tertibi asylyp goýulýar.

Çekişmä taýýarlyk görülýän döwürde zähmetkeşleriň pikirini öwrenmek möhümdir. Muny, adatça, ýörite taýýarlanylan (anketalaryň) soragnamalaryň kömegi bilen amala aşyrmak bolýar.

Çekişmä gatnaşýanlaryň ony alyp barmagyň esasy düzgünlerini bilmekleri möhümdir. Mysal üçin, medeni-dynç alyş edarasynda,

ynha, şeýle düzgünleri (ol ýa-da beýleki görnüşlerde (wariýasiýalarda) görmek bolýar:

– Jedelleşmezden öňürti subut etjek bolýan zadyň barada oýlan;
– Diňe özüňi gyzyklandyrýan zat barada, öz göz ýetirýän zadyň barada aýt, öz düşünmedik zadyňy tassyklama;
– Ak ýürekden jedel et, öz garaýşyň bilen ylalaşmaýan adamyň pikirini ýoýma;
– Eýýäm özüňden öň aýdylan zady gaýtalama;
– Elleriňi galgadyp, sesiňe bat berme, takyk maglumatlar, demir logika iň oňat subutnamadyr;
– Özüň bilen jedelleşýäne hormat goý, ýoldaşyňy öýkeletmezlige, onuň göwnüne degmezlige çalyş. Şeýle etseň, sen diňe bir jedelde güýçlüdigiňi däl, eýsem terbiýelidigiňi hem görkezersiň!

Owadan bezelip taýýarlanan düzgünnama adamlaryň ünsüni çekmek üçin çekişme geçirilmezden birnäçe gün öňünden asylyp goýulýar. Çekişme geçirilende onuň bezelşine uly üns berilmelidir. Çekişmäniň geçiriljek jaýynda ony alyp barmagyň düzgünnamasy, tanymal adamlaryň aýdan dana sözleri ýazylan diwarlyklar, nakyllar we atalar sözi asylyp goýulýar. Saz bezegi, şahyrana goşundylar belli bir duýgulary döretmäge ýardam edýär. Ara alnyp maslahatlaşyljak soraglara degişli kitap sergileri, hödürleýji sanawlar hem çekişmäniň mazmunly geçmägine kömek edýär.

Çekişmäni geçirmekde alypbaryjy uly oýun oýnaýar. Ol öňde goýlan soraglardan oňat baş çykaryp bilýän we adamlaryň arasynda uly abraýdan peýdalanýan adam bolmalydyr. Esasy zat alypbaryjynyň dilewar bolmagy, çekişmä gatnaşýanlary duýga (emosional) meýillendirmegi başarmagy möhümdir. Ol çekişmäni alyp barmakda öz kömekçilerine daýanýar. Kömekçiler çekişmäniň şowhunly bolmagyna ýardam edýärler.Çekişme tamamlanandan soň alypbaryjy onuň jemini jemleýär. Çykyşlara gysgaça baha berýär.

Çekişmeler ilata ideýa-ahlak terbiýesini bermekligiň täsirli görnüşidir. Ol adamlaryň özbaşdak pikirlenişini ösdürýär, olarda zähmet we jemgyýetçilik işine mazmunly we peýdaly durmuşa işjeň gatnaşmak islegini oýarýar. Şonuň üçin her bir medeniýet işgäri çekişmeleri oňat taýýarlamaklyga we geçirmeklige uly ähmiýet bermelidir.

## Wagyz-nesihat işini guraýan toparlar we olaryň iş wezipesi

1. Wagyz-nesihat işini guraýan toparyň jemgyýetçilik wezipesi.
2. Wagyz-nesihat işini guraýan toparyň repertuary we yzygiderligi (tertipnamasy).
3. Wagyz-nesihat işini guraýan toparyň ssenarisi we yzygiderliginiň režissurasy.

Wagyzçylar topary çeper höwesjeňligiň özboluşly we täsirli toparydyr. Ol toparyň agzalary özleriniň ýiti, durmuşa mazmunly çykyşlary bilen durmuşdaky we oňat öňdebaryjy zatlary goldamaklyga, ösdürmeklige, onuň tersine ilatyň ýaşaýşynda gabat gelýän dürli ýetmezçilikler bilen barlyşyksyz göreş alyp barmaklyga kömek edýärler.

Çeper wagyzçylar topary diýip medeniýet öýleriniň, okuw jaýlarynyň ýanynda döredilip, yzygiderli hereket edýän çeper höwesjeňleriň toparyna aýdylýar.

Käbir halatlarda çeper wagyzçylar diýlip, dürli oba hojalyk möwsümleri döwründe döredilip, oňa lektoryň, lukmanyň we beýleki hünärmenleriň gatnaşmagyndaky konsert toparynyň çykyşlaryna-da aýdylýar. Olaryň düzümi her çykyşdan soň üýtgäp bilýar. Çeper topar konsertdir leksiýa bilen çykyş edýän topardan özüniň tertipnamasy, özüniň özboluşly görnüşi we düzüminiň durnuklylygy bilen tapawutlanýar. Çeper wagyzçylar toparynyň uly we gyzykly taryhy bar. Taryhy döwürde raýatlyk urşy döwründe olar esgerleriň we ilatyň arasynda döwletiň syýasatyny düşündirmek bilen meşhur bolupdyrlar. Olara «Janly gazet» diýip at berýän ekenler. Soň-soňlar olar özleriniň çykyşlarynda çeper serişdeleri ulanyp başlaýarlar. 1923-nji ýylda «Gök bluzalylar» (guşaksyz giň aýal köýnegi) ady bilen çeper wagyzçylar köpçülikleýin döräp ugraýar . Bu çeper wagyzçylar topary öz çykyşlarynda ýerli folklor eserlerine daýanypdyrlar.Biziň döwletimizde dürli ýyllarda gyzykly çeper wagyz toparlary döräp, ilata hyzmat etdi. Mysal üçin, 1970-nji ýylda Balkanabadyň Nebitçiler medeniýet öýüniň «Uçgunjyk», Lebabyň superfosfat zawodynyň «Dökünçi», 1980-nji ýylda Magtymguly etrabynyň medeniýet öýüniň ýanynda döredilen «Japbaklar» atly çeper agitbrigadalaryň çykyşlary ilat tarapyndan uly gyzyklanma bilen garşy alyndy. Medeni-dynç alyş

edaralarynyň çeper wagyz toparynyň çykyşlary jemgyýetçilik-syýasy mazmunly bolmak bilen ilatyň arasynda jemgyýetçilik pikiri emele getirmeklige, öňdebaryjy tejribäni ýaýratmaklyga, adamkärçilikli ahlak sypatlary ornaşdyrmaklyga, zähmetkeşlere gözellik terbiýesini bermeklige kömek edýär.

Çeper wagyzçylar toparynyň tertipnamasy dokumental maglumatlary çeper serişdeleriň üsti bilen halka ýetirmeklige esaslanýar. Olar sungat serişdeleriniň üsti bilen şäher, etrap, oba, edaralaryň, okuw mekdepleriniň toparlarynyň üstünliklerini we kemçiliklerini, zähmete geldi-geçer seredýänleri, ahlak düzgünlerini bozýanlary we ş.m. görkezýärler. Iň esasy zat, ýetmezçiliklere garşy özleriniň ýiti garaýyşlaryny gönükdirýärler. Şonuň üçin çeper wagyzçylar toparynyň žanryna söweşjeň žanr diýip, at berýärler.

Etrap medeniýet öýüniň ýanynda döredilen çeper wagyzçylar topary etrabyň ähli ilatly ýerlerinde zähmetkeşlere hyzmat edýär. Öz iş şertlerine görä, çeper wagyzçylar toparyna gatnaşýanlaryň sany dürli-dürli bolup biler. Köplenç, oňa gatnaşýanlaryň sany 8–15, kähalatda 4–5 adam bolýar. Eger-de oňa 20–30 adam gatnaşsa, onda ol üstünlikli işläp biler. Sebäbi olar birnäçe topara bölünip, yzygiderli işlemeklige ukyply bolýarlar.

Çeper wagyzçylar toparynyň çykyşlarynyň dowamlylygy 30–40 minut möçberinde bolýar. Olar özleriniň gündelik işlerinde medeni-dynç alyş edaralarynyň ýanyndaky halk toparlarynyň – halk teatrlarynyň, halk aýdym-saz, tans toparlarynyň kömegine daýanýarlar.

Çeper wagyzçylar topary günübirin we çalt hereket etmegi başarmalydyr. Şonuň üçin ýolbaşçylar, çeper wagyz toparyna gatnaşýanlary seçip saýlap almaklyga uly üns bermelidirler. Çeper wagyzçylar toparyna gatnaşyjylar dürli ugurlardan zehinli bolmak bilen çäklenmän, eýsem olaryň uzak çopan goşlaryna, maldarçylyk birleşmelerine gitmeklige hem mümkinçilikleri bolmalydyr.

Çeper wagyzçylar toparynyň üstünlikli çykyşy onuň tertipnamasyna we ssenariýasyna baglydyr. Oňat tertipnamany we ssenariýany döretmek örän hysyrdyly we döredijilikli iş. Munuň üçin çeper wagyzçylar toparynyň hemme agzalary mydam gözlegde bolmaly, öz hyzmat edýän ilatly ýerleriniň, zähmetkeşleriniň durmuşyny, isleg-ar-

11. Sargyt № 2130

zuwlaryny yzygiderli öwrenmeli. Gerekli dokumental maglumatlary yzygiderli toplamaly.

Çeper wagyzçylar toparynyň tertipnamalary özleriniň gurluşy boýunça bir-birinden tapawutlanýarlar. Birinde ol teatrlaşdyrylan görnüşde bolsa, beýlekisinde – syn, üçünjisinde wagyz-nesihat spektakly görnüşinde bolup biler.

Dürli žanr aýratynlygy çeper wagyzçylar toparynyň syn görnüşindäki çykyşlarynda köp gabat gelýär. Bu köp ýaýran görnüş sahnajyklardan, gülküli degişmelerden, bentlerden we aýdyşyklardan, sýužetli tanslardan, sirk çykyşlaryndan ybarat bolýar.

Çeper wagyzçylar toparlary öz tertipnamalaryny düzenlerinde edebiýata, kinosungatyna, teatra ýüzlenýärler. Olaryň gahrymanlary edebiýatyň sahypalaryndan, ýaýlymdan ýa-da sahnadan düşüp, agitbrigadanyň hatarynda çykyş edýärler. Bu serişdeler çeper wagyzçylar toparynyň çykyşynyň gyzykly we täsirli bolmagyna kömek berýär.

Çeper wagyzçylar toparynyň žanrynyň dürli-dürli bolmagy oňa çem gelen zady goşmaly diýen pikiri aňlatmaýar. Tertipnama üçin žanry saýlap almak ssenariýanyň ýazyjysynyň we režissýorynyň göz öňüne tutýan pikirini açmaklyga, ony tomaşaçylara täsirli ýetirmeklige, aýry temalary we personažlaryň gylyk-häsiýetlerini açyp görkezmeklige kömek bermelidir. Mundan başga-da olar tertipnama goşulanda ýerine ýetirijileriň başarjaňlygy göz öňüne tutulmalydyr.

Çeper wagyzçylar toparlarynyň agzalarynyň köpüsi ssenariýany özleri ýazýarlar ýa-da ýygyndylarda çap edilen taýyn ssenariýalary ulanýarlar. Bu hili ýagdaýda olar gönükdiriji ugur hökmünde ulanylmalydyr, ýagny olara ýerli maglumatlar goşulyp, onuň mazmuny medeni-dynç alyş edaralarynyň hyzmat edýän ilatynyň ýaşaýşy, zähmeti bilen baglanyşdyrylmalydyr.

Çeper wagyzçylar toparynyň her bir agzasy ol ýa-da beýleki derejede improwezirlemek (taýýarlyksyz, birbada düzmek, çykyş etmek) sungatyny başarmalydyr. Bu örän çylşyrymly işdir. Ol çeper wagyzçylar topary çykyş edip duran pursadynda tomaşaçylaryň çykyşy kabul edişine laýyklykda emele gelýär. Şonuň üçin çeper

wagyzçylar topary çykyşlary ýerine ýetirijiden öz medeni derejesini, gözýetimini, aktýorçylyk ussatlygyny yzygiderli kämilleşdirmegi, ýerli durmuşy, adamlaryň gylyk-häsiýetlerini öwrenmekligi talap edýär. Çeper çykyşda tempiň we sazlaşygyň uly ähmiýeti bar. Çeper wagyzçylar toparynyň düzen ssenariýasy birnäçe epizoddan, bölekden ybarat bolup, olar alypbaryjynyň kömegi bilen birleşdirilýär. Çeper wagyzçylar toparynda agyr we çylşyrymly bezegler (dekorasiýalar) peýdalanylmaýar. Olar öz çykyşlarynda ýygnalynýan perde-ýaýlymlary (tuty, germew) peýdalanýarlar. Çykyş edýänleriň geýim-gejimleri ýönekeý, käbir sahnalarda kiçijik elementleriň üsti bilen olar görkezilýän keşp barada tomaşaçylara maglumat bermeklige mümkinçilik berýän pursatlar bolmaly. Çeper wagyzçylar toparyň tertipnamasynda saz bezeginiň uly ähmiýeti bar. Şonuň üçin režissýor tertipnama üçin gerekli sazy saýlap almaklyga möhüm ähmiýet bermelidir. Çeper agitbrigadanyň çykyşyny guramaklyk üçin ýörite iş sapar meýilnamasy düzülýär.

Çeper wagyzçylar topary ilatyň öňünde çykyş etmeklik üçin tertipnamalaryň iki görnüşini, ýagny medeni-dynç alyş edaralarynyň sahnasynda hem-de meýdan düşelgesinde çykyş etmekligiň tertipnamasyny düzýär. Onuň birinji görnüşinde medeni-dynç alyş edarasyndaky dürli serişdeler-enjamlar, magnitgurluşlary, ýagtylandyryş enjamlary peýdalanylsa, ikinji görnüşde meýdan düşelgelerinde peýdalanylyp bilinjek serişdeler ulanylýar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Medenýet edaralarynda dynç alyşyň görnüşleri we usullary.
2. Medenýet edaralarynda sosiologiýa derňewiniň maksatnamasyny düzmek.
3. Medeni gurşaw näme?
4. Agzeki wagyz-habar beriş işiniň nähili görnüşleri bar?
5. Görkezme serişdeleri bilen wagyz, habar beriş işleriniň görnüşleri.
6. Diwary metbugatyň nähili görnüşleri bar?
7. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň medeni-kopçülik çärelerde peýdalanylyşy.
8. Medeni dynç alyş agşamlarynyň görnüşleri.
9. Dynç alyş agşamynyň guramaçylyk iş meýilnamasyny düzmek.
10. Ündew şygarlarynyň görnüşleri.

# VI BÖLÜM

## MEDENI-DYNÇ ALYŞ EDARALARYNDA ÇEPER HÖWESJEŇLIK, TOMAŞA IŞLERI

1. Çeper höwesjeňligiň jemgyýetçlik ähmiýeti.
2. Çeper höwesjeňligiň görnüşleri we žanrlary.
3. Gurnaklar, gyzyklanma toparlary we birleşmeleri.
4. Halk döredijiligini we zähmetkeşleriň çeperçilik döredijiligini ösdürmekde medeni-dynç alyş edaralarynyň orny.
5. Çeper höwesjeňlige ýolbaşçylyk etmekligiň ugur-ýörelgeleri.

Häzir biziň döwletimiziň medeni-dynç alyş edaralarynda, şäher, etrap, obalaryň, zawod-fabrikleriň medeni ojaklarynda, okuw mekdeplerinde müňlerçe çeper höwesjeňleriň gurnaklary, toparlary, gyzyklanma toparlary we birleşmeleri üstünlikli işleýärler. Olar ussat toparlar bilen bir hatarda ilatyň arasynda müňlerçe konsertler we spektakllar bilen çykyş edýärler.

Çeper höwesjeňler ilaty terbiýelemekde we olara sagdyn dynç bermeklikde uly iş alyp barýarlar. Şonuň üçin biziň Garaşsyz döwletimiz çeper höwesjeňligi mundan beýläk-de ýaýbaňlandyrmaklyga uly üns berýär.

Türkmenistan döwletiniň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynda «Türkmenistanyň raýatlarynyň öz çeper, ylmy we tehniki döredijiligini erkin alyp barmaga hukugy bardyr.

Döwlet ylmyň, medeniýetiň, sungatyň we halkyň döredijiliginiň, sportuň we syýahatçylygyň ösdürilmegine ýardam edýär» diýlip bellenilýär.

Çeper höwesjeňlik halkyň gündelik durmuşynda uly orun oýnaýar. Ol köpçülikleýin halk döredijiligi bolmak bilen iki örän wajyp meseläni çözýär. Birinjiden, oňa gatnaşmak bilen adamlar sungatyň haýsy hem bolsa bir görnüşi boýunça özleriniň zehinlerini ösdürseler, ikinjiden, olar öz öwrenen sungatynyň üsti bilen halk

köpçüligini terbiýelemek, olara estetik terbiýe bermek ýaly işleri ýerine ýetirýärler.

Çeper höwesjeňligiň mazmunyndan we terbiýeçilik häsiýetinden ugur almak bilen onuň giň halk köpçüliginiň çeper döredijiligini guramakdaky ornuny aýratyn bellemek gerek. Çeper höwesjeňlige gatnaşýan adamlar oňa öz esasy işleriniň daşyndan, boş wagtlary gatnaşýarlar we zähmetkeşleriň boş wagtlaryny gyzykly hem-de mazmunly geçirmekligine ýardam edýärler. Şonuň üçin medeniýet edaralarynyň we çeper höwesjeňler toparlarynyň ýolbaşçylary çeper höwesjeňlige gatnaşýan her bir adamyň öz saýlap alan sungatyny içgin öwrenmekligine we şol ugurdan ussatlyk derejesine çenli ösmekligine kömek bermek üçin yzygiderli iş alyp barmalydyrlar.

Ilat sungatyň dürli görnüşleri bilen gyzyklanýar, onuň kömegi bilen durmuşyň çylşyrymly wakalaryna düşünýär, ondan lezzet alýar. Şonuň bilen birlikde ilatyň bir böleginiň ondan diňe lezzet alman, özüniň hem aýdym aýdasy, saz çalasy, surat çekesi, tans edesi, drama toparlarynyň işine gatnaşasy gelýär.

Şol adamlary saýlap almak, olaryň tebigy zehinlerini ösdürmek üçin ähli gerek bolan çäreleri geçirmek çeper höwesjeňler toparlarynyň esasy we hormatly borjudyr.

Çeper höwesjeňlige gatnaşmak adamlaryň durmuş, hal-ýagdaý işjeňligini artdyrýar, ruhy durmuşyny baýlaşdyrýar, ony gyzykly we mazmunly edýär, özüniň adamlara gerekliligi barada buýsanç döredýär, ahlak sypatlaryny kämilleşdirýär.

Çeper höwesjeňler özleriniň döredijilik ylhamyny halk döredijiliginden süzüp almak bilen halkymyzyň asyrlarboýy döreden sungatyny öwrenýärler we olary mundan beýläk-de ösdürýärler.

Çeper höwesjeňligi ösdürmek barada ýurdymyzda yzygiderli alada edilýär. Şu maksat bilen dürli bäsleşikler, gözden geçirilişler, festiwallar geçirilip durulýar. Döwletimiziň welaýatlarynda, etraplarynda we obalarynda ilatyň söýgüsini gazanan çeper höwesjeňler toparlarynyň müňlerçesi üstünlikli işleýär.

1959-njy ýylda döwletimizde çeper höwesjeňligiň ýokary görnüşi bolan halk teatrlary işläp başlady. Tejeniň, Baýramalynyň, Mag-

tymguly, Serdar etraplarynyň halk teatrlary tomaşaçylaryň söýgüsine mynasyp boldular.

Halk sungatyny wagyz-nesihat etmeklikde Türkmenbaşy şäheriniň «Owaz» aýdym-tans topary, Serdar etrabynyň «Sähra mukamlary», Atamyrat şäheriniň «Ak altyn», Türkmengalanyň «Sähra gülleri» we beýlekiler uly iş etdiler. 1980-nji ýylda daglyk ýurtlaryň XIII folklor festiwalynda (Polşanyň Zakopane şäherinde) Magtymguly etrabynyň «Sumbar» folklor topary birinji ýer alyp, «Altyn paltajyk» baýragyna eýe boldy.

## Çeper höwesjeňlik toparynyň görnüşleri we žanrlary

Biziň günlerimizde çeper höwesjeňlik baý we mazmunly bolup, sungatyň ähli görnüşlerini öz içine alýar. Çeper höwesjeňlikde aýdym (wokal) sungaty ilkinji ýerleriň birini eýeleýär.

Ol öz hatarynda aýdym aýtmaklygy söýýän dürli ýaşdaky we kärdäki adamlary birleşdirýär. Olaryň repertuarlarynda dürli halklaryň nusgawy we halk aýdymlary bar. Aýdymçylaryň aýdýan aýdymlary dürli temalara – Watan, zähmet, söýgi, agzybirlik, parahatçylyk ýaly temalara bagyşlanandyr. Aýdym aýtmak höwesjeňligine gatnaşýanlaryň bir topary diňe ýerine ýetirijilik sungaty bilen meşgul bolman, eýsem olar täze aýdymlary döretmek bilen-de meşgul bolýarlar. Soňky döwürlerde döwletimiz çeper höwesjeňligiň bu görnüşine uly üns bermek bilen, iň oňat ýerine ýetirijilere «Türkmenistanyň at gazanan artisti», «Ýaňlan, Diýarym!» bäsleşiginiň, «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň ýeňijileri diýen hormatly atlary berdi.

Döwletimizde türkmen milleti tarapyndan uly hormat goýulýan bagşyçylyk sungatyna uly üns berlip başlandy. Bagşylaryň arasynda zenanlaryň köpelip ugramagy, dünýä türkmenleriniň ýaş bagşylarynyň bäsleşikleriniň geçirilip başlanmagy has-da guwandyryjydyr.

Çeper höwesjeňleriň bir topary saz sungaty bilen gyzyklanýar. Olar haýsy-da bolsa bir saz guralyny calmak, şonuň üçin saz ýazgysyny, notany öwrenmek isleýärler. Şu ugurdan çeper höwesjeňleriň gurnaklaryna we toparlaryna uly höwes bilen gatnaýarlar. Sazy sö-

ýüjiler dürli saz gurallaryny – akkordeony, baýany, fortepianany, üflenip çalynýan saz gurallary çalmagy öwrenýärler.

Soňky döwürde döwletimizde dutar, gyjak, tüýdük çalmagy öwrenmek isleýänleriň sany has-da artyp başlady. Bu şeýle-de bolmaly. Biziň Garaşsyz döwlet bolanymyzdan soň milli saz gurallarymyzy öwrenmeklige bolan islegimiziň artmagy tebigy ýagdaýdyr.

Döwletimiziň medeni-dynç alyş edaralarynda teatr çeper höwesjeňligine-de uly üns berilýär. Medeni-dynç alyş edarasynyň köpüsinde drama gurnaklary we toparlary işleýärler. Ol gurnaklarda aktýorçylyk ussatlygy, sahna dili, sahna hereketi ýaly türgenleşikleri özleşdirip, bir we köp aktly pýesalary bilen zähmetkeşleriň arasynda çykyş edýärler.

Teatr höwesjeňliginiň iň ýokary görnüşi halk teatrlarydyr. Bu beýik at baý repertuary, zehinli ýerine ýetirijileri bolan we ilatyň arasynda bir we köp aktly pýesalar bilen çykyş edip durýan topara welaýat medeniýet müdirliginiň hödürlemegi bilen döwletimiziň Medeniýet ministrligi tarapyndan berilýär. Onuň üstünlikli işlemegi üçin iki wezipe iş birligi – režissýor hem-de bezegci-suratkeş berilýär. Halk teatrlary öz işini ministlik tarapyndan kabul edilen «Düzgünnama» laýyklykda alyp barýarlar. Käbir halk teatrlarynyň ýanynda artistleri taýýarlamak üçin teatr studiýasyny hem döredip bolar.

Käbir drama toparlarynyň ýanynda çeper okamak boýunça bölüm açyp bolar. Käbir ýerlerde çeper okaýyş gurnaklarynyň özbaşdak hem açylmagy mümkin. Olaryň repertuary dürli-dürli bolup, olara şahyrlaryň we ýazyjylaryň iň oňat kyssa we şygryýet eserleri girýärler.

Çeper höwesjeňleriň drama toparlarynyň ýanynda çeper agitbrigadalaryň hem döredilmegi mümkin.

Medeni-dynç alyş edaralarynda gurnaklaryň we toparlaryň iň köp ýaýran görnüşleriniň biri-de tans çeper höwesjeňligidir. Oňa gatnaşýanlar milli we dürli halklaryň tans sungatyny öwrenýärler. Munuň üçin olar tans ýolbaşçysynyň kömegi bilen tans etmekligiň dürli hereketlerini öwrenýärler, yzygiderli taýýarlanyş enjamlarynda özleriniň bedenlerini kämilleşdirýärler, medeni-dynç alyş edaralarynda topara gatnaşýanlary gerekli egin-eşikler bilen üpjün etmek barada alada edýärler.

Şekillendiriş sungaty boýunça döredilen çeper höwesjeňlik gurnaklaryna we studiýalaryna onuň dürli görnüşleri – şekillendiriş sungaty, grafika, amaly-haşam sungaty, skulptura ýaly görnüşleri girýär. Olaryň esasy maksady höwesjeň suratkeşlere, nakgaşlara şekillendiriş ussatlygyny öwretmekden ybaratdyr. Bu gurnaklara gatnaşýanlar ýörite maksatnamalar boýunça durka (natura) seredip çekmekligi, görkezilen şekilleri dogruçyl görkezmekligi, olara reňk ayratynlyklaryny bermekligi başarmalydyrlar. Gurnak ýolbaçysy gurnaga gatnaşýanlaryň synçylygyny, ünsüni, seredijilik ýatkeşligini, döredijilikli göz öňüne getirip bilmekligini ösdürmek barada yzygiderli alada edýär.

Çeper höwesjeňleriň käbiri bezeg bilen bagly bolan işler bilen gyzyklanýar. Olar bu ugurdan halk döredijiligini, çeper okamaklygy, agaçdan kesip, şekil ýasamaklygy we ş.m. öwrenýärler.

Höwesjeň suratkeşler bilen işlemekligiň esasy bölegini olar bilen şekillendiriş sungatynyň taryhy barada gürrüňler, leksiýalar, belli suratkeşleriň işleri bilen tanyşmak üçin muzeýlere gezelençleri guramak, sergilere baryp görmek ýaly işler düzýär.

Medeni-dynç alyş edaralarynda höwesjeň suratkeşleriň işleriniň sergilerini guramak olarda uly gyzyklanma döredýär.

Aýdym-saz toparynyň ýolbaşçysy, folklor toparynyň ýolbaşçysy köpçülik çäreleriniň režissurasyna uly üns berip başladylar. Olara ýolbaşçylyk etmek üçin Türkmen döwlet medeniýet institutynda ýörite hünärmenler taýýarlanylýar.

Höwesjeňler gurnaklary ssenariçileri, režissýorlary, operatorlary özünde jemleýär.

Kinosöýüjiler dürli filmleri – dokumental-hronikal, käbirleri çeper kinolary döredip bilýärler, Esasan, olar dokumental hem-de görnüş filmlerini taýýarlaýarlar. Olarda öz şäher, etrap, obalaryny, zähmetkeş adamlaryny, olaryň ýaşaýşyny, işleýşini, dynç alyşlaryny teswirleýärler, görkezýärler.

Medeni-dynç alyş edarasynyň ýanynda fotosöýüjiler gurnaklary we studiýalary-da döredilýär. Olar medeni-dynç alyş edarasynyň ähli geçirýän işlerine işjeň gatnaşýarlar. Olar fotodiwarlyklary, fotosergileri guraýarlar.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda gyzyklanmalar boýunça birleşmeler

Ýurdumyzyň häzirki özbaşdak döwlet şertlerinde «boş wagt» meselesi uly jemgyýetçilik ähmiýete eýe bolýar. Munuň esasy sebäbini hormatly Prezidentimiziň halkyň hal-ýagdaýyny mundan beýläkde ýokarlandyrmak, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kämilleşdirmek, ýurdumyzyň adamlarynyň medeni we ruhy talaplaryny kanagatlandyrmak ugrundaky alyp barýan işleri bilen düşündirmek bolar.

Döwletimizde özbaşdak, dünýewi, hukuk ýörelgelerine esaslanmak biziň halkymyzyň öňünde täze wezipeleri goýdy. Şol wezipeleriň biri-de özbaşdak we Garaşsyz döwletimiziň adamlarynyň isleg-arzuwlaryny kanagatlandyrmakdan ybaratdyr. Bu barada hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ençeme çykyşlarynda, Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde bellenilýär. Ilatyň arasynda täze şertlerde işlemek üçin medeni-dynç alyş edaralarynyň işiniň gyzykly iş görnüşlerini we usullaryny gözlemek hem-de ornaşdyrmak häzirki döwürde esasy meseleleriň biridir.

Wagyz-nesihat işlerinde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň – radionyň, telewideniýäniň, metbugatyň, kinematografiýanyň kömegi halk köpçüligini medeni-dynç alyş edaralaryna çekmeklige uly goltgy bolmalydyr.

Bu ýagdaý medeni-dynç alyş edaralaryndan ilatyň arasynda alyp barýan işiniň hilini düýpgöter ýokarlandyrmagyny talap edýär.

Şu hili görnüşleriň biri-de gyzyklanma medeni-dynç alyş toparlary we birleşmeleridir. Olaryň ähmiýeti medeni-dynç alyş edaralarynyň iş tejribesinde has-da artýar.

Dürli ýaşdaky, dürli kärdäki, dürli ylym we medeni derejeli adamlaryň gyzyklanmalar boýunça medeni-dynç alyş edaralaryna we höwesjeňlik birleşmelere gatnaşmaklary, olaryň döredijilik işjeňliginiň, isleg-höwesiniň ösmegine, adamlar bilen aragatnaşygynyň artmagyna ýardam berýär. Şu hili toparlar we birleşmeler medeni-dynç alyş edaralarynyň ilatyň arasynda alyp barýan syýasy-köpçülik we terbiýeçilik işiniň has-da gyzykly we täsirli bolmagyna kömek berýär. Birleşmeleriň we gyzyklanma toparlarynyň maksady we wezipeleri,

işleriniň ugurlary we esasy iş görnüşleri, guramaçylyk düzgüni kesgitlenýär.

Gyzyklanmalar boýunça toparlar we höwesjeňlik birleşmeleri medeni-dynç alyş edaralarynyň düzümine girýärler. Bu işler, tejribäniň görkezişi ýaly, häzirki döwürde medeni-dynç alyş işiniň özboluşly we gyzykly hem-de täsirli görnüşine doly we anyk laýyk gelmelidir. Käbir ýagdaýlarda azda-kände yzygiderli geçirilýän medeni-dynç alyş iş görnüşlerine, çeper höwesjeňleriň toparlaryna, lektorlara, agzeki žurnala, duşuşyk agşamlaryna we beýleki köpçülik çärelerine gyzyklanmalar boýunça topar ýa-da höwesjeňler birleşmesi diýip at dakylýar. Bu, bir tarapdan, dogry, käbir tarapdan, bu üýtgeýän görnüş bolup, medeniýet işgärleriniň esasy wezipesi gyzyklanma boýunça toparlara we höwesjeňler birleşmelerine guramaçylyk usuly kömek bermekligi guramakdan, olaryň işini başarnykly ugrukdyrmakdan ybaratdyr.

Gyzyklanmalar boýunça toparlar we höwesjeňler birleşmeleri zähmetkeşleriň işden boş wagtlaryny peýdaly guramagyň özboluşly görnüşidir. Olaryň esasy wezipesi ol ýa-da beýleki güýmenje bilen meşgul bolmaklygy köpçülikleýin wagyz–nesihat etmekden hem-de halk köpçüligini medeni işe çekmekden ybaratdyr.

Gyzyklanmalar boýunça toparlar we höwesjeňlik birleşmeleri boş wagtlaryny jemgyýetçilik esaslarda medeni-guramaçylyk işlere bagyşlan adamlary özüne birleşdirýärler. Olar zähmetkeşler köpçüliginiň mazmunly dynç almaklary, olaryň döredijilik isleglerini, jemgyýetçilik-syýasy düşünjesiniň ösmegini, sagdyn, durmuş ugrundaky göreşde işjeňliginiň artmagyny we öz medeni isleglerini kanagatlandyrmak maksatlary üçin döredilýär.

Gyzyklanmalar toparlary we höwesjeňlik birleşmeleri meýletinlik esasynda döredilýär we işleýär. Olar şu aşakdaky görnüşlerde bolup bilerler:

1. Hiç kimden pul-maddy kömegi alman, birleşmäni döreden guramanyň, edaranyň hasabyna hereket edýän görnüşi.
2. Birleşmä gatnaşýan adamlaryň agzalyk töleginiň hasabyna hereket edýän görnüşi.
3. Öz girdejisiniň hasabyna öz-özüni dolandyryş ugurlarynda hereket edýän görnüşi.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň birleşmesi, ýagny birleşmä gatnaşýanlaryň agzalyk tölegindem, şeýle hem öz işinden düşýän girdejileriň hasabyna hereket edýän görnüşidir. Bu görnüşde hereket edýän medeni-dynç alyş edaranyň birleşmesiniň döwlet bankynda özbaşdak hasaplaşyk belgisi hem bolup biler.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň birleşmesini döretmek ýa-da ýatyrmak ony ykrar eden gurama, edara baglydyr. Olar şu aşakdakylar bolup biler:

Medeniýet edaralary, sport, mekdepden daşary edaralar, okuw jaýlary, jemgyýetçilik guramalary we beýleki döredijilik toparlary hem-de geňeşleri.

Birleşmä gatnaşmaga isleg bildirýän zähmetkeşleriň umumy ýygnagynda birleşmäniň geňeşi /uprawleniýasy/ saýlanylmalydyr. Birleşmäniň ähli işleri zähmetkeşleriň işden boş wagtlary guralmalydyr. Her bir birleşme öz diňleýjisinde öz-özüňi dolandyrmak, özbaşdak bilim almak, ylmy-barlag işlerini geçirmek ukybyny, ahlak häsiýetlerini, estetik duýgusyny terbiýelemeklige ýardam bermelidir. Birleşmeler öz häsiýetleri boýunça döredijilik–gözleg, okuw-terbiýeçilik, sport-saglygy saklaýyş, çeper döredijilik ugurlary boýunça döredilip bilner. Olaryň şu aşakdaky ýaly görnüşleri bar:

1. Syýasy-jemgyýetçilik ugur boýunça. Bu görnüşde filosofiýa, ykdysadyýet, syýasy, taryh, hukuk, we ş.m ugurlar boýunça iş alnyp barylýar.
2. Önümçilik-tehniki ugurlar boýunça. Bu görnüşde tehniki döredijilik, rasionalizatorçylyk, konstruktorçylyk, radiotehnika we ş.m. boýunça işler alnyp barylýar.
3. Tebigy ylymlar boýunça. Bu toparda astronomiýa, kosmonawtika, matematika, fizika, akwarumçylyk, gül söýüjiler ýaly ugurlar boýunça iş alnyp barylýar.
4. Çeperçilik sungatynyň ugurlary boýunça. Bu toparda saz söýüjilik, teatr, edebiýat, kino, aýdym-saz, foto we sungatyň beýleki görnüşleri boýunça alnyp barylýar.
5. Bedenterbiýe we sport, şeýle hem sagaldyş ugry boýunça. Bu görnüşde syýasatçylyk, ylgawy söýüjiler, sportuň taryhyny öwrenijiler bilen iş alnyp barylýar.
6. Kolleksionerler, (filotelistler, filofonistler, numizmatlar) we ş.m.

Bulardan başga-da 1941–1945-nji ýyllaryň Watançylyk urşunyň weteranlarynyň, zähmet weteranlarynyň, ýetginjekleriň, gelin-gyzlaryň, ýaş hünärmenleriň, lukmanlaryň, maşgala bolup dynç almaklygyň we ş.m. ýaly medeni-dynç alyş edaralarynyň birleşmeleri döredilip bilner.

Gyzyklanma toparlaryny we birleşmelerini bir ugurly we köp ugurly görnüslere bölmek bolar. Bir ugurly /profilli/ birleşmeler höwesjeňleri haýsy hem bolsa bir mesele boýunça birleşdirýärler. Mysal üçin, radiotehnika gurnagy, poeziýa, edebiýat söýüjileriň topary, halk saz gurallarynyň orkestri, wokal ansambly we ş.m. köp ugurly birleşmelere gyzyklanmalaryň dürli ugurlary birleşmelere, gyzyklanmalaryň dürli ugurlary boýunça bölümlere girýär.

Gyzyklanma toparlarynyň we höwesjeňler birleşmeleriniň mazmuny olaryň iş görnüşlerini, guramaçylyk düzümini /strukturasyny/ we dolandyryş usullaryny kesgitleýär.

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň birleşmelerini döretmekligiň usulyýeti

Birleşmeleri döretmekligiň birinji tapgyry, esasan, guramaçylyk işlerinden başlanýar. Bu döwürde birleşmä gatnaşýanlaryň birbirlerine düşünişmegi, dostluk atmosferasyny, ýoldaşlary bilen pikir alyşmaga höwes döretmek esasy mesele bolup durýar. Şonuň üçin bu döwürde köpçülik iş görnüşlerini, gyzykly adamlar bilen duşuşyklary, gezelençleri geçirmek örän peýdalydyr.

Okuw sapaklary, türgenleşikleri /repetisiýalary/ gyzykly we täsirli geçirmek hem birleşmäniň agzalarynda öz saýlap alan güýmenjesine gyzyklanma döredýär. Bu döwürde toparyň her bir agzasyna aýratyn tabşyryklary, ýumuşlary bermek peýdaly bolýar.

Netijede, onuň içinden has işjeňleri saýlanyp, onuň özeninde öz-özüňi dolandyrmak boýunça guramany döretmeklige mümkinçilik berýär.

Topary döretmekligiň ikinji tapgyrynda okuw işleri, taýýarlyklar çuňlaşdyrylýar. Ýekebara we toparlaýyn sapaklara uly üns berilýär.

Okuw döredijilik we guramaçylyk işleriniň arasyndaky serhet ýitip başlaýar.Topar birleşmäniň ähli işleri bilen gyzyklanyp ugraýar. Toparda işjeňlik atmasferany döretmeklige, olary ilatyň öňünde konsert tertipnamalary bilen çykyş edip durmaklygy ýa-da ýönekeý gezelençler kömek berýär. Bu döwürde toparyň ýolbaşçysy tertip-düzgüne ünsi güýçlendirmelidir.

Topary döretmekligiň üçünji tapgyry birleşmäniň alyp barýan işleriniň netijeleri bilen bagly bolýar.Bu etapda toparyň ýolbaşçysy onuň her bir agzasynyň toparyň işine işeňňir gatnaşmagyny, onuň üstünliklerine guwanmagyny, kemçiliklerine bolsa gynanmagyny, ony düzetmek barada iş alyp barmaklaryny gazanmak üçin alada edýär.

## Medeni-dynç alyş edarlarynyň birleşmeleriniň işleriniň ugurlary

Medeni-dynç alyş edaralarynyň birleşmesiniň işini şu aşakdaky ugurlara okuw, bilim, gözleg, çekişme /diskussiýa/, döredijilik, guramaçylyk, wagyz-nesihat işlerine bölmek bolar.

Aýry-aýry, bir-birine meňzeş bolmadyk işleriň höwesjeňler toparlarynda birleşmegi medeni-dynç alyş edaralarynyň birleşmeleriniň özboluşly sypatlary bolmak bilen, ol oňa gatnaşýan adamlaryň döredijiligini kemala getirmeklige ýardam edýär.

**Okuw işi.** Onuň maksady adamlara olaryň saýlap alan ugurlary boýunça kärleri öwretmekden ybaratdyr. Olara bilim bermek pedagogikanyň talaplaryna laýyk guralýar. Mysal üçin, teatr toparlarynda sapaklar birnäçe böleklere bölünýär. Onda ilki pýesa her taraplaýyn öwrenilýär, syn edilýär, şondan soň oňa gatnaýanlar taýýarlyk işine girişýärler. Şonuň bilen bir hatarda pýesa gatnaşýanlar bilen sahna hereketi, sahna dili, grim boýunça sapaklar geçirilýär.

**Bilim işi.** Medeni-dynç alyş edaralarynyň birleşmelerindäki geçirilýän bilim işi oňa gatnaşýanlaryň saýlap alan ugurlary boýunça bilimlerini giňeltmeklige, olary öwrenmeklige, gyzyklanma döretmeklige kömek edýär. Mysal üçin, şu maksat üçin tehniki birleşmede ylmy-tehniki ösüşiň meseleleri we gazanan üstünlikleri, täze teh-

niki açyşlar, oýlaptapyjylaryň durmuşy öwrenilýär. Surat (foto) ýa-da beýleki toparlaryň agzalary surat habarçylyk hünäri boýunça öwrenýärler. Tebigaty söýüjileriň gurnagynda okuw sapaklarynyň daşyndan giň bilim işi geçirilýär. Mysal üçin, «Darwiniň ewolýusiýa teoriýasy», «Genetikanyň kanunlarynyň häzirki döwürdäki ýagdaýy» ýaly leksiýalar okalýar. Bu gurnakda naturalistler bilen duşuşyklar, ylmy meşhur kinofilmleri görkezmek, dynç alyş seýil baglaryna gezelençleri guramak ýaly işler geçirilýär. Teatr toparynda gezelençler döwri awtor barada edebiýatlary okamaklyk hödürlenýär.

**Çekişme /diskussiýa/ işi.** Medeni-dynç alyş edaralarynda çekişme işi pikirlenmeklige, döredijiligiň emele gelmegine, öz garaýşyňy we ynanjyňy gorap bilmeklige, adamlar bilen aragatnaşyk saklamaklyga kömek berýär. Mysal üçin, bir çekişme toparynyň tertipnamasy: «Hormatly ýoldaş! Sen öz durmuş ýoluňda geljekki nesil üçin nähili yz galdyrjakdygyň barada, heý bir, pikirlenip gördüňmi? Sen öz Watanyň hakynda, ylmyň, medenýetiň üstünlikleri, türkmeniň taryhy hakynda name bilýäň? Sen ahlak kadalaryny öz durmuşyňda nähili ulanýaň? Eger-de seni täzelikler gyzyklandyrýan bolsa, onda biziň «Watan» birleşmämize gel!»

Çekişmäni beýleki birleşmelerde-de ulanmaklyk mümkin.Bu ýerde esasy maksat olara gatnaşýanlarda döredijilige bolan islegi oýarmakdan ybarat bolýar.

Gözleg işi köp medeni-dynç alyş edaralarynyň birleşmeleriniň esasy serişdesi bolup hyzmat edýär. Yzçylar birleşmeleri, kolleksiýa ýygnaýjylaryň birleşmeleri bütin gatnaşyjylaryň gözlegi bilen bagly bolýar. Ülkäni öwrenijileriň toparyna gatnaşýanlar gyzykly adamlary gözleýärler, ülkäniň taryhyny öwrenmeklige kömek berjek maglumatlary toplaýarlar, öz etraplarynyň, obasynyň geçmişini, häzirki döwrüni, geljegini öwrenýärler.

Döredijilik işi ähli gyzyklanma toparlaryna we birleşmelerine mahsus bolan sypatdyr.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň birleşmelerinde olaryň üstünlikli işlemekleriniň esasy şerti guramaçylyk we wagyz-nesihat işleridir. Olaryň esasy maksady adamlarda jemgyýetçilik işjeňligini kämilleşdirmekden ybarat bolýar.

Ýaşlaryň birleşmelerinde aýdym-saz, köpçülik çärelerini, olara gatnaşýanlaryň özleri guraýarlar. Medeni-dynç alyş edaralarynyň birleşmelerindäki, mysal üçin, wagyz-nesihat ediji toparda, syýasy wagyz-nesihat serişdeleriniň üsti bilen adamlaryň jemgyýetçilik işjeňligini aýtdyrmak barada işler alnyp barylýar.

## Birleşmeleriň işine ýolbaşçylyk

Birleşmäni dörediji edara-gurama oňa ylmy ýolbaşçylygy amala aşyrýar we onuň işlerini talaba laýyk guramak üçin şert döretmeklik barada alada edýär.

Birleşmä anyk ýolbaşçylygy onuň umumy ýygnagy amala aşyrýar.

Birleşmäniň gündelik işine ýolbaşçylyk etmek üçin umumy ýygnakda onuň geňeşi /prawleniýasyny/döredilýär. Umumy ýygnak geňeşiň hasabatyny giňleýär, hasapnamalara seredýär, birleşmä gatnaşýanlaryň agzalyk töleglerini kesgitleýär.

Birleşmä usuly kömegi etrap medeniýet öýi, medeniýet işiniň we halk döredijiliginiň ylmy usuly merkezleri amala aşyrýarlar ýa-da usulçylar kömek edýärler.

## Döwletimizde meşhurlyga eýe bolan çeper höwesjeňler toparlary, olaryň repertuar aýratynlyklary. Medeni-dynç alyş edaralarynda hereket edýän halk toparlary we olaryň işini guramagyň aýratynlyklary

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda birnäçe çeper höwesjeňler toparlary hereket edýär. Olar aýdym-saz, tans, folklor, halk saz gurallary, teatr toparlaryndan ybaratdyr.

Çeper höwesjeňler toparlary özleriniň repertuar aýratynlyklary boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar. Olaryň bütewileýin ussatlyklary halk toparlaryny döretmeklige esas bolup durýar. Mysal üçin,

Lebap welaýatynyň Halaç etrap Medeniýet merkeziniň «Akdere» halk topary diňe bir aýdym-saz bilen däl-de, eýsem folklor, tans ugurlary boýunça ussatlyga, meşhurlyga ýeten topardyr. Bu toparda milli äheňli aýdymlary ussatlyk bilen ýerine ýetirýän höwesjeň aýdymçylardan başlap, tans sungatynyň ussat tansçylary-da, folklorçylar-da çykyş edýärler. Olaryň bütewileýin zähmeti esasynda halk toparlaryna edilýän talaplar ýerine ýetirilýär.

Çeper höwesjeňler toparynyň ussatlyga ýetenlerine Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan Halk topary diýen at berilýär. Bu barada Medeniýet hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji babynyň 13-nji maddasynyň 7-nji böleginde bellenilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda «Sumbar», «Balsaýat», «Akdere», «Dürdäne» ýaly halk aýdym-saz toparlary, «Nowruz», «Çapak» ýaly halk folklor toparlary, «Meňli», «Näzli» halk tans toparlary we ş.m. ýaly birnäçe toparlar hereket edýär. Mundan başga-da edara-kärhanalaryň ýanlarynda döredilen «Dokmaçylar» folklor-etnografiki tans topary, «Laçyn», «Altyn menzil», «Läle reýhan», «Galkynyş» ýaly aýdym-saz, folklor, tans toparlary bar.

Halk topary ady berlenden soň, olara döwlet tarapyndan iki sany wezipe iş birligi berilýär. Mysal üçin, halk tans toparlaryna – tans goýujy, sazanda; folklor toparlaryna – folklor ýolbaşçy, hormeýster; aýdym-saz toparlaryna – çeper ýolbaşçy, sazanda; teatrlara – režissýor we oýun goýujy, suratkeş wezipeleri berilýär. Bu wezipelerde işleýänler halk toparlary bilen yzygiderli işleri alyp barýarlar we toparyň işine doly jogap berýärler. Mundan başga-da halk toparlarynyň dürli ugurlary boýunça tölegli hyzmaty ýola goýmagyň esasynda, toplanan serişdäniň esasynda goşmaça wezipe iş birligini açmaga rugsat berilýär. Eger-de ýörite serişdeleriň ýeterlik mukdarda bolmadyk ýagdaýynda tölegli işgärler işden çykarylýar.

Halk toparlaryny ýolbaşçylyk edýän ministrlikleriň garamagyndaky edaralar gerekli serişdeler bilen üpjün edýärler. Şol toparlary döretmek we olaryň işini togtatmak şol ministrligiň ygtyýarlygynda bolýar. Halk toparlary halk köpçüligihiň goldamaklygy esasynda döredilýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Medeni- dynç alyş edaralarynda çeper höwesjeňlik, tomaşa işleriniň nähili görnüşleri bar?
2. Gurnaklary we höwesjeňler birleşmelerini döretmegiň nähili usullary bar?
3. Ýurdumyzda meşhurlyga eýe bolan çeper höwesjeňler toparlarynyň haýsysyny bilýärsiňiz?
4. Birleşmeleriň meýilnamasyny düzmek.
5. Gurnaklaryň we höwesjeňler birleşmeleriniň iş meýilnamasyny düzmek.
6. Çeper höwesjeňler gurnaklarynyň we toparlarynyň repertuar maksatnamasyna syn (analiz) bermek.
7. Topar bilen işlemekligiň okuw-terbiýeçilik meýilnamasyny düzmek.

12. Sargyt № 2130

**VII BÖLÜM**

# MEDENI-DYNÇ ALYŞ IŞINIŇ GURAMAÇYLYK ESASLARY

## MEDENI-DYNÇ ALYŞ IŞINIŇ GURAMAÇYLYK AÝRATYNLYGY WE IŞ TAPGYRLARY

Her bir çäre medeni-dynç alyş işiniň meýilnamasy esasynda guralyp, onuň öz guramaçylyk aýratynlyklary bolýar.

Medeni-dynç alyş işiniň aýratynlyklary okuw-terbiýeçilik işlerinden tapawutlylykda halk köpçüliginiň isleg-talaplary esasynda guralyp, jemgyýetiň şu günki syýasatyny ýaýmakdan ybaratdyr. Onuň üçin hormatly Prezidentimiziň çykyşlaryndan peýdalanylyp, maglumatlar gündelik çykýan gazet-žurnal materiallaryndan alnyp, amala aşyrylýar. Olar meýilnamalaşdyrylanda ýerli ilatyň hal-ýagdaýy, sosial-ykdysady ösüşi göz öňünde tutulyp beýan edilýär. Klub görnüşli edaralarda ähli geçirilýän köpçülik çäreleriniň guramaçylyk iş meýilnamalary jemgyýetçilik geňeşi bilen ara alnyp maslahatlaşylýar.

Umuman, medeni aň-bilim işgäri bir çäräni geçirenden soň, şol jemgyýetçilik geňeş bilen, çäräniň ýerine düşenligine ýa-da düşmändigini, halk köpçüligine nähili täsir edendigini, aýdyňlygyny, çykyş edenleriň her haýsysynyň öz wezipelerini näderejede ýerine ýetirendigine baha berip geçýärler. Bu usuluň özi indiki geçiriljek çäreleriň hiliniň oňat bolmagyna täsir edýär.

Ssenariýaçylar topary ýerli we döwlet ähmiýetli wakalardan, meselelerden peýdalanyp, geçiriljek çäreleriň edebi ýazgysyny we taslamalaryny düzýärler. Edebi ýazgy ýerine ýetirilenden soň jemgyýetçilik geňeş bilen ara alyp maslahatlaşylýar.

Ondan soňra režissýor – köpçülik çäreleriniň guramaçysy çäräniň geçiriljek ýerini, wagtyny, auditoriýasyny göz öňünde tutup, işläp başlaýar.

Şol köpçülik çärelerinde çykyş etjek höwesjeňleri saýlap, olar bilen aýratynlykda işläp başlaýar. Çeper ýolbaşçy ýerine ýetiriljek çe-

per çykyşlaryň sanawyny anyklap, taýýarlap, saýlap başlaýar. Işler belli bir derejede ýerine ýetirilenden soň, hemmesini jemläp, umumy taýýarlyk işleri geçirilýär. Bu babatda bezeg işleri hem esasy orun tutýar. Sebäbi dekoratiw-bezeg işleriniň üsti bilen hem geçiriljek çäreleriň içki many-mazmunyny açyp görkezip bolýar.

Tehniki serişdeler hem esasy orun tutýar. Sebäbi diňleýjiler, tomaşaçylar köpçüligi häzirki zaman yşyklandyryş we ses täsir ediş serişdeleriniň kömegi bilen işlenende gowy kabul edýärler. Şonuň üçin hem klub edaralarynyň tehniki serişdeleri häzirki zamana laýyk bolmalydyr. Çäre geçýän wagtynda surat, kino tehnikalary bilen ýazgy edilip, soňra islendik wagty görmäge we derňemäge mümkinçilik bar. Munuň özi ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny üstünlikli peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Şonuň üçin hem her bir medeni-dynç alyş edaralarynda DVD, CD, VCD, kompýuter ulgamlary we kseroks, printer ulgamlary bolmalydyr. Munuň özi medeni aň-bilim işlerinde häzirki zamanlaşmaga mümkinçilik berýär.

Medeniýet işgäri bir wagtyň özünde üç pikiri ýöredýär – geçen çäräni derňeýär, şu günki çäräniň üstünde işleýär, geljekki çäräni meýilnamalaşdyrýar.

Şonuň üçin medeniýet işgärinden ýokary derejede hünär taýýarlygy, guramaçylyk ukyplylygy, syýasy düşünjeliligi talap edilýär. Şeýle hem onuň köptaraplaýyn düşünjeli bolmaklygy gerekdir.

Şeýlelikde, medeni-dynç alyş edaralaryna yzygiderli işjeň ýagdaý mydama mahsusdyr.

Iň esasy zat hem, klub görnüşli edaralaryň iş aýratynlygy olaryň, esasan, höwesjeňler halk köpçüligi bilen işleýänligidir. Şol höwesjeňleriň islegleri, başarnyklary hem klub işiniň öňe girmegine ýardam berýär.

Guramaçylyk işleriniň tapgyrlary – pikir, maslahatlaşmak, meýilnama, edebi ýazgy, taýýarlyk işleri, çäräni geçirmekden we soňra ara alyp maslahatlaşmakdan ybaratdyr.

Haçan-da şu yzygiderlilik dogry ýöredilende, klub çäreleri ýerine düşýär.

Iň esasy aýratynlyklarynyň biri hem, auditoriýany dogry saýlap, şoňa görä, çäräniň derejesini kesgitlemekdir. Sebäbi çäreler ýürege düşgünç bolmaly däldir.

Her bir çäre gerekli adamlar üçin tüýs wagtynda geçirilen bolmalydyr, şonda çäre her bir adamda oňaýly täsir galdyrýar.

Medeni-dynç alyş çäresiniň esasy maksady hem şondan ybaratdyr. Sebäbi diňleýji, tomaşaçy geçirilen çäräni kabul etmese, ýerine ýetirilen işiň netijesi pes bolýar.

Şeýlelik-de, medeni-dynç alyş işiniň guramaçylygy beýleki işlerden özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Sebäbi ol halk köpçüliginiň isleg-talaplaryny, höwesjeňleriň mümkinçiliklerini, klub edarasynyň maddy-tehniki ýagdaýyny, maliýe mümkinçiligini hem göz öňünde tutmalydyr. Şonda işler sazlaşykly bolar.

## Aýry-aýry zähmet toparlarynda medeni-dynç alyş lşlerini guramak

Medeni-dynç alyş edaralarynda dynç alşy guramaklygyň aýratynlygy ilatyň hünär, ýaş, milli, jyns, psihologik aýratynlyklaryny göz öňünde tutmakdan ybaratdyr. Şonuň üçin medeniýet işgäri öz işleýän ýerinde halk köpçüliginiň isleg-talaplaryny yzygiderli öwrenip durmalydyr. Şonuň üçin mydama halkyň arasynda bolup, adamlaryň isleg-arzuwlaryny bilmäge çalyşmalydyr. Şu meselede ýylyň pasyllary hem ýerli önümçilik ýagdaýlary göz öňünde tutulmalydyr. Sebäbi şol ýagdaýlar adama öz täsirini ýetirýär. Meselem, gyş aýlarynda ýörite niýetlenip gurulan medeni-dynç alyş edaralarynda çäreler köp guralýar. Munuň tersine, ýaz, tomuz aýlarynda medeni-dynç alyş we seýil baglaryna we dürli ýerlere gezelençler, syýahatlar guramaklyk ýaly çäreler köp guralýar. Eýýäm şu ýagdaýlar pasyllarda dogry iş usulyny saýlap almaklygy görkezýär.

Eger-de daýhan meýdan işlerinde uzakly gün işläp ýadan bolsa, oňa fiziki–beden ýadawlygyny aýrar ýaly dynç alşy hödürlemeli. Şonuň üçin hem medeni-dynç alyş edaralarynda dürli şertler döredilen bolmalydyr.

Eger-de okuwçy talyp ýaşlarymyz, mugallymlar, lukmanlar akyl zähmeti bilen meşgullanyp, ýadan bolsalar, olara şüweleňli, hereketli, oýunly iş usullary hödürlenilýär.

Zähmet rugsadyndaky adamlar üçin öz ýaşaýan ýerleriniň ýakynynda mümkin bolan ýagdaýdan peýdalanyp, asuda dynç alyp, özara söhbetdeşlige mümkinçilik döredilmeli.

Çagalara we ýaş ýetginjeklere hereketli, şuweleňli, özüne çekiji, gyzykly köpçülik çäreleri guralmalydyr. Sebäbi çagalyk, ýaşlyk okgunlylygy, işjeňligi isleýär. Şonuň üçin hem çagalar üçin köpçülik milli oýunlaryny, häzirki zaman sport oýunlaryny oýnar ýaly, aýratynam, açyk meýdanlarda köpräk bolar ýaly ýagdaý döredilmelidir we guralmalydyr.

Öý hojalykçylaryň çagalary bilen, maşgala, goňşular, dogan-garyndaşlar, tanyş-bilişler bilen birlikde dynç almaklaryna mümkinçilik döredilmelidir. Ýöne diňe bir bular bilen çäklenmän, uly toparlar bolup, köpçülikleýin çärelerini hem guramak göz öňünde tutmalydyr. Sebäbi bu uly çäreler öý hojalykçylaryň özara gatnaşyklaryny giňelder, has giň halk köpçüligi bilen dostana gatnaşyklara ýol açar.

Şol bir wagtyň özünde çagalar, maşgalalar dostlaşýarlar.

Zähmetkeşler toparlary bolup tebigatyň gözel ýerlerine gezelençleri, medeni taryhy ýadygärliklere syýahatlary guramak ýerlikli bolar.

Her bir iş toparynyň aýratyn psihologik garaýyşlary bolýar. Sürüjiler, tokarlar, kebşirleýjiler, gurluşykçylar, tikinçiler, ekerançylar, maldarlar, ýol bejerijiler, gullukçylary dürli hünärdäki adamlar, olaryň hersiniň dünýägaraýyşlary, durmuş düşünjeleri, bilim-ylym derejelerine görä aýry-aýry bolýar.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň işgäri şu aýratynlyklary hem göz öňünde tutup, öz işini guramalydyr. Meselem, uzakly gün oturup işleýän tikinçiler, kassirler, sürüjiler, hasapçylar, sakçylar we ş.m. oturup işleýän işgärler üçin saglyklaryny dikeltmek we ýadawlyklaryny aýyrmak üçin hereketli çäreler guralmalydyr. Badminton, tennis, woleýbol, futbol ýaly hereketli oýunlary guramaly.

Munuň tersine, işde köp hereketli işleri ýerine ýetirýän işgärler üçin rahat oýunlary, sazlary hödürlemek gerek. Düzzüm, küşt (sadranç), şaşka, domino, tapmaça çözmek ýaly oýunlary hödürlemeli. Şeýle-de tapmaçaly, pikirlenmäge mejbur edýän intellektual oýunlar guralmalydyr. Aýratynam, iş toparlarynyň arasyndaky ýaryşlar örän

gyzykly geçýär. Bu ýerde ýerli Kärdeşler arkalaşyklary guramasynyň hemaýat etmekligini göz öňünde tutmaly.

Mysal üçin, awiakassirleriň arasynda hünär we köpçülige hyzmat etmekligiň medeniýeti boýunça guralan bäsleşik aýratyn hormata mynasypdyr. Sebäbi şol bäsleşigiň esasy maksady – halk köpçüligine medeniýetli hyzmat etmekligiň derejesini kesgitlemek we görelde görkezmek.

Bu bäsleşik ýolagçylaryň arasynda ýaýradylan açyk sowalnama (anketa) esasynda guralypdyr. Şonda anketany doldurýan adamdan hyzmat edýän kassiriň adyny, familiýasyny, mylaýymlylygyny, sowatlylygyny, işi çalt ýerine ýetirşini we ş.m. ugurlary boýunça baha bermek soraldy. Olaryň hem öz gezeginde öz atlaryny, işlerini görkezmekleri soraldy. Şondan soňra jemlenen jogaplar işlenip, netije çykaryldy we 80 sany gatnaşyjydan 3 ýeňiji saýlanyldy we birnäçe gatnaşyjylara höweslendiriji baýraklar berildi. Bu hünär bäsleşigi şol bir wagtyň özünde professional taýdan ösmeklige ýardam berse, ikinji tarapdan, bäsleşigiň geçýän wagty tomaşaçylarda, janköýerlerde örän uly gyzyklanma we şadyýanlyk dynç alyş ýagdaýy bolup geçýär.

Aýratynam, ýaz, tomus aýlarynda agyr işlerde işleýän toparlar bilen baglyk ýere, derýaň, kölüň kenarlaryna, daga, çöle, tebigatyň gözel ýerlerini dynç almaklyga, gezelenç etmeklige çykmaklygy guramaly. Meselem, metallurgiýa zawodynyň, demirýol deposynyň işçileri üçin, fabrikleriň tikinçileri üçin muzeýlere, güller sergisine, spektakllara, konsertlere tomaşa etmekligi guramak gerek. Şeýle-de ýaşlaryň arasynda sport çärelerini yzygiderli gurap durmaly. Aýratynam, bäsleşikler ýaşlara uly täsir edýär: «Kim güýçli?», «Kim çalasyn?» ýaly atlar bilen gyzykly ýaryşlar guralyp bilner. «El hünäri – il gezer», «Örüm-örüm gara saçlarym», «Meniň dilim, seniň eliň hünäri, nusga bolup galsyn ilden-illere» ýaly sergi – bäsleşikleri guralyp durulmalydyr.

Şeýle-de, dürli aýdymly, tansly dynç alyş agşamlaryny guramak bolar.

Eger-de işleýän adam näçe gowy dynç alsa, onuň şonça hem zähmet öndürijiligi artar. Dynç almaklyk işjeň ýagdaýda bolmalydyr.

## Maşgalalar bilen medeni-dynç alşy guramaklygyň aýratynlygy

Medeni-dynç alyş edaralarynda geçirilýän maşgala dynç alyş agşamlary ilat arasynda uly meşhurlykdan peýdalanýar. Köp medeni-dynç alyş edaralary ýaş maşgalalar bilen dynç alyş agşamlaryny geçirýärler. Ýaş çatynjalar üçin otagyň içinde öý-goşlaryny nähili edip, owadandan owadan, ýerbe-ýer goýmak hakynda, tagamly hem-de ýokumly nahar taýýarlamak barada, täze modalar dogrusynda maslahatlar guraýarlar. Käwagtlar oba arasynda at-abraýdan we uly hormatdan peýdalanýan ýaşuly adamlar şol agşamlarda öz durmuş ýoly, maşgala durmuşy baradaky ýatlamalary bilen çykyş edýärler. Olar berk maşgala dostlugynyň, agzybirliginiň nähili emele gelşi, her bir maşgalanyň gutulgusyz duş gelýän dürli kynçylyklary özleriniň nähili edip ýeňip geçişleri hem-de durmuşda taplanyşlary barada ýaşlara gürrüň berýärler. Medeni-dynç alyş edaralary dynç alyş agşamlary geçirmäge mugallymlary çekýärler. Olar ýygnananlara çagalary nähili edip terbiýelemek, aşaky synpyň okuwçylary üçin öýde nähili şertleri döretmegiň hem-de düzgünleri girizmegiň zerurdygy barada gürrüň berýärler.

Maşgalaly dynç alyş agşamlary oňa gatnaşýan adamlara medeni-dynç alyş edaralarynda erkin ýagdaýda duşuşmaga, täzelikler, durmuşdaky hajatlary we islegleri barada gürrüňleşmäge mümkinçilik berýär. Medeni-dynç alyş edaralary gelenleriň öz ýanlary bilen alyp gelen çagalaryny aýratyn bir jaýda güýmemek barasynda ozalyndan aladalanmalydyrlar.

Käwagtlar medeni-dynç alyş edaralarynda obanyň iň sylagly adamlarynyň durmuşyndaky ýubileý seneleri bellenip geçilýär: doglan günleri, maşgala gurup ýaşap başlanyndan 25 ýa-da 50 ýyllygy baýram edýärler. Obanyň tanymal maşgalalaryny, döwlet sylagyny alan önümçilgiň öňdebaryjylaryny mübäreklemeklik guralýar.

Medeni-dynç alyş edaralary şeýle dynç alyş agşamlaryny oba raýatlarynyň durmuş ýollaryny hem-de üstünliklerini giňden wagyz-ündew etmek üçin ulanyp bilerler. Olar barada diwar gazetleriniň ýörite goýberilişinde, sergileriň, diwarlyklaryň, ýşykly gazetleriň üsti bilen gürrüň bermek gerek.

Şu çäreleri geçirmek bilen, medeni-dynç alyş edaralary ösüp gelýän ýaş nesillere görelde mekdebini döredýärler.

## Ýekşenbe günleri medeni-dynç alşy guramak

Hepdäniň dowamyndaky öndürijilikli zähmetden soň her bir zähmet adamsy oňaýly dynç almaga mynasypdyr. Ony guramak bolsa medeni-dynç alyş edaralarynyň işgärleriniň paýyna düşýär. Aýratynam, ýekşenbe günleri ähli ýerlerde oňaýly dynç almaklyga mümkinçilik döredilmelidir. Ilatyň bir bölegi sport bilen meşgullansa, başga bir bölegi kinoteatrlarda, teatrlarda, medeni-dynç alyş edaralarynda, muzeýlerde, sergilerde, sirklerde geçirilýän çärelere gatnaşmaga meýilli bolýar. Medeni-dynç alyş edaralarynyň işgärleri şu ýagdaýlaryň her birini göz öňünde tutup, kiçi etrapçalarda hem dürli dynç alyş çärelerini we mümkinçiliklerini döretmelidirler. Şonuň üçin bar bolan ähli ýagdaýlardan peýdalanmalydyrlar.

Medeni-dynç alyş edarasynyň işgäri ilatyň arasyndaky işjeň şahsyýetleri ýerlikli peýdalanmak bilen özüne kömekçi topar döretmelidir.

Ýekşenbe gününde medeni-dynç alyş edaralarynda kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryndan başlap, hormatly dynç alyşdaky adamlar üçin hem oňaýly dynç almaga ýagdaý döredilmelidir. Sebäbi ol gün hemmeler öýünde, şonuň üçin hem çagalara ene-atalary bilen gezelençlere, ýaryşlara gatnaşmaga mümkinçilik döreýär.

Ýekşenbe gününiň ýene bir aýratynlygy, ol gün medeni-dynç alyş edaralarynyň iň gyzgalaňly iş günüdir. Medeni-dynç alyş edarasy şol gün ertirden giç agşama çenli dürli çäreleriň geçirilýän merkezine öwrülmelidir.

Şol günde geçirilýän çäreleriň hemmesi aýratyn taýýarlykly bolup, adamlaryň fiziki, ahlak-ruhy dynç almagyna oňaýly täsir edýän bolmalydyr.

Ýekşenbe günlerinde gurnaklar işläp, olaryň gatnaşyjylary çykyş edýärler, ilata medeni hyzmaty ýerine ýetirýärler.

Howanyň amatly wagtlarynda şäheriň, obanyň töweregindäki tebigatyň gözel ýerlerinde, medeni-seýil dynç alyş baglarynda köpçülikleýin gezelençler, baýramçylyklar we beýleki dynç alyş çäreleri guralýar. Eger-de golaýda köl, derýa bolsa, onda gaýykly gezelençler hem guramak bolar.

Ýekşenbede oňat dynç alan adamlar iş hepdesine höwes bilen başlarlar, iş öndürijilik köp derejede artar. Şonuň üçin medeni-dynç alyş edaralarynyň işgäriniň bu günüň – ýekşenbe gününiň iş meýilnamasyny aýratyn göz öňünde tutup taýýarlamagy hökmanydyr.

## Baýramçylyk günlerinde medeni-dynç alşy guramak

Baýramçylyk – bir şöhratly wakanyň şanyna bagyşlanyp, döwlet tarapyndan bellenilip geçirilýän dabaradyr.

Biziň ýurdumyzda milli baýramlar we olaryň seneleri Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky kodeksi tarapyndan kesgitlenýär. Ýurdumyzda bellenýän baýramlar we olaryň seneleri Türkmenistanyň Kanuny we pudaklaýyn professional baýramçylyk günleri Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen kesgitlenen senelerde bellenilip geçilýär.

Döwletimizde hormatly Prezidentimiziň ýörite Karary esasynda birnäçe milli baýramlarymyz, syýasy senelerimiz, edara-kärhanalaryň günleri dabaraly bellenilip geçilýär. Mysal üçin: «Oraza», «Gurban», «Nowruz baýramy», «Türkmen halysynyň güni», «Türkmen bedewiniň baýramy», «Türkmen gawunynyň baýramy» ýaly milli baýramlar, Garaşsyzlyk güni, Bitaraplyk güni, Baýdak baýramy ýaly syýasy senelerimiz, «Türkmenistanyň nebit-gaz işgärleriniň güni», «Medeniýet işgärlerini güni» ýaly dabaraly günlerimiz we ş.m.

Bu senelere bagyşlap, medeni-dynç alyş edaralary dürli baýramçylyk çäreleri geçirýärler. Her bir baýramyň özüne mahsus tematikasy, öwüşgüni, milli aýratynlygy bolmaly. Şol nukdaýnazardan ugur alyp, çäreleri şol esasda guramaly. Ilatyň baýramlary dabaraly belläp geçmeklerini gazanmak üçin konsertler, teatrlaşdyrylan dabaralar, bäsleşikler, maslahatlar, agşamlar, köpçülikleýin gezelençler we ş.m. çäreler guralýar.

Medeni-dynç alyş edaralarynda baýramçylyk günleri doly iş güni hasaplanylýar. Şol sebäpli ähli medeniýet işgärleri şol gün halk köpçüligine medeni taýdan hyzmat edýärler.

## Gündelik medeni-dynç alşy guramaklygyň aýratynlygy

Medeni-dynç alyş edaralarynyň adaty iş güni bilen baglanyşykly bolan gündelik dynç alşy guramaklygynyň hem aýratynlyklary bardyr. Medeniýet edarasyna her bir gelen adamyň islegini kanagatlandyrmak, gündelik medeni-dynç alyş işini guramaklyga taýýar bolmak baş wezipedir. Şol wezipelerden ugur alyp, her bir medeniýet işgäri raýatlaryň medeni isleg-talaplaryny kanagatlandyrmalydyr we çözmesi kyn meseleleri beýleki ulgamlaryň wekilleri bilen bilelikde çözmeklige çalyşmalydyr.

Medeni-dynç alyş edarasy elmydama adamly bolmalydyr. Mysal üçin, medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýlary iş wagtynda doly işlemelidir. Gelýän we gidýän raýatlara gündelik dynç alşy guramak üçin medeni-dynç alyş edaralarynda ýörite iş meýilnamasynda işler bellenilmelidir.

Gurnaklara isleg bildirýänler bilen özara günübirin ýekebaralaýyn maslahatlar geçirilmelidir. Gündelik hyzmaty ýola goýmak bilen, halkyň ösen islegleri berk öwrenilmelidir.

Medeni-dynç alyş edarasy özüniň guramaçylyk aýratynlygy bilen, beýleki ulgamlardan tapawutlanýar. Sebäbi ol öz işinde günübirinligi we döwrebaplygy şygar edinýär.

## Oba we şäher ýerlerinde medeni-dynç alşy guramak

Oba we şäher ýerlerinde medeni-dynç alyş işini guramak üçin ilki bilen şol ýeriň intelligensiýasynyň kömeginden peýdalanmaly.

Obanyň, şäheriň çäginde ýerleşýän mekdepleriň, çagalar baglarynyň, arçynlygyň, zawod-fabrikleriň işçi güýjünden peýdalanylyp, medeni-dynç alyş işini guramak, elbetde, bu işiň aýratynlygyny talap edýär.

Obada ýerleşýän medeni-dynç alyş edaralarynda «Oba sagatlary», «Göreldeli mekdepler», «Ýylyň ussat aýdymçy mugallymy», «Ýylyň döredijilikli terbiýeçisi», «Başarjaň okuwçylar» ýaly bäsleşikleri, «Meniň obam – meniň öýüm» atly medeni agşamlary, «Obamyzyň taryhyny öwrenýäris» atly ylmy-amaly maslahaty we ş.m. ýaly çäreleri gurap bolar.

Şäherde ýerleşýän medeni-dynç alyş edaralarynda şol çäge degişli edara-kärhanalaryň arasynda dürli bäsleşikleri, festiwallary, maslahatlary, medeni agşamlary, sport bäsleşiklerini we ş.m. geçirip bolar.

Obadyr şäherlerde hereket edýän aýdym, tans, folklor toparlarynyň işleriniň has-da kämilleşmegi üçin, medeni-dynç alyş edaralary gündelik we hemişelik işleri guramalydyr. Edara-kärhanalarda arakesme wagtlary medeni-dynç alyş edaralary öz çykyşlary bilen olaryň arasynda medeni hyzmaty ýola goýýarlar. Şeýlelikde, olar öz toparlaryna höwesjeňleri çekýärler. Bäsleşikleriň, çäreleriň üsti bilen ussatlary ýüze çykarmak aňsat bolýar.

Medeni-dynç alyş edaralarynda oba we şäher ýerlerinde medeni-dynç alyş işini guramak hem şolardan ybaratdyr.

## Bäsleşikleriň üsti bilen medeni-dynç alşy guramak

Medeniýetiň we sungatyň iň gowy üstünliklerini giňden görkezmek üçin, etrap, şäher, welaýat, döwlet derejelerinde bäsleşikler geçirilip durulýar. Olaryň birinji tapgyry döredijilik toparlarynyň ýa-da ýekelikde ýerine ýetirijileriň sungatynyň aýry-aýry görnüşleri – teatral, drama, aýdym, saz, tans, folklor, çeper okaýyş, degişme sahnalary boýunça etrap bäsleşigi geçirilýär. Iň gowy ýerine ýetirijiler ikinji tapgyra, ýagny welaýat bäsleşigine gatnaşdyrmak üçin seçilip alynýarlar. Soňra bolsa üçünji tapgyr döwlet derejesinde geçirilýär. Bäsleşigiň bu tapgyryna bolsa, welaýatyň eminler topary tarapyndan seçilip alnan toparlar, ýekelikde ýerine ýetirijiler gatnaşýarlar. Döwlet boýunça bäsleşigiň jemleýji tapgyry, adatça, ýurdumyzyň paýtagty Aşgabatda geçirilýär.

Ýurdumyzyň ähli künjeklerinden Aşgabada ýygnanan, has zehinli ýerine ýetirijileriň jemleýji konserti bolsa, medeniýetiň we sungatyň baýramyna, bäsleşigiň geçirilişi milli görnüşli, ýerine ýetirijilik mazmunly türkmen medeniýetiniň dabarasyna öwrülýär. Bäsleşigiň ýeňijileri hormat hatlary, gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglanýarlar. Ussatlyga ýetenleri daşary ýurtlarda geçirilýän Halkara derejeli bäsleşiklere, festiwallara gatnaşdyrylýar.

Bäsleşiklerde özara dartgynly täsirler oňa gatnaşyjylara we tomaşaçylara uly joşgun berýär. Bäsleşikler, esasanam, baýramçylyklar we dynç günleri geçirilýär. Olar tölegli ýa-da tölegsiz bolup biler.

Bäsleşige tomaşa etmäge gelen halk köpçüliginiň isleg-talaplaryny öwrenmek medeni-dynç alyş edaralarynyň baş wezipesidir.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Medeni-dynç alyş edaralarynyň auditoriýasyny, onuň ruhy we medeni isleglerini öwrenmekligiň nähili usullary bar?
2. Aýry-aýry zähmet toparlary bilen medeni-dynç alyş işini guramagyň usullary.
3. Dürli bäsleşikleriň üsti bilen medeni-dynç alyş işini guramak.
4. Agzeki žurnalynyň meýilnamasyny düzmek.
5. Boş wagt barada düşünje.

# VIII BÖLÜM

## MEDENI-DYNÇ ALYŞ EDARALARYNY DOLANDYRMAK

«Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň ykdysady we syýasy ösüşiniň strategiki maksatnamalarynyň özeninde ýokary derejeli hünärmenleriň wezipesi we hukuk borçlary bolmalydyr» diýip, hormatly Prezidentimiz belläp geçýär.

Bu beýik maksatnamalaryň ýerine ýetilmegi Türkmenistan döwletiniň her bir pudagynyň wezipesi bolup durýar. 2010-njy ýylyň fewral aýynyň 24-ine Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzyň döredijilik intellegensiýasy bilen geçiren taryhy duşuşygynda kesgitlenen ugurlar medeniýet işinde esasy ýörelge bolup durýar.

Ata Watanymyz Türkmenistan köp asyrlaryň dowamynda Gündogardan Günbatara we Günortadan Demirgazyga geçýän ýollaryň çatrygy, taryhda ýazylyşy boýunça aýtsak, «ýedi ýoluň çatrygy» boldy, Hytaýdan Ýewropa geçýän Beýik ýüpek ýolunyň merkezi böleginde esasy orny eýeledi, ol ýol bolsa bir ýarym müň ýyllap diýen ýaly parahatçylygyň we dürli halklaryň medeni gatnaşyklarynyň ýoly bolup hyzmat edipdir.

Bu ýol türkmen topragynyň dünýäniň ykdysady we medeni ösüşinde merkez bolmagyna ýardam edipdir.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen şu geçen gysga döwrüň içinde asyrlaryň dowamynda nesillerden nesillere geçip, kämilleşen, miras galan milli däp-dessurlarymyz, toý-baýramlarymyz täzeçe öwişgün, milli joşgun bilen halkymyza gaýtarylyp berildi. Köklerini çuňluklardan alyp gaýdýan baý hem-de gahrymançylykly taryhymyz, ruhy baýlyklarymyz täzeden dünýä ýaýrady. Milli medeniýetimiz, sungatymyz, nepis halylarymyz, gamyşgulak bedewlerimiz halkymyzy dünýä tanatdy. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe halkymyzyň durmuş ýagdaýlary kämilleşdirildi. Bu bolsa ykdysady ösüşlerimiz bilen amal bolan hakykatdyr. Türkmenistan–Hytaý gaz

geçirijisiniň, Atamyrat-Kerkiçi köprüsiniň, Türkmen kölüniň 1-nji tapgyrynyň açylmagynyň, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmeginiň we senagat pudagynyň beýleki kärhanalarynyň birnäçesiniň gurulmagy we olaryň gurluşyklaryna badalga berilmegi, elbetde, Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny artdyrýan ösüşleriň esasy özenidir. Ykdysady taýdan ösen döwletimiz döwrabap ýaşamaklygyň, medeniýetli dynç almaklygyň bitewileýin işlerini ýurtda amala aşyrýar. Bu zatlaryň hemmesi hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir» diýen ýörelgesi esasynda döredilýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda häzirki zaman talaplaryndan ugur alnyp, edaralaryň täze görnüşleri – medeniýet we dynç alyş merkezleri, bagşylar öýleri, döredijilik toparlary, medeni we dynç alyş seýilgähleri döredilýär. Medeniýet edaralaryny serişde we tehniki taýdan üpjün etmek, olary tehniki serişdeler bilen, saz gurallary bilen we milli sahna geýim-gejimleri bilen mundan beýläk-de üpjün etmek hakynda hem köp alada edilýär.

Döwletiň medeniýet edaralary döwlet we ýerli býujetiň hasabyna saklanylýar.

Döwlet býujetiniň esasy çykdajy bölegi halk hojalygyny we sosial-medeni ulgamlary ösdürmäge gönükdirilýär.

Durmuşy (sosial)-medeni gurluşuň esasy bölegini bolsa medeniýet edaralary tutýar. Medeniýet edaralary bolan sungat edaralary, medeni-dynç alyş edaralary, muzeýler, kitaphanalar, çeperçilik, şekillendiriş edaralary, kinoteatrlar, saz we sungat mekdepleriniň hemmesi döwlet býujetiniň maliýe-ykdysady maddalarynyň hasabyna işleýärler.

Halk hojalygynyň hemme pudagynda, şol sanda hususy kärhanalaryň, medeniýet ulgamynda hem maliýe pul serişdeleriniň kemala gelmegi we harç edilişi ykdysadyýetiň düzgünlerine görä işlenilip düzülýär.

Her ýyl uzak möhletleýin göz öňünde tutulýan pul serişdeleri çykdajy smeta esasynda normatiw şertleri, maddy çykdajylary üns merkezinde saklamak bilen çykdajy we girdeji maliýe pul kemala geliş hem-de sarp ediş berk gözegçilik astynda bolmalydyr. Býujet we býujet däl serişdeleriň maddalar boýunça girdeji we çykdajylary sme-

ta boýunça netijeli, peýdaly, ykdysady taýdan ýöriteleşdirlen (özüne düşýän gymmatyny aşaklandyryp, galýan peýdany, sylag esasyny döretmek üçin göz öňüne tutup) ýagdaýda halka hyzmat etmekligiň öňdebaryjy hem-de täsirli usullaryny tapmak, ornaşdyrmak bilen işlemegi ýola goýmagy başarmaly.

Häzirki döwürde medeniýet ulgamynda işleriň ýola goýluşy türkmen döwletiniň özbaşdak milli medeniýetini ata-baba medeni mirasyna laýyklykda guramagy we halkyň arasynda ornaşdyrmagy başarmaly.

Şonuň üçin hem medeni-dynç alyş işleriniň dolandyrylyşyny, onuň ykdysadyýetini döwrebap bellemek her bir medeniýet we sungat işgäriniň belent borjudyr.

Türkmenistanyň medeni guramalary eýýäm şu günki gün köp wajyp strategiki we taktiki maksatlaryna ýetmeklikde öz ornuny tutýar.

Hormatly Prezidentimiz medeniýet we sungat işgärleriniň öňünde olaryň öz ulgamlarynyň ösüş derejesini ýokarlandyrmalydygyny, dolandyrmagyň täze görnüşlerini ulanmalydygyny wezipe edip goýdy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgermeleriniň 2020-njy ýyla çenli döwür üçin baş ugur milli maksatnamasynda» medeniýeti ösdürmegiň esasy ugurlary we muzeýleriň, kitaphanalaryň we medeniýet edaralarynyň işiniň esasy ugurlary kesgitlenendir. Onda muzeýleriň, kitaphanalaryň, medeniýet edaralarynyň we halk döredijiliginiň işini düýpli üýtgedip guramak, ýaş nesli Watana söýgi hem-de wepalylyk ruhunda terbiýelemek, olaryň ornuny ýokarlandyrmak Bitarap, Garaşsyz Türkmenistanda milli medeniýeti we sungaty ösdürmekde esasy wezipe bolup durýar diýlip bellenilýär.

Türkmenistanyň medeni-dynç alyş edaralarynyň täze binalarynyň gurlup ulanylmaga berilmegi bilen ýurduň medeni durmuşynda uly öşgerişler amala aşyrýar. Aşgabat şäherinde we ýurdumyzyň welaýat merkezlerinde, etrap-şäherçelerinde, obalarda dünýä ölçeglerine gabat gelýän medeni-dynç alyş edaralarynyň gurulmagy we gurluşyklarynyň uly depgin bilen dowam etdirilmegi Türkmenistan döwletimiziň ykdysady-syýasy we medeni ugurlaryny dünýä derejelerine göterýär.

Ilatyň ruhy islegini kanagatlandyrmak, halkyň däp-dessurlaryny dikeltmek boýunça Milli maksatnamany ýerine ýetirmek ýörelgelerinde medeni-dynç alyş işini düýpli ösdürmek göz öňünde tutulýar.

## Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň döwlet ulgamlary

1. Medeniýet edaralarynyň döwlet dolandyryşyndaky esasy tutýan orny.
2. Medeniýet ministrligi medeniýet edaralaryny dolandyryjy esasy ulgamdyr. Onuň ýerine ýetirýän işleri .
3. Döwlet medeniýet edaralaryny dolandyrmagyň ýerli guramalary, olaryň borçlary, wezipeleri we işleri.

Döwlet ulgamyna degişli medeniýet edaralaryna Medeniýet ministrligi tarapyndan ýolbaşçylyk edilýär. Ýerli medeniýet edaralary özleriniň ýerleşýän ýerine görä, ýerli häkimliklere garaşly bolýarlar. Medeniýet edaralary döwletiň içerki we daşarky syýasatyny halkara gatnaşyklaryny, öz ýerli guramalarynyň üsti bilen wagyz edýärler. Öz gezeginde Medeniýet ministrligi medeniýet ojaklary üçin hünärmenleri taýýarlamak işini döwlet ulgamlaryna borçly edip goýýar.

Başga jemgyýetçilik guramalarynda döredilen medeniýet edaralaryny hünärmen bilen üpjün etmek işi-de Medeniýet ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi erkin medeniýet ojaklaryna usuly we nazary kömek bermäge borçly edilýar.

Medeniýet ministrligi medeniýet pudagy boýunça ýörite dolandyryjy ulgamdyr. Onuň esasy maksady halkyň medeni derejesini ýokarlandyrmak we medeni hyzmaty kämilleşdirmekdir, umuman, ol döwletiň medeni syýasatyny alyp barýan ulgamdyr. Şeýle hem onuň garamagynda we ygtyýarlygynda döwletiň daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin ýörite bölümler bardyr. Türkmenistanyň Medeniýet ministriligi öz garamagyndaky döwlet medeniýet edaralarynyň işini dolandyrmak boýunça şu işleri ýerine ýetirýär:

Umumy döwlet medeniýet syýasatyny alyp barmak we ony durmuşa geçirmek.

Daşary ýurtlar bien medeni aragatnaşygy guramak.

Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky edaralaryň işçi hünärmenlerini taýýarlamak we üpjün etmek.

Umumy döwlet derejesinde geçirilýän medeni-köpçülik çärelerini guramak.

Medeniýet pudagyna degişli kanunlary we resmi iş kagyzlaryny taýýarlamak: gollanmalar, düzgünnamalar, görkezmeler we şuňa meňzeşler.

Medeniýet edaralarynyň dürli görnuşlerini döretmek işini üýtgedip guramak we kämilleşdirmek.

Teatr, saz sungatyny ösdürmek, olaryň döredijilik işine ýolbaşçylyk etmek.

Medeniýet we sungat edaralaryna döwlet tarapyndan ýolbaşçylyk etmek, olaryň işini sazlaşdyrmak, ugrukdyrmak, maddy we maliýe goldaw bermek, düýpli gurluşyklary amala aşyrmak, hünärmenler bilen üpjün etmek, usuly taýdan ýolbaşcylyk etmek

Medeniýet işi boýunça ylmy-barlag işine ýolbaşçylyk etmek.

Sazçylyk, sungat we çeperçilik mekdepleriniň, orta we ýokary mekdepleriniň işlerine ýolbaşçylyk etmek.

Maddy tehniki üpjünçilik, maliýe goldawy, düýpli gurluşygy göz öňünde tutmak we gurmak.

Halkyň çeper döredijiligini ösdürmek, zehinlileri ýüze çykarmak we olary kämilleşdirilmeklige şert döretmek. Şu işi alyp barmak Medeniýet ministliginiň dolandyryş guramalaryna degişlidir.

## Medeniýet edaralarynyň dolandyryş düzgünleri

Medeniýet edaralarynyň her birinde olaryň işine ýolbaşçylyk etmek, jogapkärçilik, ygtyýarlyk, guramaçylyk, gözegçilik we ş.m. meseleleri amala aşyrmakda we şolar bilen baglanyşykda dolandyryş düzgünleri häsiýetlendirilýär.

*Olar, easasan, 4 düzüm bilen bellidir:*

1. Liniýa ýolbaşçy – esasy ýolbaşçylyk düzümi.
2. Funksional düzüm işiň belli bir ugruny öz üstüne alýar.

3. Wezipe iş düzümi – ol edaralary esasy ýolbaşçysynyň ýanynda ýa-da funksional düzümlerde, jemgyýetçilik başlangyjynda ýerli işjeňlerden döredilýär.
4. Matriki – olar belli bir medeni gurluşyklary amala aşyrmak maksady bilen, şol gurluşyk ýerine ýetirilýänçä möhletleýin döredilýär.

Bu düzümleriň hemmesiniň ygtyýarlylygy, jogapkärçiligi iş möçberleri, hukuklary dürli-dürlüdir. Olaryň arasyndaky gatnaşyklar hem birmeňzeş däldir.

Liniýa ýolbaşçy düzümi – iň esasy ygtyýarly, jogapkärli ýolbaşçylykdyr. Edaranyň ululygyna ýa-da kiçiligine görä, liniýa ýolbaşçy düzümi hem birmeňzeş däldir. Diňe bir adamdan ybarat ýolbaşçylyk edýän medeni-dynç alyş edaralarynda onuň kanuny ýerine ýetirijilik gatnaşygy bolýar. Ähli meseläni onuň özi amala aşyrmalydyr. Funksional düzüm (belli bir ugry ýerine ýetirýär) edaranyň ululygyna görä, bir ýa-da birnäçe sany bolup biler. Liniýa ýolbaşçynyň gatnaşygy olar bilen, esasan, ýerine ýetirýän işleri boýunça ýüze çykýar. Mysal üçin, Medeniýet öýünde usulyýet bölüm bar bolsa, edaranyň liniýa ýolbaşçysynyň olar bilen gatnaşygy usuly iş boýunçadyr. Ol bölüm edarada çäräni taýýarlamakda hem-de şol çäreleri guramagyň usulyýeti boýunça, ýagny ony meýilleşdirmäge, ssenariý ýazmaga, maglumat toplamaga, şeýle hem çäräni guramaga, ony geçirmäge gatnaşýar.

Edarada funksional düzüm köp bolsa, edaranyň ýolbaşçysy bilen döreýän gatnaşykdan başga-da, bu funksional düzümiň öz aralarynda belli bir mesele boýunça iş bilen baglanyşykda gorizontal gatnaşyk döreýär.

Edarada funksional düzümiň bolmagy edara ýolbaşçynyň işini ýeňilleşdirýär, sebäbi funksional düzümler işleri ýolbaşçynyň üsti bilen amala aşyrýar. Liniýa ýolbaşçy öz orunbasarlary bilen edara işlerine hemme taraplaýyn jogapkärdir.

Funksional düzüm iş üçin jogap berýär. Şoňa görä-de, ähli talaby, gözegçiligi, ýolbaşçylygy guramaçylyk ýolbaşçylygyny öz elinde saklaýar. Ýöne olar hemmetaraplaýyn ýolbaşçy bolup bilenoklar. Belli bir iş ygtyýarlyklaryny olar funksional düzümlerine geçirýärler. Eger şeýle düzüm ýok bolsa, öz elindäki hünärmen işgäre geçirýär.

## Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň esasy ugurlary

1. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň esaslary.
2. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň ylmy esaslary.
3. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň höweslendiriş esaslary.
4. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň şahsy jogapkärçilik ugurlary.
5. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygy düzgüne salmak we merkezleşdirmek.

Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň esaslary aç-açan merkezden ýolbaşçylyk ugry häzirki döwürde hem dowam edýär. Dolandyryjylygyň iň kämil ugurlary ýerine ýetirijilik, guramaçylyk, ýolbaşçylyk erkinlik düzgünleriniň saklanylmagy bilen dowam edýär. Medeniýet pudagyna Medeniýet ministrligi ýolbaşçylyk edýär we ol öz gezeginde hünärmenleri taýýarlaýar. Bulardan başga-da resmi iş kagyzlaryny taýýarlaýar we şolara ylmy-usuly ýolbaşçylyk edýär. Düýpli medeniýet ojaklaryny gurmaklygy maliýeleşdirmek işlerini ýola goýýar. Medeniýet edaralarynyň ýolbaşçylygynyň esaslary diýmek bolsa, aşaky bölümçeleriň mümkinçiliklerini, özbaşdaklyklaryny giňeltmäge şert döretmekdir. Olaryň öz-özlerini dolandyrmaklyga we meýilleşdirmeklige şert döretmek medeniýet işlerine jemgyýeti çekmek ýaly mümkinçilikleri döredýär.

## Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň ylmy esaslary

Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň ylmy esaslary bu işiň ussatlyk derejesini ýokarlandyrmakdan hem-de ilata edilýän medeni hyzmatyň ylmy esaslarda guralmagyny gazanmakdan ybaratdyr.

**Ylmy ugur şu talaplary göz öňünde tutýar:**

1. Medeniýet edaralarynyň işgärleriniň ylmy-nazaryýet taýdan taýýarlykly bolmagy öz bilimlerini ussatlyk derejede kämil-

leşdirip guramaklaryny hem-de işlerinde usulyýetiň we nazaryýetiň gazananlaryny ulanyp bilmeklikdir.
2. Medeniýet edaralarynyň işgärleriniň işini usulyýet taýdan dogry gurap bilmeklik.
3. Medeniýet edaralarynda zähmeti ylmy esasda guramak, iş wagtlaryny netijeli peýdalanmak, zähmet ölçeglerini, düzgünlerini ýerlikli peýdalanmak hem-de edarada oňaýly zähmet şertlerini döretmek.
4. Täze başlangyçlary, oňaýly iş tejribelerini öz işleriňde ornaşdyrmak.
5. Ýolbaşçylyk işinde dürli we gündelik habarlardan peýdalanyp bilmek we dolandyrmakda ýerlikli peýdalanmak.
6. Medeniýet edaralarynda zähmetkeşleriň isleg-arzuwlaryny öwrenmek.
7. Öz işleriňde hemişe täze ylmy usulyýet gollanmalaryny peýdalanmagy başarmak.
8. Täze iş görnüşlerini, usullaryny, ulgamlarda synag etmek we olaryň has netijelilerini iş tejribesinde ornaşdyrmak.

## Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň höweslendiriş esaslary

Medeniýet edaralaryny dolandyrmak işinde işgärleri höweslendirmek diýmek, her bir adamyň zähmetine görä höweslendiriji serişdeleri ulanmaklygy we olara mynasyp baha berip bilmekligi aňladýar. Şeýle bolanda, adamlar zähmetiň gerekdigine dogry düşünerler we olarda zähmete bolan höwes dörär.

Her bir höweslendiriş işi netijeli, adalatly, we hemmetaraplaýyn bolmalydyr, adamlarda nägilelik döretmeli däldir.

*Özüniň derejesi boýunça höweslendiriş sylagy 2 topara bölünýär:*

1. Döwlet derejesindäki höweslendiriji sylag.
2. Ýerli guramalar tarapyndan berilýän höweslendiriji sylaglar.

*Höweslendirmek 2 görnüşde bolýar:*

1. Maddy gymmatlyklar bilen sylaglamak (pul we gymmat zatlar).
2. Ruhy taýdan höweslendirmek (hormatly at dakmak, orden-medal bilen sylaglamak, hormat tagtasyna çykarmak)

## Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň şahsy jogapkärçilik esaslary

Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň şahsy jogapkärçiligi her bir adamyň işi we durmuşy bilen baglylygy, şahsy jogapkärçiligiň asyl manysynda, şu aşakdaky toparlara bölünýär:

1. Hukuk jogapkärçiligi (Kanunyň we düzgünnamanyň öňündäki jogapkärçilik)
2. Ahlak jogapkärçiligi bu her bir adamyň ahlak-etiki hereketleri bilen bagly bolup, durmuşda, maşgalada, köpçülikde, umuman, ähli ýerde berjaý edilmelidir.

Has giňişleýin manyda özüňe berkidilen jogapkärçilikden başga-da halkyňa, Watanyňa, döwletiňe we raýatyňa bolan borjuňy berjaý etmeklik.

Düzgünnama jogapkärçiligi harbylaşdyrylan ugurlarda alnyp barylýar: harby gullukda, departamentde, howa we demir ýollarynda.

Jemgyýetçilik guramalarynda: Türkmenistanyň Demokratik partiýasy, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklary guramasy, Zenanlar guramasy we Uruş we zähmet weteranlary guramasy. Medeniýet edaralaryny dolandyrmak işinde bu guramalar edarada jogapkärçiligiň berjaý edilmegine, toparlarda düzgün-nyzamyň saklanylmagyna, toparyň agzybir we jebis işlemegine, toparyň oňaýly ahlak-aňyýet giňişliginiň döredilmegine jogap bemelidirler we hemme işgärleriň jogapkärçiligi duýmagyny kemala getirmek aladasyny etmelidirler.

## Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygy düzgüne salmak we merkezleşdirmek

Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygy düzgüne salmak we merkezleşdirmek işi dolandyrmakda esasy iş ugurlary bilen bilelikde işiň hemme ugurlarynyň talaplarynyň toparlara ýolbaşçylyk etmekde işiň ähli usullaryny, serişdelerini utgaşdyryp, bir bitewilikde alnyp barylmagyny aňladýar. Mysal üçin, eger-de işiň diňe bir tarapyna üns berlip, başga ugurlary ünsden düşürilse, ýolbaşçylyk etmegiň diňe buýruk berijilik, höküm edijilik, çäre görmek usullary ulanylyp, ter-

biýeçilik, höweslendiriş, aňyýet usullary ünsden düşürilse, hemmetaraplaýyn döredijilikli iş, agzybirlikli höwesli iş guramak mümkin däldir.

Ýolbaşçy talapkärlik bilen adamkärçilikli, adam bilen düşünişip işlemegi, olara hormat goýmagy, çäre görmek ýa-da höweslendirmek bilen öz täsirini, işgärleriň täsiri bilen utgaşdyryp bilmegi başarmalydyr. Işi yzygiderli alyp barmak diýmek bolsa, edaranyň işinde yzygiderliligiň bolmagyny, edaranyň ähli iş bölümlerine üns berilmegini, olaryň özara iş baglanyşygyny gazanmaklygyny aňladýar.

Utgaşdyrmak diýmek bolsa, işi ugrukdyrmagy, olaryň sazlaşygyny gazanmagy, olaryň baglanyşygyny, utgaşyklygyny gazanmagy aňladýar.

Bu, aýratyn, hem edarada bölümler köp bolsa ýa-da ýolbaşçy edaralary öz içine alýan bir ulgama ýolbaşçylyk edýän bolsa, örän möhümdir. Şeýle ýolbaşçy öz edarasynyň ulgamynyň başga ugurdaş ýa-da meňzeş kybapdaşyrak ulgamlar bilen ýa-da edaralar bilen belli bir meseleler boýunça utgaşdyrmagy başarmalydyr.

## Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň ulgamlary

1. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň esasy düzümleri we mazmuny.
2. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklykda karara gelmek (mesele çözgütleri) dolandyryş işini guramagyň esasy borçlarydyr.
3. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklykda karara gelmekde habarlaryň tutýan orny, oňa bildirilýän talaplar.
4. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklykda habarlaryň dolandyryşda tutýan orny.

Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklykda habarlar dolandyryş işiniň esasy usulyýetçilik meseleleriniň biridir. Borç alnyp barylýan iş ulgamynyň asyl manysyny we ugurlaryny häsiýetlendirýär. Borçlar şol iş ulgamynyň nämeden ybarat bolýandygyny we olaryň mazmunynyň nämeden ybaratdygyny öwredýän düşünje. Mede-

niýet edaralaryny dolandyrmaklykda dolandyryş işiniň borçlary şu aşakdakylardan ybarat:

1. Maksadyny kesgitlemek – her bir iş ulgamynyň ahyrky netijesini aňladýan netijäni öňünden kesgitlemekdir. Ol aýry-aýry wezipelerden ybaratdyr. Şol wezipeleri amala aşyrmak bilen bolsa dolandyryş wagtynda goýlan maksada ýetilýär. Maksat belli bir döwür üçin bellenilýär we aýry-aýry sepgitleri öz içine alýar, şol sepgitler bolsa wezipeleri amala aşyrmak bilen geçirilýär. Dolandyryş işiniň maksady hil we san taýdan umumylaşdyrylan görnüşde aýry-aýry meseleler boýunça bellenilýär. Meselem, edarany dolandyrmagyň, kämilleşdirmegiň düzgünlerini, serişdelerini, görnüşlerini görkezmek ýa-da hünärmen işlerini gowulandyrmak boýunça goýlan maksat ýa-da edaralaryň maddy we maliýe serişdelerini berkitmek boýunça goýlan maksat.

2. Medeniýet edaralaryny dolandyrmak işiniň wezipeleri, esasan, öňde goýlan maksatlar esasynda her bir ugur boýunça anyklaşdyrylyp, amala aşyrmaly çäreleri bilen bir döwri öz içine alýar. Şol wezipelerde geçilen sepgitleriň möhletlerine, çäreleriň görnüşlerine, serişdelerine jogapkär düzümler ýa-da adamlar bellenilýär. Wezipeleriň goýulmagy işiň meýilleşdirilmegidir we maksatlara ýetmegiň guramaçylyk hereketidir.

Maksatda göz öňüne tutulýan amala aşyrylmaly meseleleriň her biri ençeme wezipelerden ybaratdyr. Mysal üçin, edaranyň maliýe we maddy ýagdaýyny berkitmek boýunça goýlan maksady şu wezipeler bile anyklamak bolar, ýagny maliýe serişdeleriniň möçberini artdyrmak üçin tölegli hyzmatlary giňeltmek we olar boýunça anyk täze döredilmeli tölegli hyzmatlary guramak we çäreleri enjamlaşdyrmagy amala aşyrmak üçin alynmaly zatlar üçin ýerli býujetden goýberilen serişdeleriň möçberini gazanmaly, kärende we potratçylyk usulyny girizmek boýunça döredilmeli zat, ýagny kärendä berlen edara kärhanalar ýa-da jaýlar kärende ulgamyny döretmek göz öňünde tutulyp bilner.

3. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklyk işiniň wezipelerini amala aşyrmak üçin mesele çözgütleri ýa-da karara gelmek meseleleri.

Mesele çözmek ýa-da karara gelmekligiň görnüşleri şu işi guramagyň esasy hereketidir. Öňde goýlan her bir wezipäni belleni-

len möhletde amala aşyrmak üçin ýolbaşçy ýerine ýetirilýän çäreler boýunça meseleleri çözýär. Ol gündelik işde dürli meseleler boýunça işi ýerine ýetirýär. Karara gelmek, tabşyryklardan, görkezmelerden, beýanlardan, şertnamalardan, gürrüňleşmekden, telefon arkaly çözmek, ýygnak geçirmek we ýygnagyň beýany, dürli guramalara çykmak, maliýe bölümlerine degişlidir.

4. Medeniýet edaralaryny dolandyrmak işini guramak we amala aşyrmak.

Bu borç edaranyň ähli iş döwrüni özünde jemleýär, olaryň amala aşyrylmagyny, guralmagyny aňladýar. Bu borç işiň köp taraplaryny toparlaýyn ýa-da ýekebara ýerine ýetirlişini edaranyň ähli iş ugry boýunça häsiýetlendirilýär.

5. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklyga gözegçilik etmeklik.

6. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklyga syn bermeklik.

7. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklykda netije çykarmaklyk.

## Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklykda karara gelmek ýa-da mesele çözmek dolandyryş işiniň esasy wezipeleridir

Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklykda karara gelmek ýa-da mesele çözgütleri gündelik işi guramak we alyp barmak bilen baglanyşyklydyr. Ýolbaşçy her gün diýen ýaly dürli meseleleri çözmeli bolýar. Ýüze çykýan hadysalar boýunça belli bir karara gelýär. Ol işi guramak, ugrukdyrmak, talap etmek, netijesini derňemek hem-de işgärleriň işi, durmuşy wezipelerini ýerine ýetirmek, özara gatnaşyklary bilen baglanyşykly işleri amala aşyrýar.

1. Medeniýet edaralarynyň işini dolandyrmaklykda ýekebara karara gelmek. Ol ýolbaşçynyň gündelik iş wagtynda ýüze çykýan dürli meseleler bilen baglanyşykly amatly çözgütleridir.

2. Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklykda agzalar bilen karara gelmek. Ol edaranyň geňeş toparynyň we toparyň umumy ýygnagynyň belli bir düýpli meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üsti bilen kabul edýän kararlarydyr. Özüniň häsiýeti boýunça ýolbaşçynyň ýekebara çözgütleri has çalt ýerine ýetirilmeli we örän köp dürli meseleler bilen baglanyşykly çözgütlerdir. Ol çözgütler, köplenç, ýüzugra

ýerine ýetirilýär. Geňeş toparynyň çözgütleri, ýagny karara gelmek seýrek, esasy geňeş toparynda ýa-da toparyň ýygnagynda çagyrylan wagtlary diňe öňde goýlan meseleler boýunça pikir alyşmak üsti bilen karara gelinýär. Ol resmi häsiýetde bolýar. Onuň ýerine ýetirilmegi hökmanydyr. Esasy geňeş toparynyň çözgütlerine garanyňda, ýekebara karara gelmek ýa-da meseleleriň çözgütleri oňyn häsiýetde bolmagy üçin ýalňyşlyklara sebäp däldir. Bu ýerde çözgütleriň borçlaryň dogrulygy, adalatlylygy, ygtybarlylygy ýolbaşçynyň özüne baglydyr.

Ýolbaşçy meselä nähili düşünýän, nähili garaýan, nähili habarlardan peýdalanýan bolsa, meseläniň çözülişi hem şolar ýaly bolýar. Agzalaýyn çözgüdi bolsa, köpçülik bilen maslahat edip, soň umumy köpçülik belli bir netijä gelinse, ol has dogry bolýar.

3. Medeniýet edaralaryny dolandyrmakda, karara gelmekde habarlaryň tutýan orny. Habarlaryň dolandyryjylyk häsiýeti.

Habarlar dolandyryş işinde uly orun tutýar. Olar meseläni dogry çözmäge özüniň häsiýeti boýunça uly goşant goşýar. Habarlar düýpli we gündelik habarlar hökmünde häsiýetlendirilýär.

a) Düýpli habarlar bilime, düşünjä, gözýetime, tejribä we ylmy derňewlere degişlidir. Olar, esasan, ýolbaşçynyň taýýarlygyny, bilim derejesiniň ýokarylygyny we öňdebaryjy tejribelerden peýdalanylýandygyny görkezýär. Ol ýolbaşçynyň oňaýly ussatlyk taýýarlygyny görkezýär.

b) Gündelik habarlar ýolbaşçynyň iş ugry bilen bagly gündelik peýdalanýan maglumatlarydyr. Ýolbaşçynyň şol habarlardan peýdalanyp bilmegi edaranyň iş ýagdaýyna doly göz ýetirip bilmegine mümkinçilik berýär.

## Medeni-dynç alyş edaralaryna ýolbaşçylyk. Etrap, şäher bölümi, medeniýet merkezleri, medeniýet öýleri we olaryň dolandyrylyşy

Häzirki wagtda döwlet derejesinde ideologiýa işiniň esasy bölegini düzýän medeni-dynç alyş edaralaryna ýeterlik üns berilýär. Şäherlerdäki, etraplardaky, obalardaky medeni-dynç alyş edaralary ilatyň arasynda dürli medeni çäreleri we köpçülikleýin işi alyp

barýarlar. Olar özleriniň görnüşleri boýunça dürli-dürlüdir. Medeni-dynç alyş edaralary özleriniň degişliligi boýunça döwlet, jemgyýetçilik guramalaryna we hususy kärhanalara degişli bolýarlar. Olaryň köp bölegi döwletimiziň Medeniýet ministrligine degişlidir. Bu medeni-dynç alyş edaralaryna etrap, şäher medeniýet merkezleri, oba we şäherçe Medeniýet öýleri, etrap merkezi kitaphanasy we onuň oba ýerindäki bölümleri, şäherdäki medeni-dynç alyş edaralary we kitaphanalaryň bir bölegi, muzeýler, çagalar sazçylyk we sungat mekdepleri ýaly edaralar girýär. Iri zawod-fabrikleriň ýanynda jemgyýetçilik guramalaryna degişli medeniýet köşkleri, medeniýet öýleri hereket edýärler. Önümçilik bölümleri, işçi we talyplaryň medeni-dynç alyş edaralarynyň iň köp sanly görnüşleri bolan Medeniýet merkezleri hereket edýär. Olara mahsus bolan sypatlaryň biri-de Medeniýet merkezleriniň önümçilik we jemgyýetçilik durmuşy bilen berk baglylygydyr. Olardaky geçirilýän ähli medeni çäreler jemgyýetçiligiň güýji bilen ýerine ýetirilýär.

Ýurduň paýtagtynda, welaýatlarda we iri medeni merkezlerinde intelligensiýanyň ýöriteleşdirilen medeni-dynç alyş edaralarynyň – alymlaryň, mugallymlaryň, ýazyjylaryň, kompozitorlaryň, žurnalistleriň, kino işgärleriniň öýleriniň bolmagy maksada laýykdyr. Olar döwlete ýa-da döredijilik geňeşlerine, jemgyýetçilik guramalaryna degişli bolýarlar.

Käbir ýerlerde harby gullukçylara hyzmat etmek maksady bilen serkerdeler öýleri, içeri işler edarasynyň işgärleri üçin ýöriteleşdirilen medeniýet öýleri döredilýär.

Medeni-dynç alyş görnüşli edaralara medeni-dynç alyş we seýil baglary hem degişlidir.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň ýokarda görkezilen giň düzümi olaryň işine ýolbaşçylyk etmekligiň ylmy nukdaýnazardan guralmagyny talap edýär. Bu hili ýolbaşçylygyň esasy maksady medeni-dynç alyş edaralara ýolbaçylyk etmegi amala aşyrýan guramalaryň we edaralaryň ilata edilýän hyzmatyň gün-günden gowulanmagyna ýardam bermekden ybaratdyr.

Ýokardaky aýdylanlaryň düşnükli bolmagy üçin medeni-dynç alyş edaralaryna edilýän ýolbaşçylyga etrap möçberinde seredip geçeliň.

Etrap häkimliginiň medeniýet bölümleri döwlet medeni-dynç alyş edaralarynyň ýerli bölümine ýolbaşçylyk edýän döwlet edarasydyr. Ol, bir tarapdan, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň we welaýat medeniýet müdirliginiň tabynlygynda bolmak bilen, şolaryň ähli tabşyryklaryny ýerine ýetirýär we öz işi barada olara hasabat berip durýar, ikinji tarapdan, etrap häkimlikleriniň medeniýet bölümleri onuň bir bölümi hökmünde olara administratiw taýdan tabynlykda bolýarlar.

Medeniýet bölüminiň müdiri etrap häkimligi we welaýat häkimliginiň medeniýet müdirligi bilen maslahatlaşylyp, Medeniýet ministrligi tarapyndan işe alynýar, ministriň buýrugy esasynda tassyklanylýar.

Etrap (şäher) medeniýet bölüminiň borçlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– Medeniýet bölümi öz işini medeniýet bölümleri baradaky Düzgünnama we Medeniýet hakynda Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda guraýar.

Etrap (şäher) medeniýet bölümi etrabyň (şäheriň) çägindäki ähli döwlet düzümindäki medeni-dynç alyş edaralarynyň (oba, şäherçe medeniýet öýleriniň, kitaphanalaryň, medeni-dynç alyş we seýil baglarynyň, muzeýleriň, çagalar sazçylyk we sungat mekdepleriniň we beýlekileriň) işiniň alyp barlyşyna jogap berýär. Ol bu edaralaryň işiniň netijeliligi, hili hem-de täsirliligi ugrunda gündelik alada edýär. Olaryň işiniň gowulanmagy we döwrüň talaplaryna jogap bermekleri üçin gerekli çäreleri geçirýär. Işleriň netijeliligini we hilini ýokarlandyrmak üçin medeni-dynç alyş edaralarynyň arasynda bäsleşikleri guraýar, öňde baryjylaryň iş tejribelerini ýaýradýar.

– Etrap (şäher) medeniýet bölümi medeni-dynç alyş edaralarynyň işlerini gowulandyrmak üçin dürli kararlary we görkezmeleri kabul edýär. Olaryň esasy aladalarynyň biri-de, medeni-dynç alyş edaralaryny üçin gerekli hünärmenleri saýlap almak, ýerleşdirmek we terbiýelemek işlerinden ybaratdyr. Ol özüne gerek bolan mukdardaky hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen, ýörite orta we ýokary okuw jaýlaryna zehinli ýaşlardan (mysal üçin, çeper höwesjeňler toparlaryna gatnaşýanlardan) saýlap alyp, olary okuwa hödürleýär. Mundan

başga-da, etrap medeniýet bölümi işläp ýören medeniýet işgärleriniň hünärini, bilim derejesini ýokarlandyrmak üçin yzygiderli alada etmelidir. Onuň üçin her ýyl işgärleri Medeniýet ministrliginiň meýilnamasyna laýyklykda kämilleşdiriş okuwlaryna, dürli usuly seminarlara, ylmy-amaly maslahatlara ýollamak bolar.

Etrapda (şäherde) her aýda geçirilýän seminarlar hem medeniýet işgärleriniň kämilleşmegine, işiň gowulanmagyna, olaryň biri-birleri bilen pikir alyşmaklaryna ýardam edýär. Bu seminarlarda medeni-dynç alyş edaralarynyň işgärleri täze we gyzykly iş görnüşleri bilen tanyşýarlar, olary tejribede görýärler, maslahatlaşýarlar we geljekde olary öz işlerinde ulanýarlar. Umuman, etrap (şäher) medeniýet bölümi öz hünärmenleri barada yzygiderli alada etmelidir, olary terbiýelemelidir. Bu meselede etrabyň (şäheriň) medeniýet bölüminiň müdiri öz hünärmenlerine ähli taraplaýyn şertleri döretmelidir.

Etrabyň (şäheriň) medeniýet bölümi medeniýet işgärlerini höweslendirmek maksady bilen dürli çäreleri ulanyp biler, mysal üçin, işgäriň durmuşy bilen bagly ýubileý senäni bellemek, hormat haty, gymmat bahaly sylag bilen sylaglamak, dynç alyş öýlerine, sagaldyş merkezlerine mugt ugradyş hatlaryny bermek, ýygnaklarda adyny tutmak, ýaryşda üstün çykanlaryň hatyrasyna dabaraly çäreleri geçirmek, hormat kitabyna ýa-da hormat tagtasyna adyny ýazmak, resmi ýagdaýda minnetdarlyk yglan etmek we ş.m. işleri geçirmek, şonuň bilen bir hatarda yzagalaklary dürli ýollar bilen ýazgarmak ýaly usullary ulanyp biler. Medeniýet bölümi yzagalak işgärlerini öňdebaryjylaryň hataryna çekmek maksady bilen belli bir ýazgaryş çäresini ulanmalydyr.

Elbetde, onuň üçin belli bir terbiýeçilik düzgünini, ýagny olara, aýratyn-da, ýaş işgärlere iş öwretmek, olary ýygnaklarda ara alyp maslahatlaşmak, oňat işgärlere berkitmek, işlerine gündelik gözegçilik edip durmak gerek. Gerek bolsa, duýduryş, käýinç hem berip bolar. Şu çäreler görlende-de işgär düzelmese, işden çykarmak baradaky temmi ulanylýar.

3. Etrap (şäher) medeniýet bölümi özüne garaşly bolan medeni-dynç alyş edaralaryň maddy-tehniki şertleriniň, gün-günden gowulanmagy barada alada edýär. Olary gerekli enjamlar, gurallar bilen üpjün

etmek üçin dürli mümkinçilikler peýdalanylmalydyr. Häzirki wagtda käbir etrap medeniýet bölümleri ähli medeni-dynç alyş edaralarynyň pul serişdelerini merkezleşdirmekligiň üsti bilen olara gerek bolan enjamlary, serişdeleri, saz gurallaryny, tehniki serişdeleri, geýimleri alýarlar we olary tabynlygyndaky oba (şäherçe) medeniýet öýlerine bölüp berýärler.

Soňky döwürlerde oba (şäherçe) medeniýet öýleriniň ýanlarynda tölegli gurnaklaryň we hyzmatlaryň döredilmegi netijesinde olaryň ýörite serişdeleri artyp başlady. Bu bolsa olara gerekli işgärleri saklamaklyga we medeni-dynç alyş edaralarynyň maddy-tehniki şertlerini baýlaşdyrmaklyga kömek berýär.

Etrap (şäher) medeniýet bölüminiň medeni-dynç alyş edaralaryna işgärleri kabul etmeklige we işden boşatmaklyga hukugy bardyr. Ýöne olar işgäri işden çykaranlarynda Türkmenistanyň Zähmet baradaky bitewi kanunyndan ugur alyp, Kärdeşler arkalaşyklarynyň ýerli guramalary bilen maslahatlaşyp, olaryň ygtyýarlygyny almalydyrlar.

Etrap (şäher) medeniýet bölüminiň medeni-dynç alyş edaralaryna ýolbaşçylygy şu aşakdaky ugurlar boýunça alnyp barylýar:

**Guramaçylyk** – administratiw taýdan ýolbaşçylyk etmek. Bu ýolbaşçylyk etrapdaky (şäherdäki) medeniýet edaralaryň işlerini meýilleşdirmek, hünärmenleri saýlap almak, ýerleşdirmek we terbiýelemek, medeniýet edaralarynyň işlerine gözegçilik etmek ýaly işleri öz içine alýar.

Medeniýet edaralarynyň işleri meýilleşdirilende olar hökman etrabyň durmuş-ösüş meýilnamasy bilen baglylykda meýilleşdirilmelidir. Bu hili meýilnamalarda ýörite «Medeniýet» diýen bölüm bolup, onda ilatyň umumy medeni derejesini ýokarlandyrmak, olaryň döredijiligini ösdürmek, medeniýetiň maddy şert-üpjünçiligini giňeltmek ýaly çäreler göz öňüne tutulýar. Bu işde etrap (şäher) medeniýet bölümleri gönükdiriji orny ýerine ýetirýärler, her bir medeniýet edarasynyň ilatyň medeni derejesini ýokarlandyrmakdaky, olaryň isleg-talaplaryny kanagatlandyrmakdaky orunlaryny belleýärler. Şu ugurdan biziň ýurdumyzyň käbir etraplarynda we şäherlerinde, mysal üçin, Balkanabatda, Hazarda, Halaçda, Görogluda, Tagtabazarda-olaryň medeniýet bölümleri «Galkynyş» diýen öňegidijilik meýil-

namalarynyň esasynda işleri alyp barýarlar. Bu meýilnamalar degişli etrap (şäher) häkimlikleri tarapyndan tassyklanýar hem-de ýokarda durýan medeniýet edaralaryna ýetirilýär.

Bu meýilnamalar ilata edilýän medeni hyzmaty kämilleşdirmekligi, olaryň görnüşlerini we usullaryny baýlaşdyrmaklygy, halk döredijiligini we çeper höwesjeňligi ösdürmekligi göz öňüne tutýar.

Şeýlelik bilen bu hili meýilnamalaryň esasy wezipeleri etrapdaky bar bolan ähli medeni-dynç alyş edaralarynyň ilaty ideýa-syýasy taýdan terbiýelemeklige, medeni derejelerini ösdürmeklige, ykdysady meseleleri çözmeklige we adamlaryň medeniýetli ýaşamagyny guramaklyga ýardam berýär.

Medeniýet bölümlerine administratiw taýdan ýolbaşçylyk etmek işlerine işgärleri işe kabul etmek we işden boşatmak, hojalyk işleri, medeni-dynç alyş edaralarynyň işine gözegçilik etmek, olaryň hasabatyny almak, ýokary edaralara hasabat bermek, Geňeşiň işine ýolbaşçylyk etmek, buýruklary we görkezmeleri bermek ýaly işler girýär.

Etrap (şäher) medeniýet bölümleriniň ýokarda agzalan köp taraply işleriniň içinden onuň gözegçilik wezipesiniň üstünde durup geçeliň.

**Gözegçilik** – medeniýet bölüminiň guramaçylyk – administratiw ýolbaşçylygynyň esasy wezipeleriniň biridir. Etrap (şäher) medeniýet bölümi etrabyň (şäheriň) çägindäki ähli oba (şäherçe) medeniýet öýleriniň, kitaphanalaryň, muzeýleriň, çagalar sazçylyk, çeperçilik we sungat mekdepleriniň we beýleki medeniýet edaralarynyň üstünden gözegçiligi amala aşyrýar. Şol gözegçiligiň biri-de, inspektirlemekdir – barlamakdyr. Gözegçiligiň esasy maksady medeni-dynç alyş edaralarynyň işlerini derňäp, olaryň işlerindäki kemçilikleriň üstüni açmakdan, şol kemçilikleri döredýän sebäpleri anyklamakdan we olary düzetmeklige kömek bermekden ybaratdyr.

*Gözegçiligiň iki görnüşi bar:*

1. Bitewileýin.
2. Temalaýyn.

Bitewileýin barlamaklyk (inspektrlemek) medeni-dynç alyş edaralarynyň işini ähli ugurlar boýunça (işleriň mazmuny, usulyna syn

etmekden başlap, olaryň maliýe işleriniň, hojalygy ýöredişini barlag etmeklige çenli) öz içine alýar.

Temalaýyn barlamaklyk (inspektrlemek) bolsa medeni-dynç alyş edaralarynyň işini haýsy hem bolsa bir ugur boýunça, mysal üçin, zenanlar bilen, çagalar bilen, çeper höwesjeňler bilen we ş.m. bilen geçirilýän işleri derňemek boýunça geçirilýär.

*Barlamaklyk şu aşakdaky ýagdaýlary öz içine alýar:*

– Hünärmenlik işiniň meýilnamasyny işläp düzmek.

– Hünärmenligi geçirmek we ondaky kemçilikleri düzetmeklik üçin amaly kömek bermekligi guramak.

– Hünärmenleriň derňewden soň onuň jemleri barada netije çykarmagy hem-de öz tekliplerini görkezip, ykrarnama düzmegi. Etrap (şäher) medeniýet bölümi barlamak (inspektrlemek) işinde özüne degişli edaralaryň wezipeli işgärlerini peýdalanyp biler.

Etrap (şäher) medeniýet bölüminiň guramaçylyk-administratiw ýolbaşçylygy barada gürrüň edilende, olaryň ýanynda döredilen jemgyýetçilik geňeşiniň işi barada hem aýtmak gerek. Bu jemgyýetçilik geňeşiniň düzümi häkimligiň kararyna laýyklykda düzülýär. Onuň düzümine Kärdeşler arkalaşyklary guramasynyň, Ýaşlar guramasynyň, «Bilim» jemgyýetiniň, oba hojalyk, bilim we beýleki degişli edaralaryň wekilleri, metbugat işgärleri girse, maksada laýyk bolar. Medeniýet bölüminiň geňeşiniň mejlislerinde uly we ähmiýetli meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar we buýruk hökmünde medeni-dynç alyş edaralarynyň dykgatyna ýetirilýär.

**Guramaçylyk** – administratiw ýolbaşçylyk medeni-dynç alyş edaralarynda alnyp barylýan hojalyk işlerini-de öz içine alýar. Oňa medeniýet edaralarynyň maddy-tehniki üpjünçiligini berkitmek, olaryň setini giňeltmek, jaýlaryny gurmak we rejelemek ýaly işler girýär.

Etrap (şäher) medeniýet bölümleriniň ýene-de bir wajyp işleriniň biri-de, usuly ýolbaşçylygy amala aşyrmakdan ybaratdyr.

Usuly ýolbaşçylyk, esasan, medeni-dynç alyş edaralary boýunça etrap (şäher) medeniýet merkezi we onuň usulyýet otagy tarapyndan amala aşyrylýar. Bu işde etrap (şäher) medeniýet bölümine we onuň medeni-dynç alyş edaralaryna welaýat, döwlet medeni-dynç alyş işininiň we halk döredijiliginiň ylmy-usulyýet merkezleri kömek berýärler.

Etrapda (şäherde) medeni-dynç alyş edaralaryna usuly kömek bermek, ýokarda belleýşimiz ýaly, etrap (şäher) medeniýet merkeziniň üstüne ýüklenendir. Şu wezipäni ýerine ýetirmek maksady bilen etrap (şäher) medeniýet merkeziniň ýanynda jemgyýetçilik usuly maslahat döredilýär. Oňa iş birligindäki usuly hem-de jemgyýetçilik başlangyjynda beýleki guramalaryň wekilleri girýärler. Maslahatyň işini etrap boýunça usulyýetçi alyp barýar.

Etrap (şäher) medeniýet merkezinde hökmany suratda usulyýet otagy döredilmelidir. Usulyýet otagy şu aşakdaky işleri ýerine ýetirýär:

1. Medeni-dynç alyş işlerinde öňdebaryjy iş tejribäni ýaýratmak.
2. Medeni-dynç alyş işgärlerine dürli nazary we tejribe kömegini berip durýar, mysal üçin, medeni-dynç alyş köpçülik çäreleriniň ssenarisini düzmekde we ş.m.
3. Medeni-dynç alyş işgärleriniň maslahatlaryny, maslahat berişleri guraýar, görkezme medeni çärelerini geçirýär, olaryň maslahatlaşylmagyny guraýar.

Etrap (şäher) medeniýet merkeziniň usulyýet otagynda, mysal üçin, usuly gollanmalary, ssenariýalary taýýarlamagy, maslahat berişleri geçirmegi, medeni-dynç alyş işewürlerinyň okuwlaryny guraýar, medeni-dynç alyş edaralarynyň meýilnamalaryna syn bermek we ýerlerdäki medeni-dynç alyş edaralara baryp, olaryň işgärlerine, çeper höwesjeňleriň toparlaryna nazary kömek bermek ýaly işleri alyp barýar.

Usulyýetçi aýda iki gezek oba medeniýet öýlerine aýlanýar.

Usuly otagdaky ähli alnyp barylýan işler ýörite hasabat žurnalynda bellenilip durulýar. Otag yzygiderli medeni-dynç alyş işleri baradaky edebiýatlary, gazet-žurnallary, ideologiýa baradaky iş kagyzlaryny ýygnaýar.

Etrap (şäher) medeniýet bölüminiň usulyýet işiniň esasy ugurlarynyň biri-de, «Göreldeli işleýän medeni-dynç alyş edarasy» diýen ady almaklyk üçin guralýan bäsdeşlik ýaryşdyr.

Medeni-dynç alyş edarasy we kitaphana işgärleriniň maslahatlaryny geçirmek, medeni-dynç alyş işgärleriniň öwrenijilerini iň oňat medeni-dynç alyş edaralarynda guramak,öňdebaryjy tejribe mekdebini döretmek, hünärmenlik derňew işler usuly işiň esasy ugurlarydyr.

Etrap-şäher medeni-dynç alyş edaralaryna ýolbaşçylyk etmekde etrap (şäher) medeniýet merkezleriniň uly orny bardyr. Olar öz gündelik işlerinde etrabyň (şäheriň) içki hojalyk, medeni we durmuşy wezipelerinden ugur alýarlar.

Medeniýet merkezleri hem, beýleki medeni-dynç alyş edaralary ýaly, öz işini zähmetkeşleriň isleg-pikirleri, höwesjeňligi we meýletinligi esasynda guraýarlar. Olar öz gündelik işlerinde häkimlik, kärdeşler arkalaşyklary, ýaşlar birleşmesi we beýleki döwlet we jemgyýetçilik edaralary bilen berk aragatnaşyk saklaýarlar.

Etrap (şäher) medeniýet merkeziniň esasy ýolbaşçysy direktordyr. Ol tejribeli, ýörite orta ýa-da ýokary bilimli hünärmen bolmalydyr.

Direktor welaýat medeniýet bölüminiň garamagynda nomenklaturada bolup, şol tarapdan tassyklanýar. Onuň esasy wezipeleri düzgünnama laýyklykda şu aşakdakylardan ybaratdyr:

**I.** Direktor jemgyýetçilik-syýasy guramalar we döwlet guramalary bilen ysnyşykly işläp, medeniýet öýüniň ähli guramaçylyk, usuly hem-de döredijilik işlerinini guraýar. Ol medeniýet merkeziniň iş meýilnamasyny düzýär, etrap (şäher) medeniýet bölümine tassykladýar hem-de onuň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Geçirilýän işleriň ideýa mazmunyna we çeperçilik derejesine jogap berýär.

**II.** Direktor medeniýet merkeziniň hojalyk-pul işlerini alyp barýar, karzlara ygtyýar edýär, olaryň dogry we doly ulanylmaklygyna jogap berýär.

**III.** Direktor kärdeşler arkalaşyklary bilen bilelikde medeniýet öýüniň içki tertip-düzgünini belleýär. Ol özüne degişli işgärleri işe alýar we işden çykarýar, olaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär, işgärleri höweslendirip ýa-da ýazgaryp bilýär.

**IV.** Direktor etrabyň (şäheriň) häkimliginiň medeniýet bölüminiň hem-de ilat öňünde hasabat berýär. Ol öz gündelik işinde medeniýet öýüniň jemgyýetçilik maslahatynyň we işewirleriň kömegine daýanýar.

Etrap (şäheriň) medeniýet merkeziniň ýolbaşçysynyň guramaçylyk başarjaňlygy onuň esasy sypatlarynyň biridir. Ol diňe öz işgärlerini ýerbe-ýer ulanmakdan başga-da dürli edaralar we gurama-

lar bilen bilelikde işlemekligi ýola goýmagy, öz gündelik geçirýän işlerine giň janköýerleri çekmegi başarmalydyr. Bu örän çylşyrymly we köp zähmeti talap edýän meseledir. Ýöne bu wajyp meseläni çözmezden medeni-dynç alyş işini ýola goýmaklyk asla mümkin däldir.

Etrap (şäher) medeniýet merkezi etrap merkeziniň ilatynyň arasynda medeni-dynç alyş işini guraýar, etrabyň çägindäki ähli medeni-dynç alyş edaralaryna usuly ýolbaşçylygy amala aşyrýar. Umuman, ol medeni-dynç alyş edaralarynyň işiniň bütin etrap boýunça gowulanmagyna işjeň ýardam edýär. Medeniýet merkezinde köp dürli höwesjeňler gurnaklary we toparlary döredilip, olar özleriniň çeperçilik we ýerine ýetirijilik derejesini we ussatlygy boýunça tapawutlanýarlar.

Ýokarda belleşimiz ýaly, etrap medeniýet merkezi etrabyň beýleki medeni-dynç alyş edaralaryna üçin usuly merkezdir. Ol etrapdaky ähli medeni-dynç alyş edaralarynyň usuly we tejribeçilik işine kömek bermäge borçludyr. Şonuň üçin etrap medeniýet öýi oba (şäherçe) medeniýet öýlerine yzygiderli saparlary gurap, olaryň işlerini döwrüň talabyna laýyklykda guramaklyga kömek berýär, olaryň iň oňat iş tejribelerini öwrenip, olary beýleki medeniýet öýlerine ýaýradýar, olaryň iş tejribelerini täze we gyzykly görnüşde hem-de usulda ornaşdyrýar. Şu maksat bilen etrap medeniýet öýi dürli maslahatlary guraýar.

Etrap (şäher) medeniýet merkezleriniň iş birliginde direktordan başga-da işgärler göz öňünde tutulandyr. Medeniýet merkeziniň çeper ýolbaşçysy, usulyýetçi hünärmeni medeniýet merkeziniň dürli ugurlardan alyp barýan işlerini guramaklyga borçludyrlar.

Etrap (şäher) medeniýet merkeziniň çeper ýolbaşçysy etrap (şäher) boýunça höwesjeňleriň toparlarynyň işlerini guramaklyga, olara usuly taýdan kömek bermeklige ýolbaşçylyk edýär. Ol etrap (şäher) medeniýet merkeziniň çeperçilik maslahatyna ýolbaşçylyk etmek bilen etrapdaky (şäherdäki) medeniýet edaralarynyň höwesjeňler toparlarynyň işiniň gowulanmagyna, olaryň maddy bazalarynyň pugtalanmagyna, ýerine ýetirijilik ussatlyklarynyň kämilleşmegine, repertuar bilen üpjün edilmegine we repertuaryň ideýa-çeperçilik derejesiniň talaba laýyk bolmagyna jogap berýär. Höwesjeňler üçin

usuly gollanmalary taýýarlaýar we medeniýet edaralaryna iberýär, iň gowy toparlaryň iş tejribesini öwrenip, olary maslahatlarda usuly hasabatlaryň üsti bilen çeper höwesjeňleriň toparlarynyň işine ornaşdyrýar.

Çeper ýolbaşçy höwesjeňler toparynyň etrapda (şäherde) geçirilýän gözden geçirilişlere, bäsleşiklere, festiwallara gatnaşmaklaryny gazanýar. Çeper ýolbaşçy etrapda folklor maglumatlaryny ýygnamak boýunça iş alyp barýar, çeper höwesjeňlere ussat sungat işgärleriniň halypaçylyk kömegini bermekligini guraýar.

Etrapdaky (şäherdäki) medeni-dynç alyş edaralarynyň döwrüň talaplaryna laýyk işlemeklerinde etrap (şäher) medeniýet merkeziniň usulyýetçisiniň uly orny bardyr.

Etrap (şäher) medeniýet merkeziniň usulyýetçisi medeniýet merkezleriniň geçirýän medeni-dynç alyş işiniň ýokary ideýa-syýasy derejede bolmaklygy üçin usuly maglumatlary işläp düzýär. Medeni-dynç alyş edaralarynyň uzak möhletleýin iş meýilnamalaryny düzmeklige gatnaşýar. Ol medeniýet merkezleriniň öňdebaryjy iş tejribelerini öwrenýär we olary beýleki medeniýet merkezleriniň işine ornaşdyrmak barada iş alyp barýar. Usulyýetçi ýygnaklary, maslahatlary, leksiýalary, temalaýyn agşamlary, agzeki žurnallary, baýramçylyklary, konsertleri, spektakllary, sergileri we beýleki köpçülik çärelerini hem-de görkezme serişdelerini guramaklyga we geçirmeklige gatnaşýar.

Usulyýetçi etrapdaky (şäherdäki) medeni-dynç alyş edaralarynyň işleri baradaky maglumatlara syn berýärler, olara annotasiýalar düzýär, olaryň işlerini gowlandyrmak barada teklipleri taýýarlaýar. Ol etrabyň (şäheriň) ilatynyň medeni isleglerini öwrenýär we olary kanagatlandyrmak baradaky çäreleri işläp düzýär. Bu çäreleri ýerine ýetirmek üçin usulyýetçi öz üstünde yzygiderli işlemelidir, ýurdumyzdaky, welaýatlardaky medeni-dynç alyş edaralarynyň işlerini içgin öwrenmelidir.

Etrabyň (şäheriň) medeniýet edaralarynyň oňat işlemeginde etrap medeniýet öýleriniň hünärmenleriniň hem paýy bardyr. Hünärmen oba medeniýet edaralarynyň işine usuly ýolbaşçylygy amala aşyrýar, medeniýet işindäki öňdebaryjy iş tejribäni öwrenýär we ýaýradýar,

olaryň işine täze täsir ediji görnüşleri we usullary ornaşdyrmaklygy üpjün edýär. Ol iş tejribe barada usuly maglumatlary, usuly maslahatlary, köpçülik çäreleriniň ssenariýalaryny, medeniýet öýlerini bezemek boýunça maslahatlary we ş.m. taýýarlaýar we ýaýradýar, oňat iş tejribäni gazetde, radioda, telewideniýede, maslahatlarda wagyz edýär.

Etrap (şäher) medeniýet merkeziniň hünärmeni mekdepler bilen birlikde çagalaryň we ýetginjekleriň arasynda iş alyp barýar, medeniýet öýlerindäki geçirilýän çäreleri taýýarlamaklyga we geçirmeklige gatnaşýar, şu maksat bilen ol oba medeniýet öýlerinde saparda bolýar.

Oba ýerlerinde medeniýet edaralarynyň gündelik işine oba arçynlygy ýolbaşçylyk edýär. Ol ýolbaşçylygy oba işewirleriniň üsti bilen amala aşyrýar. Bu işde oňa medeniýet öýleri ýa-da merkezleşdirilen medeniýet ulgamyndaky merkezi medeniýet öýi kömek berýär. Oba arçyny özüne degişli medeniýet edaralarynyň maddy-tehniki bazalaryny gowlandyrmak, olaryň işgärlerini saýlap almak we terbiýelemek, medeniýet öýleriniň işiniň mazmunly we gyzykly bolmagyny gazanmak barada yzygiderli alada edýär.

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň işgärlerinden edilýän talaplar

Her bir işde, şol sanda medeni-dynç alyş işinde-de öňe gitmeklik we maksada laýyk bolmaklyk olardaky işleýän hünärmenlere, olaryň öz kärini we wezipesini oňat bilmeklerine baglydyr. Şonuň üçin-de bu möhüm wezipä – hünärmenleri seçip-saýlap almaklyga, ýerleşdrmeklige hem-de terbiýelemeklige yzygiderli üns bermeklik gerek.

Belli bolşy ýaly, medeni-dynç alyş edaralarynyň işgärleri giň halk köpçüliginiň arasynda ideologiýa işini alyp barmakda döwlet we jemgyýetçilik guramalarynyň kömekçileri bolmak bilen, olaryň görkezmelerini durmuşa geçirmeklikde günübirin iş alyp barýarlar. Bu bolsa olardan döwletiň, hopmatly Prezidentimiziň syýasatyna düşünmegi we Watana wepaly bolmagy talap edýär. Şu gün-

ler ýurdumyzyň medeni-dynç alyş edaralary özleriniň ähli ünsüni ýurdumyzyň hopmatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň parahatçylyk, asudalyk, jebislik, obany ösdürmek baradaky syýasatyny we beýleki wajyp görkezmelerini durmuşa ornaşdyrmak üçin gönükdirip, şol ugurda yzygiderli işleri alyp barýarlar. Şonuň üçin-de medeni-dynç alyş edaralarynyň işgärlerinden işjeň durmuş ýörelgesiniň bolmaklygy, syýasata çuň we dogry düşünmekligi, olaryň bolup geçýän wakalara syn berip bilmekligi başarmaklygy talap edilýär. Islendik medeniýet işgäri mydam okamaly, görmeli we eşitmeli.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň işgärleri adamlary diňläp bilmegi, olaryň durmuşyna çuň düşünmegi, özüniň çeper sözüniň, geçirýän çäreleriniň üsti bilen zähmetkeşleri ynandyryp bilmekligi başarmalydyrlar. Munuň üçin ol köp okamaly, köp bilmeli. Sebäbi adamlary medeniýet öýüne getirýän esasy zat olaryň täzelikleri bilmeklige bolan isleglerinden, özlerini täsir edýän zatlar barada pikir alyşmaklaryndan ybaratdyr.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň işgäri öz işinde çalasyn (operatiw) bolmaly, eger-de ol durmuşdan, gündelik bolup geçýän wakalardan yza galsa, onda ondan medeniýet işgäri bolmaz. Ilatyň arasynda medeni-köpçülik işini alyp barmak üçin medeni-dynç alyş edaralarynyň işgärlerinden edilýän iň esasy talaplarynyň biri-de, olarda guramaçylyk zehininiň we başarjaňlygynyň bolmagynyň hökmanlygydyr. Belli bolşy ýaly, medeniýet edaralarynda wezipe iş birliginde durýan işgärler az. Köp halatda olaryň sany bir-iki adamdan ybarat. Geljekde bu görkezijileriň artdyrylmagy göz öňünde tutulýar.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň etmeli işi örän köp. Ol syýasatdan-da, oba hojalyk temasyndan-da, ykdysadyýetden-de, sungatyň dürli görnüşlerinden-de baş çykarmaly. Elbetde, bu işleriň hemmesini bir ýa-da iki medeniýet işgärleriniň üsti bilen geçirip bolmaz. Ine, şonuň üçin-de medeniýet işgärleri öz gündelik geçirýän işinde işjeňleriň (aktiwiniň) maslahatynyň işine daýanmaklygy başarmaly. Olary gyzyklandyryp bilmeli. Şonda olaryň biri medeniýet işiniň bir ugruny alyp barsa, beýlekisi başga ugruny alyp barýar. Bu, bir tarapdan, iş, beýleki tarapdan, döwlet bähbitli bolýar.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň işgärleriniň ahlak, etlika terbiýesi-de üns berilmeli meseledir. Adamlara arassaçylygy, päkligi wagyz-nesihat etmeklik üçin, özüň şol ugurdan arassa we päk bolmaly. Mysal üçin, «adamlara arak-şerap içmäň» diýmeklik üçin, özüň şol içgilerden daşda bolmaly. Ýogsam, olar seniň diýýän zatlaryňa ynanmazlar. Medeniýet işgäri watançy hem halky bolmaly.

Medeniýet işgäri öz üstünde yzygiderli işlemeli, durmuşdan yza galmaly däl. Ol metbugat eserlerini beýlekilerden öň okamaly. Öz kärini yzygiderli kämilleşdirmeli. Bu ugurdan çykýan ýörite edebiýatlary sypdyrman öwrenmeli. Öz alyp barýan işini kämilleşdirmek, bu ugurda mydama gözlegde bolmak medeniýet işgäriniň esasy sypatydyr.

Medeniýet işgäriniň öz saýlap alan hünäri boýunça çuňňur we düýpli nazary bilimi, tejribe endikleri we iş başarjaňlygy bolmalydyr. Ol hemişe özüniň medeni we hünär derejesini ösdürmelidir. Zähmete bolan söýgi-hormaty, kemçiliklere barlyşyksyzlygy terbiýelemelidir. Tabşyrylan ýumuşlara jogapkärçiligi duýmalydyr, öz wezipelerini işjeň we döredijilikli ýerine ýetirmelidir.

Medeniýet işgäri ýurduň durmuş-ykdysady we medeni ösüşiniň meselelerini, hukuk esaslaryny, pedagogikanyň we psihologiýanyň esaslaryny, medeniýet işiniň iş usullaryny, zähmetkeşleriň ikinji, goşmaça hünär almagyny we medeniýetli dynç almaklaryny guramaklygyň tärlerini, medeni-dynç alyş edaralaryny bezemekde we wagyz-ündew işlerini alyp barmakda görkezme serişdelerini peýdalanmagy, tehniki serişdelerini ulanmaklygy, çeper höwesjeňler toparlary bilen işlemekligiň usullaryny, zähmeti goramaklygyň kadalaryny, howpsuzlyk serişdelerini, ýangyna garşy göreş çärelerini, tebigaty goramak baradaky umumy maglumatlary bilmelidir.

Medeniýet işgäri öz işini anyk we ýerli şertlere laýyk, dürli ýaşdaky we kärdäki adamlaryň isleglerini nazarda tutup, ýokary ussatlyk bilen çäreleriň çeperçilik derejesiniň ýokary bolmaklygyny, köpçülikleýin we ýekebara geçirilýän çäreleri geçirmekligi başarmalydyr. Olar mydama halk zehinleriniň gözleginde bolmalydyrlar, olary tapmalydyrlar, terbiýelemelidirler we ösdürmelidirler.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda usuly ýolbaşçylyk işiniň dolandyrylyşy

Medeni-dynç alyş işlerine usuly («Usuly öwredijilik») ýolbaşçylyk işi – medeni-dynç alyş edaralaryny dolandyrmak we ykdysadyýeti boýunça nazary, usuly we amaly – hünärmenlik taýýarlygynyň aýrylmaz şahasydyr. Bu iş medeni-dynç alyş işini kämilleşdirmegiň, nazaryýetde alnan bilimi iş ýüzünde ornaşdyrmagyň, olary özara baglanyşdyrmagyň, täze başlangyçlary toplap ýaýratmagyň we medeni-dynç alyş edaralarynyň işine ornaşdyrmagyň, bu edaralara usuly-öwredijilik hem-de iş ýüzünde kömek berip durmagyň, şeýle hem bu edaralaryň hünärmenleriniň hünärini kämilleşdirmegiň örän möhüm ulgamydyr.

Geljekki hünärmenler medeni-dynç alyş edaralarynda usulyýetçi wezipesinde işlemek bilen bu okuw dersinden alan bilimlerini we amaly taýýarlyklaryny öz işlerinde peýdalanarlar we ondan ugur alarlar.

*Talyplar şu aşakdaky bilim ulgamy bilen doly tanyş bolmalydyrlar:*

– usuly (usulyny öwretmek) işiň nazaryýetiniň, guramaçylyk ulgamynyň kemala geliş we ösüş tapgyrlary hem-de onuň kanunalaýyklygy bilen;
– medeni-dynç alyş işine usuly ýolbaşçylygyň many-mazmuny, özboluşly taraplary we ýerine ýetirilmeli borçlary hem-de iş ugurlary bilen;
– medeni-dynç alyş işiniň tejribesi barada maglumatlary toplamagyň, jemlemegiň, işlemegiň we taýýarlamagyň hem-de olary saklamagyň serişdeleri bilen;
– täze başlangyçlary we öňdebaryjy tejribäni jemläp, olary medeni-dynç alyş edaralarynyň işlerine ornaşdyrmagyň netijeli usullary bilen;
– usuly ýolbaşçylygyň häzirki zaman guramaçylyk – dolandyryş düzümleri we olaryň ýerine ýetirilmeli borçlary hem-de wezipeleri bilen;
– usuly gollanmalaryň görnüşleri we olary taýýarlamagyň usullary bilen, olary ýaýratmagyň hem-de wagyz-nesihat etmegiň serişdeleri bilen;

– hünär boýunça öwredijilik we kämilleşdiriş işleriniň görnüşleri hem-de usullary bilen.

Bu bilim esaslaryny ele almak, bu ugurdan gerekli başarnygy we endikleri kemala getirmek, umumy, amaly we tejribe, ýekebara sapaklaryň, seminarlaryň üsti bilen ýerine ýetirilýär.

## Medeni-dynç alyş işini dolandyrmagyň esasy ugurlary. Medeniýet edaralaryny dolandyrmagyň usulyýet esaslary

Medeni-dynç alyş işine ilatyň dürli jemgyýetçilik toparlary, wekilleri gatnaşýarlar we oňa çekilýärler. Şol esaslarda olaryň bu işde oýnaýan rollaryna görä, obýekt, subýekt hem-de obýekt-subýekt görnüşinde häsiýetlendirýärler. Şolaryň esasynda olary toparlara bölmek bolar:

– Medeni-dynç alyş – meýilnamalaryny, çärelerini guraýjylar.
– Olaryň jemgyýetçilik kömekçileri, ýardamçylary.
– Höwesjeňler toparlarynyň agzalary (Obýekt).
– Tomaşaçylar.

Şularyň ýokarky 2 esasy topary gurnaýjy subýektler hökmünde häsiýetlendirilýär. Tomaşaçylar we höwesjeňler toparlary dynç alşyň obýekti hökmünde häsiýetlendirilýär.

Ýöne olaryň her biri-de dynç alşa gatnaşyjylar boýunça obýektden, subýekte ýa-da subýektden, obýekte öwrülýärler. Medeni-dynç alyş işine şeýle köp adamlaryň gatnaşmagy netijesinde bu iş dynç alşyň üsti bilen olara täsir edýär, ýagny olaryň ruhy we medeni derejesine, içki dünýäsine, edep-ekramyna, esasan bolsa, olaryň netijeli, peýdaly dynç alşa gönükdirilmegi netijesinde, olaryň biderek zatlara ulaşmazlyklarynyň öňi alynýar hem-de işe oňaýly täsir edilýär. Bu bolsa medeni-dynç alyş işiniň adamlary özgertmek bilen daşky durmuşa, gurşawa edýän täsiridir. Ýöne şol täsiri amala aşyrmak üçin, medeniýet edarasynda bu babatda oňaýly şertleri döretmegi başarýan ökde hünärli, ýörite bilimli, şol usullary bilýän, başarnykly, döredijilikli hünärmenleriň bolmagy gerek.

Elbetde, medeniýet işgäleri jemgyýetçilik güýçleriniň, işjeňligini öz işlerine çekmegi başarmalydyrlar.

Welaýat häkimliginiň medeniýet müdirligi ykdysadyýet-maliýe işlerini amala aşyrýar.

Medeniýet edaralaryny wezipe esaslary boýunça dolandyrmak, esasan, 3 derejede amala aşyrylýar.

### 1) Umumy döwlet derejesinde dolandyrmak

*Ol iş aşakdaky mesele çözgütleri esasynda amala aşyrylýar:*

a) Medeniýetiň we medeni-dynç alyş işiniň kanunçylyk esaslaryny döredýär, umumy kanun kabul edilýär.

b) Daşary medeni gatnaşyklaryň ösýän döwründe şol gatnaşyklary has giňişleýin guramak we onuň medeni gymmatlyklaryny ösdürmäge gönükdirmek. Medeni mirasy toplamak, öwrenmek we ýaýratmak meselelerini amala aşyrmak.

ç) Ilatyň dürli gatlaklaryny, esasan-da, çagalary we ýetginjekleri işjeň döredijilige we medeni durmuşa çekmek üçin şertleri döretmek.

d) Medeniýet edaralaryny öz hemaýatyna almak, olaryň maliýe meselesi, maddy taýdan dolandyrmak, dürli medeni taslamalary we gurluşyklary amala aşyrmak.

e) Olary hünärmenler bilen üpjün etmek, şolary taýýarlaýan okuw jaýlaryna ýolbaşçylyk etmek.

ä) Medeniýet ulgamynyň taslamalaryny dolandyryş edaralaryny döretmek we olara ýolbaşçylyk etmek.

o) Ähli medeniýet ulgamy üçin uzak möhletleýin maksatnamalary döretmek we olary amala aşyrmagy guramak.

ö) Umumy döwlet medeni çäreleri öz medeniýet edaralary bilen amala aşyrmaklygy guramak.

r) Medeniýet ulgamy boýunça ylmy-derňew işlerini alyp barmak. Medeniýetiň ylmy-nazaryýet esaslaryny ösdürmäge ýardam bermek.

s) Medeniýet syýasatyna, medeni ösüşiň we özgerişiň işine umumy döwlet gözegçiligini amala aşyrmak. Onuň hasabyny ýöretmek we çaklamalary işläp düzmek.

## 2) Sebit derejesi

a) Medeniýet edaralarynyň döwlet toplumynda (setine) welaýat, etrap, şäher boýunça dolandyrmaklyk amala aşyrylýar.
b) Şol derejede medeni ylmy-barlag işlerini we ilatyň isleg-talabyny öwrenmeklik amala aşyrylýar.
ç) Özüniň ýerleşýän ýerinde bar bolan medeniýet, sungat ugrundan ýöriteleşdirilen okuw jaýlaryna ýolbaşçylyk edilýär we hünärmenler taýýarlanylýar.
d) Ýerleşýän ýerindäki medeni ýadygärlikleri goramak, hasaba almak, rejelemek, şeýle hem medeni mirasy toplamak, olary öwrenmek we ýaýratmak işleri amala aşyrylýar.
e) Öz ýerleşýän ýerindäki medeni hyzmatyň guralyşyna, onuň hiline, ilatyň medeni derejesiniň ösdürilmegine şert döretmek we bu işlere ýolbaşçylyk etmek bilen amala aşyrylýar
ä) Şol derejede medeni ösüşiň maksatnamalary, taslamalary, gurluşyklary amala aşyrylýar. Welaýat medeniýet müdirligine, etrap medeniýet bölümine ýolbaşçylyk etmek.

## 3) Ýerli dereje

Ýerli derejedäki medeniýet işine etrabyň (şäheriň) medeniýet bölümi we häkimlik, arçynlyk jogap berýärler we obadaky, şäherçelerdäki döwlet medeniýet edaralarynyň işine ýolbaşçylyk edýärler. Olaryň wezipeleri şu aşakdakylardan ybarat:

Etrapda, şäherlerde ilata medeni hyzmaty amala aşyrýan döwlet medeniýet edaralarynyň toplumyny, gurşawyny döretmek amala aşyrylýar we olaryň işine ýolbaşçylyk edilýär.

Ýerli medeni durmuşy janlandyrmak, ilaty bu işe çekmeklik, gatnaşdyrmak işleri guralýar.

Ýerli çeper höwesjeňlik derejesini ösdürmek, ýerli zehinleri ýüze çykaryp, olaryň zehinini ýaýratmak, peýdalanmak işi amala aşyrylýar.

Medeni hyzmaty kämilleşdirmek, olar üçin şert döretmek işleri ýerine ýetirilýär. Onuň üçin ilatyň medeni isleg-talaplary içgin öwrenilýär.

Medeniýet edaralarynyň maddy we maliýe şertlerini gowulandyrmak üçin hojalyk hasaplaşygyndaky hyzmatlar döredilýär.

Ýerli derejede medeni-dynç alyş işi boýunça ýörite taslamalar ýerine ýetirilýär.

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň işini meýilnamalaşdyrmak

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüne çenli geçen gysga döwrüň içinde uly işler edildi. Ýurduň syýasy-ykdysady durmuşynda uly özgerişler bolup geçdi. Iň esasy hem, türkmen halkynyň aňynda ruhy galkynyş emele geldi.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly: «Türkmen medeniýeti bu gün Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüni başdan geçirýär». Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzyň medeniýet-sungat, edebiýat işgärleri bilen geçiren taryhy duşuşygynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüni ýaýbaňlandyrmagyň ýol-ýodalary, mundan beýläk ýetilmeli sepgitler giňden kesgitlendi. Çuňňur manymazmuna ýugrulan şu ugur adaty ugurlardan tapawutlanyp, ajaýyp döwletimiziň ösüş ugruny kesgitleýär. Onda Türkmenistanyň öňe ädýän ädimleriniň indiki ýetmeli sepgitleri, içeri hem-de daşary syýasatyň esasy ugurlary, sungaty we medeniýeti ösdürmegiň, halkymyzyň ruhy dünýäsini baýlaşdyrmagyň anyk ýollary, döwleti dolandyryş işleriniň möhüm taraplary giňden beýan edilýär. Bu meseleleriň durmuşa çuňňur ornaşmaklygy üçin bütin halkyň tagallasy, medeniýet we sungat işgärleriniň, döredijilik intelligensiýasynyň beýleki wekilleriniň bu işleri çyn ýürekleri bilen özleriniň esasy maksady hökmünde kabul etmegi gerek. Şonuň üçin bu ugurda yzygiderli, günübirin iş alnyp barylmalydyr.

Ýurdumyzda medeniýet we sungat işgärleriniň öňünde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek baş borç bolup durýar. Wezipeleriň ýerine ýetirilmegi halkyň gahrymançylykly zähmetine, onuň agzybirligine we terbiýesine baglydyr. Şonuň üçin beýleki terbiýeçilik işlerini alyp barýan edaralar we guramalar bilen bir hatarda ýurdumyzyň köp sanly medeni-dynç alyş edaralary hem öz işlerini oýlanyşykly düzülen meýilnama esasynda alyp barmaklygy çäreleriň täsirli we

netijeli bolmagyna kömek berýär. Işde meýilnamalyk medeniýet edarasynyň ýolbaşçysyna ähli edilmeli işleri göz öňüne tutmaklyga, olaryň içinden iň esaslaryny bellemeklige, şol bir wagtyň özünde-de, medeni-dynç alyş edaralarynyň hakyky mümkinçiliklerini peýdalanmaklyga mümkinçilik berýär.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň meýilnamalary iki görnüşden – uzak möhletleýin hem-de gündelik meýilnamalardan ybaratdyr.

Uzak möhletleýin göz öňünde tutulan meýilnama diýip, çäreleriň bir ýyldan az bolmadyk möhletde geçirilmegi göz öňüne tutulýan meýilnama aýdylýar.

Bir ýyldan az möhleti göz öňüne tutýan meýilnamalaryň hemmesine gündelik meýilnamalar diýilýär.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň işleri meýilleşdirilende şu aşakdaky durmuş nukdaýnazarlaryny göz öňüne tutmak gerek:

1. Ilatyň medeni we umumy bilim derejesiniň ösüşi, dürli durmuş toparlarynyň ruhy gyzyklanmalaryny we talaplaryny berjaý etmek;
2. Medeni-dynç alyş edaralarynyň terbiýeçilik işlerini ýerine ýetirmek;
3. Medeniýet edaralarynyň san we hil tarapyndan amala aşyryp biljek mümkünçiliklerini öwrenmek;

Medeniýet edaralarynyň işinde adamlaryň gyzyklanmalaryny we talaplaryny kanagatlandyrmakdaky bar bolan mümkinçiliklerini göz öňüne tutmak hökmandyr. Meýilleşdirmekligiň esasy talaplary (prinsipleri) ideýallylyk, ylmylyk we anyklyk talaplarydyr.

Ideýalylyk talaby (prinsipi) medeniýet edaralarynda geçirilýän ähli çäreleriň Türkmenistanyň Prezidentiniň we hökümetiniň ideologiýa terbiýesi baradaky görkezmelerini yzygiderli durmuşa ornaşdyrmaklygy, olary özüniň hyzmat edýän etrabynyň, obasynyň anyk meseleleri bilen baglanyşdyrmagy talap edilýär.

Ylmy talap (prinsip) bolsa, meýilleşdirmekde jemgyýetiň, medeniýetiň, medeni-dynç alyş işlerini ylmy esasda amala aşyrmaklyklygy ündeýär.

Anyklyk talaby (prinsipi) medeniýet edaralarynyň meýilleşdirýän çäreleriniň bar bolan mümkinçilikleri göz öňüne tutup meýilleş-

dirmekligi maslahat berýär. Meýilleşdirilen çäreler hökman ýerine ýetirilmeli, sebäbi ol tassyklanandan soň kanuny talaba öwrülýär, kanuny talaba ýerine ýetirmek bolsa hökmandyr.

Meýilnama düzmeklik birnäçe tapgyrlardan ybaratdyr:

*Maglumat ýygnamak. Maglumat ýygnamaklygyň şu aşakdaky çeşmeleri bar:*

1. Döwlet guramalarynyň ideologiýa işi, terbiýe meseleleri, medeni-dynç alyş işlerini ösdürmek baradaky görkezmeleri;
2. Medeniýet edaralarynyň hyzmat edýän çäklerindäki hojalygyň ykdysady we medeni gurluşygynyň ýagdaýyny görkezýän resmi kagyzlar;
3. Ilatyň işden boş wagtyny, olaryň gyzyklanmalaryny we talaplaryny öwrenmek boýunça ýygnalan maglumatlar;
4. Beýleki terbiýeçilik işlerini alyp barýan edaralaryň we guramalaryň (mekdep, Türkmenistanyň Magtymguly ad. Ýaşlar guramasy, Kärdeşler arkalaşyklary birleşigi we ş.m.) iş tejribeleri;
5. Beýleki medeni edaralaryň öňde baryjy iş tejribeleri. Işi meýilleşdirilýän medeniýet edaralaryň geçen ýyllardaky işini görkezýän iş kagyzlary;
6. Medeniýet edaranyň işine degişli ýörite edebiýatlar, dürli usuly gollanmalar we Medeniýet hakynda Türkmenistanyň Kanuny;
7. Baýramçylyklar, ýurduň, welaýatyň, etrabyň, obanyň, kärhananyň durmuşy bilen bagly belli seneler ýaly maglumatlar meýilnama düzmekligiň esasy çeşmeleridir.

Meýilnama düzülende peýdalanmaly maglumatlaryň göwrüminiň örän köplügi olary çuň öwrenmekligi, syn berilmegi hem-de tertipleşdirilmegi talap edýänligi tebigy zatdyr.

Meýilnama düzmekligiň ikinji tapgyrynda medeniýet edarasynyň işiniň esasy ugurlaryny we baş wezipelerini bellemeklik zerur. Medeni-dynç alyş edaralarynyň ilatyň arasynda alyp barýan işiniň ähli ugurlarynyň maksada laýyk ösdürilmegini, onuň terbiýeçilik işini alyp barýan beýleki edaralar we guramalar bilen utgaşdyryp, hemmetaraplaýyn alyp barmaklygyny üpjün etmek gerek.

# Meýilnamalaryň görnüşleri we olaryň mazmuny

Ähli maglumatlar toplanyp öwrenilenden soň, medeniýet edarasynyň işleriniň esasy ugurlary bellenilýär we meýilnama düzmeklige girişilýär.

## Uzak möhletleýin meýilnama

Ýyllyk meýilnama medeniýet edarasynyň esasy iş meýilnamasydyr.

Bu meýilnamada medeniýet edaralarynyň işleriniň san we hil taraplary görkezilýär. Ýyllyk meýilnama iki bölümden:

**girişden** we **esasy** bölümden ybaratdyr.

Meýilnamanyň giriş bölüminde medeniýet edaralarynda meýilleşdirilen ýylynyň dowamynda alyp barjak işleriniň esasy ugurlary hem-de olaryň esasy wezipeleri we maksady gysgaça beýan edilýär.

Meýilnamanyň ikinji, esasy bölüminde geçirilýän çäreler medeniýet işiniň esasy bölümleri boýunça aýry-aýry meýilleşdirilýär. Bu meýilnamada geçiriljek çäreleriň atlary we geçirilmeli möhletleri görkezilýär.

Medeniýet edarasynyň ýyllyk meýilnamasy şu aşakdaky bölümler boýunça meýilleşdirilýär:

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň ilat arasynda terbiýeçilik boýunça alyp barýan işleri

a) Ideýa-syýasy wagyz-nesihat.
b) Zähmet terbiýesi. Önümçilik-tehniki we hojalyk wagyz-ündew işi.
ç) Ahlak terbiýesi.
d) Ylmy wagyz-nesihat.
e) Estetik terbiýe.
f) Bedenterbiýe we sport işleri.
g) Medeniýetli dynç alşy guramak.

**Zähmetkeşleriň çeper-döredijilik başarnyklaryny ösdürmek**

a. Guramaçylyk–usuly işler.
b. Okuw terbiýeçilik işi.
c. Okuw-döredijilik işleri.
d. Konsert işleri.
e. Janköýerler bilen işlemek.

**Çagalar we ýetginjekler bilen geçirilýän medeni-köpçülik işleri we ene-atalar bilen wagyz-ündew işini guramak**

a. Çagalar ertirliklerini geçirmek;
b. Medeni-dynç alyş edaralarynda olar bilen yzygiderli sapak geçmek;
c. Çagalar we ýetginjekler bilen gurnaklary döretmek,
d. Syýahat-gezelençleri ýola goýmak;
e. Olar bilen dynç alyş agşamlaryny guramak;
f. Uçurumlaryň gutardyş baýramçylyk dabaralaryny guramak;

**Usuly iş**

a). Guramaçylyk işleri;
b). Oba medeniýet edaralaryna usuly we nazary kömek bermekligi guramak;
ç). Medeniýet edaralarynyň işgärleriniň hünär-bilimlerini kämilleşdirmek;

**Guramaçylyk-hojalyk işleri**

1. Medeniyet edarasynyň maslahatynyň işi, onuň ilatyň öňündäki hasabatyny geçirmek, ilatyň talaplaryny we gyzyklanmalaryny öwrenmek boýunça çäreleri meýilleşdirmek;
2. Medeniýet edarasynyň jaýyny we abzallaryny bejermek, ony gerekli serişdeler bilen üpjün etmek, daş-töweregini abadanlaşdyrmak, sport meýdançasyny gurmak ýaly işler meýilleşdirilýär.
3. Medeni-dynç alyş edaralarynyň maliýe işlerine syn bermeklik.
4. Medeni-dynç alyş edaralarynyň hasap we hasabat işi.

**Meýilnamalaryň mazmun aýratynlyklary degişli görnüşlerde görkezilýär**

## I. Görnüş

| Bölümler boýunça tertip № | Bölümleriň atlary, çäreler we olaryň mazmuny | Geçen ýyldaky çäreler | Meýilleşdirilen ýyldaky çäreler | Şol sanda çärýek boýunça | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | I | II | III | IV |
| | | | | | | | |

## II. Görnüş

| Bölümler boýunça tertip № | Bölümleriň atlary, çäreler we olaryň mazmuny | Çäraniň geçiriljek ýeri | Geçiriljek wagty | Haýsy auditoriýada | Taýýarlamaklyga kimler çekilýär | Geçirmeklige jogapkär | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |

## III. Görnüş

| T/b | Bölümiň ady we çäräniň mazmuny | Medeni-dynç alyş edaralarynyň hyzmat edýän zähmetkeşleriniň kategoriýasy | Geçirilmeli wagty we senesi | Jogapkär | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

**Meýilnamanyň nusgasy**

**«TASSYKLAÝARYN»**

_______________________________

_______________________________

«_____»_________________20__ ý.

**Medeniýet müdirliginiň 20___ ý. üçin iş meýilnamasy**

| № | Bölümleriň atlary we gysgaça mazmuny | Senesi we wagty | Geçiriljek ýeri | Jogapkär | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |
| | | | | | |

**Ýolbaşçy:** _________________________________________________

## Medeni-köpçilik çärelerini guramaklygyň we geçirmekligiň maksatnamasy we iş meýilnamasy

Medeni-dynç alyş edaralarynda birnäçe medeni köpçilik işleri durmuşa geçirilýär. Mysal üçin, milli baýramçylyklari, dynç alyş agşamlaryny, köpçülikleýin gezelençleri, ýubileý agşamlaryni, teatrlaşdyrylan agşamlari, edebi-sazly çäreleri, temalaýyn konsertleri we ş.m. görkezmek bolar.

Bu çäreleri gyzykly, täsirli we şowhunly geçirmek çuňňur režissýorçylyk işini, döredijilik toparlarynyň zähmetlerini talap edýär. Şonuň üçin her bir guralýan we geçirilýän köpçülik çäreleriniň guramaçylyk iş meýilnamalary düzülýär.

Medeni-köpçülik çärelerini guramaklygyň we geçirmekligiň iş meýilnamasynyň düzülüş usuly:

1. Geçiriljek çäräniň temasyny anyklamak.
2. Çäräniň geçiriljek ýerini anyklamak.
3. Çäräni guramak we geçirmek üçin guramaçylyk toparyny döretmek (ýerli ýokary guramalarynyň ýolbaşçylygy esasynda).

15. Sargyt № 2130

4. Tema esasynda gerekli edebiýatlary we maglumatlary toplamak.
5. Toplanan maglumatlar esasynda çäräniň edebi ýazgysyny (ssenarisini ) düzmek.
6. Çärä gatnaşyjylar bilen türgenleşik işlerini guramak.
7. Guramaçylyk işleri (bildiriş, çakylyk, bezeg işlerini ýola goýmak).

Medeni-köpçilik işlerini guramak we geçirmek işlerinde medeniýet edaralarynyň işgärleri esasy orny eýeleýärler.

Hormatly Prezidentimiziň belläp geçişi ýaly, «Häzir biziň öňümizde halkymyzyň medeni ruhuny gaýtadan dikeltmek, Garaşsyz türkmen halkynyň milli medeniýetini öwrenip, jemläp, baýlaşdyryp, ony dünýä medeniýeti bilen baglaşdyrmak wezipesi durýar. Türkmenistany dünýä ýurtlaryna tanatmak üçin, biz ozaly bilen öz taryhymyzy, öz medeniýetimizi we sungatymyzy içgin bilmelidiris. Halkymyzyň ruhy we medeni gymmatlyklaryny, aýratyn hem, ýaş nesillerimiziň aňyna we kalbyna pugta siňdirmelidiris»;

Türkmen halkynyň taryhynda maddy we ruhy medeniýetiň örän baý medeni mirasy bardyr. Muňa mysal edip, gazylyp alynýan öý hojalyk gurallaryny, palçykdan ýasalan aýal şekillerini, daş kätmenleri we şäher-obalaryň yzlaryny görkezmek bolar.

Medeni-dynç alyş çäreleriniň ssenarisi ýerli ýagdaýlara, wakalara, anyk maglumatlara bagly bolany sebäpli, köplenç ýagdaýda, onuň ssenarisini režissýoryň özi ýazýar. Emma bu işde ol toparyň hem kömeginden peýdalanmalydyr.

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň çärýeklik iş meýilnamasy

Çärýeklik meýilnama ýyllyk meýilnamanyň esasynda, ýyllyk meýilnamanyň çyzgysy boýunça düzülýär. Onuň bölümleri-de ýyllyk meýilnamanyň bölümlerine meňzeş. Çärýeklik meýilnama ýyllyk meýilnamadan özüniň anyklygy bilen tapawutlanýar. Onda anyk aýlar, kähalatda anyk seneler-günler görkezilýär.

Çärýeklik meýilnama düzülende, onda hökmany suratda şol çärýegiň paýyna düşýän nobatdaky oba hojalyk işleri göz öňünde tu-

tulýar. Mysal üçin, medeniýet edaralarynyň I-nli çärýek üçin iş meýilnamasynda oba hojalyk tehnikasyny ekişe taýýarlamak, meýdanlara dökün daşamak, tohum taýýarlamak we ş.m. Beýleki çärýegiň meýilnamalarynda hem olara mahsus bolan oba hojalyk işleri göz öňünde tutulýar.

## Kalendar (aýlyk) meýilnama

Aýlyk meýilnama kalendar senelere laýyklykda we çärýeklik meýilnamanyň esasynda düzülýär.

Aýlyk meýilnama medeni-dynç alyş edaralarynyň aýyň her bir güni üçin özboluşly iş tertibidir. Onda aýyň seneleri we çäräniň geçiriljek wagty (sagady), jogapkär adamlaryň ady, atasynyň ady görkezilýär.

Meýilnamada medeni-dynç alyş edaralarynyň mydamalyk işleýän toparlarynyň we geçirýän çäreleriniň (gyzyklanma birleşmeleri, çeper höwesjeňleriň gurnaklarynyň, dynç alyş otagyň we ş.m.) geçirilýän wagty görkezilýär.

Aýlyk meýilnamada işleriň iki görnüşi – ilat üçin niýetlenen çäreler (leksiýalar, gürrüňler, agşamlar, konsertler we ş.m.) hem-de guramaçylyk çäreleri (ol ýa-da beýleki medeni çäräni taýýarlamak, medeniýet edaralaryny bezemek, işjeňler bilen iş, usuly kömekleri bermek we ş.m.) meýilleşdirilýär. Ilat üçin niýetlenen çärelere mahabat meýilnama, beýlekilerine guramaçylyk işleriniň meýilnamasy diýip at berilýär.

Medeniýet edarasynyň mahabat meýilnamasyny ilatyň dykgatyna ýetirmek üçin ýörite bildiriş ýaýradylýar.

Medeniýet edaralarynyň aýlyk meýilnamasy şu aşakdaky çyzgy boýunça düzülýär:

| **Sene, sagat** | **Çäreleriň atlary** | **Medeni-dynç alyş edaralarynyň hyzmat edýän ilatynyň kategoriýasy** | **Jogapkär** | **Bellik** |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň syýasy we hojalyk işleri döwründäki iş meýilnamasy

Syýasy (ýurduň ýubileýini bellemek, mežlisiň deputatlarynyň saýlawlary, wajyp döwlet resmi iş kagyzlarynyň ähli halk tarapyndan alnyp maslahatlaşylmagy) we oba hojalyk (ekiş, ýygym, mallary gyşlatmak we ş.m.) möwsümleri döwründe medeni-dynç alyş edaralary ýörite iş meýilnama düzýärler.

*Meýilnamada şu aşakdaky çäreler öz ornuny tapmalydyr:*

a). Wajyp waka bagyşlanan köpçülikleýin çäre. Onda miting, duşuşyk, leksiýa, gürrüň, nutuk, gezelenç, däp-dessur ýaly işleri geçirmek meýilleşdirilýär.

b). Medeni hyzmat etmek. Muňa konsertleri, spektakllary guramak, kino görkezmek, çeper wagyz-nesihat işini guramak ýaly işler girýär.

ç). Bezeg işleri: şygarlary ýazmak, diwar gazetlerini, «Ýyldyrymlary» çykarmak, diwarlyklary, sergileri guramak, çagyryşlary ýazmak.

Meýilnamada geçirilmeli çäreleriň anyk möhleti we olary taýýarlaýan we guraýan jogapkär adamlar görkezilýär.

**Meýilnama şu aşakdaky çyzgy boýunça düzülýär:**

| Senesi, wagty | Çäräniň ady | Geçiriljek ýeri | Jogapkär | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň toparlarynyň iş meýilnamasy

Medeni-dynç alyş edaralarynyň toparlarynyň meýilnamasynda onuň haýsy žanra ýa-da görnüşe degişliligine garamazdan,onda guramaçylyk, döredijilik we terbiýeçilik işleri öz ornuny tapmalydyr, toparyň iş meýilnamasynda işleniljek repertuar, olary taýýarlamaklygyň möhletleri, toparyň konsertlerde çykyşy, toparda okuw-terbiýeçilik işleri ýaly ugurlar meýilnamalaşdyrylýar.

*Medeni-dynç alyş edaralarynyň toparynyň (işgärler köpçüliginiň) iş meýilnamasynda şu aşakdaky işler meýilleşdirilýär:*

Guramaçylyk işleri.
Okuw terbiýeçilik işi.
Okuw-döredijilik işleri.
Toparyň repertuary.

**Mysaly meýilnama**

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| **II. Işjeňler bilen işlemek** | | |
| 1. Nowruz baýramyny geçirmek üçin medeniýet öýüniň Geňeşiniň we işjeňleriniň giňeldilen mejlisini geçirmek. | 12.02.2012 ý. | Çeper ýolbaşçy |
| | | |
| **III. Guramaçylyk-hojalyk işleri** | | |
| 1. Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny we onuň ýanyndaky meýdançany abadanlaşdyrmak üçin ýowar geçirmek. | 14.02.2012 ý. | Geňeşiň başlygy, direktor |
| | | |

## Medeniýet merkeziniň (öýüniň) Geňeşiniň başlygy. Medeniýet merkeziniň (öýüniň) ýolbaşçysy. Medeni-dynç alyş edaralarynyň aýratyn çärelerini taýýarlamaklygyň we geçirmekligiň meýilnamasy

Medeni-dynç alyş edaralary öz gündelik işlerinde dürli iş görnüşlerini peýdalanýarlar. Şolaryň içinde köpçülikleýin iş görnüşleri esasy orna eýe bolýarlar, mysal üçin, agşamlar, agzeki žurnallar, baýramlar we däp-dessurlar, dürli duşuşyklar, gezelençler we ş.m.

Bularyň her biriniň gyzykly geçirilmegi onuň guramaçylaryndan uly döredijilikli işleri geçirmekligi talap edýär. Şu maksat bilen medeniýet işgärleri her bir çäräni taýýarlamak we geçirmek üçin ýörite meýilnama düzýärler. Bu hili meýilnamany düzmek ýönekeý iş däl. Bu meýilnama çäräniň ýokary ideýaly bolmagyny, ony geçirmeklikde güýçleriň we serişdeleriň tygşytly peýdalanmagyny, oňa medeni-dynç alyş edaralarynyň toparlarynyň işeňňir gatnaşmagyny göz öňünde tutmalydyr.

Oýlanyşykly düzülen meýilnama köpçülikleýin çäräniň tertipli we guramaçylykly geçmegine kömek berýär. Her bir çärä laýyk meýilnama düzülmelidir.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň aýratyn bir çäresini, mysal üçin, medeni-dynç alyş agşamyny geçirmek şu aşakdaky soraglary çözmekligi talap edýär:

Agşamyň ssenariýasyny düzmek (kim we haýsy wagta çenli taýýar etmeli).

Agşamy senariýasyna laýyklykda taýýarlamak (kimler gatnaşjak, taýýarlyklar nähili geçiriljek?

Agşamyň maddy-tehniki üpjünçiligi (geýimler, saz gurallary, tehniki serişdeler, kinofilm, ulag we ş.m. bilen üpjünçiligi).

Agşamyň çeper bezegi medeni-dynç alyş edaralarynyň içini we daşyny, sahnany bezemek (dekorasiýalar).

Agşam barada ilata habar bermek (bildiriş, çakylyk hatlary).

Agşamy geçirmekligiň tertibi (näme bilen başlamaly, çykyşlaryň wagty).

Guramaçy jogapkär adamlary ýerbe-ýer goýmak, kimiň nämä jogap berýändigini anyklamak.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny agşam geçirmeklige taýýarlamak.

Agşamda tertip-düzgüni ýola goýmak.

Agşama gatnaşýan myhmanlary garşylamak we ugratmak.

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň iş meýilnamasyny düzmekligiň we tassyklamagyň tertibi

Medeni-dynç alyş edaralarynyň iş meýilnamasynyň taslamasy medeniýet öýüniň işgärleri tarapyndan işlenilip düzülýär.

Medeni bütewileýin meýilnama düzülende, medeniýet merkeziniň (öýüniň) işgärleri terbiýeçilik işini alyp barýan ähli edaralar we guramalar bilen (jemgyýetçilik guramalary, bilim bölümi, içeri işler bölümi, sport komiteti, oba hojalyk, saglygy saklaýyş we ş.m.)

aragatnaşyk saklaýarlar. Olar bilen bilelikdäki çäreleri geçirmeklik bellenilýär.

Meýilnamanyň taslamasy medeni-dynç alyş edaralarynyň iş-jeňleri, Geňeşi, etrap (şäher) häkimliginiň, oba arçynlygynyň medeniýet baradaky orunbasarlary bilen ara alnyp maslahatlaşylyp, tassyklanmaga berilýär.

## Iş meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek

Meýilnama tassyklanandan soň, ol güýje girip, esasy resminama öwrülýär. Ol medeni-dynç alyş edaralarynyň işini kadalaşdyrmak bilen, bellenilen çäreleriň jogapkär adamlar tarapyndan bellenilen möhletde ýerine ýetirilmegini talap edýär.

Meýilleşdirmek işi diňe meýilnamany düzmek bilen tamamlanmaýar. Meýilnama düzülenden soň, görkezilen çäreleri ýerine ýetirmek boýunça guramaçylyk işler işlenip düzülýär, dürli goşmaçalar, üýtgeşmeler girizilýär, ýerine ýetirilişine gözegçilik amala aşyrylýar.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň esasy meýilnamasy ýokarda duran gurama, mysal üçin, etrap medeniýet bölüminiň meýilnamasy welaýat medeniýet müdirligine, oba medeniýet öýleriniň iş meýilnamalary etrap medeniýet bölümine iberilýär.

Meýilnamalaryň ýerine ýetirilişine etrap, şäher medeniýet bölümleri, oba arçynlary gözegçilik edýärler.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda ykdysady düşünje

Önümçilik gatnaşyklary jemgyýetde hereket edýän ykdysady kanunlaryň talaplaryna laýyklykda adamlaryň arasynda emele gelýär. Tebigatyň kanunlaryndan tapawutlylykda ykdysadyyetiň kanunlary adamlaryň diňe önümçilik işiniň üsti bilen ýüze çykýar we olaryň önümçilik işlerine bagly bolýar. Ykdysady kanunlar önümçilik gatnaşyklaryndaky umumylaşan, mydama gaýtalanyp durýan, has düýpli netijeli baglanyşyklary aňladýar. Ykdysady kanun diý-

lip, adamlaryň isleglerine bagly bolmadyk, hadysalaryň özara gatnaşmagyna aýdylýar.

Olar maddy nygmatlary öndürmegi, paýlamagy we sarp etmegi dolandyryjy kanunlardyr. Medeni-dynç alyş edaralarynyň halk köpçüligine ýurduň ykdysady meseleleriniň baş çykaryp bilmegini, adamyň zähmeti esasynda döreden zatlaryny peýdalanmagyny, zähmet ondürijiligini hasaplaşmak, maliýe girdejisiniň hasabyny ýöretmek, düşewüntlilik ýaly ykdysady adalgalary düşündirmek hem-de şol esasda işlemekde ähmiýeti uludyr.

## Medeni-dynç alyş edaralaryny maliýeleşdirmek

Medeniýet edaralaryny maliýeleşdirmek. Smetalar we olaryň görnüşleri.

Döwlet medeniýet edaralary döwlet býujetinden bölünip berilýän hem-de özleriniň dürli tölegli çäreleri geçirmek arkaly gazanýan serişdeleriniň hasabyna öz işlerini guraýarlar.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň medeni-dynç alyş edaralary bolsa, kärdeşler arkalaşygynyň guramalarynyň bölüp berýän serişdeleriniň hem-de öz gazanýan serişdeleriniň hasabyna işlerini guraýarlar.

Hususy kärhanalara degişli bolan medeni-dynç alyş edaralary özleriniň ýolbaşçylygynda we özleriniň gönüden-göni maliýeleşdirmegi esasynda işlerini guraýarlar. Döwlet medeni-dynç alyş edaralary, ulgamyna garamazdan, ähli medeniýet edaralaryna usuly we tejribe kömek bermeklige borçludyrlar.

**Býujet näme?** Býujet döwletiň halk hojalygyny ösdürmeklige, ilatyň maddy we medeni isleglerini kanagatlandyrmaga, ýurdy goramaklyga gönükdirýän merkezleşdirilen pul serişdesidir. Döwlet býujeti bir ýylyň dowamynda boljak girdejileri we çykdajylary göz öňünde tutýar.

*Biziň döwletimizde býujetiň iki görnüşi bar:*

a) Döwlet býujeti.

b) Ýerli býujet.

Döwlet býujetinden halk hojalygynyň dürli pudaklary, döwletimiziň ministrliklerine degişli medeniýet we bilim edaralary maliýeleşdirilýär, mysal üçin, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy, Ýokary okuw mekdepleri, Medeniýet ministrligine degişli edaralar we ş.m.

Ýerli býujete welaýatlaryň, şäherleriň, etraplaryň we oba arçynlyklarynyň býujetleri girýärler. Ýerli býujet öz araçägindäki hojalyklaryň, durmuş-medeni we ilata edilýän durmuş hyzmaty maksada laýyk ýola goýmaklyga tarap gönükdirilýär.

Etrap (şäher) býujetini meýilleşdirmek, onuň girdeji bölüminiň ýerine ýetirilmegini hem-de onuň dogry sowulmagyny etrap häkimligi özüniň maliýe bölüminiň üsti bilen amala aşyrýar.

Maliýe bölümi nähili meseleleri çözýär we onuň nähili borçlary bar?

Etrap (şäher) maliýe bölümi häkimlikeriň bölümlerine we şol sanda medeniýet bölümine we oba arçynlyklaryna býujeti düzmeklige görkezme berýär, olaryň düzen býujet taslamalaryna seredýän we olara baha berýär we kesgitleýär. Şondan soň býujet häkimlik tarapyndan tassyklanýar.

Etrap (şäher) maliýe bölümi býujetiň ýerine ýetirilşiniň hasabyny alyp barýar, onuň etrabyň (şäheriň) häkimliginiň bölümleri we aýratyn býujet edaralary we şol sanda medeni-dynç alyş edaralary tarapyndan dogry we doly peýdalanyşyna gözegçilik edýär. Eger-de ol edaralar we guramalar tarapyndan smeta-maliýe düzgunleri bozulsa, onda maliýe bölümi olara pul goýbermekligi togtadyp biler.

Etrap (şäher) maliýe bölümi esasy sanawdaky işgärleriň we edaralaryň hem-de guramalaryň ýolbaşçylyk–hojalyk çykdajylarynyň dogry peýdalanylyşyna gözegçiligi amala aşyrýar.

## Medeniýet edaralarynyň çykdajy hasaby (smetasy)

Döwlet býujetinden bölünip alnan pul serişdesine smeta diýilýär. Smeta bir ýyllyk düzülýär. Smetanyň maddalary şu aşakdakylardan ybarat:

1. Madda «Aýlyk haky».
2. Madda «Aýlyk hakynyň üstüne goşmaça».
3. Madda «Kanselýariýa we hojalyk çykdajylary».
4. Madda «Gulluk işleri boýunça sapara gidişler».
5. Madda «Kitaphana kitap almak üçin çykdajylar» (bu madda medeni-dynç alyş edaralaryndaky kitaphanalara degişlidir).

12. Madda «Gerekli serişdeleri we enjamlary satyn almak üçin çykdajylar».

1. Madda «Ýumşak serişdeleri we enjamlary satyn almak üçin çykdajylar».
2. Madda «Jaýy we desgalary düýpli we bejergi etmek».
3. Madda «Beýleki çykdajylar».

Smeta çykdajylary maddy we maliýe ölçeglere laýyklykda meýilleşdirilýär.

Maddy ölçegde-maddy gymmatlyklary harçlamagyň möçberi (elektroenergiýa, ýangyç, suw we ş.m.) kesgitlenýär.

Maliýe ölçegi-maddy ölçegiň berk döwlet kesgitlemesindäki pul görnüşdäki bahasydyr. Ölçegler iki görnüşde, döwlet hem-de ýerli ölçegler görnüşide bolýarlar. Döwletimizde ölçeg döwlet tarapyndan tassyklanýar, mysal üçin, medeni-dynç alyş edaralarynyň wezipe iş birligi, işgärleriň aýlyk haky we ş.m., ýerli ölçeg-ýangyç, bejeriş, aragatnaşyk, onuň we ş.m welaýatlaryň we etraplaryň häkimlikleri tarapyndan tassyklanylýar. Medeni edaralarynyň smetalarynda ýokarda görkezilen ölçegiň ikisi-de ulanylýar.

**1-nji goşundy**

**GOŞUNDY № 1.**

**Maliýe edarasy tarapyndan tassyklandy**

**F.A.A.** ______________________________

**M.Ý.**

2012 ý.______________________ «_____»

**0404003**

## Meýilnamada bellenen býujet serişdelerini bolup bermek barada maglumat

## 2012 ýyl üçin

__________

**Hasap belgisi № 009002 2070501**

**Edaranyň ady** ________________________

**Bank edarasynyň ady** ___________________

| Çykdajylaryň ady | Çärýek boýunça | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Bir ýylda jemi | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| **1110. Döwlet gullukçylarynyň zäh. haklary** | | | | | |
| 1111. Raýat gullukçylarynyň esasy zäh. haklary | | | | | |
| **1120. Zähmet hakyna hasaplap ýazmak** | | | | | |
| 1121. Döwlet durm. ätiýaçlandyryş.geçirmeler | | | | | |
| **1130. Üpjünçilik serişdeleri we çykdajy** | | | | | |
| 1131. Kanselýariýa harytlaryny satyn almak | | | | | |
| 1134. Enjamlar we esbaplar | | | | | |
| 1135. Ýumşak esbaplar we egin-eşikler | | | | | |
| 1136. Beýleki üpjünçilik serişdeleri we çykdajy | | | | | |
| **1140. Iş sapar çykdajylary** | | | | | |
| 1141. Ýurduň içindäki iş sapary üçin çykdajylar | | | | | |
| **1150. Ulag hyzmatlarynyň tölegleri** | | | | | |
| 1151. Ulag saklamak we abatlamak üçin çyk. | | | | | |
| 1152. Ýangyç we çalgy ýaglary üçin tölegler | | | | | |
| 1153. Ätiýaçlyk şaýlarynyň bahasy üçin töleg | | | | | |
| **1160. Aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegleri** | | | | | |
| 1161. Ýurduň içindäki aragatnaşyk hyzmatlary | | | | | |
| **1180. Beýleki hyzmatlar üçin tölegler** | | | | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 1182. Enjamlary we esbaplary abatlamak üçin tölegler | | | | | |
| 1183. Jaýlary we binalary ýeňil abatlamak üçin | | | | | |
| 1184. Beýleki gündelik çykdajylar | | | | | |
| **1330. Ilata geçirmeler** | | | | | |
| 1337. 8-nji mart üçin pul we zat sowgatlary | | | | | |
| **Umumy çykdajylar:** | | | | | |

**Kärhananyň direktory** ______________
(goly)
**Baş buhgalter** _____________
**M.Ý.** (goly)

2012 ý. ___________ «____»

## Medeniýet edarasynyň smetasyny düzmekligiň we maliýe serişdelerini özleşdirmekligiň düzgünleri

Smeta býujetden medeniýet edarasyny saklamaklyga we onuň işini guramaklyga gönükdirilen býujet serişdeleriniň möçberini we maksadyny kesgitleýän iş kagyzydyr. Ol öňdäki ýyl üçin düzülýär. Ondaky çykdajylar çärýeklere bölünip görkezilýär. Smeta düzülende geçen ýylky çykdajylar göz öňünde tutulýar.

Smeta dört bölekden – ýyl boýunça çykdajylaryň ýygyndysyndan, medeniýet baradaky umumy maglumatdan, önümçilik görkezijilerden we smeta hasaplamalardan ybaratdyr.

Smetany düzmeklik medeniýet edarasy baradaky umumy maglumaty doldurmakdan, onuň jaýynyň we beýleki oňa degişli desgalaryň meýdanynyň ölçegi (kubaturasy), içki meýdany, ýyladyş ulgamy, suw barada umumy häsiýetnama bermekden başlanýar. Eger-de medeniýet edarasynda kitaphana bar bolsa, onda «önümçilik görkezijileri» diýen bölüm hem doldurylýar.

«Umumy maglumat», «Önümçilik görkezijileri» diýen bölümler doldurylandan soň, smetanyň maddalaryna hasaplama geçirilýär. Hasaplama normalar we görkezijiler arkaly anyk delillendirilmelidir. Çykdajylaryň hasaplamalarynyň netijesi smetanyň 1-nji bölüminde

«Maddalar boýunça çykdajylaryň birleşmesi (swody)» diýen bölüme ýazylýar.

Smetada aýlyk hakynyň wezipe iş birliginden daşary fondy ýörite bölünip, aýratynlykda görkezilýär. Bu fonddan wagtlaýyn işleýän işgärlere aýlyk tölenýär. Wezipe iş birliginden daşary fond berk limitleşdirilendir, çäklendirilendir. Bu fonddan esasy işgärlere hak tölemek gadagandyr.

Smeta tassyklanandan soň ol kanuny güýje eýe bolýar. Medeniýet edarasynyň ýolbaşçysy smetadaky serişdeleri doly we dogry sowmaklyk barada alada etmelidir. Munuň üçin ol ilki bilen ýerli Döwlet bankynyň bölüminde kredite-karza erk etmeklik borjy onyň direktorynyň ygtyýaryna berlendir.

Öz smetasy bolan medeniýet edarasy üçin Döwlet banky gündelik hasap belgisini açýar. Eger-de ýörite serişdesi bolsa, onda onuň üçin ikinji hasap belgisi açylýar. Bu hasap belgileriniň her haýsyna Döwlet banky iki sany hasap belgisi kitapçasyny berýär. Olaryň biri pul almak üçin, beýlekisi hasaplaşyk geçirmeklik üçindir. Medeni girdeji hökmünde girýän pul serişdesi Döwlet bankyna tabşyrylýar. Olary banka tabşyrmazdan sowmaklyk gadagandyr.

Medeniýet bölüminiň müdiri býujet serişdeleriniň ähli maddalar boýunça dogry we doly sowulmagyna jogapkärdir. Dekabr aýynyň 31-ine býujet ýyly tamamlanýar. Peýdalanmadyk serişdeleri sowmaklyk togtadylýar. Ol serişdeler indiki ýyla geçirilmeýär.

## Medeniýet edaralarynyň ýörite serişdesi

*Medeniýet edaralarynyň ýörite serişdeleriniň esasy çeşmeleri şu aşakdakylardyr:*

1. Medeniýet edaralarynyň jaýyny kärende bermeklikden girýän girdeji.
2. Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýynda kinofilmleri görkezýänligi üçin kinofikasiýa guramalary oba medeniýet öýlerine ýygnalan puluň 3%-ni, etrap medeniýet öýüne bolsa, 10–13%-ni töleýärler.

3. Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny beýleki edaralara we guramalara ýygnak, mejlis, dabaralary agşam we ş.m. çäreleri geçirmek üçin kreýine berenliginden düşýän girdeji.
4. Söwda guramalarynyň medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýynynyň bir bölegini kärendä alyp, ol ýerde (mysal üçin, foýede) bufet, kitap dükanyny açanlygy üçin tölenýän girdeji;
5. Professional teatrlaryň, konsert guramalaryň medeniýet ojagyny kireýine alyp, spektakllary we konsertleri görkezmeklerinden girýän girdejiler,

Köplenç, bu hili çäreler medeni-dynç alyş edarasy bilen şol edaralaryň arasynda baglanyşylan şertnama esasynda ýola goýulýar. Şertnamada medeniýet edaralaryna berilmeli puluň möçberi görkezilýär.

6. Daýhan birleşikleriň we senagat edaralarynyň medeniýet gaznasyna bölüp berýän serişdeleri.

Bu hili serişdeler medeni-dynç alyş edaralaryna iki hili görnüşde berlip bilner. Käbir ýagdaýda şol edaralar öz medeni gaznanyň hasabyna medeni-dynç alyş edaralarynyň gurnak ýolbaşçylaryny saklaýar, oba hojalyk we ylmy-meşhur kinolary görkezmek üçin olaryň prokat çykdajysyny töleýär, medeni-dynç alyş edaralaryna gerekli saz gurallary we beýleki serişdeleri satyn alýar, onuň jaýynda bejeriş işlerini geçirýär. Käbir ýagdaýda bolsa, medeni-dynç alyş edaralarynyň ilatyň arasynda medeni-köpçülik çäreleri geçirýänligi üçin pul serişdesini bermeklik mümkin . Bu hili ýagdaýda medeni-dynç alyş edaralary ol serişdeleri ýörite serişdeleriň smetasynda meýilleşdirýär.

7. Tölegli çärelerden we tölegli gurnaklardan girýän girdeji:

– Çeper höwesjeňler toparlarynyň çykyşyndan, medeni-dynç alyş edaralarynyň agşamlaryndan;

– tölegli gurnaklardan;

– tölegli leksiýalardan, halk uniwersitetlerinden, ýaşlaryň dynç alyş agşamlaryndan (diskotekalardan) we ş.m. çärelerden;

– çeperçilik-bezeg ussahanalardan, medeni gurallary, teatr eşiklerini prokata bermekden;

Girdejiler boýunça ähli hasaplamalar smeta goşulýar.

**Medeniýet öýüniň ýörite serişdeleri şu aşakdaky maksatlar üçin harçlanylýar:**

1. Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny saklamaklyga, abzallaşdyrmaklyga we bejeriş işlerini geçirmeklige harç etmeklige
2. Medeni-dynç alyş edaralarynyň hojalyk ýerlerine;
3. Medeni-dynç alyş edaralarynyň köpçülik çärelerini geçirmeklige;
4. Gerekli bolan egin-eşikleri we rekwizitleri almaklyga;
5. Saz gurallaryny almaklyga we olaryň bar bolanlaryna bejergi işlerini geçirmeklige;
6. Attraksionlary satyn almaklyga, olary montaž etmeklige we peýdalanmaklyga;
7. Wezipe iş birliginden daşary işgärlere aýlyk bermeklige;
8. Işgärleri höweslendirmeklige.

Ähli hasaplamalar taýyn bolandan soň, onuň her bir görnüşi boýunça çykdajy smetasy düzülýär. Şondan soň ýörite serişdeler boýunça jemlenen smeta düzülýär. Ol iki bölekden ybarat bolup girdeji we çykdajy serişdeleri öz içine alýar.

Ýörite serişdeleriň smetasynyň hereketi hem 31-nji dekabrda gutarýar.Ýöne ol býujet smetasyndan tapawutlanýar. Munda harçlanylman galan pul serişdesi indiki ýylyň smetasynyň girdeji bölümine girýär.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň ýolbaşçylaryndan edilýän esasy talap maliýe tertibini berk alyp barmaklykdan ybaratdyr.

**Birleşmeleriň maliýe işi**

Birleşmäniň girdejisiniň esasy bölegini onuň agzalarynyň tölegleri, tölegli geçirilýän çärelerden girýän serişdeler düzýär. Birleşme öz-özüni doly ýa-da kem-käsleýin dolandyryş ugur talaplarynda işlemek bilen, özlerine gerek bolan serişdeleriniň çeşmeleriniň tertibi şu aşakdakylardyr:

1) Ýekebara agzalyk tölegleri.

2) Tölegli geçirilýän çäreler.
3) Birleşme tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatyň netijesinden öz öndüren önümini satmakdan.
4) Birleşmäni döreden edaranyň – guramanyň oňa berýän serişdesinden.

Birleşmäniň gündelik alyp barýan işleri ýörite hasaba alyş kitabynda bellenilýär.

## Maliýe tertibiniň talaplary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Döwlet tarapyndan iberilen serişdeleri öz wagtynda, maksada laýyk we tygşytly sowmak.
2. Serişdeleri diňe smetadaky görkezilen maksatlar üçin peýdalanmak.
3. Serişdeleri artyk harçlamazlyk.
4. Pul bilen bagly ähli işleri öz wagtynda we anyk ýerine ýetirmek.
5. Serişdeleri bir maddadan beýleki madda geçirmezlik. Eger-de geçirilmeli bolan ýagdaýynda, maliýe bölümleriniň razylygy esasynda geçirmek.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň petek (bilet) hojalygyna ünsi güýçlendirmek gerek. Petekler (biletler) etrap medeniýet bölümleriniň haýyşy boýunça welaýat medeniýet müdirlikleri ýa-da Medeniýet ministrligi tarapyndan taýýarlanylýar. Medeni-dynç alyş edaralarynyň ýolbaşçysy petekler (biletler) üçin maddy jogapkärdirler. Petekler (bilet) satylyp bolandan soň, kassa hasabaty düzülýär. Ol arçynlyga ýa-da etrap medeniýet bölümine tabşyrylýar.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň býujet we ýorite serişdeleri ulanyşynyň üstünden gözegçiligi medeniýet edarasynyň ýolbaşçysy, arçynlyk, etrap medeniýet we maliýe bölümleri we beýleki gözegçilik edýän edaralar amala aşyrýarlar. Maliýe bölümler, welaýatlaryň medeniýet müdirlikleri medeniýet edaralarynyň maliýe işlerini wagtal-wagtal barlag edip durýarlar.

## Medeni-dynç alyş edaralarynda işleri hasaba almak we hasabat bermek

Medeni-dynç alyş edaralarynyň ýolbaşçylary gündelik geçirýän köpçülik işlerini hasaba almaklyga borçludyrlar. Medeni-dynç alyş edaralarynyň işlerini hasaba almaklygyň uly ähmiýeti bar.

*Birinjiden*, gündelik hasaba alyş medeni-dynç alyş edaralarynyň ýolbaşçysyna öz alyp barýan işine tankydy nukdaýnazardan baha bermeklige we gerekli ýagdaýlarda geçirilýän işleri gowulandyrmak üçin degişli çäreleri bellemeklige kömek berýärler. Hasaba almaklygyň toplanan maglumatlary medeni-dynç alyş işini mundan beýläk-de gowulandyrmaklygy, meýilleşdirmeklige mümkinçilik berýär.

*Ikinjiden*, toplanan maglumatlar ýokarda durýan medeniýet guramalaryna medeni-dynç alyş edaralarynyň işine öz wagtynda we ýokary derejede gözegçilik etmeklige hem-de kömek bermeklige, iň oňat medeni-dynç alyş edaralarynyň gazanan üstünliklerini ýaýratmaklyga mümkinçilik döredýär.

*Üçünjiden*, toplanan maglumatlar medeni-dynç alyş edaralarynyň işgärlerini derejeden derejä geçirmeklige, şol bir sanda-da wezipe iş birligini artdyryp, býujetden goýberilýän serişdeleriň mukdaryny kesgitlemeklige kömek berýär.

*Dördünjiden*, hasabat maglumatlary etrap, welaýat, medeniýet guramalary Medeniýet minisrtligine ilata edilýän medeni hyzmatyň derejesine baha bermeklige hem-de medeni-dynç alyş edaralarynyň işini ösdürmekligi meýilleşdirmegä mümkinçilik berýär. Medeni-dynç alyş işini hasaba almaklyk iki görnüşe, san we hil taýdan hasaba almaklyga bölünýär. Medeni-dynç alyş edaralarynda geçirilen çäreleriň ideýa-syýasy we çeperçilik derejesi, olaryň häzirki döwrüň önümçilik we syýasy meselelerine gatnaşyşy, geçirilýän işleriň ilat tarapyndan kabul edilişi, günibiriligi, medeniýet işgärleriniň öz borçlaryny ýerine ýetirilişleri medeni-dynç alyş edaralarynyň işine hil tarapdan baha bermeklige mümkinçilik berýär.

Şonuň üçin-de medeniýet işgärleri öz geçirýän işlerine ilatyň berýän bahasynyň hasabyny ýoretmelidirler. Şu maksat bilen medeni-dynç alyş edaralary ýorite «Teklipler we haýyşlar» kitabyny ýöredýärler. Mundan başga-da olar ýygnaklarda, konferensiýalarda, gazet-

lerde we radioda konsertler, spektakllar ara alnyp maslahatlaşylanda medeni-dynç alyş edarasy boýunça aýdylan teklipleri we maslahatlary toplaýarlar.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň işine hil tarapdan baha bermeklikde onuň her ýylyň aýagynda ilatyň öňünde berýän hasabatlarynyň örän uly ähmiýeti bar.

Ilatyň öňündäki hasabatda medeni-dynç alyş edaralarynyň alyp barýan işine baha berilýär. Ony mundan beýläk-de gowulandyrmak baradaky teklipler orta atylýar. Medeni-dynç alyş edarasy öz işini meýilleşdirende «Teklipler we haýyşlar» kitabyndaky we beýleki ýollar bilen ýygnalan maglumatlary göz öňüne tutmalydyr.

San boýunça hasaba almaklyk medeni-dynç alyş edaralarynda günübirin we yzygiderli alnyp barylýar. Onda medeni-dynç alyş edaralarynyň öz jaýynda we başga ýerlerde-meýdan düşelgelerinde, maldarçylyk birleşiklerinde, çopan goşlarynda, mekdeplerde, umumy ýaşaýyş jaýlarynda, ilatyň ýaşaýan ýerlerinde, «Galkynyş» merkezlerinde alyp barýan işleri hasaba alynýar. Ikinji hasaba almaklygyň esasy resminamasy «Döwlet medeni-dynç alyş edaralarynyň işini hasaba alyş kitabydyr». Ol şu aşakdaky üç bölümden ybaratdyr:

1. Medeni-dynç alyş edaralarynyň günuň dowamynda geçiren ähli çärelerini kitaba ýazmak. Bu ýazgyda çäräniň geçen senesi we wagty, onuň görnüşi we usuly, temasy ýa-da mazmuny, geçirilen ýeri, oňa gatnaşan adamlaryň sany. Geçirmeklige jogapkär adamyň familiýasy görkezilýär.

Kitapda gündelik ýazgylaryň alnyp barylmagyna medeni-dynç alyş edaralarynyň ýolbaşçysy jogap berýär.

2. Medeni-dynç alyş edaralarynyň bir aýyň dowamynda (ýylyň aýagynda bütin ýyl boýunça) geçiren medeni-köpçülik işleriniň jemi. Bu ýerde medeni-dynç alyş işleriniň geçiren iň wajyp iş görnüşleri (leksiýa, agşam, konsert we beýlekiler) boýunça çäreler jemlenýär (aýlary bir-birine goşmak arkaly).

3. Gurnaklaryň, höwesjeňler birleşmeleriniň we gyzyklanma we beýleki işleriniň jemi. Bu bölümde medeni-dynç alyş edaralarynyň gurnaklarynyň we birleşmeleriniň her aýdaky eden işleri bellenilýär.

Ol belliklerde 3 görkeziji – medeni-dynç alyş edaralarynyň gurnaklarynyň (birleşmeleriniň sany) her aýyň aýagynda, aýyň dowamynda geçirilen sapaklarynyň sany, olara gatnaşan adamlaryň sany görkezilýär. Kitabyň ahyrynda derňewçileriň ýazgy geçirmekligini üçin ýer goýulmalydyr. Onda olar kitapda hasaba almaklygyň ýagdaýy barada bellik edýärler.

Hasaba alyş kitabyny ýöretmeklik hemme medeni-dynç alyş edaralary üçin hökmanydyr. Medeni-dynç alyş edaralarynyň ýolbaşçylary çalşylýan wagtynda bu kitap ykrarnama ýazmaklyk bilen täze ýolbaşça tabşyrylýar. Medeni-dynç alyş edaralarynyň işleriniň köpdürlüligi esasy işleri hasaba alyş kitabyndan başga-da beýleki hasabat resminamalarynyň bolmagyny-da talap edýär. Olar şu aşakdakylardyr:

1. Medeni-dynç alyş edaralarynyň gurnaklarynyň işiniň kitaby. Ol üç bölümden ybaratdyr.

2. Gurnaga gatnaşýanlaryň sanawy, doglan ýyllary, kärleri, bilimleri, näçe wagtdan bäri gurnaga gatnaşýar, nähili jemgyýetçilik işini alyp barýar.

3. Sapaklara gatnaşýan agzalaryň gatnaşygy, familiýasy, ady, okuwyň geçirilen senesi,sapakda bolandygy barada bellik

4. Sene (sapagyň hasaby), sapagyň mazmuny, gatnaşanlaryň sany, sapagyň dowamlygy. Şu ýerde gurnaga gatnaşýanlaryň konsert bilen çykyşlary, gözden geçirilişlere we bäsleşiklere gatnaşyşlary baradaky ýazgylar hem ýazylýar. Kitapda sapak baradaky bellikden soň ýolbaşçy bilen gurnagyň toparbaşçysy gol çekýärler. Sebäbi bu kitap gurnagyň ýolbaşçysyna, konsertmeýetere akkomponiatora hak tölemekligiň esasy bolup hyzmat edýär.

5. Habar beriji stoluň işini hasaba alyş kitaby. Ol medeni-dynç alyş edaralaryna gelýän adamlary, hünärmenleriň berýän maslahatlaryny, berilýän jogaplaryň sanyny bellemeklik üçin ulanylýar. Kitap habar beriji stoluň nobatçysy tarapyndan doldurylýar.

6. Soraga jogap kitaby. Bu kitap ilatyň berýän soraglarynyň hasabyna alyp barmaklygy, olara berlen jogaplary bellemekligi göz öňünde tutýar. Kitapda soragyň berlen wagty, soragyň mazmuny, soragy beren adamyň familiýasy we öý ýa-da iş salgysy, berlen jogabyň gysga mazmuny, jogap beren adamyň familiýasy ýazylýar.

## Hasabatlar we olaryň görnüşleri

*Medeni-dynç alyş işinde hasabatlaryň 3 görnüşi ulanylýar:*

– Statistik (san) hasabaty
– Informasiýa (habar beriji) hasabat. Muňa ýazmaça hasabat hem diýilýär.
– Ilatyň öňünde berilýän hasabat.

Bu hasabatlaryň her görnüşiniň öz maksady we aýratynlygy bar.

Her bir medeni-dynç alyş edarasy her ýylyň ýanwar aýynyň 10-yndan gijä galman, geçen ýyl üçin 7-NK görnüşi boýunça etrap (şäher) medeniýet bölümine san (statistik) hasabatyny medeni-dynç alyş edaralarynyň ilkinji hasaba alyş resminamalary boýunça doldurýar we etrap (şäheriň) medeniýet merkezine iberýänçä öz geňeşinde ara alyp maslahatlaşmagy guraýar.

*San (statistik) hasabat birnäçe bölümden ybaratdyr:*

1. Umumy maglumat.
2. Ýylyň dowamynda geçirilen medeni-köpçülik çäreleri.
3. Gurnaklar (toparlar) ýylyň ahyryna çenli.
4. Tölegli medeniýet işgärleri.
5. Medeni-dynç alyş edaralarynyň maliýe işleri.

7-NK görnüşi doldurylanda ilki bilen medeni-dynç alyş edaralarynyň görnüşi we tipi, onuň haýsy gurama degişliligi, hem-de salgysy görkezilýär. Birinji bölümde medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyna häsiýetnama berilýär, ýagny onuň ýörite gurlandygy ýa-da medeni-dynç alyş edarasy üçin göz öňünde tutulman berlen jaýlar, öz jaýylygy ýa-da kireýine alnandygy, tomaşaçylar zalynyň näçe ýerliligi, gurnaklar üçin otaglaryň sany görkezilýär. Ýene-de şu bölümde medeni-dynç alyş edaralarynda bar bolan enjamlarynyň we saz gurallarynyň hasabat döwründäki görkezilýär.

Ilkinji bölüm şu aşakdaky çyzgy boýunça doldurylýar:

## Görnüş № 1- Medeni-dynç alyş edaralary

**Medeniýet ministrligine degişli medeni-dynç alyş edaralarynyň işiniň jemleýji hasabaty**

**20__-nji ýylyň ahyryna**

Nirä tabşyrylýar_________ Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň
(Kabul edýän edaranyň ady we ýerleşýän ýeri)

20___-nji ýylyň________№_____
_________________________________ buýrugy bilen tassyklanyldy.

Kim tabşyrýar________________________________
(edaranyň doly ady.)

Türkmenmillihasabat instituty bilen ylalaşyldy ______________________
ýerleşýän ýeri (köçe, jaý N)

______________________________________________________________
aragatnaşyk indeksi, telefony, faksy.

**Ýyllyk**

1) Etrap,şäher medeniýet bölümleri 20-nji ýanwara çenli welaýat medeniýet müdirligine tabşyrýarlar.
2).Welaýat medeniýet müdirligi 1-nji fewrala çenli Türkmenistanyň Medeniýet ministrligine tabşyrýar.

| № | Medeni-dynç alyş edaralarynyň umumy sany | Medeni-dynç alyş edaralarynyň umumy sany | | Hak tölenýän medeniýet işgärleriniň sany | | Tomaşa otaglaryndaky orunlaryň sany | | Gurnaklaryň sany, höwesjeňleriň çeper döredijilik toparlary | Olara gatnaşýan adamlaryň sany |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Jemi | Şol sanda oba ýerlerinde | Jemi | Şol sanda oba ýerlerinde | Jemi | Şol sanda oba ýerlerinde | | |
| A | B | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň ulgamyna girýän medeni-dynç alyş edarasy | | | | | | | | |
| | Şol sanda ähli görnüşdäki medeniýet edaralarynyň göçme medeniýet öýleri | | | | | | | | |
| | Ähli görnüşdäki medeni-dynç alyş edarasynyň jemi sany | | | | | | | | |

«____» _________20__ ýyl. <u>Etrap, şäher medeniýet bölüminiň müdiri</u>

**Görnüş**
**Medeni-dynç alyş edaralarynyň hasabaty**
**20__-nji ýyl boýunça**

Nirä tabşyrylýar_________ Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň
(Kabul edýän edaranyň ady we ýerleşýän ýeri)

20___-nji ýylyň________№_____
buýrugy bilen tassyklanyldy.

Kim tabşyrýar________________________________
(edaranyň doly ady.)

Türkmenmillihasabat instituty bilen ylalaşyldy ______________________
ýerleşýän ýeri (köçe, jaý №)

_______________________________________________
aragatnaşyk indeksi, telefony, faksy.

**Ýyllyk**
Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky medeni-dynç alyş edaralary ýanwar aýynyň 10-na çenli şäher, etrap medeniýet bölümlerine tabşyrýar.

**1. Ýylyň ahyryna çenli umumy maglumatlar**

| Setirleriň № | Tomaşa jaýlary | Ýöriteleşdirilen otaglar (däp-dessurlary berjaý etmäge niýetlenen) | Dürli oýunlar we göwün açyjy tomaşalar üçin niýetlenen otaglar | Medeniýet merkezleridir medeniýet öýlerindäki bar bolan enjamlaryň sany |
|---|---|---|---|---|
| A | 1 | 2 | 3 | 4 |
| | | | | |

**2. Ýylyň dowamynda geçirilen medeni-köpçülik çäreleri**

| Setirleriň № | | Tematiki agşamlar, sesli dergiler (žurnallar) çekişmeler we ş.m. | Sahnalaşdyrylan oýunlar, dabaralar, çykyşlar | Dynç alyş we tans agşamlary | Spektakllar we tomaşalar (konsertler) | | Sergiler (şekillendiriş, amaly-haşam sungaty we ş.m.) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | Çeper höwesjeňleriň goýany | Ýörite hünärli sungatçylaryň (artistleriň) goýany | |
| A | B | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| 1. | Çäreleriň sany | | | | | | |
| 2. | Gelenleriň sany | | | | | | |

### 3. Ýylyň ahyryna gurnaklar (kružoklar) toparlar we birleşmeler

| Setirleriň № | | Gurnaklaryň, toparlaryň we birleşmeleriň sany | Şol sanda çagalar üçin | Olardan höwesleri boýunça toparlar we höwesjeňler birleşmeleri | Häzirki zaman enjamlaryny öwrenýän döredijilik toparlary | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | Tölegli esasda işleýän toparlar we birleşmeler | | Tikinçilik, örüjilik we ş. m. boýunça toparlar hem-de okuwlar |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| Setirleriň № | | Çeper höwesjeňler toparlary | Şol sanda çagalar üçin | Gatnaşýanlaryň umumy sanyndan 14–19 ýaşdakylar | Çeper höwesjeňler gurnaklarynyň hatarynda | | |

### 4. Ýylyň ahyryna çenli aýlykly medeniýet işgärleri

| Setirleriň № | Işgärleriň sany | Olardan | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Ýokary bilimli | Şol sanda medeniýet we sungat boýunça ýokary bilimli | Medeniýet we sungat boýunça ýörite orta bilimli | Umumy sandan ýörite serişdeleriň we toparlaryň girdejileriniň hasabyna aýlyk tölenýän medeniýet işgärleri |
| A | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1 | | | | | |

### 5. Pul serişdeleriniň gelişi we peýdalanylyşy, manat

| Setirleriň № | | Jemi | Şol sanda tölegli hyzmatlardan |
|---|---|---|---|
| A | B | 1 | 2 |
| 1. | Serişdeleriň gelşi | | |
| 2. | Peýdalanylyşy | | |
| 3. | Şol sanda: Enjamlary almak üçin | | |
| 4. | Dürli abatlaýyş işleri üçin | | |

«_____» ____________________________20___ ý.

Edaranyň ýolbaşçysy_________________________

**Ýerine ýetireniň ady, atasynyň ady we telefony**

Baş hasapçy________________________________

**Görnüş. Medeni-dynç alyş edaralary (jemleýji)**

**Türkmenistanyň medeni-dynç alyş edaralarynyň ýyllyk hasabatynyň jemi**

**20__-nji ýyl boýunça**

Nirä tabşyrylýar_________ Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň

(Kabul edýän edaranyň ady we ýerleşýän ýeri)

20___-nji ýylyň________№____________________

____________________________________________

buýrugy bilen tassyklanyldy.

Kim tabşyrýar________________________________

(edaranyň doly ady.)

Türkmenmillihasabat instituty bilen ylalaşyldy.

____________________________________________

ýerleşýän ýeri (köçe, jaý N)

____________________________________________

aragatnaşyk indeksi, telefony, faksy.

**Ýyllyk**

1). Etrap, şäher medeniýet bölümleri ýanwar aýynyň 20-ne çenli welaýat medeniýet bölümine tabşyrylýar.

2).Welaýat medeniýet bölümleri fewral aýynyň 1-ne çenli Türkmenistanyň Medeniýet ministrlgine tabşyrylýar.

| № | Medeni-dynç alyş edarasynyň görnüşleri | Medeni-dynç alyş edaralarynyň sany | Jaýlarda işleýän edaralaryň sany | | Tomaşa, gürrüň, ýygnaklar, gurnak geçirilýän otag sany | Köpçülik çäreleri | | Olardan çagalar we ýetginjekler üçin | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Abatlaýyş işlerini talap edýänleri | Howply ýagdaýyndakylary | | Jemi | Olara gatnaşýanlar (mün adam) | Çäreleriň sany | Olara gatnaşýanlar (mün adam) |
| A | B | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| 1 | Welaýat medeniýet köşkleri | | | | | | | | |
| 2 | Etrap medeniýet merkezleri | | | | | | | | |
| 3 | Şäher medeniýet merkezleri | | | | | | | | |
| 4 | Oba medeniýet merkezleri | | | | | | | | |
| 5 | Oba medeniýet öýleri | | | | | | | | |
| 6 | Göçme medeniýet öýleri | | | | | | | | |
| 7 | Dynç alyş merkezleri | | | | | | | | |
| 8 | Milli merkezleri | | | | | | | | |
| 9 | Bagşylar öýleri | | | | | | | | |
| 10 | Hemmesi | | | | | | | | |

| № | Medeni-dynç alyş edarasynyň görnüşleri | Köpçülik çäreleriniň umumy sanyndan ( 5,7 b.) | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Tematiki agşamlar, çekişmeler, işewür oýunlar, duşuşyk agşamlary | Sahnalaşdy -rylan baý- ramçylyklar | Medeni sport çäreleri | Ýaşlar dabaralary (ballary), dynç-alyş agşamlary, diskotekalar | Sahnalaşdyrylan oýunlar we tomaşalar | |
| | | | | | | Höwesjeňler toparlary | Ýörite hünärment toparlar |
| A | B | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
| 1 | Welaýat medeniýet köşkleri | | | | | | |
| 2 | Etrap medeniýet merkezleri | | | | | | |
| 3 | Şäher medeniýet merkezleri | | | | | | |
| 4 | Oba medeniýet merkezleri | | | | | | |
| 5 | Oba medeniýet öýleri | | | | | | |
| 6 | Göçme medeniýet öýleri | | | | | | |
| 7 | Dynç alyş merkezleri | | | | | | |
| 8 | Milli merkezleri | | | | | | |
| 9 | Bagşylar öýleri | | | | | | |
| 10 | Hemmesi | | | | | | |

| № | Medeni-dynç alyş edarasynyň görnüşleri | Köpçülik çäreleriniň umumy sanyndan (5,7 b.) | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Tematiki agşamlar, çekişmeler, işewür oýunlar, duşuşyk agşamlary | Sahnalaşdyrylan baýramçylyklar | Medeni sport çäreleri | Ýaşlar dabaralary (ballary), dynç-alyş agşamlary, diskotekalar | Sahnalaşdyrylan oýunlar we tomaşalar | |
| | | | | | | Höwesjeňler toparlary | Ýörite hünärment toparlar |
| | B | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
| | Welaýat medeniýet köşkleri | | | | | | |
| | Etrap medeniýet merkezleri | | | | | | |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Şäher medeniýet merkezleri | | | | | | |
| | Oba medeniýet merkezleri | | | | | | |
| | Oba medeniýet öýleri | | | | | | |
| | Göçme medeniýet öýleri | | | | | | |
| | Dynç alyş merkezleri | | | | | | |
| | Milli merkezleri | | | | | | |
| | Bagşylar öýleri | | | | | | |
| | Hemmesi | | | | | | |

| № | Medeni-dynç alyş edarasynyň görnüşleri | Köpçülik çäreleriniň umumy sanyndan (5,7 b.) | | Kino-wideo – seanslaryň jemi | Medeni-dynç alyş edaralarynyň gurnaklarynyň (kružoklaryň) höwesjeň toparlary we ş.m. | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Sergiler | Tölegli çäreler | | Jemi | Olara gatnaşýanlar | Olardan çagalar we ýetginjekler | |
| | | Jemgyýetçilik muzeýlerinde höwesjeň awtorlaryň sergisi | | | | | Jemi | Olara gatnaşýanlar |
| A | B | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | | 20 |
| 1 | Welaýat medeniýet köşkleri | | | | | | | |
| 2 | Etrap medeniýet merkezleri | | | | | | | |
| 3 | Şäher medeniýet merkezleri | | | | | | | |
| 4 | Oba medeniýet merkezleri | | | | | | | |
| 5 | Oba medeniýet öýleri | | | | | | | |
| 6 | Göçme medeniýet öýleri | | | | | | | |
| 7 | Dynç alyş merkezleri | | | | | | | |
| 8 | Milli merkezleri | | | | | | | |
| 9 | Bagşylar öýleri | | | | | | | |
| 10 | Hemmesi | | | | | | | |

| № | Medeni-dynç alyş edarasynyň görnüşleri | Höwesjeňleriň birleşmeleri we höwesler boýunça toparlar | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Jemi | Olara gatnaşýanlar | Şol sanda | | | | | | | |
| | | | | Çagalar üçin | | Çeperçilik | | Bedenterbiýe sagaldyş | | Diskotekalar | |
| | | | | Jemi | Gatnaşýanlar | Jemi | Gatnaşýanlar | Jemi | Gatnaşýanlar | Jemi | Gatnaşýanlar |
| A | B | 22 | 23 | 24 | 25 | 26 | 27 | 28 | 29 | 30 | 31 |
| 1 | Welaýat medeniýet köşkleri | | | | | | | | | | |
| 2 | Etrap medeniýet merkezleri | | | | | | | | | | |
| 3 | Şäher medeniýet merkezleri | | | | | | | | | | |
| 4 | Oba medeniýet merkezleri | | | | | | | | | | |
| 5 | Oba medeniýet öýleri | | | | | | | | | | |
| 6 | Göçme medeniýet öýleri | | | | | | | | | | |
| 7 | Dynç alyş merkezleri | | | | | | | | | | |
| 8 | Milli merkezleri | | | | | | | | | | |
| 9 | Bagşylar öýleri | | | | | | | | | | |
| 10 | Hemmesi | | | | | | | | | | |

| № | Medeni-dynç alyş edarasynyň görnüşleri | Tölegli birleşmeler we toparlar | | Höwesjeň çeper döredijiliginiň gurnaklary (kružoklary) we toparlary | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Jemi | Gatnaşýanlar | 34,35 bölümlerdäki gurnaklaryň we toparlaryň umumy sanyndan | | | | | |
| | | Jemi | Olara gatnaşýanlar | | | Hor we wokal | | Sazly drama we gurjak teatrlary | | Aýdym we tans ansambllary | |
| | | | | | | Jemi | Gatnaşýanlar | Jemi | Gatnaşýanlar | Jemi | Gatnaşýanlar |
| A | B | 32 | 33 | 34 | 35 | 36 | 37 | 38 | 39 | 40 | 41 |
| 1 | Welaýat medeniýet köşkleri | | | | | | | | | | |
| 2 | Etrap medeniýet merkezleri | | | | | | | | | | |

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 3 | Şäher medeniýet merkezleri | | | | | | | | | | |
| 4 | Oba medeniýet merkezleri | | | | | | | | | | |
| 5 | Oba medeniýet öýleri | | | | | | | | | | |
| 6 | Göçme medeniýet öýleri | | | | | | | | | | |
| 7 | Dynç alyş merkezleri | | | | | | | | | | |
| 8 | Milli merkezleri | | | | | | | | | | |
| 9 | Bagşylar öýleri | | | | | | | | | | |
| 10 | Hemmesi | | | | | | | | | | |

| № | Medeni-dynç alyş edarasynyň görnüşleri | Höwesjeň çeper döredijiliginiň gurnaklary (kružoklary) we toparlary | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Folklor toparlary | | Halk saz gurallarynyň orkestri | | Aýdym-saz toparlary | | Horeografiýa boýunça | | Drama boýunça | |
| | | Jemi | Gatnaşýanlar | Jemi | Gatnaşýanlar | Jemi | Gatnaşýanlar | Jemi | Gatnaşýanlar | Jemi | Gatnaşýanlar |
| A | B | 42 | 43 | 44 | 45 | 46 | 47 | 48 | 49 | 50 | 51 |
| 1 | Welaýat medeniýet köşkleri | | | | | | | | | | |
| 2 | Etrap medeniýet merkezleri | | | | | | | | | | |
| 3 | Şäher medeniýet merkezleri | | | | | | | | | | |
| 4 | Oba medeniýet merkezleri | | | | | | | | | | |
| 5 | Oba medeniýet öýleri | | | | | | | | | | |
| 6 | Göçme medeniýet öýleri | | | | | | | | | | |
| 7 | Dynç alyş merkezleri | | | | | | | | | | |
| 8 | Milli merkezleri | | | | | | | | | | |
| 9 | Bagşylar öýleri | | | | | | | | | | |
| 10 | Hemmesi | | | | | | | | | | |

| № | Medeni-dynç alyş edarasynyň görnüşleri | Höwesjeň çeper döredijiliginiň gurnaklary (kružoklary) we toparlaryň umumy sanyndan (34,35b.) | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Kino we surat alyş sungatyny söýüjiler | | Sirk boýunça | | Şekillendiriş we amaly-haşam boýunça | | «Halk toparlary» diýen atlary bary | |
| | | Jemi | Gatnaşýanlar | Jemi | Gatnaşýanlar | Jemi | Gatnaşýanlar | Jemi | Gatnaşýanlar |
| A | B | 52 | 53 | 54 | 55 | 56 | 57 | 58 | 59 |
| 1 | Welaýat medeniýet köşkleri | | | | | | | | |
| 2 | Etrap medeniýet merkezleri | | | | | | | | |
| 3 | Şäher medeniýet merkezleri | | | | | | | | |
| 4 | Oba medeniýet merkezleri | | | | | | | | |
| 5 | Oba medeniýet öýleri | | | | | | | | |
| 6 | Göçme medeniýet öýleri | | | | | | | | |
| 7 | Dynç alyş merkezleri | | | | | | | | |
| 8 | Milli merkezleri | | | | | | | | |
| 9 | Bagşylar öýleri | | | | | | | | |
| 10 | Hemmesi | | | | | | | | |

| № | Medeni-dynç alyş edarasynyň görnüşleri | Keşdelemek, örmek ýaly dürli hünär öwrediji gurnaklar we toparlar | | Işgärleriň zähmetine hak tölemek boýunça toparlardaky edaralaryň sany | | | | | | | Hak tölenýän medeniýet işgärleriniň sany | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | Jemi | Şol sanda | |
| | | | | | | | | | | | | Öz-özüňi ödeýän gurnaklary, tölegli hyzmatlaryň ýörite | Kärhanalaryň hojalyklaryň, jemgyýetçilik guramalaryň hasabyna |
| | | Jemi | Gatnaşýanlar | I | II | III | IV | V | | serişdeleriň hasabyna | | | |
| A | B | 60 | 61 | 62 | 63 | 64 | 65 | 66 | 67 | 68 | 69 | | |
| 1 | Welaýat medeniýet köşkleri | | | | | | | | | | | | |
| 2 | Etrap medeniýet merkezleri | | | | | | | | | | | | |
| 3 | Şäher medeniýet merkezleri | | | | | | | | | | | | |
| 4 | Oba medeniýet merkezleri | | | | | | | | | | | | |

| | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 5 | Oba medeniýet öýleri | | | | | | | | | | | | |
| 6 | Göçme medeniýet öýleri | | | | | | | | | | | | |
| 7 | Dynç alyş merkezleri | | | | | | | | | | | | |
| 8 | Milli merkezleri | | | | | | | | | | | | |
| 9 | Bagşylar öýleri | | | | | | | | | | | | |
| 10 | Hemmesi | | | | | | | | | | | | |

| № | Medeni-dynç alyş edarasynyň görnüşleri | Olardan (68 b-den) | | | | | Pul serişdeleriniň gelşi we sowulyşy | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Ýokary bilimi barlar | | Medeniýet we sungat boýunça ýörite orta bilimi bolanlar | Medeni-dynç alyş edaralarynda işlän ýyl sany | | Geleni | | Sowulany | |
| | | Jemi | Şol sanda ýörite medeniýet ugry boýunça | | 1 ýyla çenli | 1 den 3 ýyla çenli | Jemi | Şol sanda tölegli hyzmatdan | Jemi | Şol sanda enjamlary almaga |
| A | B | 70 | 71 | 72 | 73 | 74 | 75 | 76 | 77 | 78 |
| 1 | Welaýat medeniýet köşkleri | | | | | | | | | |
| 2 | Etrap medeniýet merkezleri | | | | | | | | | |
| 3 | Şäher medeniýet merkezleri | | | | | | | | | |
| 4 | Oba medeniýet merkezleri | | | | | | | | | |
| 5 | Oba medeniýet öýleri | | | | | | | | | |
| 6 | Göçme medeniýet öýleri | | | | | | | | | |
| 7 | Dynç alyş merkezleri | | | | | | | | | |
| 8 | Milli merkezleri | | | | | | | | | |
| 9 | Bagşylar öýleri | | | | | | | | | |
| 10 | Hemmesi | | | | | | | | | |

«______» ______________________20__ ýyl.

Welaýat (şäher) medeniýet bölüminiň başlygy ______________

Görkezijilerde ähli sanlar medeni-dynç alyş edaralarynyň hasabat kitabyndan alynýar. Hasabata medeni-dynç alyş edaralarynda we başga ýerlerde medeniýet işgärleri we işçileri tarapyndan geçirilen ähli çäreler görkezilýär.

Üçünji bölümde gyzyklanma boýunça birleşmeler we çeper höwesjeňleriň toparlarynyň işleri görkezilýär. Hasabata gurnaklaryň we topar boýunça aýratynlykda görkezilip ýazylan, çagalar üçin gurnaklar aýratynlykda görkezilmelidir. Maglumatlarda ýylyň ahyryndaky ýagdaýy görkezilmelidir. Eger-de gurnak, topar özüniň işini ýylyň başynda ýa-da ortasynda tamamlan bolsa, onda olar umumy sana goşulýar. Eger-de käbir çeper höwesjeňlige gatnaşýanlar şol bir wagtyň özünde birnäçe topara we gurnaga gatnaşýan bolsalar,onda hasabatda olar her gurnakda aýratynlykda görkezilýär.

San hasabatynyň dördünji bölüminde tölegli işleýän medeniýet işgärleri barada hasabat berilýär. Hasabatda olaryň bilimleri, iş ýylynyň jemi baradaky maglumat berilýär. Hyzmat edýän we tehniki işgärler hasabatda görkezilmeýär. Hasabatda jemgyýetçilik başlangyjynda işleýänler barada-da habar berilýär.

Hasabatyň bäşinji bölüminde medeni-dynç alyş edaralarynyň maliýe işleri barada habar berilýär.

7-NK görnüş doldurylmazyndan öň, ondaky düşündiriş haty bilen içgin tanyşmaklyk gerek. Bu hasabat doldurylandan soň, ol medeni-dynç alyş edaralarynyň geňeşiniň ýygnagynda ara alnyp maslahatlaşylýar. Şondan soň, ol oba medeniýet öýüniň ýolbaşçysy, etrap medeniýet öýüniň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilip, görkezilen möhletde etrap (şäher) medeniýet bölümine tabşyrylýar.

Medeniýet öýleri her ýylyň ahyrynda ýazmaça hem-de statistik hasabaty ýazyp etrap medeniýet bölümine berýär. Bu hasabat medeni-dynç alyş edaralarynyň alyp barýan işleriniň esasy ugurlary boýunça düzülýär. Onda medeni-dynç alyş edaralarynyň ýylyň dowamunda alyp barýan işleriniň esasy ugurlary, gazanylan netijeler, işde bar bolan ýetmezçilikler we olaryň sebäpleri gör-

kezilýär, medeniýet işgärlerine häsiýetnama berilýär. Hasabatda medeni-dynç alyş edaralarynyň işiniň şu günki günleriniň talaplaryna laýyk gelşi, olaryň işlerini gowulandyrmak üçin täze iş ýylynda görüljek çäreler barada ýazylýar. Bu hasabat san hasabat bilen birlikde etrap (şäher) medeniýet bölümine tabşyrylýar. Etrap medeniýet bölümi hem welaýat medeniýet müdirligine hasabat berýär.

Örän wajyp hasabatlaryň biri-de medeni-dynç alyş edaralarynyň ilatyň öňünde berýän hasabatydyr. Bu hasabat medeni-dynç alyş edaralarynyň ilatyň öňünde özüniň täsirini giňeltmeklige,özüniň alyp barýan işinde bar bolan kemçilikleriň üstüni açmaklyga we olary düzetmeklige kömek berýär. Bu hasabat zähmetkeşleriň umumy ýygnaklarynda ýa-da konferensiýalarynda berilýär.

Ilatyň öňündäki hasabat ony geçirmeklige oňat taýýarlanmaklygy talap edýär.

*Ilatyň öňünde berilýän hasabatyň esasy tertibi şu aşakdakylardyr:*

1. Medeni-dynç alyş edaralarynyň ýyl boýy eden işi barada onuň geňeşiniň hasabaty (nutugy).
2. Hasabaty ara alyp (ýygnaga gatnaşýanlar bilen) maslahatlaşmak.
3. Medeni-dynç alyş edaralarynyň işine baha bermek. Täze saýlanjak geňeşiň düzümine syn bermek.
4. Medeni-dynç alyş edaralarynyň jemgyýetçilik geňeşini saýlamak.

Käbir medeni-dynç alyş edaralary ilatyň öňündäki hasabaty uly dabara hökmünde geçirýärler. Bir hepde, on günüň dowamynda medeni-dynç alyş edaralarynyň gurnaklary, toparlary özleriniň iň gowy repertuarlary bilen çykyş edýärler, özleriniň döreden suratlarynyň, amaly-haşam sungatynyň sergilerini guraýarlar. Umuman, bu hasabat medeni-dynç alyş edaralarynyň ilatyň öňünde berýän köpçülik hasabatydyr. Şonuň üçin ony guramaçylykly geçirmek gerek.

17. Sargyt № 2130

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Medeniýet edaralaryny dolandyrmakda döwlet ulgamlarynyň orny.
**2.** Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň esasy ulgamlarynyň görnüşleri.
**3.** Usuly ýolbaşçylyk näme?
**4.** Maksatnamany düzmekligiň usuly.
**5.** Iş meýilnamasynyň nähili görnüşleri bar?
**6.** Ýyllyk iş meýilnamany nähili düzmeli?
**7.** Medeniýet edaralaryny maliýeleşdirmek.
**8.** Girdeji we çykdajy smetanyň nähili maddalary bar?
**9.** Ýörite serişdeler we olaryň çeşmeleri.
**10.** Hasap we hasabat işleriniň görnüşleri.
**11.** Ýyllyk hasabatyny düzmek.
**12.** Ýazmaça hasabaty derňew etmek.
**13.** Medeniýet edaralary üçin alnan serişdeleri hasaba alyş (inwentar) kitabyna ýazmak.
**14.** Könelen serişdeleri hasapdan çykarmak boýunça ykrarnama düzmek.

**IX BÖLÜM**

# MEDENI-DYNÇ ALYŞ EDARALARYNYŇ HOJALYK IŞLERI

## MEDENIÝET EDARALARYNYŇ BINASYNY WE ENJAMLARYNY ABATLAMAK

Ilata talaba laýyk medeni hyzmat etmek köp sanly şertlere, şol sanda medeni-dynç alyş edaralarynyň ösen ulgamyna, olaryň başarnykly hünärmenler bilen hem-de gerekli maddy-tehniki enjamlar bilen üpjünçiligine baglydyr. Şu şertleriň haýsy-da bolsa biriniň bolmazlygy işleri guramaklyga ýaramaz täsir edýär.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň alyp barýan işlerini oňat guramaklykda olaryň hojalyk işleriniň ýagdaýynyň, medeni köpçülik çäreleri geçirmeklik üçin mümkinçilikleriniň uly ähmiýeti bar. Olaryň gerekli mebeller, gurallar, tehniki enjamlar bilen üpjün edilmegi işleri oňat guramaklygyň esasy şertleriniň biridir.

**Medeni-dynç alyş edaralarynyň hojalyk işleriniň esasy ugurlary şu aşakdakylardyr:**

1. Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny we gerekli desgalaryny (sport meýdançasy, ýazky estrada, tans meýdançasy, okalga, medeni seýil we dynç alyş baglary we ş.m.) guramak.
2. Medeni-dynç alyş edaralaryny bezemek we abzallaşdyrmak.
3. Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny wagtly-wagtynda bejergi etmek we ony oňat ýagdaýda saklamak .
4. Medeni-dynç alyş edaralarynyň iş kagyzlaryny talaba laýyk alyp barmak.

Her bir medeni-dynç alyş edarasynyň jaýy, öz öňünde biri-biri bilen bagly üç wezipäni çözmekligi göz öňünde tutmalydyr.

5. Köpçülikleýin tomaşa işlerini geçirmeklik (tomaşa jaýy, orkestr üçin ýörite çukur, bezeg we butaforiýa üçin ammar, artistler we grim üçin niýetlenen otaglar, kinoproýeksiýa üçin otaglar, foýe, naharhana we ş.m.)

6. Medeni-dynç alyş edaralarynda dürli gurnaklaryň we toparlaryň işleri üçin otaglar (drama, aýdym-saz, tans, şekillendiriş sungaty, tehniki gurallar, dynç alyş üçin niýetlenen otaglar, okyjylar üçin hyzmat ediş kitaphana bölümi).
7. Hojalyk-hyzmat ediş otaglary we desgalary (garderob, hajathana, kassa, kanselýariýa, hyzmat ediji işgärleriň otagy, zat saklanýan ammarlar, garaž we ş.m.).

Medeni-dynç alyş edarajarynyň jaýynyň gurluşygy meýilleşdirilende ylmy esasda işlenip düzülen hünärmenleriň we düzgünleriň hem-de etrabyň, welaýatyň, döwletimiziň halk-hojalyk meýilnamasyna laýyklykda meýilleşdirilýär.

Täze medeni-dynç alyş edarasynyň jaýyny gurmak baradaky karara gelinýänçä, köpsanly şertleri çuň öwrenmekligi guramak gerek. Ol şertler şu aşakdakylardyr:

8. Medeni-dynç alyş edaralarynyň guruljak ýerindäki ilatyň sany we onuň geljekde ütgemezlik (azalmak, köpelmek) mümkinçiligini göz öňünde tutmaklyk.
9. Medeni-dynç alyş edaralarynyň guruljak ilatly ýerlerinde senagatyň we oba hojalygynyň ösüş derejesi, ýol we ulag bilen üpjünçiligi, ýakyn ýerlerdäki, ilatly ýerlerde bar bolan medeniýet edaralarynyň sany we ş.m. göz öňünde tutulýar. Şu faktorlara çuň syn berlenden soň, gerekli medeni-dynç alyş edarasynyň jaýynyň görnüşi saýlanyp alynýar, onuň esasy zalynyň näçe adamlyk bolmalydygy kesgitlenýär.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýynyň görnüşi saýlanyp alnandan soň, onuň guruljak ýeri bellenilýär, ol ýer jaýyň tipleşdirilen çyzgysy (proýekti) bilen baglanyşdyrylýar. Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýy birnäçe arhitektura talaplaryny-da göz öňünde tutmalydyr.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýy baş jemgyýetçilik edara hökmünde obany, şäheri bezeýän merkez bolup hyzmat edýär. Şonuň üçin ol mümkingadar belentlikde we merkezde gurlup, ilatyň oňa gelip-gitmegi üçin oňaýly bolmalydyr. Onuň daş-töwereginde gopgungalmagally ussahanalar, maşyn-traktor merkezleri, demir ýol we ş.m. bolmaly däldir. Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýy maşyn ýolundan 30–40 metr aralyk ýerde gurulmalydyr.

Medeni-dynç alyş edarasyna gerekli ýer bölegi, onuň tomaşaçylar zalynyň möçberi bilen takyklanýar. Mysal üçin, binýatlyk ululygy 800 tomaşaça niýetlenen medeni-dynç alyş edarasynyň meýdany aşakdaky ýaly bolup biler:

| T/№ ! | Tomaşaçylar zalynda ýeriň sany | !Ýer böleginiň meýdany (ga) |
|---|---|---|
| 1! | 800 | ! 2,5 |
| 2! | 600 | ! 1,5 |
| 3! | 400 | ! 1,0 |
| 4! | 200-300 | ! 0,75 |
| 5! | 200-e çenli | ! 0,5 |

Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýynyň gurluşygy çyzgy boýunça amala aşyrylýar. Çyzgy geçirmegiň iki hili usuly-tipleşdirilen hem-de ýekebara usullary bar. Köp ýagdaýda tipleşdirilen çyzgy peýdalanýar. Sebäbi ol ýörite çyzgy edaralary tarapyndan işlenip, medeni-dynç alyş edarasy üçin ähli gerekli zatlary göz öňünde tutýar. Mysal üçin, Türkmenistan döwletinde medeni-dynç alyş edaralarynyň tipleşdirilen görnüşleriniň birnäçesi bar. Ine, şolaryň biri, 300 orunlyk oba medeniýet öýüniň tipleşdirilen çyzgysy. Bu medeniýet öýi iki gatdan ybarat. Onuň birinji gatynda tomaşaçylar zaly, sahna, foýe we administrator, mebel ammary, beýleki enjamlar ammary, duş, geýim çalşylýan ýer, westibýul, dürli tehniki otaglar ýerleşdirilse, ikinji gatynda – tehniki gurnaklar, syýasy-bilim gurnaklary, tans gurnagy, dynç alyş otagy, kitaphana, dürli oýunlar otagy ýerleşdirilipdir.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny çyzga geçirmegiň ýekebara görnüşiniň örän uly ähmiýeti bar. Ol şol etrap, şäher, oba ilatynyň islegini, milli arhitektura görnüşleri, howa ýagdaýyny we ş.m. göz öňüne tutmaklyga mümkinçilik berýär. Esasan-da, ýekebara çyzgyda ýerli gurluşyk serişdeleri peýdalanmaklyga mümkinçilik döreýär.

Çyzgy saýlanyp alnandan soň, medeni-dynç alyş edarasynyň binasynyň esasy çyzgysy çyzgy guramasynyň üsti bilen jaýyň salynjak ýeri bilen baglanyşdyrylýar. Şondan soň gurluşyk edarasy – potratçy bilen şertnama baglaşýar.

Buýrujy häkimligiň düýpli gurluşyk bölümi bolup biler. Medeni-dynç alyş edaralary bilen potrat guramasynyň baglaşan şertna-

masynda iki tarapyň-da hukuklary we borçlary, işleriň etaplar boýunça yerine yetirmeli möhletleri hem-de medeni-dynç alyş edaralarynyň ulanylmaga berilmeginiň hem-de şol medeniýet ojagyny doly tabşyrmagyň möhleti kesgitlenyär.

Potratçy gurama medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny guramaklyga gerek ähli gurluşyk serişdeleri, tipleşdirilen abzallary, ýörite abzallary we gurallary bilen buýryjynyň talabyna laýyklykda üpjün edýär. Buýrujy gurama gurluşygy çyzgy resminamalar bilen üpjün etmeklige, yzygiderli maliýeleşdirip durmaklyga, işleriň hiline we bellenilen möhletlerine gözegçilik etmelidir.

Kähalatlarda, potratçy guramalaryň ýok ýerlerinde, gurluşyk hojalyk usuly bilen amala aşyrylyp bilner. Bu hili ýagdaýda gurluşygy gerekli serişdeler, işçi güýji bilen üpjün etmeklik dolulygyna medeni-dynç alyş edarasyny buýrujylaryň paýyna duşýär.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýynyň gurluşygy doly gutarandan soň, potratçy gurama ony ykrarnama düzmek bilen buýruja tabşyrýar. Kabul ediş toparynyň düzümine iki tarapyň hem wekilleri, gurluşyk bilen bagly beýleki edaralaryň we guramalaryň, jemgyýetçilik edaralarynyň wekilleri-de girýär.

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny abzallaşdyrmak we ulanmak

Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýynyň abzallary we bezegi oňa gelýän adamlara gözellik terbiýesini bermeklige ýardam bermelidir.

Täze medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýy tabşyrylanda, ol elektrik ýagtyldyjy, sowadyjy, howalandyryş, suw bilen hem-de gerekli mebeller, tehniki abzallar we ýörite enjamlar bilen üpjün edilen ýagdaýda tabşyrmalydyr.

Köpçülik çärelerini geçirmek üçin stasionar, radio, kino almak üçin abzallar, laborotoriýa, çyzgy we ses ýazmak üçin enjamlar, radiopriýomnikler, telewizorlar, sahna abzallary, ses güýçlendiriji abzallar, sergi stellajlary, witrinalar, saz gurallary we ş.m. bilen medeni-dynç alyş edarasy üpjün edilmelidir.

Medeni-dynç alyş edaralary abzallaşdyrylanda we bezelende ekologiýa, sanitariýa talaplaryny, ýangyna garşy çärelerini göz öňüne tutmak gerek.

Medeni-dynç alyş edaralarynda gerekli abzallary, enjamlary döwlet we jemgyýetçilik, üpjünçilik guramalaryndan, söwda edaralaryndan buýurma etmeklik we satyn almaklyk ýoly bilen alynýar.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyndaky gurnaklar we beýleki maksatlar üçin göz öňüne tutulan otaglar özlerine mahsus bolan enjamlar bilen üpjün edilmelidir. Munuň üçin ýörite görkezijiler bar.

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny we onuň hasabynda duran zatlary bejermek

Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny we onuň hasabynda durýan zatlary oňat ýagdaýda saklamak üçin medeni-dynç alyş edarasynyň ýolbaşçysy olary bejergi edip durmagy göz öňünde tutmalydyr, ol işleri maliýeleşdirmek üçin alada etmelidir.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny, onuň hasabynda duran zatlarynyň we abzallarynyň bejergi işleri iki hili görnüşde – düýpli we günübirin (tekuşyý) görnüşlerde alnyp barylýar.

Düýpli bejergi işleri medeni-dynç alyş edarasynyň jaýy we onuň abzallary uzak wagt ulanylandan soň, olary öňki ýagdaýyna getirmek maksady bilen geçirilýär. Muňa medeni-dynç alyş edaralarynyň diwarlaryny, binýadyny berkitmek, üstüniň agaçlaryny çalşyrmak, suwamak, reňklemek /35 göterimden az bolmadyk ýerini/, poly çalyşmak we ş. m. işler girýär.

Düýpli bejergi işleri hem edil medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny täzeden guramakdaky edilýän işler ýaly tertipde geçirilýär. Bu bejergi işini geçirmek üçin, potratçy guramalary bilen şertnama baglaşmak gerek ýa-da hojalyk usuly bilen geçirmekligi meýilleşdirmek gerek.

Düýpli bejergi işini geçirmek üçin medeni-dynç alyş edaralarynyň ýolbaşçysy degişli gurluşyk edarasynyň kömegi bilen tehniki we hasapnama resminamalaryny taýýarlaýar.

Munuň üçin ýörite topar işiň möçberini kesgitleýär. Onuň netijesi boýunça ýörite ykrarnama resminamasy düzülýär. Bu resminama düzülende, çyzgy – hasapnama resminamasy esas bolup hyzmat edýär. Hasapnamada aşakdaky görkezijiler görkezilmelidir: gerekli serişdeleriň san ýazgysy, işleriň her bir görnüşi boýunça sarp edijilik görkezijileri, olaryň bahasy, işçileriň şol işler üçin zähmet haky we işler üçin zähmet hakynyň fondy /ulag, hasapnamanyň bahasy/ görkezilýär. Esasy sanawynda işleriň başlanjak we gutarjak wagtlary bellenilýär. Hasapnama hem-de esasy sanaw häkimlik tarapyndan tassyklanýar.

Düýpli bejergi üçin gerekli serişde ýerli häkimlik tarapyndan bölünip berilýär. Kähalatlarda medeni-dynç alyş edaralary bu serişdäniň üstüne öz gazanan ýörite serişdelerinden hem goşýarlar.

Bejergi işleri doly tamamalanandan soň, buýrujynyň we potratçynyň wekilllerinden düzülen topar işleri ykrarnanama boýunça kabul edýär. Şol ykrarnamada olar işleriň hilini, ýetmezçiliklerini görkezýärler. Olary düzetmeklige möhlet berilýär.

Günübirin bejergi işleri medeni-dynç alyş edaralaryny gowy ýagdaýda saklamak üçin geçirilýär. Oňa medeni-dynç alyş edaralarynyň içini-daşyny agartmak, reňklemek, käbir otagyň poluny täzelemek, gapylary, penjireleri, bejermek ýaly ýeňil işler girýär. Bu bejergi işine mebelleri, gerek enjamlary bejergi etmeklik ýaly işlerde girýär.

Bejergi işlerine taýýarlyk işi, meýilleşdirmek, gerekli resminamalary taýýarlamak we ş.m. işler, edil düýpli bejeriş işlerine meňzeşdir.

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň hasabynda duran emläkleriň kitaby

Medeni-dynç alyş edaralarynda alynýan ähli zatlaryň berk hasaby alnyp barylýar. Medeni-dynç alyş edaralarynyň emlägi iki görnüşli hasaba alnyş boýunça amala aşyrylýar Olar hasaplaşyk we syn, derňew edijilik görnüşinde. Hasapçylyk hasaba alnan gurallary,

mebelleri, enjamlary, emläkleri we ş.m. beren guramanyň hasap belgisi esasynda alnyp barylýar. Bu hasaba alyşda, esasan, alnan zatlaryň bahasyna üns berilýär.

Syn-derňew edijilik hasaba almaklyk ýörite emläkler kitabynda ýa-da emläkler kartoçka-pasportynda alnyp barylýar.

Emläkler kitabyna ýazgy aşakdaky görnüş boýunça geçirilýär:

| Tertip belgisi | Emlägiň ady | Nireden alnan | Emlägiň gelen senesi we wagty | Haýsy resminama boýunça | Bahasy | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|

Emläk kitabynyň sahypalary belgilenýär, ýüp bilen berkidilýär, möhür basylýar we oňa ýolbaşçy tarapyndan gol çekilýär. Kitapda ýazgylary düzetmeklige, hapalamaklyga we arassalamaklyga rugsat berilmeýär.

Emläk kitabyna her bir emläk aýratynlykda ýazylýar we oňa emläk hasaba alyş belgisi goýulýar.

Hasapda duran emläkleriň we abzallaryň abat saklanmagyna, olaryň dogry we doly hasaba alnyşyna medeni-dynç alyş edaralarynyň ýolbaşçysy jogap berýär. Işgärleriň medeni-dynç alyş edaralarynyň emlägine jogapkärçiligini artdyrmak üçin medeni-dynç alyş edaralarynyň ýolbaşçysy emläkleri, gurallary, abzallary bölüm ýolbaşçylaryna, usulçylara, gurnaklaryň toparlaryň ýolbaşçylaryna ykrarnama boýunça tabşyrýar. Işgärler çalşylanda, ýolbaşçynyň görkezmesi boýunça emläkler ykrarnama bilen täze işgärlere berilýär.

Könelen, mundan beýläk ulanmaklyga mümkinçiligi ýok emläkler, medeni-dynç alyş edaralarynyň hasabyndan çykarylýar. Munuň üçin ýörite topar döredilýär we olaryň gatnaşmagynda ykrarnama düzülýär. Hasapdan çykarylýan zatlar emläk kitabyndan çykarylýar. Şol ýerde haýsy resminama boýunça hasapdan çykarylýanlygy barada bellik edilýär.

Yzgiderli, ýylda bir gezek arçynlyk, medeniýet bölümi tarapyndan bellenen emläk derňew-barlag topary medeni-dynç alyş edaralarynyň emläginiň hasabyny tükellemek üçin barlag-derňew

geçirýär. Topar emläkler kitabynda ýazylan zatlaryň medeni-dynç alyş edaralarynyň hojalygynda barlygyny ýa-da ýoklugyny anyklaýar. Barlag-derňew toparynyň iş netijesi ykrarnama-da görkezilip, arçynlyga, medeniýet bölümine tabşyrylýar. Olar ykrarnama seredip, ony tassyklanlaryndan soň, emläkleri hasapdan çykarmaklyk güýje girýär.

Medeni-dynç alyş edaralarynyň emläk kitaby mydamalyk saklanmaly resminamalaryň hataryna girýär. Medeni-dynç alyş edaralarynyň ýolbaşçylary çalşylanda, ol ykrarnama ýazmak esasynda täze ýolbaşça tabşyrylýar

## Medeni-dynç alyş edaralarynyň emlägini we işlerini kabul etmek hem tabşyrmak

Medeni-dynç alyş edaralarynyň ýolbaşçysy täzelenende hökman medeni-dynç alyş edaralarynyň emlägi we iş kagyzlary tabşyrylýar we kabul edilýär. Munuň üçin arçynlyk, medeniýet bölümi tarapyndan ýörite topar döredilýär. Onuň düzümine arçynlygyň (medeniýet bölüminiň), hasaphananyň, jemgyýetçilik guramasynyň, medeni-dynç alyş edaralarynyň geňeşiniň wekilleri goşulýar. Kabul edilmegiň we tabşyrylyşyň jemi boýunça ýörite ykrarnama düzülýär. Bu ykrarnamada medeni-dynç alyş edaralarynyň ýagdaýy, onyň jaýy, emlägi, maliýe seridesi, ýüze çykarylan kemçilikler görkezilýär.

Ykrarnama gol çekilmezden öň, medeni-dynç alyş edaralarynyň geňeşiniň ýygnagynda ol ara alnyp maslahatlaşylýar we şondan soň gol çekilýär.

Arçynlyk, etrap medeniýet bölümi on güne çenli möhletde ykrarnama bilen tanyşýar we ondaky görkezilen kemçilikleri düzetmeklik barada çäreleri görýär.

**Ykrarnama aşakdaky görnüşde düzülýär:**

**«Tassyklaýaryn»**

**Mary welaýatynyň medeniýet müdirliginiň başlygy:**

**______________________________________**

**20__ ý. «_____» _____________ -y.**

**Medeni-dynç alyş edaralarynyň emlägini we işlerini tabşyrmaklygyň we kabul etmekligiň ykrarnamasy**

Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň medeniýet bölümi
« _______» sene ________________ aý ____________ ýyl.
Biz şu aşakdaky gol çekenler__________________________
Şu aşakdaky ykrarnamany düzdük
Şu aşakdakylara seredildi:

1. Köpçülik işleriniň ýagdaýyna we meýilnamalaryň ýerine ýetirilişine.
2. Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýynyň ýagdaýy bilen.
3. Ähli emläk ýazgylary boýunça ______________________emläk bar.
4. Hakykatda________________________________________emläk bar.
5. Peýdalanyp bolmajak köne zatlar_____________________________
6. Emläk kitaba ýazylmaýan zatlar______________________________
7. Gurluşyk serişdeleri we beýlekiler /kagyz, reňk we ş.m/
8. Medeni-dynç alyş edaralarynyň ýyllyk hasapnamalarynda ___________ manat
9. Girdeji we çykdajy kitabynda:
   __________ ýyl üçin girdeji __________ manat,
   Harçlanan _____________ manat.
10. Medeni-dynç alyş edaralarynyň tabşyrylan wagtynda şu aşakdaky iş meýilnamasy bar.________________________________________
    ___________________________________________________________
    ___________________________________________________________

Medeni-dynç alyş edaralaryny tabşyrýanyň goly ___________
Medeni-dynç alyş edaralaryny kabul edýäniň goly ___________
Arçynlygyň wekiliniň goly ___________
Etrap medeniýet bölüminiň müdiriniň goly ___________

# Medeniýet edaralarynda resmi iş kagyzlarynyň ýöredilişi

Her bir edarada bolşy ýaly, medeniýet edaralarynda hem wagtlaýyn we hemişelik saklanylýan we peýdalanylýan resmi iş kagyzlary bolýar /düzgünnamalar, ýolbaşçynyň görkezmeleri (instruksiýalar), ýokarda durýan döwlet we jemgyýetçilik guramalarynyň görkezmeleri we buýruklary we ş.m. Resmi iş kagyzlary ýöretmek, olary hasaba almak, bukjalaryň içindäki kagyzlaryny ýerbeýer goýmak, olary hasaba almak, bukjalarda saklanylýan resmi iş kagyzlaryny gorap saklamak,olardan peýdalanmak we olara jogap bermeklik medeni-dynç alyş edarasynyň ýolbaşçysynyň paýyna düşýär. Resmi iş kagyzlary toparlara bölünip, ýörite bukjalarda saklanylýar.

Resmi iş kagyzlar nomenklaturasy Medeniýet ministrligi tarapyndan tassyklanylýar. Aýratyn kitaplarda medeni-dynç alyş edaralaryna gelýän we gidýän hatlaryň hasaby alnyp barylýar. Mundan başga-da medeni-dynç alyş edaralarynyň iş meýilnamalary, hasabatlary, maliýe işleri, ýygnaklarynyň beýanlary, konsertleriň meýilnamalary, derňew-barlag işleriniň ykrarnamalary we ş.m. saklanylýan ýörite bukjalar döredilýär.

Medeni-dynç alyş edaralaryda işi tabşyrmaklyk we kabul etmeklik üçin resmi iş kagyzlary ykrarnama boýunça tabşyrylýar we kabul edilýär.

## Medeniýet edaralarynda şu aşakdaky resmi iş kagyzlary ýöredilýär:

1. Edaralar barada düzgünnama.
2. Merkezleşdirilen medeni-dynç alyş edarasy barada düzgünnama.
3. Kärdeşler arkalaşyklarynyň medeni-dynç alyş edaralary barada düzgünnama.
4. Býujet we ýörite serişdeleriniň smetalarynyň göçürmeleri.
5. Medeni-dynç alyş edaralarynyň hasaba alyş kitaby.
6. Iş meýilnamalarynyň ähli görnüşleri.

7. Gurnaklaryň, gyzyklanmalar birleşmeleriniň iş kagyzlary.
8. Gurnaklaryň we gyzyklanmalar birleşmeleriniň hasabat kitaby.
9. Emläkleri hasaba alyş kitaby.
10. Ýokary guramalaryň görkezmeler bukjasy.
11. Medeni-dynç alyş edaralaryna gelýän we çykýan hatlary hasaba alyş kitaby.
12. Medeniýet ministrligi tarapyndan kabul edilen tertipnamasy (normatiwi).
13. Medeni-dynç alyş edaralarynyň emlägini, iş kagyz resminamalaryny tabşyrmaklygyň we kabul etmekligiň, tükellemekligiň( inwertizasiýa) ykrarnama bukjasy.
14. San, habar beriji we ilatyň öňündäki hasabatyň beýanlarynyň bukjasy.
15. Medeni-dynç alyş edaralarynyň çäreleriniň ssenarisiniň, konsertleriň, agitbrigadalarynyň çykyşlarynyň meýilnamasynyň we ş.m. bukjasy.
16. Habar beriji stolyň işini hasaba almagyň kitaby.
17. Maliýe resminamalarynyň bukjasy.
18. Petek (bilet) hojalygynyň bukjasy.
19. Medeni-dynç alyş edaralarynyň halk toparlarynyň, gyzyklanmalar birleşmeleriniň düzgünnamalarynyň bukjasy.
20. Okuw-usulyýet otagynyň iş kagyzlaryny saklamak üçin niýetlenen bukjalar.

TÜRKMENISTANYŇ MEDENIÝET WE TELERADIOÝAÝLYMLAR MINISTRLIGI

MINISTRY OF CULTURE AND TV & RADIO BROADCASTING OF TURKMENISTAN

**BUÝRUK** **ORDER**

744000, Aşgabat ş., Bitarap Türkmenistan ş., 461
Tel.: 44-00-33; Faks: 35-35-60

744000, 461, Bitarap Turkmenistan av., Ashgabat
Phone: 44-00-33; Fax: 35-35-60

«01» 05 2010 ý. № 128 g

**Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň garamagyndaky medeniýet edaralarynyň işgärleriniň wezipe sanawynyň düzümini we kadalaşdyrylan wezipe iş birlikleriniň möçberlerini tassyklamak hakynda**

Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň garamagyndaky teatrlaryň, kitaphanalaryň, muzeýleriň, taryhy we medeni goraghanalaryň, Aşgabat şäher hem-de welaýat medeniýet müdirlikleriniň, etrap we şäher medeniýet bölümleriniň, welaýat, şäher we etrap medeniýet köşkleriniň, Aşgabat şäher, welaýat, etrap we şäher medeniýet merkezleriniň, oba we şäherçe medeniýet öýleriniň, beýleki medeniýet edaralarynyň, şeýle hem olaryň ýanyndaky merkezleşdirilen buhgalteriýalaryň düzüm gurluşlaryny kämilleşdirmek we wezipe birliklerini ýerine ýetirilýän işleriniň möçberlerine laýyklykda tertipleşdirmek maksady bilen,

**BUÝURÝARYN:**

1. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen ylalaşylan, Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň garamagyndaky teatrlaryň, kitaphanalaryň, muzeýleriň, taryhy we medeni goraghanalaryň, Aşgabat şäher hem-de welaýat medeniýet müdirlikleriniň, etrap we şäher medeniýet bölümleriniň, welaýat we şäher medeniýet köşkleriniň, Aşgabat şäher, welaýat, etrap we şäher medeniýet merkezleriniň, oba we şäherçe medeniýet öýleriniň, beýleki medeniýet edaralarynyň, şeýle hem olaryň ýanyndaky merkezleşdirilen buhgalteriýalaryň işgärleriniň wezipe sanawynyň tertibini hem-de wezipe iş birlikleriniň kadalaryny şu buýrugyň **1–18** goşundylaryna laýyklykda tassyklamaly hem-de 2010-njy ýylyň 1-nji maýyndan herekete girizmeli.
2. Aşgabat şäheriniň, welaýatlaryň medeniýet müdirlikleriniň başlyklary, teatrlaryň, kitaphanalaryň, muzeýleriň, taryhy we medeni goraghanalaryň, beýleki medeniýet edaralarynyň ýolbaşçylary medeniýet edaralarynyň işgärleriniň häzirki wagtda hereket edýän wezipe sanawyny hem-de wezipe iş birlikleriniň sanyny 2010-njy ýylyň 1-nji maýyndan herekete girizilen medeniýet edaralarynyň işgärleriniň wezipe sanawynyň tertibine we wezipe iş birlikleriniň kadalaryna laýyk getirmeli.
3. Aşgabat şäheriniň, welaýatlaryň medeniýet müdirlikleriniň başlyklary medeniýet müdirlikleriniň düzüminde iş toparyny döretmeli we ozaldan hereket edýän döredijilik toparlarynyň işine seljerme geçirmeli hem-de bildirilýän talaplara laýyk

gelýän döredijilik toparlaryny täze tertibe laýyklykda hereket edýän medeniýet merkezleriniň düzümine 2010-njy ýylyň 1-nji awgustyndan girizmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamaly.

**4.** Medeniýet edaralarynyň işgärleriniň wezipe sanawynyň tertibiniň hem-de wezipe iş birlikleriniň kadalarynyň 2010-njy ýylyň 1-nji maýyndan herekete girizilmegi bilen, goşmaça talap edilýän wezipe birlikleriniň maliýeleşdirilmegini 2010-njy ýyl üçin göz öňünde tutulan býujet serişdeleriniň çäginde amala aşyrmaly.

**5.** Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň 2006-njy ýylyň ýanwar aýynyň 31-indäki „Kitaphanalaryň wezipe birlikleri hakynda“ 21-g belgili, 2006-njy ýylyň oktýabr aýynyň 4-indäki „Etrap medeniýet merkezlerine goşulan kitaphana bölümleriniň işgärleriniň wezipe sanawy hakynda“ 154-g belgili, 2006-njy ýylyň fewral aýynyň 14-indäki „Muzeýleriň wezipe birlikleri hakynda“ 27-g belgili buýruklarynyň güýjüni ýitiren hasap etmeli.

**6.** Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegi ministriň orunbasary A.Orazmuhammedowa, ministrligiň degişli bölümleriniň başlyklaryna tabşyrmaly.

**Türkmenistanyň medeniýet we teleradioýaýlymlar ministri** **G.Myradow**

**„YLALAŞYLDY“**
Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi

---

Bu ministrlik Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň oktýabr aýynyň 17-sindäki 11871 belgili Karary esasynda Türkmenistanyň Medeniýet ministrligine hem-de Türkmenistanyň telewideniýe, radiogepleşikler we kinemotografiýa baradaky döwlet komitetine bölündi.

Türkmenistanyň medeniýet ministriniň
2010-njy ýylyň _______aýynyň
«___» ___belgili buýrugynyň
**9-njy goşundysy**

**Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky welaýat medeniýet müdirlikleriniň esasy hünärmenleriniň wezipe sanawy**

| T/b | Iş wezipeleriniň atlary | Welaýat medeniýet müdirlikleriň dolandyrmaly edaralarynyň sanyna görä kesgitlenen iş birlikleri | | |
|---|---|---|---|---|
| | | 1-den 200-e çenli | 201-den 300-e çenli | 301-den 400-e çenli |
| 1. | **Müdirligiň başlygy** | 1 | 1 | 1 |
| 2. | Müdirligiň başlygynyň orunbasary | 1 | 1 | 1 |
| 3. | Işgärler boýunça 1-nji derejeli hünärmen | 1 | 1 | 1 |
| 4. | Kätip | 1 | 1 | 1 |
| 5. | **Bölümiň başlygy (işiň esasy ugurlary boýunça)** | 1 | 1 | 1 |
| 6. | Baş hünärmen | 1 | 1 | 1 |
| 7. | Esasy hünärmen | 1 | 1 | 1 |
| 8. | 1-nji derejeli hünärmen | 1 | 1 | 2 |
| 9. | 2-nji derejeli hünärmen | 1 | 2 | 2 |
| 10. | Hünärmen | 1 | 2 | 2 |
| 11. | **Bölümiň başlygy-baş buhgalter (ykdysadyýet, hasabat we maliýe ugurlary boýunça)** | | | |
| 12. | Baş hünärmen (ykdysadyýetçi, derňewçi) | 1 | 1 | 1 |
| 13. | Esasy hünärmen (ykdysadyýetçi, buhgalter) | 1 | 1 | 2 |
| 14. | Arhiwçi | 1 | 1 | 1 |
| 15. | Hojalyk müdiri | 1 | 1 | 1 |
| **JEMI:** | | **15,0** | **17,0** | **19,0** |

**BELLIK :**

**1. Tam süpürijiniň** wezipesi edaranyň arassalanylýan meýdanynyň her 720 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**2. Töwerekdäki çäkleri abadanlaşdyrmak boýunça işçiniň** wezipesi edaranyň süpürilýän meýdanynyň her 12.000 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär, ýerine ýetirilýän iş kadadan az bolan ýagdaýynda, işgärleriň we iş hakynyň hasaby işçiniň ýerine ýetirýän hakyky işiniň möçberine laýyklykda amala aşyrylýar;

**3.** Medeniýet edaralarynyň beýleki we hyzmat edýän işgärleriniň, şeýle-de inženerçilik-tehniki gullugynda işleýänleriň sanawy hem-de onuň üçin zerur bolan iş birlikleriniň möçberi, edaralaryň binalarynyň degişli ölçeg maglumatlaryna laýyklykda kesgitlenilýär, şunda täze häzirki zaman bir sany binanyň ýyladyş we sowadyş ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** we çalşykda işlemek üçin 3 iş birlik **nobatçy tehnigiň,** elektrik, gaz, suw ulgamlaryny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň,** häzirki zaman binalarda oturdylan kompýuter ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** wezipeleri girizilmäge degişlidir;

**4.** Häzirki hereket edýän binalarda özbaşdak (suw, gaz, bug) ýyladyş ulgamy bolan edaralarda ýyladyş döwründe çalşykda işlemek üçin 3 iş birligi möçberinde **maşinistiň (ot ýakyjynyň)** wezipesi girizilýär;

**5. Elektrigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**6. Ussa-santehnigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär.

**7. Sürüjiniň** wezipesi edaranyň hasabynda duran gurat awtoulag serişdesi bolan ýagdaýynda, her awtoulag üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**8. Garawulyň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 3 iş birligi möçberinde girizilýär;

* *ýokarda görkezilen ýöriteleşdirilen wezipeler girizilende işe kabul ediljek hünärmenleriň iş tejribesi (stažy) we hünär derejesi (kategoriýasy) göz öňünde tutulmalydyr.*

**«Ylalaşyldy»**
**Türkmenistanyň Ykdysadyýet**
**we ösüş ministrligi**

18. Sargyt № 2130

Türkmenistanyň medeniýet ministriniň
2010-njy ýylyň ______aýynyň
«___» ____belgili buýrugynyň
**10-njy goşundysy**

**Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň esasy hünärmenleriniň wezipe sanawy**

| T/b | Iş wezipeleriniň atlary | Wezipe birliginiň sany |
|---|---|---|
| 1. | **Müdirligiň başlygy** | 1 |
| 2. | Müdirligiň başlygynyň orunbasary | 1 |
| 3. | Işgärler boýunça 1-nji derejeli hünärmen | 1 |
| 4. | Kätip | 1 |
| 5. | **Bölümiň başlygy (işiň esasy ugurlary boýunça)** | 1 |
| 6. | Baş hünärmen | 1 |
| 7. | Esasy hünärmen | 1 |
| 8. | 1-nji derejeli hünärmen | 1 |
| 9. | 2-nji derejeli hünärmen | 1 |
| 10. | Hünärmen | 1 |
| 11. | **Bölümiň başlygy-baş buhgalter (ykdysady hasabaty we maliýe ugurlary boýunça)** | 1 |
| 12. | Baş hünärmen – ykdysadyýetçi | 1 |
| 13. | 1-nji derejeli – buhgalter | 1 |
| 14. | Arhiwçi | 1 |
| 15. | Hojalyk müdiri | 1 |
| **JEMI:** | | **15,0** |

**B E L L I K :**

**1. Tam süpürijiniň** wezipesi edaranyň arassalanylýan meýdanynyň her 720 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**2. Töwerekdäki çäkleri abadanlaşdyrmak boýunça işçiniň** wezipesi edaranyň süpürilýän meýdanynyň her 12.000 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär, ýerine ýetirilýän iş kadadan az bolan ýagdaýynda, işgärleriň we iş hakynyň hasaby işçiniň ýerine ýetirýän hakyky işiniň möçberine laýyklykda amala aşyrylýar;

**3.** Medeniýet edaralarynyň beýleki we hyzmat edýän işgärleriniň, şeýle-de inženerçilik-tehniki gullugynda işleýänleriň sanawy hem-de onuň üçin zerur bolan iş birlikleriniň möçberi, edaralaryň binalarynyň degişli ölçeg maglumatlaryna laýyklykda kesgitlenilýär, şunda täze häzirki zaman bir sany binanyň ýyladyş we sowadyş ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** we çalşykda işlemek üçin 3 iş birlik **nobatçy tehnigiň,** elektrik, gaz, suw ulgamlaryny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň,** häzirki zaman binalarda oturdylan kompýuter ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** wezipeleri girizilmäge degişlidir;

**4.** Häzirki hereket edýän binalarda özbaşdak (suw, gaz, bug) ýyladyş ulgamy bolan edaralarda ýyladyş döwründe çalşykda işlemek üçin 3 iş birligi möçberinde **maşinistiň (ot ýakyjynyň)** wezipesi girizilýär;

**5. Elektrigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**6. Ussa-santehnigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär.

**7. Sürüjiniň** wezipesi edaranyň hasabynda duran gurat awtoulag serişdesi bolan ýagdaýynda, her awtoulag üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**8. Garawulyň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 3 iş birligi möçberinde girizilýär;

* *ýokarda görkezilen ýöriteleşdirilen wezipeler girizilende işe kabul ediljek hünärmenleriň iş tejribesi (stažy) we hünär derejesi (kategoriýasy) göz öňünde tutulmalydyr.*

**«Ylalaşyldy»**
**Türkmenistanyň Ykdysadyýet**
**we ösüş ministrligi**

Türkmenistanyň medeniýet ministriniň
2010-njy ýylyň _____aýynyň
«___» ____belgili buýrugynyň
**11-nji goşundysy**

**Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky etrap, şäher medeniýet bölümleriniň esasy hünärmenleriniň wezipe sanawy**

| T/b | Iş wezipeleriniň atlary | Wezipe birliginiň sany |
|---|---|---|
| 1. | **Bölümiň başlygy** | 1 |
| 2. | Usulýetçi | 1 |
| 3. | Işgärler boýunça hünärmen | 1 |
| 4. | 1-nji derejeli hünärmen (medeniýet we sungat ugry boýunça) | 1 |
| 5. | 1-nji derejeli hünärmen (okuw mekdepleri, muzeýler we kitaphanalar boýunça) | 1 |
| **JEMI:** | | **5,0** |

**B E L L I K :**

**9. Tam süpürijiniň** wezipesi edaranyň arassalanylýan meýdanynyň her 720 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**10. Töwerekdäki çäkleri abadanlaşdyrmak boýunça işçiniň** wezipesi edaranyň süpürilýän meýdanynyň her 12.000 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär, ýerine ýetirilýän iş kadadan az bolan ýagdaýynda, işgärleriň we iş hakynyň hasaby işçiniň ýerine ýetirýän hakyky işiniň möçberine laýyklykda amala aşyrylýar;

**11.** Medeniýet edaralarynyň beýleki we hyzmat edýän işgärleriniň, şeýle-de inženerçilik-tehniki gullugynda işleýänleriň sanawy hem-de onuň üçin zerur bolan iş birlikleriniň möçberi, edaralaryň binalarynyň degişli ölçeg maglumatlaryna laýyklykda kesgitlenilýär, şunda täze häzirki zaman bir sany binanyň ýyladyş we sowadyş ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** we

çalşykda işlemek üçin 3 iş birlik **nobatçy tehnigiň,** elektrik, gaz, suw ulgamlaryny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň,** häzirki zaman binalarda oturdylan kompýuter ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** wezipeleri girizilmäge degişlidir;

**12.** Häzirki hereket edýän binalarda özbaşdak (suw, gaz, bug) ýyladyş ulgamy bolan edaralarda ýyladyş döwründe çalşykda işlemek üçin 3 iş birligi möçberinde maşinistiň (ot ýakyjynyň) wezipesi girizilýär;

**13. Elektrigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**14. Ussa-santehnigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär.

**15. Sürüjiniň** wezipesi edaranyň hasabynda duran gurat awtoulag serişdesi bolan ýagdaýynda, her awtoulag üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**16. Garawulyň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 3 iş birligi möçberinde girizilýär;

* *ýokarda görkezilen ýöriteleşdirilen wezipeler girizilende işe kabul ediljek hünärmenleriň iş tejribesi (stažy) we hünär derejesi (kategoriýasy) göz öňünde tutulmalydyr.*

**«Ylalaşyldy»**
**Türkmenistanyň Ykdysadyýet**
**we ösüş ministrligi**

Türkmenistanyň medeniýet ministriniň
2010-njy ýylyň ______aýynyň
«___» ___belgili buýrugynyň
**12-nji goşundysy**

**Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky welaýat, etrap we şäher medeniýet köşkleriniň esasy hünärmenleriniň wezipe sanawy**

| T/b | Iş wezipeleriniň atlary | Etrap we şäher medeniýet köşgi | Welaýat medeniýet köşgi |
|---|---|---|---|
| 1. | **Direktor** | 1 | 1 |
| 2. | Direktoryň orunbasary | – 1 | |
| 3. | Baş režissýor | 1 | 1 |
| 4. | Sergi zalynyň müdiri | – 1 | |
| 5. | Medeni çäreleriň guramaçysy | 1 | 1 |
| 6. | Esasy usulyýetçi | 1 | 1 |
| 7. | Kätip | 1 | 1 |
| 8. | Suratçy-bezegçi | 1 | 1 |
| 9. | Sahna yşyklandyryjysy | 1 | 1 |
| 10. | Ses operator | 1 | 1 |
| 11. | Estrada orkestriniň çeper ýolbaşçysy | 1 | 1 |
| 12. | Estrada orkestriniň artisti (sazanda) I-derejeli | 5 | 5 |
| 13. | Estrada orkestriniň artisti (sazanda) II-derejeli | 5 | 5 |
| 14. | Ulular tans toparynyň çeper ýolbaşçysy | 1 | 1 |
| 15. | Akkomponiator | 1 | 1 |
| 16. | Tans toparynyň artisti (tansçy) I-derejeli | 12 | 12 |
| 17. | Tans toparynyň artisti (tansçy) II-derejeli | 12 | 12 |
| 18. | Çagalar tans toparynyň çeper ýolbaşçysy | 1 | 1 |
| 19. | Tikinçi (eşik saklaýjy) | 1 | 1 |
| 20. | **Bölümiň başlygy-baş buhgalter (ykdysadyýet, hasabat we maliýe ugurlary boýunça)** | | |
| | 1 | 1 | |
| 21. | I-derejeli buhgalter | 1 | 1 |
| 22. | Hojalyk müdiri | 1 | 1 |
| | **JEMI:** | **52,0** | **50,0** |

<u>**B E L L I K :**</u>

**17. Tam süpürijiniň** wezipesi edaranyň arassalanýan meýdanynyň her 720 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**18. Töwerekdäki çäkleri abadanlaşdyrmak boýunça işçiniň** wezipesi edaranyň süpürilýän meýdanynyň her 12.000 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär, ýerine ýetirilýän iş kadadan az bolan ýagdaýynda, işgärleriň we iş hakynyň hasaby işçiniň ýerine ýetirýän hakyky işiniň möçberine laýyklykda amala aşyrylýar;

**19.** Medeniýet edaralarynyň beýleki we hyzmat edýän işgärleriniň, şeýle-de inženerçilik-tehniki gullugynda işleýänleriň sanawy hem-de onuň üçin zerur bolan iş birlikleriniň möçberi, edaralaryň binalarynyň degişli ölçeg maglumatlaryna laýyklykda kesgitlenilýär, şunda täze häzirki zaman bir sany binanyň ýyladyş we sowadyş ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** we çalşykda işlemek üçin 3 iş birlik **nobatçy tehnigiň,** elektrik, gaz, suw ulgamlaryny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň,** häzirki zaman binalarda oturdylan kompýuter ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** wezipeleri girizilmäge degişlidir;

**20.** Häzirki hereket edýän binalarda özbaşdak (suw, gaz, bug) ýyladyş ulgamy bolan edaralarda ýyladyş döwründe çalşykda işlemek üçin 3 iş birligi möçberinde maşinistiň (ot ýakyjynyň) wezipesi girizilýär;

**21. Elektrigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**22. Ussa-santehnigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär.

**23. Sürüjiniň** wezipesi edaranyň hasabynda duran gurat awtoulag serişdesi bolan ýagdaýynda, her awtoulag üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**24. Garawulyň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 3 iş birligi möçberinde girizilýär;

* *ýokarda görkezilen ýöriteleşdirilen wezipeler girizilende işe kabul ediljek hünärmenleriň iş tejribesi (stažy) we hünär derejesi (kategoriýasy) göz öňünde tutulmalydyr.*

**«Ylalaşyldy»**
**Türkmenistanyň Ykdysadyýet**
**we ösüş ministrligi**

Türkmenistanyň medeniýet ministriniň
20__-njy ýylyň _____aýynyň
«___» __belgili buýrugynyň
**13-nji goşundysy**

**Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky Aşgabat şäher we welaýat medeniýet merkezleriniň (medeniýet öýleriniň) esasy hünärmenleriniň wezipe sanawy**

| T/b | Iş wezipeleriniň atlary | Wezipe birliginiň sany |
|---|---|---|
| 1. | Direktor | 1 |
| 2. | Medeni çäreleriň guramaçysy | 1 |
| 3. | Usulyýetçi | 1 |
| 4. | Kätip | 1 |
| 5. | Režissýor | 1 |
| 6. | Suratkeş-bezegçi | 1 |
| 7. | Estrada orkestriniň çeper ýolbaşçysy | 1 |
| 8. | Estrada orkestriniň artisti (sazanda) I-derejeli | 7 |
| 9. | Estrada orkestriniň artisti (sazanda) II-derejeli | 7 |
| 10. | Ses operatory | 1 |
| 11. | Çagalar tans toparynyň çeper ýolbaşçysy | 1 |
| 12. | Ulular tans toparynyň çeper ýolbaşçysy | 1 |
| 13. | Tans toparynyň artisti (tansçy) I-derejeli | 12 |
| 14. | Tans toparynyň artisti (tansçy) II-derejeli | 12 |
| 15. | Tikinçi (eşik saklaýjy) | 1 |
| 16. | Hojalyk müdiri | 1 |
| **JEMI:** | | **50,0** |

**BELLIK :**

**25. Tam süpürijiniň** wezipesi edaranyň arassalanylýan meýdanynyň her 720 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**26. Töwerekdäki çäkleri abadanlaşdyrmak boýunça işçiniň** wezipesi edaranyň süpürilýän meýdanynyň her 12.000 inedördül met-

ri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär, ýerine ýetirilýän iş kadadan az bolan ýagdaýynda, işgärleriň we iş hakynyň hasaby işçiniň ýerine ýetirýän hakyky işiniň möçberine laýyklykda amala aşyrylýar;

**27.** Medeniýet edaralarynyň beýleki we hyzmat edýän işgärleriniň, şeýle-de inženerçilik-tehniki gullugynda işleýänleriň sanawy hem-de onuň üçin zerur bolan iş birlikleriniň möçberi, edaralaryň binalarynyň degişli ölçeg maglumatlaryna laýyklykda kesgitlenilýär, şunda täze häzirki zaman bir sany binanyň ýyladyş we sowadyş ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** we çalşykda işlemek üçin 3 iş birlik **nobatçy tehnigiň,** elektrik, gaz, suw ulgamlaryny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň,** häzirki zaman binalarda oturdylan kompýuter ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** wezipeleri girizilmäge degişlidir;

**28.** Häzirki hereket edýän binalarda özbaşdak (suw, gaz, bug) ýyladyş ulgamy bolan edaralarda ýyladyş döwründe çalşykda işlemek üçin 3 iş birligi möçberinde **maşinistiň (ot ýakyjynyň)** wezipesi girizilýär;

**29. Elektrigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**30. Ussa-santehnigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär.

**31. Sürüjiniň** wezipesi edaranyň hasabynda duran gurat awtoulag serişdesi bolan ýagdaýynda, her awtoulag üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**32. Garawulyň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 3 iş birligi möçberinde girizilýär;

**33.** Häzirki döwrüň talabyna laýyk täze gurlup, ulanylmaga berilýän medeniýet edaralarynyň yşyklandyryş enjamlar bilen üpjün edilen sahnasy üçin 1 iş birligi **sahna yşyklandyryjysy** wezipesi girizilýär.

* *ýokarda görkezilen ýöriteleşdirilen wezipeler girizilende işe kabul ediljek hünärmenleriň iş tejribesi (stažy) we hünär derejesi (kategoriýasy) göz öňünde tutulmalydyr.*

**«Ylalaşyldy»**
**Türkmenistanyň Ykdysadyýet**
**we ösüş ministrligi**

Türkmenistanyň medeniýet ministriniň
2010-njy ýylyň ______aýynyň
«___» __belgili buýrugynyň
**14-nji goşundysy**

**Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky etrap, şäher medeniýet merkezleriniň (medeniýet öýleriniň) esasy hünärmenleriniň wezipe sanawy**

| T/b | Iş wezipeleriniň atlary | Ilatyň sanyna baglylykda etrap we şäher medeniýet merkezleriniň wezipe sanawy | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 30.000-e çenli; | 31.000-60.000 | 61.000-90.000 | 91.000-120.000 | 121.000-160.000 | 160.000-den ýokary |
| 1. | Direktor | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| 2. | Medeni çäreleriň guramaçysy | – | – | – | 1 | 1 | 1 |
| 3. | Usulyýetçi | – | – | – | 1 | 1 | 1 |
| 4. | Režissýor | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| 5. | Suratkeş-bezegçi | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| 6. | Estrada orkestriniň çeper ýolbaşçysy | – | – | – | 1 | 1 | 1 |
| 7. | Estrada orkestriniň artisti (sazanda) I-derejeli | 2 | 3 | 4 | 4 | 5 | 6 |
| 8. | Estrada orkestriniň artisti (sazanda) II-derejeli | 2 | 3 | 4 | 4 | 5 | 6 |
| 9. | Ses operatory | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| 10. | Çagalar tans toparynyň çeper ýolbaşçysy | – | – | – | 1 | 1 | 1 |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 11. | Ulular tans toparynyň çeper ýolbaşçysy | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| 12. | Tans toparynyň artisti (tansçy) I-derejeli | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
| 13. | Tans toparynyň artisti (tansçy) II-derejeli | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
| 14. | Tikinçi (eşik saklaýjy) | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| 15. | Hojalyk müdiri | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| | **JEMI:** | **21** | **25** | **29** | **35** | **39** | **43** |

**B E L L I K :**

**34. Tam süpürijiniň** wezipesi edaranyň arassalanylýan meýdanynyň her 720 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**35. Töwerekdäki çäkleri abadanlaşdyrmak boýunça işçiniň** wezipesi edaranyň süpürilýän meýdanynyň her 12.000 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär, ýerine ýetirilýän iş kadadan az bolan ýagdaýynda, işgärleriň we iş hakynyň hasaby işçiniň ýerine ýetirýän hakyky işiniň möçberine laýyklykda amala aşyrylýar;

**36.** Medeniýet edaralarynyň beýleki we hyzmat edýän işgärleriniň, şeýle-de inženerçilik-tehniki gullugynda işleýänleriň sanawy hem-de onuň üçin zerur bolan iş birlikleriniň möçberi, edaralaryň binalarynyň degişli ölçeg maglumatlaryna laýyklykda kesgitlenilýär, şunda täze häzirki zaman bir sany binanyň ýyladyş we sowadyş ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** we çalşykda işlemek üçin 3 iş birlik **nobatçy tehnigiň,** elektrik, gaz, suw ulgamlaryny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň,** häzirki zaman binalarda oturdylan kompýuter ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** wezipeleri girizilmäge degişlidir;

**37.** Häzirki hereket edýän binalarda özbaşdak (suw, gaz, bug) ýyladyş ulgamy bolan edaralarda ýyladyş döwründe çalşykda işlemek üçin 3 iş birligi möçberinde **maşinistiň (ot ýakyjynyň)** wezipesi girizilýär;

**38. Elektrigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**39. Ussa-santehnigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär.

**40. Sürüjiniň** wezipesi edaranyň hasabynda duran gurat awtoulag serişdesi bolan ýagdaýynda, her awtoulag üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**41. Garawulyň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 3 iş birligi möçberinde girizilýär;

**42.** Häzirki döwrüň talabyna laýyk täze gurlup, ulanylmaga berilýän medeniýet edaralarynyň yşyklandyryş enjamlar bilen üpjün edilen sahnasy üçin 1 iş birligi **sahna yşyklandyryjysy** wezipesi girizilýär.

**43.** Etrap we şäher medeniýet merkezleriniň (medeniýet öýleriniň) ýerleşýän ýerine görä olaryň hyzmat etmeli ilat sanynyň artmagy esasynda, aşakdaky görkezijilere laýyklykda kesgitlenilen iş birlikleri artdyrylmaga degişlidir:

| Ilat sany (adam) | 30.000-e çenli | 31.000-60.000 | 61.000-90.000 | 91.000-120.000 | 121.000-160.000 | 160.000-den ýokary |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Iş birlik** | **21,0** | **25,0** | **29,0** | **35,0** | **39,0** | **43,0** |

* *ýokarda görkezilen ýöriteleşdirilen wezipeler girizilende işe kabul ediljek hünärmenleriň iş tejribesi (stažy) we hünär derejesi (kategoriýasy) göz öňünde tutulmalydyr.*

**«Ylalaşyldy»**
**Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi**

Türkmenistanyň medeniýet ministriniň
2010-njy ýylyň _________ aýynyň
«___» ___belgili buýrugynyň
**15-nji goşundysy**

**Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky oba we şäherçe medeniýet öýleriniň esasy hünärmenleriniň wezipe sanawy**

| T/b | Iş wezipeleriniň atlary | Wezipe birliginiň sany |
|---|---|---|
| 1. | Müdir | 1 |
| 2. | Medeni çäreleriň guramaçysy | 1 |
| 3. | Tans goýujy | 1 |
| 4. | Akkomponiator (aýdym-saz ýolbaşçysy) | 1 |
| 5. | Ses operatory | 1 |
| **JEMI:** | | **5,0** |

**BELLIK :**

**44. Tam süpürijiniň** wezipesi edaranyň arassalanylýan meýdanynyň her 720 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**45. Töwerekdäki çäkleri abadanlaşdyrmak boýunça işçiniň** wezipesi edaranyň süpürilýän meýdanynyň her 12.000 inedördül metri üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär, ýerine ýetirilýän iş kadadan az bolan ýagdaýynda, işgärleriň we iş hakynyň hasaby işçiniň ýerine ýetirýän hakyky işiniň möçberine laýyklykda amala aşyrylýar;

**46.** Medeniýet edaralarynyň beýleki we hyzmat edýän işgärleriniň, şeýle-de inženerçilik-tehniki gullugynda işleýänleriň sanawy hem-de onuň üçin zerur bolan iş birlikleriniň möçberi, edaralaryň binalarynyň degişli ölçeg maglumatlaryna laýyklykda kesgitlenilýär, şunda täze häzirki zaman bir sany binanyň ýyladyş we sowadyş ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** we çalşykda işlemek üçin 3 iş birlik **nobatçy tehnigiň,** elektrik, gaz, suw ulgamlaryny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň,** häzirki zaman binalarda oturdy-

lan kompýuter ulgamyny dolandyrmak üçin 1 iş birlik **inženeriň** wezipeleri girizilmäge degişlidir;

**47.** Häzirki hereket edýän binalarda özbaşdak (suw, gaz, bug) ýyladyş ulgamy bolan edaralarda ýyladyş döwründe çalşykda işlemek üçin 3 iş birligi möçberinde **maşinistiň (ot ýakyjynyň)** wezipesi girizilýär;

**48. Elektrigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**49. Ussa-santehnigiň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär.

**50. Sürüjiniň** wezipesi edaranyň hasabynda duran gurat awtoulag serişdesi bolan ýagdaýynda, her awtoulag üçin 1 iş birligi möçberinde girizilýär;

**51. Garawulyň** wezipesi özbaşdak binalarda ýerleşen edaralar üçin 3 iş birligi möçberinde girizilýär;

**52.** Häzirki döwrüň talabyna laýyk täze gurlup, ulanylmaga berilýän medeniýet edaralarynyň ýşyklandyryş enjamlar bilen üpjün edilen sahnasy üçin 1 iş birligi **sahna ýşyklandyryjysy** wezipesi girizilýär.

* *ýokarda görkezilen ýöriteleşdirilen wezipeler girizilende işe kabul ediljek hünärmenleriň iş tejribesi (stažy) we hünär derejesi (kategoriýasy) göz öňünde tutulmalydyr.*

**«Ylalaşyldy»**
**Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi**

Türkmenistanyň medeniýet ministriniň
2010-njy ýylyň ________aýynyň
«___» ______ belgili buýrugynyň
**16-njy goşundysy**

**Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky halk toparlaryň (beýleki medeniýet edaralarynyň) esasy hünärmenleriniň wezipe sanawy**

| **Halk teatry** | | |
|---|---|---|
| 1. | Režissýor | 1 |
| 2. | Suratkeş-bezegçi | 1 |
| **Jemi:** | | **2,0** |

| **Halk gurjak teatry** | | |
|---|---|---|
| 1. | Režissýor | 1 |
| 2. | Suratkeş-bezegçi | 1 |
| **Jemi:** | | **2,0** |

| **Halk sirk topary** | | |
|---|---|---|
| 1. | Režissýor | 1 |
| 2. | Akkomponiator (aýdym-saz ýolbaşçysy) | 1 |
| **Jemi:** | | **2,0** |

**<u>B E L L I K :</u>**

Halk teatry, halk gurjak teatry we halk sirk topary diýen ady alan toparlaryň wezipe birlikleri, ýokarda görkezilen mysaly işgär düzümine laýyklykda girizilýär.

**«Ylalaşyldy»**
**Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi**

# Medeniýet edaralarynda hünärmenler bilen işlemek

Medeni-dynç alyş edaralarynyň hünärmenleriniň ýörite taýýarlygy bolan, şol ugurdan bilimli, hünär alan, işi ussatlyk derejede guramaga ukyply, döredijiligi, başarnygy bolan hünärmen bolmaly. Döredijilik ukyby we zehini boýunça işe almak, bu işiň diňe döredijilik, ýerine ýetirijilik talaplaryny üpjün edýär.

Medeni-dynç alyş işiniň guramaçylyk-usuly, goýujylyk režissurasy ýaly meseleleri, şeýle hem ýolbaşçylyk guramaçylyk taýýarlygy, bilimi, medeniýeti, psihologik tarapyndan üpjün edilen bolmaly.
*Medeni-dynç alyş edaralarynyň hünärmenler düzümi:*

1. Ýolbaşçylyk (edarany dolandyrýanlar).
2. Hünärmenler (ýerine ýetirjiler).
3 Tehniki işgärler.

Hünärmenleri seçip almak işi medeni-dynç alyş edaralarynda işlemek islegi bolan, şu ugra höwesli, ukyply döredijilikli, zehinli bolan guramaçylykly adamlary bu işe çekmekden ybaratdyr. Mundan başga-da başarnykly, öňden medeni-dynç alyş edaralarynda geçirilýän çärelere, höwesjeňler toparyna gatnaşyp ýören ýaşlary tapmak, olaryň öz ugrundan hünär almak üçin okuwa ibermek we geljekde olary uly höwes bilen kabul etmek ýaly çärelerden ybaratdyr.

Hünärmenleri taýýarlamak üçin 1992-nji ýylda Türkmen döwlet medeniýet instituty, täzeden dikeldilen medeniýet we sungat mekdebi we beýleki medeni okuw jaýlary (teatral studiýalar, professional studiýa) döredildi.

Ýaş hünärmenleri işe almak bilen ýolbaşçynyň etmeli işi tamamlanmaýar. Olar ýolbaşçynyň we işgärler köpçüliginiň hemişe üns merkezinde bolmaly. Olar bilen işgärler köpçülügi terbiýeçilik işlerini yzygiderli ýola goýmalydyr. Ýaş hünärmenler bilen işlemegiň ugurlary:

1. Ýaş hünärmenleri işe we topara uýgunlaşdyrmak, olarda iş jogapkärçiligi düzgün-nyzamy ýola goýmak.

2. Olara kömek bermeli, iş öwretmeli, iş wagtlarynyň netijeli, peýdaly bolmagyny gazanmaly we olaryň durmuşy barada alada etmeli;

3. Edarada düzgün- tertibiň bolmagyny gazanmaly.
4. Işgärleriň agzybirligini, işjeňligini gazanmaly.
5. Işgärleri höweslendiriş düzümini döretmeli.
6. Gerek ýerinde çäre görmeli.

## Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň zähmeti

Medeniýetiň önümi akyl zähmetiniň önümidir.

*Ruhy önüm.* Ruhy önüm öndüriliş wagty, halk hem tomaşaçy, gatnaşyjy hökmünde kämilleşmegi guralýar. Sebäbi şol wagt olara täsir edilýär. Medeniýet önümi emosional çeperçilik önüm hökmünde peýdalanylýar, ol adamlaryň duýgusyna, durmuşy hereketlerine, edebine täsir edýär, estetik taýdan kämilleşdirýär. Bu önümi öndürmäge maddy, ruhy güýç sarp edilýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Medeniýet edaralarynyň hojalyk işine nämeler degişli?
**2.** Medeniýet edaralarynyň jaýyny bejermek (remont) işleriniň etaplary.
**3.** Medeniýet edaralarynyň emläklerini bejermek we hasaba almak.
**4.** Hasaba alyş kitabyny ýöretmegiň usuly.
**5.** Ykrarnamany düzmek.
**6.** Resmi iş kagyzlarynyň görnüşleri.
**7.** Medeniýet edaralarynyň hünärmenlerini taýýarlamaklygyň ugurlary.

.

19. Sargyt № 2130

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidenti *Gurbanguly Berdimuhamedowyň* ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasy bilen geçiren taryhy duşuşyklarynda sözlän sözi («Aşgabat» g. 19.01.2008 we 24.02.2010.).
2. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. TDNG, 2010.
3. Medeniýet hakynda Türkmenistanyň Kanuny.
4. Türkmenistanyň Prezidenti *Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow*. Gysgaça terjimahal. TDNG, 2007.
5. *Gurbanguly Berdimuhammedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. TDNG, 2007.
6. *T. Jürdekow*. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. TDNG, 2009.
7. *W. Masson*. Türkmenistan dünýä taryhynyň aýnasynda. Türkmenistan, 2000.
8. *M.Aýdogdyýew*. Türkmenistan we dünýä türkmenleri: taryh we medeni mirasyň umumylygy. Ylym, 2001.
9. Musulman rowaýatlary. Miras, 1991.
10. Gorkut ata. Türkmenistan, 1990.
11. *Baltaýew A*. Altyn asyryň milli toý baýramlary. Ylym, 2001.
12. *Ходжакулиев К*. Культурно-просветительная работа в Туркменистане в послевоенный период. Ылым, 1993.
13. История культуры Советского Туркменистана (1917–1970). Ылым, 1975.
14. Ýaşyldepe namalary. Türkmenistan, 1986.
15. *G. Hojagulyýew*. Klub işiniň taryhyndan. Türkmenistan, 1983.
16. *Haljanow Ş*. Garaşsyzlyk pedagogikasy. Ruh,1995.
17. Küştdepdiler. Ruh, 2000.
18. *Ärekow O*. Milliligiň aýnasy. «Edebiýat we sungat» g., №41 (3426) 2003-nji ýylyň 10-njy oktýabry.
19. Бюджет и финансирование клуба. Методическое пособие. Ленинград, 1974.
20. *Фролова Г.И.* Организация и методика клубной работы с детьми и подростками. Москва. Просвещение, 1986.

## MAZMUNY


Giriş ........................................................................................ 7

**I bölüm. Medeni-dynç alyş işiniň milli esaslary** ................................. 9

Medeniýet hakynda Türkmenistanyň Kanuny................................ 12
Medeniýet barada umumy düşünje................................................ 15
Medeni-dynç alyş edaralarynyň maksady we wezipeleri ............... 17
Medeni-dynç alyş işiniň guramaçylyk aýratynlyklary .................. 18
Medeni-dynç alyş işiniň milli kökleri we guramaçylyk aýratynlyklary ........................................................................ 19
Ýurdumyzyň medeni-dynç alyş edaralarynyň döreýiş we ösüş aýratynlyklary .................................................................. 21
Medeni-dynç alyş işi terbiýeçilik işiniň bir görnüşidir................... 22
Medeni-dynç alyş edaralarynyň görnüşleri we ulgamlary............. 22
Garaşsyzlyk ýyllarynda medeni mirasymyzy öwrenmek boýunça geçirilen halkara ylmy maslahatlar we milli medeniýetimiziň täze üstünlikleri.................................................. 24

**II bölüm. Medeni-dynç alyş işiniň nazaryýeti**

Hormatly Prezidentimiziň milli medeniýetimizi ösdürmek baradaky sargytlary medeni-dynç alyş işiniň nazaryýetini öwrenmekde esasy çeşmedir........................................................... 26
Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda medeni-dynç alyş işiniň ösüş-nazaryýet aýratynlyklary ............................................. 28
Medeni-dynç alyş işiniň jemgyýetçilik zerurlygy, aýratynlyklary we ähmiýeti ........................................................... 41
Medeni-dynç alyş işiniň ugur alyş ýörelgeleri................................ 42
Medeni-dynç alyş işleriniň täsir ediş esaslary ................................ 44
Medeni-dynç alyş edarasynyň auditoriýasy we ilatyň isleg-talaplaryny öwrenmegiň usullary........................................... 45
Bedenterbiýe we sport edaralary we olary medeni-dynç alyş işinde peýdalanmak ..................................................................... 47

**III bölüm. Medeni-dynç alyş edaralarynda çagalar we ýetginjekler bilen işleri guramak** ..... 50
Çagalar we ýetginjekler dynç alyş edaralarynyň döreýiş taryhy ..... 52
Medeni-dynç alyş edaralarynda çagalar we ýetginjekler bilen medeni-köpçülik işlerini guramak ..... 55
Çagalar we ýetginjekler baýramçylyklary ..... 60
**IV bölüm. Medeni-dynç alyş edaralarynyň durmuşa geçirýän terbiýeçilik işleri**
Hormatly Prezidentimiziň ideýa-terbiýeçilik ugry boýunça alyp barýan işleri ..... 62
Medeni-dynç alyş, terbiyeçilik işleriniň milli esaslary, medeni-dynç alyş, terbiýeçilik işleriniň esasy ugurlary we şahsyýetiň hemme taraplaýyn ösüşine täsir ediş usullary ..... 63
Medeni-dynç alyş edaralarynda syýasy terbiýe ..... 65
Medeni-dynç alyş edaralarynda watançylyk terbiýesi ..... 66
Medeni-dynç alyş alyş edaralarynda ahlak-hukuk terbiýeçilik işleri ..... 67
Medeni-dynç alyş edaralarynda sagdyn durmuş we beden terbiýesi ..... 68
Medeni-dynç alyş edaralarynda gözellik (estetiki) terbiýesi ..... 69
Medeni-dynç alyş edaralarynda zähmet terbiýesi ..... 71
Medeni-dynç alyş edaralarynda ekologiki-ykdysady düşünjäni kämilleşdirmek işi ..... 72
**V bölüm. Medeni-dynç alyş edaralarynyň iş serişdeleri, görnüşleri we usulyýeti**
Medeni-dynç alyş edaralarynyň iş serişdeleri, olaryň özara baglanyşygy we ähmiýeti. ..... 74
Medeni-dynç alyş işiniň görnüşleri we usullary diýmeklik näme? ..... 76
Medeni-dynç alyş işiniň sosiologiýasy ..... 78
Medeni-dynç alyş işiniň guralyş esaslary ..... 79
Medeni-dynç alyş işleriniň guralyşy, sosial we psiho-fiziologiki many-mazmuny ..... 81
Medeni-dynç alyş edaralarynda agzeki (dil üsti bilen) wagyz-nesihat işleri. ..... 83

Agzeki (dil üsti bilen) wagyz-nesihat işiniň aýratynlyklary we ähmiýeti ... 83
Medeni-dynç alyş edaralarynda leksiýalar, maslahatlar ... 89
Temalaýyn seminarlar we maslahatlar ... 91
Medeni-dynç alyş edaralarynda leksiýalar, maslahatlar ... 91
Medeni-dynç alyş edaralarynda gürrüňler we nutuklar ... 91
Medeni-dynç alyş edaralarynda agzeki (dil üsti) žurnallar ... 93
Medeni-dynç alyş edaralarynda köpçülikleýin okaýyşlar ... 96
Medeni-dynç alyş edaralarynda görkezme serişdeleri bilen wagyz-habar beriş işlerini guramak ... 98
Medeni-dynç alyş edaralarynyň gurşawy we ony döretmekligiň aýratynlygy ... 101
Medeni-dynç alyş edaralarynda bezeg işleri ... 102
Medeni-dynç alyş edaralarynda diwar serişdeleri (çagyryşlar, kartalar, witrinalar, hormat tagtalary, görkezme tagtalary, diagrammalar) ... 102
Medeni-dynç alyş edaralarynda sergiler ... 110
Medeni-dynç alyş edaralarynda metbugatyň ilata ýetirilişi ... 112
Kitap sergileri ... 115
Kitaphananyň diwar serişdeleri ... 115
Kitaphana synlary ... 116
Hödürleýji sanawlar ... 116
Diwar metbugaty ... 117
Medeni-dynç alyş edaralarynda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ulanylyşy we köpdürlüligi ... 118
Medeni-dynç alyş agşamlary ... 120
Köpçülik ýygnaklary ... 123
Syýasy baýramlara we şanly senelere bagyşlanan agşamlar ... 124
Temalaýyn agşamlar ... 126
Teatrlaşdyrylan agşamlar we konsertler ... 128
Medeni-dynç alyş edaralarynda sorag-jogap, maslahat beriş işlerini guramak ... 149
Däp-dessurlar we olar bilen baglanyşykly dabaralary guramakda medeni-dynç alyş edaralarynyň orny ... 152
Köpçülikleýin gezelençler we baýramçylyklar.
Syýahatçylyk işleri ... 155
Çekişmeleri (disputlary) guramak ... 156
Wagyz-nesihat işini guraýan toparlar we olaryň iş wezipesi ... 160

**VI bölüm. Medeni-dynç alyş edaralarynda çeper höwesjeňlik, tomaşa işleri** ..................... 164
Çeper höwesjeňlik toparynyň görnüşleri we žanrlary ..................... 166
Medeni-dynç alyş edaralarynda gyzyklanmalar boýunça birleşmeler ..................... 169
Medeni-dynç alyş edaralarynyň birleşmelerini döretmekligiň usulyýeti ..................... 172
Medeni-dynç alyş edarlarynyň birleşmeleriniň işleriniň ugurlary ..................... 173
Birleşmeleriň işine ýolbaşçylyk ..................... 175
Döwletimizde meşhurlyga eýe bolan çeper höwesjeňler toparlary, olaryň repertuar aýratynlyklary.
Medeni-dynç alyş edaralarynda hereket edýän halk toparlary we olaryň işini guramagyň aýratynlyklary ..................... 175

**VII bölüm. Medeni-dynç alyş işiniň guramaçylyk esaslary**
Medeni-dynç alyş işiniň guramaçylyk aýratynlygy we iş tapgyrlary ..................... 178
Aýry-aýry zähmet toparlarynda medeni-dynç alyş lşlerini guramak ..................... 180
Maşgalalar bilen medeni-dynç alşy guramaklygyň aýratynlygy .... 183
Ýekşenbe günleri medeni-dynç alşy guramak ..................... 184
Baýramçylyk günlerinde medeni-dynç alşy guramak ..................... 185
Gündelik medeni-dynç alşy guramaklygyň aýratynlygy ..................... 186
Oba we şäher ýerlerinde medeni-dynç alşy guramak ..................... 186
Bäsleşikleriň üsti bilen medeni-dynç alşy guramak ..................... 187

**VIII bölüm. Medeni-dynç alyş edaralaryny dolandyrmak** ..................... 189
Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň döwlet ulgamlary ....... 192
Medeniýet edaralarynyň dolandyryş düzgünleri ..................... 193
Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň esasy ugurlary ..................... 195
Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň ylmy esaslary ..................... 195
Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň höweslendiriş esaslary ..................... 196
Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň şahsy jogapkärçilik esaslary ..................... 197
Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygy düzgüne salmak we merkezleşdirmek ..................... 197
Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklygyň ulgamlary ..................... 198

Medeniýet edaralaryny dolandyrmaklykda karara gelmek ýa-da mesele çözmek dolandyryş işiniň esasy wezipeleridir ......... 200
Medeni-dynç alyş edaralaryna ýolbaşçylyk.................................. 201
Etrap, şäher bölümi, medeniýet merkezleri, medeniýet öýleri we olaryň dolandyrylyşy............................................................... 201
Medeni-dynç alyş edaralarynyň işgärlerinden edilýän talaplar ....................................................................................... 212
Medeni-dynç alyş edaralarynda usuly ýolbaşçylyk işiniň dolandyrylyşy ........................................................................... 215
Medeni-dynç alyş işini dolandyrmagyň esasy ugurlary................. 216
Medeniýet edaralaryny dolandyrmagyň usulyýet esaslary............ 216
Medeni-dynç alyş edaralarynyň işini meýilnamalaşdyrmak .......... 219
Meýilnamalaryň görnüşleri we olaryň mazmuny .......................... 222
Medeni-dynç alyş edaralarynyň iş meýilnamasyny düzmekligiň we tassyklamagyň tertibi .......................................... 230
Iş meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek............ 231
Medeni-dynç alyş edaralarynda ykdysady düşünje ....................... 231
Medeni-dynç alyş edaralaryny maliýeleşdirmek ........................... 232
Medeniýet edaralarynyň çykdajy hasaby (smetasy) ...................... 233
Medeniýet edarasynyň smetasyny düzmekligiň we maliýe serişdelerini özleşdirmekligiň düzgünleri...................................... 236
Medeniýet edaralarynyň ýörite serişdesi ....................................... 237
Medeni-dynç alyş edaralarynda işleri hasaba almak we hasabat bermek...................................................................... 241

**IX bölüm. Medeni-dynç alyş edaralarynyň hojalyk işleri**

Medeniýet edaralarynyň binasyny we enjamlaryny abatlamak........................................................................................ 259
Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny abzallaşdyrmak we ulanmak.......................................................................................... 262
Medeni-dynç alyş edaralarynyň jaýyny we onuň hasabynda duran zatlary bejermek ................................................................. 263
Medeni-dynç alyş edaralarynyň hasabynda duran emläkleriň kitaby ............................................................................. 264
Medeni-dynç alyş edaralarynyň emlägini we işlerini kabul etmek hem tabşyrmak ......................................................... 266
Medeniýet edaralarynda resmi iş kagyzlarynyň ýöredilişi ............ 268
Medeniýet edaralarynda hünärmenler bilen işlemek...................... 288
Peýdalanylan edebiýatlar................................................................ 290

*Hudaýberen Orazmuhammedow*

# MEDENI-DYNÇ ALYŞ IŞINI GURAMAK WE DOLANDYRMAK

Ýokary okuw mekdepleri üçin
okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *N. Kakabaýew* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *K. Kulyýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 29.11.2012. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Ofset çap ediliş usuly Şertli çap listi 18,5. Şertli reňkli ottiski 56,75
Hasap-neşir listi 16,82. Çap listi 18,5. Sargyt № 2130. Sany 600.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.